**H. Hajygurbanow, G. Eýeberdiýew**

# TÜRKMENISTANYŇ WALÝUTA KANUNÇYLYGY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 347.7+339.7
H 16

**Hajygurbanow H., Eýeberdiýew G.**
**H 16** **Türkmenistanyň walýuta kanunçylygy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

«Türkmenistanyň walýuta kanunçylygy» okuw kitaby alty bapdan ybarat bolup, onda walýutanyň manysy, walýutalaryň konwentirlenmek derejeler boýunça görnüşleri, walýuta gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň bazar we döwlet usullary, walýuta syýasaty, walýuta ulgamlary, Türkmenistanyň walýuta ulgamy, walýuta amallarynyň düzgünleşdirilişi, Türkmenistanyň töleg balansy, onuň maddalary we aýratynlyklary barada maglumatlar berilýär.

Okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna niýetlenip, ondan degişli orta hünär okuw mekdepleriniň talyplary hem okuw gollanmasy hökmünde peýdalanyp bilerler.

TDKP №32, 2017 KBK 66.99 (2Tü) 2+65.5

© H. Hajygurbanow, G. Eýeberdiýew, 2017.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly Baştutanlygynda bazar ykdysadyýetine tapgyrlaýyn geçmek, halkara standartlara esaslanyp kanunçylyk-hukuk binýadyny toplumlaýyn kämilleşdirmek ugrundaky çäreler ykdysady işeňňirligiň ýokarlanmagyna uly itergi berýär hem-de milli ykdysadyýetiň esasy ugurlarynyň biri hökmünde çykyş edýär. Munuň şeýledigini 2016-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisiniň maglumatlaryndan hem görmek bolýar. Mejlisde 2016-njy ýylyň 3-nji çärýeginde milli ykdysadyýetimiziň ösüşiniň jemlerine, döwletiň durmuşyna degişli birnäçe wajyp meselelere garaldy we ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklaryna gözegçilik edýän ýolbaşçylaryň hasabaty diňlenildi. Hasabatlardan görnüşi ýaly, ýurdumyzyň makroykdysady görkezijileri ilerleýji häsiýete eýedir. Bu öz gezeginde kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli amal edilýänligini görkezýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini häsiýetlendirýän makroykdysady görkeziji bolup, jemi içerki önüm (JIÖ) çykyş edýär. 2016-njy ýylyň 3-nji çärýegi boýunça jemi içerki önümiň ösüş depgini 106,2 göterim üpjün edildi, şol sanda ösüş depgini senagat pudagynda 101,3 göterime, gurluşykda 104,5 göterime, ulag we aragatnaşyk pudagynda 110,1 göterime, söwdada 115,2 göterime, oba hojalygynda 111,2 göterime, hyzmatlar ulgamynda 109,7 göterime deň boldy. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdireninde, jemi öndürilen önümiň ösüş depgini 103,4 göterim üpjün edildi. Ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň möçberiniň artyşy ýylyň başyndan bäri 6,3 göterim derejede durnukly saklanýar. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna gönükdirilýän maýa goýumlarynyň möçberleri 4,6 göterim artdyryldy. Zähmet haklarynyň möçberi hem 9,5 göterim köpeldi.

2016-njy ýylyň 3-nji çärýeginde hem türkmen manadynyň hümmeti Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen derejede saklanyldy. Manadyň hümmetsizlenmek derejesiniň pes bolmagy onuň ýerli haryt üpjünçiliginiň ýokarlanmagy, banklar tarapyndan geçirilýän çäreleriň özüniň oňyn netijesini berýänligi bilen düşündirilýär.

Ýurtda hereket edýän milli pul birliginiň durnukly häsiýete eýe bolmagy býujet meýilnamalaryny üstünlikli amal etmäge, telekeçiligi ösdürmäge, daşary ýurtlardan uly möçberli uzak möhlete niýetlenen maýa goýumlary çekmäge, dünýä döwletleri bilen amatly söwda-ykdysady gatnaşyklary ýola goýmaga giň mümkinçilikleri döredýär.

Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 100-den gowrak döwleti bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barýar. 2014-nji ýylda 2013-nji ýyla garanyňda, daşary söwda dolanyşygynyň möçberi 104,6 göterime deň boldy. Biziň döwletimiziň daşary söwda dolanyşygy oňyn häsiýete eýedir, ýagny eksportymyz importdan ýokarydyr. Şu ýerde bir zady bellemek has hem ýerlikli bolsa gerek, ol hem eksportyň düzüminde taýýar önümleriň yzygiderli artmagy, importyň düzüminde bolsa täze tehnologik enjamlaryň agramly bölegi eýelemegidir.

Eksportyň importdan artykmaç gelmegi ýurduň merkezi altyn-walýuta ätiýaçlyk gaznasyna gelýän erkin ýörgünli puluň köpelmegine, döwletiň ykdysady taýdan has hem kuwwatlanmagyna oňaýly täsir edýär.

Ýurduň halkara söwda ykdysady gatnaşyklarynda, harytlara we hyzmatlara dünýä bahasyny kesgitlemekde, halkara hasaplaşyklarynda, şonuň ýaly hem aýratyn döwletleriň we halkara maliýe institutlarynyň walýuta ätiýaçlyklaryny döretmekde dünýä puluny ulanmak zerurlygy ýüze çykýar.

Halkara hasaplaşygynda doly bahaly pullar ulanylanda altyn şaýlyk şertinde bu wezipäni islendik altyna çalşylýan milli walýuta ýerine ýetirýärdi. Doly bahasy bolmadyk pullara geçilmegi bilen dünýä puly wezipesini erkin konwertirlenýän (öwrülýän) aýratyn walýutalar (halkara hasaplaşyk birlikleri – SDR, dollar, ýewro, funt sterling, iýen, ýuan ýaly görnüşleri) ýerine ýetirýärler.

Dünýä puly hökmünde aýratyn erkin konwertirlenýän walýutalaryň ulanylmagy öz gezeginde ol ýa-da başga milli pul birligini

halkara derejesinde ykrar etmek meselesini goýdy. Ykrar etmeklik diňe bir halkara şertnamalaryny däl, eýsem hakykat ýüzünde dünýä ykdysadyýetiniň taraplarynyň (daşary ýurt şereketleriniň, banklaryň, döwletleriň) ol pul birliklerini hasaplaşyk, töleg serişdesi we resmi ätiýaçlyk aktiwi görnüşinde kabul etmäge taýýardyklaryny görkezmeli.

Häzirki wagtda dünýä pul birligi wezipesini dollar, ýewro, funt sterling, iýen, ýuan ýerine ýetirýär. Şonuň üçin hem dollaryň emissiýasynyň (goşmaça dolanyşyga goýberilişiniň) möçberi kesgitlenilende diňe bir ýurduň içki islegi göz öňünde tutulman, dünýä derejesinde walýuta dolanyşygy hem göz öňünde tutulýar.

Ýewro walýutasynyň peýda bolmagy halkara walýuta ätiýaçlygynda, hasaplaşyklarda we töleglerde, karz we haryt däl amallarda dollaryň ornuny çäklendirdi, bu ýagdaý dowamly bolup biler. Ýakyn geljekde ýene-de birnäçe döwletleriň arasynda sebitleýin pul birliginiň ýüze çykmagy ähtimal.

Dünýä puly wezipesiniň kömegi bilen ýurduň eksport we import amallarynyň amatlydygy ýa-da amatsyzlygy kesgitlenilýär. Onuň netijesinde bolsa walýuta kursuny kadalaşdyrmak üçin degişli çäreler işlenilip düzülýär we durmuşa geçirilýär.

Puluň ýerine ýetirýän wezipelerini seljermek bilen olaryň özara üznüksiz arabaglanyşyklydygyna göz ýetirilip, puluň wezipeleriniň döwrüň talabyna laýyklykda dogry ulanylmagy ýurduň ykdysady ösüşine we ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertine oňaýly täsir etjekdigi açyp görkezilýär.

Pul barada gürrüň edilende ýene-de bir zada göz ýetirmek zerurdyr. Islendik döwletiň özbaşdaklygynyň, garaşsyzlygynyň nyşany bolup, ol ýurduň milli pul birligi çykyş edýär. Şonuň üçin hem öňki SSSR-iň düzümine girýän ähli döwletler öz milli pul birliklerini dolanyşyga girizdiler we sözüň doly manysynda öz garaşsyzlyklaryna eýe boldular.

Türkmenistanyň milli manady 1993-nji ýylyň 1-nji noýabryndan dolanyşyga girizildi. Milli puluň dolanyşyga girizilmegi bilen türkmen döwleti bazar ykdysadyýetine geçmekligiň milli nusgasyny işläp düzmeklige we durmuşa geçirmäge mümkinçilik gazandy. Häzirki wagtda Türkmenistan özüniň garaşsyz nyrh, salgyt, karz, býujet, ma-

liýe we tutuş ykdysady syýasatyny ýöredýär we ilatyň ýokary derejeli durmuş goraglylygyny üpjün edýär.

Milli puluň dolanyşyga girizilmegi bir meseläni ör-boýuna galdyrdy. Bu mesele milli puluň durnuklylygyny, berkligini, hümmetini we satyn alypbilijilik ukybyny üpjün etmeklikden ybaratdyr. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň Merkezi banky hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryndan ugur alyp, ýurdumyzyň pul ulgamynyň kadaly işlemegi üçin çäreler toplumyny işläp düzýär we olaryň durmuşa geçirilmegine ähli zerur bolan şertleri döredýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda pul ulgamy düýpli özgerdilýär, kämilleşdirilýär we ösdürilýär. Olaryň içinde aýratyn bellemäge mynasyp bolup, 2008-nji ýylyň maýyndan başlap milli walýutanyň daşary ýurt walýutasyna bolan gatnaşygynyň ýeke-täk hümmete geçirilmegi we şol ýylyň 27-nji awgustynda hormatly Prezidentimiziň gol çeken Permanyna laýyklykda 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan türkmen manadynyň denominasiýasynyň geçirilmegi diňe bir milli pulumyzyň kadaly hereketini ýola goýmak bilen çäklenmän, onuň ýurduň içindäki, şeýle hem halkara derejesindäki abraýyny ýokarlandyrdy.

Ýurdumyzyň ykdysadyýeti çalt depginler bilen ösýär, özgerýär. Dünýäniň köp döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklar ýola goýulýar we olaryň gerimi barha giňeýär. Başgaça aýdylanda, ýurduň eksport-import gatnaşyklary täze derejelere çykarylýar. Häzirki wagtda Türkmenistanyň eksporty importdan ýokarydyr, başgaça aýdylanda töleg balansymyz oňyn häsiýete eýedir.

Ýurduň eksport kuwwatyny artdyrmak we importyň düzümini kämilleşdirmek ösüşiň häzirki tapgyrynyň esasy wezipelerine öwrüldi. Bu wezipäniň üstünlikli çözülmegi köp derejede banklaryň işjeňligine baglydyr. Banklaryň ýerine ýetirýän walýuta amallary ýurduň amatly eksport-import işini ýola goýmaga mümkinçilik berýär. Bu ýerde dünýä ykdysadyýetindäki bolup geçýän üýtgeşmeleriň göz öňünde tutulmagy döwrüň talabydyr.

Şu ýagdaýlary nazara almak bilen ýurdumyzyň Merkezi banky öňki hereket edýän manadyň kursuna 2 manat 85 teňňäniň 1 amerikan dollaryna derek 2015-nji ýylyň birinji ýanwaryndan başlap, 3 manat 50 teňňäniň 1 amerikan dollaryna deň bolan walýuta kursuny girizdi.

«Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ygtyýarly karz edaralary Türkmenistandaky we Türkmenistanyň çäginden daşardaky bankara walýuta bazarynda walýutalary erkin satyn alyp we satyp bilýärler.

Milli pul birligimiziň erkin ýörgünli pul birligine bolan täze hümmetiniň girizilmegi öz gezeginde birnäçe amatlyklary döredýär. Öňi bilen eksporty höweslendirýär, telekeçileriň öndürýän önümleriniň bellibir bölegini daşary ýurt bazarlaryna çykarmaga giň ýol açýar, netijede maýa goýum işjeňligi ýokarlanýar, importyň düzümi kämilleşdirilýär. Bularyň ählisi ahyrky netijede, ýurtdan çykarylýan erkin ýörgünli puly çäklendirýär we ýurduň walýuta ätiýaçlygynyň artmagyna getirýär.

Ýurdumyzyň pul ulgamyndaky geçirilen bu düýpli çäreler türkmen manadynyň diňe bir ýurduň içinde däl, eýsem dünýä derejesinde hem abraýyny ýokarlandyrdy, ilatyň milli pulumyza bolan ynamy artdy, eksport – import amallaryny amatly esasda ýola goýmaga şert döretdi, telekeçiligiň ösmegine güýçli itergi berdi.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidentiniň parasatly Baştutanlygynda bazar ykdysadyýetine tapgyrlaýyn geçmek, halkara standartlara esaslanyp kanunçylyk-hukuk binýadyny toplumlaýyn kämilleşdirmek ugrundaky çäreler ykdysady işeňňirligiň ýokarlanmagyna uly itergi berýär hem-de milli ykdysadyýetiň esasy ugurlarynyň biri hökmünde çykyş edýär. Döwlet ösüşiniň toplumlaýyn meýilnamalarynyň ýerine ýetirilmeginde Türkmenistanyň daşary ýurt puly bazarynyň ösüşine we bank karzlaşdyrmasynyň kämilleşdirilmegine uly üns berilýär.

Şu nukdaýnazardan «Türkmenistanyň walýuta kanunçylygy» okuw kitabyny düýpli öwrenmeklik zerurlygy ýüze çykýar. Okuw kitaby alty bapdan ybarat bolup, onda walýutanyň manysy, konwentirlenmek derejeler boýunça walýutalaryň görnüşleri, walýuta gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň bazar we döwlet usullary, walýuta syýasaty, walýuta ulgamlary, Türkmenistanyň walýuta ulgamy, walýuta amallarynyň düzgünleşdirilişi, Türkmenistanyň töleg balansy, onuň maddalary we aýratynlyklary barada maglumatlar berilýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Milli pulumyzyň hümmeti, durnuklylygy, goraglylygy halkymyzyň ýaşaýyş derejesini barha ýokarlandyrmagyň, durmuşynyň ýyl-ýyldan gözelleşmeginiň esasy çeşmeleriniň birine öwrüldi.*

# I BAP. Walýuta barada umumy düşünje

## 1.1.Walýuta barada umumy düşünje

Dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň çuňlaşmagy bilen walýuta we maliýe akymlarynyň hereketiniň globallaşmagy ýurduň ykdysadyýetine has düýpli täsir etdi. Dürli döwletleriň şahsy we edara görnüşli taraplarynyň pul borçnamalarynyň tölegi bilen baglanyşykly halkara töleg aýlanyşygynyň internasionallaşmak şertlerinde hemişelik ösüşi milli hojalyklara we pul, maliýe maýalarynyň ýurtlarynyň arasyndaky hereketine hyzmat edýär.

Her bir ýurduň, şol sanda Türkmenistanyň hem dünýä ykdysadyýetine integrirlenerlik derejesi onuň milli pulunyň daşary ýurt walýutasyna we daşary ýurt walýutasynyň milli walýuta çalyşmagynda ýüze çykýar. Şunlukda, her bir ýurtda onuň kanuny töleg serişdesi hökmünde milli puly ulanylýar. Halkara ykdysady gatnaşyklarda ulanylýan pullar bolsa walýutadyr.

Ýurtlaryň arasynda işjeň gatnaşyklar ýola goýlanda, halkara walýuta gatnaşyklary ýüze çykýar. Olar döwletleriň arasynda halkara walýuta hasaplaşyk we karz-maliýe amallarynyň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň jemini aňladýar.

**Walýuta – bu halkara hasaplaşyklarynda töleg we hasaplaşyk serişdeleri hökmünde ulanylýan milli pul birligidir.**

Walýuta, *dewizler* (dewisa) diýen latyn sözünden gelip çykyp, *şaýlygyň ýüzündäki şekili* aňladýar diýmekdir. Walýutanyň ilkinji

alamatlary biziň eýýamymyzyň XIII-XIV asyrlarynda halkara söwda merkezlerinde – gadymy Gresiýada, Italiýada, Wenesiýada peýda bolýar. Walýuta görnüşinde ulanylýan ilkinji gymmat bahaly kagyzlar bolup wekseller çykyş edipdir. Aýry-aýry döwletleriň täjirleri söwda ýarmarkalarynda duşuşyp, her dürli walýutalarda weksel ýazyp, hasaplaşyklary berjaý edipdirler. Ilkinji ýazylan wekseller algydar täjirler tarapyndan ýazylyp berlipdir.

Walýuta fransuzçadan terjime edilende *la dewisa* – tölege hödürlenen badyna aňsatlyk bilen kanagatlandyrylýan gymmat bahaly kagyzlar görnüşini aňladýar diýmekdir.

Häzirki zaman halkara söwdasynda saýlanyp alnan nagt däl töleg serişdelerine **dewizler** ýa-da **walýuta** diýilýär. Edara görnüşli tarapdan seredilende dürli walýutalar ýerine ýetirilýän halkara tölege bolan hukugy aňladýar.

Halkara hasaplaşyklarynda ulanylýan her bir töleg resminamasyna ýa-da pul borçnamasyna **walýuta** diýmek bolýar. Töleg talaplarynyň we borçnamalarynyň dürli görnüşleri ýörite walýuta bazarynda alnyp satylýar.

Halkara hasaplaşyklar bilen bagly bolan töleg talaplarynyň birnäçe görnüşleri ulanylýar. Olara bank depozitlerinde saklanýan walýutanyň serişdeleri, wekseller, çekler, akkreditiwler, bank geçirmeleri degişlidir. Halkara tölеglerinde walýutalar, esasan, nagt däl görnüşlerde ulanylýar. Halkara tejribesinde walýuta nagt görnüşinde örän çäkli derejede ulanylýar, olar aňsatlyk bilen nagt däl töleg serişdesine öwrülip bilýärler ýa-da dewizlere boýundyr.

Halkara hasaplaşyklarynda ulanylýan milli pul birliklerine, şol walýutalarda geçirilýän hasaplaşyk serişdelerine **walýuta** diýilýär. Milli pul birlikleri dewiz hökmünde saýlanyp alnyşyna görä, birnäçe goşmaça häsiýetlere eýe bolýarlar. Olara şu aşakdakylar degişlidir:

1. Birnäçe milli walýutanyň ählumumy ekwiwalent hökmünde saýlanyp alnyp, halkara hasaplaşygynda ulanylmagy.

2. Şol walýutada döwletiň ätiýaçlyk serişdeleriniň saklanmagy (dollar, ýapon iýeni, ýewro, funt-sterling, ýuan).

3. Birnäçe walýutalara walýuta bazarlarynda döreýän isleg ýokary bolup, olaryň sebitara ähmiýetiniň uly bolmagy (kuweýt dinary, funt sterling).

4. Halkara maliýe institutlarynyň walýuta birlikleriniň hem halkara töleg serişdeleri hökmünde ulanylmagy mümkin (SDR – HPG – hasaplaşma pul birligi). Ýewropa walýuta birleşiginiň birligi hökmünde ýewro ulanylyp gelýär.

Milli pul birliginiň halkara hasaplaşyklarynda ulanylma derejesi Halkara pul gaznasy tarapyndan kadalaşdyrylýar.

Halkara hasaplaşyklarynda ulanylýan walýutalaryň köp bölegi ätiýaçlyk walýuta diýlip hasaplanylýar we dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ählumumy ekwiwalent hökmünde saýlanylyp alnan öňdebaryjy ýurtlaryň milli pul birliklerinde ýerine ýetirilýär. Bu derejä ýetmek üçin milli döwletler ilkibada Halkara pul gaznasyndan konwertirlenmek ygtyýarnamasyny almalydyrlar.

Şeýlelikde, walýuta düşünjesi üç manyda ulanylýar:

1) Haýsam bolsa bir ýurduň pul birligi (Türkmenistanyň manady, ABŞ-nyň dollary, Russiýa Federasiýasynyň rubly we ş.m.) we onuň ol ýa-da beýleki görnüşi (altyn, kümüş, mis);

2) Daşary ýurtlaryň pul belgileri, şeýle hem halkara hasaplaşyklarynda ulanylýan, daşary ýurt pul birliginde aňladylýan karz we töleg serişdeleriniň daşary ýurt walýutasy;

3) Halkara (sebitara) hasaplaşyk pul birligi we töleg serişdesi (SDR, ýewro).

## 1.2. Konwertirlenmegiň derejeleri boýunça walýutalaryň görnüşleri

**Milli pul birliginiň konwertirlenmegi ýa-da öwrülmegi daşary ykdysady geleşige gatnaşýanlara milli walýutany daşary ýurt walýutasyna çalyşmaklyk we öwürmeklik mümkinçiligidir.** Bu ösüşe döwletler gönüden-göni gatnaşmaýar. Konwertirlenmegiň derejesi ýurtda bar bolan walýuta çäklendirmeleriň möçberine we berkligine ters proporsionaldyr. **Resmi guramalaryň aýratyn işlerine**

**walýuta alyş-çalşygynda we halkara geleşikleri amala aşyrylanda mümkinçilikleriň çäklendirilmegine, harajatlaryň ösmegine ýa-da ödelmedik uzaga çekmelere çäklendirme diýilýär.**

Walýuta konwertirlenmegi dünýä bazarynda harytlaryň we hyzmatlaryň hereketini, maýalaryň halkara hereketini milli serhetleriň täsirinden garaşsyz edýär. Eger eksportýoryň tölegi eksportýoryň ýa-da üçünji döwletiň walýutasynda amala aşyrylýan bolsa, gazanylan serişdeleri öz milli puluna öwürmäge mümkinçilik berýär, bu bolsa onuň serişdeleriniň döwletiň içerki aýlanyşygynda hereket etmegi üçin zerurdyr. Importýoryň hasaplaşyk meseleleri hem şuňa meňzeş çözülýär: öwrülmek mehanizminiň üsti bilen milli walýutasy gerek bolan töleg serişdelerine çalşylýar.

Walýuta eýesiniň hemişelik ýaşaýan we işleýän ýerlerine baglylykda öwrülmek daşarky we içerki bolup bilýär. Daşarky öwrülmekde bir ýurduň çäginde gazanylan pullary daşarky hasaplaşyklar üçin çalyşmaklygyň doly we erkin hukugy diňe daşary ýurtly raýatlara berilýär, şol wagtyň özünde ýurduň raýatlary bu hukukdan peýdalanyp bilmeýärler.

Halkara tejribesiniň görkezişi ýaly konwertirlemek, adatça daşarky öwrülmekden başlaýar. Munuň şeýle bolmaklygynyň esaslary aşakdakylardan ybaratdyr: daşarky öwrülmek daşary ýurt maýa goýujylaryň işjeňligini höweslendirýär, getirilen maýalaryň we alnan girdejileriň daşary ýurda çykarylmak meselelerini aradan aýyrýar; milli walýuta azda-kände durnukly halkara isleg döredýär, ol walýuta kursuna we ýurduň walýuta ýagdaýyna oňaýly täsir edýär, dünýä işewür jemgyýetçiliginde onuň abraýy artýar. Şonuň bilen birlikde öwrülmekligiň çäklendirilen görnüşi ykdysady maliýe we walýuta çykdajylaryny az talap edýär. Sebäbi daşary ýurt walýuta eýeleriniň ýaryşdaş hyzmatdaşlary, adatça öz ýurdunyň walýuta eýelerinden az bolýar. Içerki öwrülmek düzgüninde milli pul birliklerini daşary ýurt walýutalaryna çalyşmaklyk erkinligi diňe öz ýurdunyň walýuta eýelerine degişlidir. Daşary ýurt walýuta eýeleriniň beýle hukugy ýokdur. Walýutanyň öwrülmegi onuň çalyşmaklyk mümkinçiliginiň tehnikasy däldir. Aslynda bu milli hojalyklaryň dünýä hojalyklary bilen aragatnaşygynyň aýratyn häsiýetidir. Milli pul birliginiň

öwrülmekligi döwletiň köptaraplaýyn dünýä ulgamyndaky söwdadan we hasaplaşyklardan uzak möhletli peýdasyny döredýär. Olar aşakdakylardan ybaratdyr:

- öndürijileriň we sarp edijileriň ýurduň içinde we daşynda her bir kesgitli wagtda amatly bazarlary erkin saýlamagy;
- daşary ýurt maýa goýumlary çekmekligiň mümkinçiliklerini giňeltmek we daşary ýurt maýa goýumlaryny almagy amala aşyrmak;
- daşary ýurt bäsleşiginiň kärhanalaryň netijeliligine höweslendiriji täsir etmegi we olaryň üýtgeýän şertlere çalt uýgunlaşmagy;
- milli önümçiligiň bahalaryny, çykdajylaryň hilini halkara standartyna ýetirmeklik;
- halkara hasaplaşyklary milli walýutalarda amala aşyrmak mümkinçiligi;
- tutuşlygyna halk hojalygyny degişli artykmaçlyklaryny hasaba alyp ýöriteleşdirmek, maddy, maliýe, zähmet serişdelerini has amatly we tygşytly harçlamak.

Milli walýutanyň konwertirlenmegi ykdysadyýetiň bazar görnüşini talap edýär, sebäbi ol walýuta serişdeleriň eýeleriniň erkinligine esaslanýar. Mundan başga-da, bazar ykdysadyýeti daşary bäsleşige garşy durmakda, halkara zähmet bölünişigine doly hukukly gatnaşmakda ýeterlik derejede ösen bolmaly.

Konwertirlenmegiň derejesi boýunça walýutanyň aşakdaky görnüşleri bardyr:

- erkin konwertirlenýän (ätiýaçlyk) walýutalar;
- bölekleýin konwertirlenýän walýutalar;
- ýapyk (konwertirlenmeýän) walýutalar;
- kliring hasaplaşyklarynyň walýutasy.

**Erkin konwertirlenýän walýuta** erkin we çäklendirilmedik möçberde beýleki daşary ýurt walýutalaryna çalşylýar. Ol düzgün bolşy ýaly içki we daşky öwrülmeklige ukyplydyr, ýagny alyş-çalşyň birmeňzeş düzgünine eýedir. Erkin konwertirlenýän walýutanyň alyş-çalyş giňişligi her gün bilen baglanyşykly daşary ykdysady işleriň gündelik amallaryna (daşary söwda alyş-çalşy, söwda degişli däl tölegler, daşary ýurt syýahatçylgy), şeýle hem daşary karz hereketle-

rini ýa-da daşary ýurt maýa goýumlary bilen baglanyşykly amallary öz içine alýar.

Häzirki döwürde diňe az sanly ýurtlaryň doly konwertirlenýän walýutalary bar: ABŞ, Niderlandlar, Awstrýa, Täze Zelandiýa, Saud Arabystany, Kuweýt, Birleşen Arap Emiratlary, Oman, Malaýziýa, Singapur, Gankong, Bahreýin, Seýşel adalary. Bular iri industrial döwletlerdir ýa-da esasy nebit ekportýorlarydyr (OPEK) we senagat taýdan ösen döwletlerdir.

Erkin konwertirlenýän walýuta **ätiýaçlyk walýutasy** diýilýär. Sebäbi ol Merkezi banklarda halkara hasaplaşyklary üçin ätiýaçlyk serişdeleri görnüşinde saklanylýar we toplanylýar, ýöne iki düşünje deňgüýçli däldir. Merkezi banklar dünýä söwdasynda öňdebaryjy döwletleriň walýutalaryny toplaýarlar. Daşary döwletler bilen geçirilýän söwda we maliýe amallarynyň köpüsi ABŞ-nyň dollarynda, funt sterlinglerde, ýewroda, iýenlerde, ýuanda we beýleki erkin konwentirlenýän walýutalarda amala aşyrylýar. Hut şol walýutalar dünýä walýuta ätiýaçlyklarynyň 100%-e golaýyny tutýarlar.

Eger käbir konwertirlenýän walýutalar dünýä tejribesinde halkara hasaplaşyk we töleg serişdeleriniň umumy ykrar edilen görnüşi hökmünde ulanylsa, onda emitent döwlet harytlary we hyzmatlary daşary ýurtlardan satyn alnanda uly mümkinçilikden peýdalanýar. Ol döwletleriň uzak wagtyň dowamynda passiw söwda töleg balansy bolsa-da, olar içerki ykdysadyýete ýaramaz täsir etmeýär. Döwletiň tölegdäki üzňeligi onuň milli pullary bilen ýapylýar. Bu pullar halkara töleg aýlanyşygynda bolýarlar. Olar harytlaryň üpjünçilik talaby görnüşinde ýa-da daşary ýurt walýutasyna çalyşmaklyk üçin yzyna gaýtarylmaýarlar.

Walýutanyň halkara hasplaşyk we töleg serişdesi hökmünde ulanylmagy hökman gaýry ýurtlaryň serişdeleriniň emitent ýurduň banklarynda toplanylmagy bilen utgaşdyrylýar. Ykdysady mazmuny boýunça munuň özi daşary ýurtdan karz almaklyk bilen des-deňdir, özi hem beýle karz awtomatiki usulda berilýär, örän arzan, syýasy we ykdysady häsiýetli hiç hili şertler bilen baglaşdyrmaýar. Onuň möçberi walýutanyň dünýä töleg aýlanyşygyna hyzmat ediş möçberleri bilen kesgitlenilýär.

2. Sargyt № 2475

Resmi taýdan bu karza gysga möhletleýin karz diýilýär, emma hakykatda daşary ykdysady amallary amala aşyrmak üçin gerek bolan dolanyşyk serişdeleri ony uzak möhletleýin, Kähalatlarda bolsa, möhletsiz karza öwürýär.

Nusgawy altyn standarta kagyz pullaryň päsgelçiliksiz berk deňlik esasynda altyna çalşylýan döwründe öwrülmek meseleleri düýbünden ýokdy. Halkara pul amaly ýa-da öz walýutalarynda ýa-da beýleki ýurtlaryň walýutalarynda erkin amala aşyrylýardy, sebäbi hasaplaşyklar we tölegler üçin hemme ýagdaýlarda şol bir materiallaşdyrylan gymmata altyn ukyplydy. Daşary ykdysady geleşikleriň tölegi milli pul belgileri – altyn şaýlyklar we banknotlar bilen amala aşyrylyp bilinýärdi, olaryň altyn esasy daşary döwletlere hem kabul edilmegini üpjün edýärdi. Pul ýazuwnamalary bilen ýerine ýetirilýän halkara hasaplaşyklary hem edil şonuň ýaly erkin amala aşyrylýardy. Bergidar karz berijiniň walýutasynda tölenilen wekseli, bank çekini ýa-da haýsydyr bir başga borçnamany walýuta bazarlarynda satyn alyp bilýärdi, soňra ony karz berijä ibermek bilen talap edilýän tölegi ýerine ýetirýärdi. Bergini şuňa meňzeş ýazuwnamalar bilen bergidaryň milli walýutasynda üzmek hem bolýardy. Bu ýagdaýda karz beriji zerur bolan kanuny töleg serişdelerini borçnamany öz ýurdunyň ýa-da daşary ýurduň walýuta bazarynda satandan soň alýardy. Üçünji bir ýurduň walýutasyny hem peýdalanyp bolýardy, ol döwürde halkara töleg statusy funt sterlinge degişlidi. Halkara pul borçnamalaryny gymmat bahaly metallar bilen üzmeklige hiç zat zyýan bermeýärdi, gaýtam «altyn nokatlar» mehanizmi töleg usulynyň iň bir rejeli usulyny saýlamaklygy üpjün edýärdi.

Şeýlelik bilen ýurduň içindäki we dünýä möçberindäki doly bahaly altyna esaslanan walýutalar öwrülmek mehanizmi öz içinde saklaýardy. Bu bir walýutany beýleki walýuta çalyşmak zerurlygyny aradan aýyrýardy. Erkin we çäklendirilmedik konwertirlenmek öz-özünden gelip çykýardy.

Altyn demonitizasiýasyndan soň, ýagny banknotlaryň altyna erkin çalşylmagy tamamlanandan soň, ýagdaý düýpgöter üýtgedi. Häzirki zaman pullary karz häsiýetindedir, konwertirlenmegiň meselesi bir karz borçnamalarynyň beýleki ýere erkin çalşylmak meseleleridir.

**Bölekleýin konwertirlenýän walýuta** dahyllylar üçin, şeýle hem amallaryň käbir görnüşleri üçin walýuta çäklendirmelerini ulanýan ýurtlaryň milli walýutasydyr. Düzgün bolşy ýaly, bu walýuta diňe käbir ýurtlaryň walýutalaryna çalşylýar.

Bölekleýin öwrülip bilijilik ukyby, konwertirlenmek düzgüniň daşary ykdysady işleriniň käbir pudaklaryna ýa-da käbir walýuta eýelerine ýaýradylmaýanlygydyr. Öwrülip bilijilik ukyby, şeýle hem ähli ýurtlar bilen geçirilýän amallary öz içine alman, eýsem diňe aýratyn sebitler, ýurtlaryň topary ýa-da ykdysady walýuta toparlar bilen çäklenip bilýär. Haýsy geleşikleriň haýsy ugurlar boýunça we amallara gatnaşyjylaryň haýsylarynyň döwlet walýuta çäklendirmelerinden boşadylýandygyna, haýsylarynyň bolsa boşadylmaýandygyna baglylykda bu ýerde dürli ugurlaryň bolmagy mümkin. Bölekleýin öwrülip bilijilik düzgüniniň has ýaýran usuly: milli walýutanyň daşary ýurt pul gymmatlyklaryna erkin çalşylmagy diňe gündelik amallarda rugsat edilýär, daşary ýurt maýa goýumlarynda, maýalaryň halkara hereketinde gadagan edilýär. HPG-niň düzgünine laýyklykda walýutanyň konwertirlenmegini gazanmak üçin emitent ýurduň gündelik amallarda maýalary geçirmeklik maksady göz öňünde tutulmadyk bolsa, çäklendirmeleri bes etmäge getirilipdir. Bu amallara, adatça daşary ýurt söwdasy we hyzmatlary, adaty gysga möhletli bank we karz amallary degişlidir.

Bölekleýin konwertirlenýän walýutaly döwletler aşakdaky walýuta çäklendirmeleri ulanýarlar: dahyllylaryň we dahylly dälleriň walýutalar we walýuta gymmatlyklary bilen geçirýän amallaryny kanun ýa-da administratiw taýdan gadagan etmeklik, çäklendirmek we kadalaşdyrmak. Olar döwletiň walýuta gözegçiliginiň düzüm bölegi bolup, walýuta kanuny tarapyndan berkidilýär.

Walýuta çäklendirmeleri şu maksatlary göz öňünde tutýar:

– töleg balansyny deňlemek;

– walýuta kursuny goldamak;

– altyn walýuta ätiýaçlyk serişdelerini döwletiň elinde jemlemek.

**Bank hasapnamalaryndaky serişdeleri erkin ulanmaklygy resmi taýdan gadagan etmeklige blokirowka (öňüne böwet bolmaklyk) diýilýär.**

Walýuta çäklendirmeleriniň aşakdaky esasy görnüşleri bolýar:

– töleg balanslarynyň gündelik amallary (söwda we hyzmatlar balansy);

– maliýe amallary (maýalaryň we karzlaryň hereketi) we ş.m.

Töleg balansynyň gündelik amallarynda walýuta çäklendirmeleriň aşakdaky görnüşleri ulanylýar:

– daşary ýurt ekportýorlarynyň satuwdan alan walýuta girdejilerini böwetlemek, olaryň mümkinçiligini çäklendirmek;

– impotýorlary daşary ýurt walýutalarynda forwardyň üsti bilen satyn almaklyklygyny çäklendirmek;

– ýurduň çäginde we ornuň daşynda harytlary milli walýuta satmaklygy gadagan etmeklik;

– käbir harytlaryň hasaplaşyklaryny daşary ýurt walýutasynda tölemekligi gadagan etmeklik;

– eksport we import tölegleriň möhletlerini sazlaşdyrmak;

– walýuta kurslarynyň köplügi ;

– amallaryň dürli görnüşleri, haryt toparlary we sebitler boýunça walýuta kurslarynyň gatnaşyklarynyň tapawutlandyrylmagy.

Walýuta çäklendirmeleriniň esasy sebäpleri walýutalaryň ýetmezçilik etmegi, daşarky bergidarynyň güýç salmagy, töleg balansynyň deňagramlylygynyň bozulmagydyr.

**Ýapyk (konwertirlenmeýän) walýuta** – diňe bir döwletiň çäginde hereket edýän, beýleki daşary ýurt walýutalaryna çalşylmaýan milli walýutadyr. Milli walýutany daşary ýurda äkitmekde, getirmekde, satmakda, satyn almakda, çalyşmakda, dürli çäklendirmeleri, gadagan etmekligi, şeýle hem walýuta sazlaşygynyň dürli çäklendirmelerini ulanýan döwletleriň walýutasyna **ýapyk walýuta** diýilýär. Ösüp barýan döwletleriniň köpüsiniň milli walýutasy şeýle hem öňki SSSR-iň çäklerinde emele gelen özbaşdak döwletleriň (GDA girýän döwletleriň), şol sanda Türkmenistanyň milli walýutalary ýapyk walýuta ulgama degişlidir.

**Kliring walýutalary** hasaplaşyk walýuta birligidir. Bankyň hasapnamalarynda ýurtlar tararyndan dürli amallar amala aşyrylanda hem-de olar kliring görnüşinde bolsa, onda kliring walýutalary ulanylýar.

Kliring walýutalary özleriniň hakyky (hasaplaşyk) görnüşinde bank hasapnamalary boýunça buhgalter ýazuwy görnüşinde ulanylýar. Bu ýazuwlaryň esasy bolup, döwletleriň arasyndaky harytlaryň ýüklenilmegi we hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi çykyş edýärler. Kliring walýutalarynyň öz gelip çykan walýutalary bilen hiç hili umumylygy ýokdur. Sebäbi olaryň ulanylyş düzgüni düýbünden başgadyr.

Kliring ylalaşyklary düzgün bolşy ýaly aşakdaky ýagdaýlarda baglaşylýar:

– altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny harçlaman töleg balansyny deňlemek üçin;

– işjeň balansly ýaryşdaş hyzmatdaşdan ýeňillikli karz almaklyk zerurlygy ýüze çykanda;

– diskurmenasion hereketleri ulanylýan gaýry döwletiň jogap çäresi hökmünde;

– aktiw balansly ýurduň passiw balansly ýurduň yzyna gaýtaryp bilmeýän serişdelerini maliýeleşdirmek üçin.

Halkara hasaplaşyklarynda kliring walýutasy 1931-nji ýylda girizildi. Kliring walýutasy hökümetara ylalaşygynda göz öňünde tutulan birnäçe düzüm bölekleri öz içine alýar:

– ynanylan banklarda açylan kliring hasapnamalarynyň ulgamyny;

– kliringiň möçberi haryt dolanyşygy boýunça tölegleriň hemmesi ýa-da olaryň bir bölegi;

– kliring walýutasy-hasaplaşyklaryň ylalaşylan walýutasy;

– tehniki karzyň möçberi, adatça harytlaryň ýüklenilen möçberinden alynýan göterim görnüşinde ýa-da absolýut ululykda kesgitlenilýär;

– tölegleri derňemegiň ulgamyny;

– hökümetara ylalaşygyň möhleti gutarandan soň hasaplaşyklary üzmekligiň gutarnykly ulgamyny.

Milli walýutalaryň doly öwrülmek şertleri üpjün edilende hemme edara görnüşli we şahsy taraplara (ýurduň içindäki dahyllylara we dahylsyzlara) elindäki bolan şol ýurduň pul birliginiň möçberine, çeşmesine, peýda bolan wagtyna garamazdan, ýurduň içinde we çäginden daşary islendik harajatlara we maksatlara erkin daşary ýurt pul birliklerine çalşylyp ulanyp biläýjek mümkinçilikleri döredilýär.

Başga söz bilen aýdylanda doly öwrülmeklik hemme daşary ýurt ykdysady amallaryny, hemme gatnaşyjy taraplary öz içine alýar hem-de milli we dünýä walýutalaryna degişli bolýar.

Çäkli öwrülmek, köplenç, daşary ýurt ykdysady gatnaşyklaryň käbir pudaklary ýa-da walýuta eýeleriniň käbir toparlary boýunça milli walýutany daşary ýurt walýutalara öwürmegi gadagan edilmegi bilen bagly bolýar. Kähalatlarda bu dereje walýuta amallarynyň hemme döwletlerde deň şertler bilen amala aşyrylmaklygy ýa-da milli walýutanyň daşary ýurt walýutalara öwrülmeginiň erkinligi aýry sebitler we döwletler boýunça rugsat berilmegi bilen hem bagly bolýar. Çäkli öwrülmekligiň halkara şertnamalarynyň görnüşlerine, ulgamlaryna, gatnaşyjy toparlaryna degişli walýuta çäklendirmeleriniň ulanylyşyna görä dürli görnüşiniň ulanylmaklygy mümkin. Halkara tejribesinde, köplenç gabat gelýän görnüşi bolup milli walýutanyň daşary ýurt walýutalaryna erkin öwrülmeklik ýa-da gündelik amallar boýunça rugsat edilmegi bilen bagly bolýar. Emma daşary ýurt maýa goýumlarynyň ýa-da maýalaryň hereketleriniň başga görnüşleri bilen bagly şertnamalar boýunça rugsat edilmeýär.

Halkara Pul Gaznasyndan milli walýutanyň konwertirlenmek rugsadyny almak üçin emitent döwlet gündelik amallar boýunça walýuta çäklendirmeleri ulanmaly däldir.

Halkara Pul Gaznasynyň tertipnamasynyň 8-nji maddasyna görä konwertirlenmek ygtyýarnamasyny alan döwletler özbaşdak walýuta çäklendirmeleri ulanmazlygy öz üstüne borçnama alýandyrlar. Häzirki wagta çenli konwertasiýa ygtyýarnamasyny alan döwletleriň sany 120-ä ýetdi. Şolardan 5 döwletiň walýutasy (dollar, funt-sterling, iýen ýewro we ýuan) ätiýaçlyk walýutalar hasaplanylýar.Galanlary bölekleýin konwertitlenýän walýutalara degişlidir. Sebäbi HPG-niň talaplaryna görä EKW-sy bar bolan döwletler özleriniň gündelik amallarynda walýuta çäklendimeleri ulansalar, onda şol döwletiň walýutasy bölekleýin konwertirlenýän walýutalar bolýarlar. Gündelik amallara daşary ýurt söwda, hyzmat, gysga möhletli bank we karz amallary, geçirimleri tölemek, maýa goýumlar boýunça girdeji geçirmeler degişlidir. Olar halkara ykdysady gatnaşyklaryň görnüşleri bilen bagly bolýar. Gündelik amallar boýunça konwertirlenmegi

girizmek göni halkara söwdanyň derejesine bagly bolýar. Öň merkezden dolandyrylýan döwletiň ykdysadyýeti üçin çäkli konwertirlenmek derejäniň girizilmegi ykdysady subýektler üçin goşmaça erkinlik şertleri döredilýär. Söwda importy bilen bagly walýuta we maliýe çäklendirmeleriň aýrylmagy içki bazar gatnaşyklaryna geçiş döwürde zerur gerek bolan sarp ediş harytlaryň importyny üpjün edip, sarp edijiler tarapyndan saýlanyp alynmagyna mümkinçilik döredýär. Ahyrynda bu ýagdaýlar sarp edişligiň ösmegine we ýakyn wagtyň dowamynda sarp edişligiň kanagatlandyrylmagyna getirýär.

Gündelik amallar boýunça konwertirlenmegiň girizilmegi aýry-aýry hojalyk subýektlerini önümçilik serişdelere we häzirki zaman enjamlara we tehnologiýalara golaýlaşdyrýar. Mundan başga-da, milli walýutalaryň çäkli öwrülmek derejesiniň girizilmegi ýerli önüm öndürijileriň daşary ýurt önüm öndürijileri bilen bäsdeşlik geçirmä çemeleşip geçirilmegini talap edýär. Bäsdeşlik şertleri önüm öndürijileriň ulanýan serişdelerini rejeli ulanmaga mejbur edip, eksport edilýän önümiň köpelmegine getirýär.

Halkara bäsleşige goşulmagyny talap edýän açyk bazar gatnaşyklary içerki agalyk edýän guramalaryň we kärhanalaryň hökümini hem gowşadýar.

Walýutanyň eýesiniň milletine, ýaşaýan ýerine we meşgul bolýan işine görä öwrülmeklik bolup, şol ýurduň milli walýutasyna halkara hasaplaşyklar boýunça erkin daşary ýurt walýutalaryna öwrülmeklik daşary ýurtlara (rezident dällere) milli hökümet guramalary tarapyndan rugsat berilýär. Emma dahyllylara milli walýutany daşary ýurt walýutalara öwürmäge rugsat berilmeýär.

Milli walýutanyň konwertirlenmek derejesini gazanmak bilen bagly bolan halkara tejribä göz aýlasak bu ýol, köplenç, şol bada daşary ýurt konwertirlenmäni gazanmakdan başlanýar.

Munuň birnäçe sebäplerini belläp geçeliň. Milli walýutany daşary ýurt walýutasyna öwürmek derejesi daşary ýurt maýadarlaryň işjeňligini höweslendirýär. Mundan başga-da şol ýurduň milli walýutasy halkara karz we pul bazarlarynda tanalýar we oňa bolan halkara isleg belli bir derejede saklanyp galýar. Dünýä bazarlarynda milli walýutanyň emele gelip, berkäp başlamagy ýurduň walýu-

ta ýagdaýlaryna we milli walýuta kursuna amatly täsir edýär. Milli walýutanyň daşarky konwertirlemek derejesi belli derejede ykdysady we walýuta harajatlar bilen bagly bolýar, çäkli derejede maliýe we ykdysady çäreleriň ösdürilmegini talap edýär. Sebäbi dahyllylar bilen deňeşdirilende dahylly dälleriň umumy sany az bolýar.

Milli walýutanyň içerki öwrülmeklik derejesi üpjün edilende şol ýurduň walýutasyny erkin daşary ýurt walýutalara çalşylmaklyk diňe dahyllylara rugsat edilýär.

## 1.3.Konwertirlenmegi üpjün edýän esasy şertler

Walýutanyň öwrülmekligi bilen bagly bolan düşünjäni diňe bir çalyşmaklyk bilen bagly bolan tehniki adalga diýip düşünmeli däl. Bu düşünje bir tarapdan örän ýönekeý bolup görünse-de, konwertirlenmek mehanizmi örän çylşyrymly we çuňňurdyr. Şu sözleri anyk düşüner ýaly deňeşdirme mysalyny getireliň. Milli walýutanyň konwertirlenmegini üpjün edýän we hökümet guramalary tarapyndan döredilýän şertleri umumylaşdyryp, 3 topara bölmek bolýar:

1. Milli hojalygyň bazar gatnaşyklary esasynda dolandyrylmagy.
2. Içerki we daşarky önümçilik we çalyşma şertleriň deňagramlylygyny we durnuklylygyny gazanmak.
3. Ýokardaky şertlere laýyk gelýän öwrülmeklik mehanizminiň döredilmegi.

Ýokarda belläp geçilişi ýaly, bu kyn meseläniň ýene-de bir belläp geçmeli tarapy bar. Konwertirlenmek ýoluna taýýarlyksyz geçmek örän howpludyr. Şonuň üçin, bazar gatnaşyklaryna ýaňy geçýän döwletleriň walýutasynyň konwertirlenmek ýoluna düşmeginiň öň ýanynda hökmany ýerine ýetirmeli şertleri bardyr. Olara şu aşakdakylar degişlidir:

– ykdysadyýete laýyk gelýän walýutanyň kurs tertibini saýlap almaklyk;

– altyn walýuta ätiýaçlyk serişdeleriň gerekli möçberini toplamaklyk;

– makroykdysady syýasatyň esasly we durnukly bolmagyny gazanmaklyk;

– dolanyşykda hereket edýän artykmaç pul möçberiniň aýrylmagyny üpjün etmeklik;

– ykdysady subýektleri bazar bahalaryna duýguly bolar ýaly öz içine höwesleri we mümkinçilikleri alýan şertleri döretmeklik.

Bu hökmany ýerine ýetirilmeli şertler mümkin bolaýjak makroderejedäki durnuksyzlyk peýda bolmaz ýaly ýerine ýetirilmelidir hem-de ahyrynda garaşylýan ykdysady netijelilik, girdejiler bilen üpjün eder ýaly şert gerek bolýar. Taryhda taýýarlyksyz konwertasiýa geçmek bilen bagly hereketler 1947-nji ýylda Beýik Britaniýa tarapyndan amala aşyryldy. Funt-sterlingiň gündelik amallar boýunça konwertasiýasy üçin ABŞ 3,75 mlrd dollar möçberinde karz berenligine garamazdan, öňünden ýerine ýetirmeli şertler berjaý edilmänligi üçin Beýik Britaniýa konwertirlenmegi 1 aýdan soň ýatyrýar.

Öwrülmekligiň düýp manysy milli walýutanyň eýesiniň hereketiniň erkin bolmagyndan ybaratdyr. Bu ýagdaý ilkibaşda ykdysady özbaşdaklygy, özbaşdaklygy ulanmaklyga doly mümkinçilik berýän hökümetiň döredýän ykdysady we hukuk şertlerini göz öňünde tutýar. Konwertirlenmek şertinde walýutanyň eýesiniň islegine garşy hiç kimiň hüküm bilen hereketini üýtgetmäge haky ýokdur. Şahsy ýa-da edara görnüşli tarap bolsun, hasaplaşyklar nagt däl ýa-da nagt görnüşinde ýerine ýetirilsin tapawudy ýok, konwertirlenmek rugsady bar bolan walýutanyň eýesi ony ýeke öz islegi we maksatlary boýunça ulanyp, daşary ýurt walýutalara öwrüp biler.

Konwertirlemek üçin gerek bolan erkinligi we özbaşdaklygy bazar gatnaşyklary üpjün edip bilýär. Bazar şertlerinde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hemme çäginde bolup geçýän hadysalar kanunlaryň kömegi bilen bazar çalyşma we bäsdeşlik mehanizmleriniň üsti bilen dolandyrylýan hojalyk subýektleriniň doly özbaşdaklygyny üpjün edilmegi ykdysady kanunlaryň işläp, jemgyýetçilik gatnaşyklaryna amatly täsir etmeginiň esasy şertidir.

Halkara walýuta dolanyşyga gatnaşyjylary 3 topara bölmek bolýar:

1) Döwlet guramalary bolup, köplenç halkara gatnaşyklarda Merkezi banklar çykyş edýärler;

2) Dellalçylyk edip daşary ýurt gatnaşyklara hyzmat edýän täjirçilik banklary;

3) Dürli giňişlikde işleýän şereketler, guramalar, hususy taraplar.

Bu toparlara girýän taraplar üçin öwrülmekligiň mehanizmi tapawut edýär. Kanuny töleg serişdeleriň emitenti bolup çykyş edýän Merkezi banklar, häkimiýet guramalary döwlet walýuta ätiýaçlyklaryna we altyn gorlara ygtyýarlyk edýärler. Şol sebäpli milli walýutany daşary ýurt walýutalara çalyşmak bilen bagly meseleleriň bu ýerde bolmaklygy mümkin däl.

Täjirçilik banklar özbaşdak we garaşsyz bazar hojalygynyň agzasy hökmünde öz wezipelerini ýerine ýetirýärler, hemme walýuta amallary boýunça dellalçylyk edenden soň, walýuta serişdeleriniň belli bir möçberini dolanyşyk gazananda ätiýaçlyk hökmünde saklamaly bolýarlar. Walýuta serişdeleri bankyň doly ygtyýarynda bolsa-da, ol gaznalaryň döredilmeginiň we ulanmagynyň düzgün-tertibi döwlet walýuta sazlaýyş kada-kanunlary bilen berkidilýär.

Milli derejesinde kabul edilen düzgün-tertibiň häsiýetlerine görä konwertirlenmek mehanizminiň netijeliligi üpjün edilýär. Banklaryň üsti bilen amala aşyrylýan walýuta söwdasynyň köp bölegi walýuta kurslarynyň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Müşderileriň buýrugy boýunça ýa-da banklaryň öz hasabyna ýerine ýetirilýän walýuta alyp-satmak amallary boýunça walýuta gorlary banklarda jemlenip, amallar ýerine ýetirilýär. Şonuň üçin banklaryň halkara hasaplaşyklary ýerine ýetirmek bilen bagly işi näçe erkin ýerine ýetirilse, şoňa görä walýuta bazarynyň ähmiýeti ýokarlanýar, dünýä walýuta ulgamynda şol walýutanyň ady tutulyp, abraýy ýokarlanýar.

## 1.4.Halkara walýuta gatnaşyklary we walýuta ulgamy

**Halkara walýuta gatnaşyklary – bu dünýä ykdysadyýetinde halkara walýuta amallarynda, dünýä we milll hojalyk gatnaşyklarynyň arasyndaky halkara hasaplaşyklarynda emele gelýän**

**jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň jemidir.** Walýuta gatnaşyklarynyň aýratyn düzümleri antik döwründe – Gadymy Gresiýada we Gadymy Rimde weksel we alyş-çalyş işi hökmünde emele gelipdir. Olaryň kämilleşmeginiň indiki tapgyry hökmünde geçiriji wekseller (trattalar) boýunça hasaplaşyklar geçirilen Lionda, Antwerpende we Günbatar Ýewropanyň beýleki söwda merkezlerindäki orta asyr «weksel ýarmarkalary» diýip aýtmak bolýar. Feodalizm we kapitalizm döwürlerinde bank arkaly halkara hasaplaşyklar ulgamy ösüp başlady.

Halkara walýuta gatnaşyklarynyň ösüşi öndüriji güýçleriň ösmegi, dünýä bazarynyň döremegi, zähmetiň halkara paýlanylyşynyň (ZHP) artdyrylmagy, dünýä hojalyk ulgamynyň döredilmegi, hojalyk gatnaşyklarynyň internasionalizasiýasy we berkemegi bilen düşündirilýär.

Halkara walýuta gatnaşyklary halkara ykdysady gatnaşyklary arkaly emele gelýär. Halkara walýuta gatnaşyklarynyň we gaýtadan öndürijiligiň aralarynda göni we gaýry aragatnaşyklary bar. Olaryň obýektiw esasy bolup harytlaryň, maýalaryň, hyzmatlaryň halkara alyş-çalşyny döredýän jemgyýetçilik öndürijiligi durýar. Walýuta gatnaşyklarynyň ýagdaýy milli we dünýä ykdysadyýetiniň ösmegine, syýasy ýagdaýa, halkara gatnaşyklaryna mahsus bolan iki sany ösüş meýilleriniň, ýagny hyzmatdaşlyk we garşylyk hem-de ýurtlaryň aralaryndaky güýçleriň gatnaşygyna bagly bolup durýar. Daşary ykdysady gatnaşyklarynda, şol sanda walýuta gatnaşyklarynda, syýasat we ykdysadyýet, diplomatiýa we täjirçilik, öndürijilik we özara söwda gatnaşyklary milli we dünýä hojalygynda aýratyn orun eýeleýärler. Gaýtadan öndürijilige görä, walýuta gatnaşyklary ikinji bolsa-da, olar özbaşdak bolup, oňa gaýtargy täsirini berýär. Ykdysadyýetiň internasionallaşma we berkeýän şertlerinde, gaýtadan öndürijiligiň daşky sebäpleri bolan – dünýä öndürijiliginiň we söwdanyň, ylmyň we tehnikanyň daşary ýurt derejesi, daşary ýurt maýalaryň ösüşine baglylygy güýçlenýär. Halkara walýuta gatnaşyklarynyň durnuksyzlygy, walýuta çökgünlikleri, gaýtadan öndürijilik hadysasyna ýaramaz täsirini ýetirýär.

Hojalyk gatnaşyklarynyň internasionallaşmagy esasynda halkara walýuta gatnaşyklary kem-kemden guramanyň belli bir görnüşlerine

eýe boldular. ***Walýuta ulgamy*** – **milli kanunçylyk ýa-da döwletara ylalaşyklary arkaly berkidilen walýuta gatnaşyklarynyň döredilmeginiň we ugrukdyrylmagynyň görnüşidir.** Onuň işlemeginde we dolandyrylmagynda gatnaşýan gurluşy we ýerine ýetirýän wezipeleri bilen özara baglanyşykly – düzüm bölekleriniň toplumy bardyr. Walýuta ulgamynyň milli, dünýä, halkara (sebitleýin) görnüşleri bar.

Taryhy taýdan, ilki bilen, halkara hukugynyň kadalaryny hasaba alyp, milli kanunçylyk arkaly ugrukdyrylýan milli walýuta ulgamlary emele geldiler. Milli walýuta ulgamy özbaşdak bolup, milli çäklerinden çyksa-da, ol ýurduň pul ulgamynyň bölegi bolup durýar. Onuň aýratynlyklary ýurduň ykdysadyýetiniň we halkara ykdysady gatnaşyklarynyň ösüş derejesi we ýagdaýy bilen kesgitlenýär.

Milli walýuta ulgamy dünýä walýuta ulgamy, ýagny döwletara ylalaşyklary bilen berkidilen halkara walýuta gatnaşyklarynyň guramak usuly bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Dünýä walýuta ulgamy XIX asyryň ortalarynda emele geldi. Dünýä walýuta ulgamynyň işleýiş häsiýeti we durnuklylygy, onuň ýörelgeleriniň dünýä hojalygynyň gurluşyna, alyp baryjy ýurtlaryň güýçlerini ýerbe-ýer goýulmagyna we bähbitlerine gabat gelmeklerine bagly bolup durýar. Dünýä walýuta çökgünligiň ýüze çykmagy bu şertleriň üýtgemegine, köne walýuta ulgamynyň dargamagyna we täzesiniň döremegine getirýär.

Dünýä walýuta ulgamy berkemegi dünýä hojalyk maksatlaryny yzarlasa-da, onuň aýratyn iş we ugrukdyrma mehanizmi bolsa-da, ol milli walýuta ulgamlary bilen bagly bolup durýar. Bu baglylyk daşary ykdysady işine hyzmat edýän milli banklar arkaly ýerine ýetirilýär we öňdebaryjy ýurtlaryň döwletara walýuta ugrukdyrmasynda we walýuta syýasatynyň alnyp barlyşynda öz ornuny tapýar. Milli we dünýä walýuta ulgamlarynyň özara baglanyşygy, olaryň deňligini aňlatmaýar, sebäbi olaryň wezipeleri, hereket etmegi we ugrukdyrylmagynyň, aýry ýurtlaryň ykdysadyýetine we dünýä hojalygyna täsiri başga bolup durýar. Milli we dünýä walýuta ulgamlarynyň arabaglanyşygy we aratapawudy olaryň düzüm böleklerinde görünýär *(1.4.1-nji tablisa).*

*1.4.1-nji tablisa*

**Milli we dünýä walýuta ulgamlarynyň esasy düzüm bölekleri**

| Milli walýuta ulgamy | Dünýä walýuta ulgamy |
|---|---|
| Milli walýuta | Dünýä pullarynyň wezipeleýin görnüşleri |
| Milli walýutanyň konwertirlenme şertleri | Walýutalaryň özara konwertirlenme şertleri |
| Milli walýutanyň pariteti | Walýuta paritetleriniň unifisirlenen (bir nusga getirilmeginiň) tertibi |
| Milli walýutanyň kurs tertibi | Walýuta kurslarynyň tertipleriniň kadalaşdyrylyşy |
| Walýuta çäklendirmeleriniň barlygy ýa-da ýoklugy, walýuta gözegçiligi | Walýuta çäklendirmeleriniň döwletara düzgünleşdirilmegi |
| Ýurduň halkara walýuta likwidliligini milli taýdan düzgünleşdirmek | Halkara walýuta likwidliliginiň döwletara düzgünleşdirilmegi |
| Halkara karz dolanyşyk serişdeleriniň ulanylmagynyň kadalaşdyrylyşy | Halkara karz dolanyşyk serişdeleriniň ulanmak düzgünleriniň unifikasiýasy |
| Ýurduň halkara hasaplaşyklarynyň tertip-düzgüni | Halkara hasaplaşyklarynyň esasy görnüşleriniň düzgünleriniň unifikasiýasy |
| Milli walýuta we altyn bazarynyň tertibi | Dünýä walýuta bazarlarynyň we altyn bazarlaryň tertibi |
| Ýurduň walýuta gatnaşyklaryny dolandyrýan we ugrukdyrýan milli edaralar | Döwletara walýuta düzgünleşdirmesini ýerine ýetirýän halkara guramalar |

Milli walýuta ulgamynyň esasy bolup, kanunçylyk arkaly kesgitlenen ýurduň milli pul birligi çykyş edýär. Halkara amallarynda ulanylýan pul serişdelerini *walýuta* diýip atlandyrýarlar. Birinji Jahan urşundan soň, daşary ýurt walýutasyndaky dürli töleg serişdesi bolan dewiz düşünjesi döreýär. Daşary ýurt walýutasy halkara walýuta, hasaplaşyk, karz we maliýe amallarynda ulanylýar, bank hasap-

larynda saklanylýar, emma başga döwletiň çäklerinde kanuny töleg serişdesi hökmünde ulanylmaýar. Güýçli hümmetsizlenme, ýurtda ykdysady we syýasy durnuksyzlyk bolanda, milli walýutany has durnukly daşary ýurt walýutasy gysyp çykarýar. Häzirki zaman şertlerinde – dollar, ýewro köp ulanylýar, ýagny *ykdysadyýetiň dollarlaşmasy* bolup geçýär. «Walýuta» adalgasy milli we dünýä hojalyklarynyň baglanyşygyny we özara hereketini üpjün edýär *(1.4.2-nji tablisa).*

*1.4.2.-nji tablisa*

**Walýutalaryň görnüşleri**

| **Toparlanmagyň ölçegi** | **Walýutalaryň görnüşleri** |
|---|---|
| 1.Walýutanyň konwertirlenmeginiň derejesi | Erkin konwertirlenýän<br>Bölekleýin konwertirlenýän |
| 2. Dünýä dolanyşygynda ulanylmagynyň derejesi | Konwertirlenmeýän<br>Blokirlenen<br>Halkara<br>Esasy |
| 3. Walýutanyň durnuklylyk derejesi | Ätiýaçlyk<br>Alyp baryjy (dominirlenen) |
| 4. Ulanmak giňişligi | Berk<br>«Ýumşak»<br><br>Bahanyň<br>Tölegiň<br>Wekseliň, çekiň<br>Gymmatly kagyzlaryň<br>Kliringiň<br>Interwensiýanyň we ş.m. walýutasy |

Dünýä walýuta ulgamy dünýä pullarynyň wezipeleýin görnüşlerine esaslanýar. Dünýä pullary halkara töleg, hasaplaşyk we ätiýaçlyk serişdeleriniň wezipelerini ýerine ýetirýär, halkara gatnaşyklaryna (ykdysady, syýasy, medeni, harby we beýleki) hyzmat

edýär. Dünýä pullarynyň wezipeleýin görnüşleriniň ösüş döwürleri belli bir yza galyş bilen milli pullaryň altyn puldan karz pula çenli ösüş ýolyny gaýtalaýar. Ilkinji gezek altyn bilen bilelikde dünýä puly hökmünde milli walýutany ulanmak 1922-nji ýylda, Genuýa walýuta ulgamy döredilmegi bilen, kanun arkaly rugsat edildi. Bu kanunylygyň netijesinde, dünýä walýuta ulgamy XX asyrda öňde baryjy ýurtlaryň bir ýa-da birnäçe milli walýutalaryna ýa-da halkara walýuta birligine esaslanýar (SDR, 1999-njy ýylda ýewro bilen çalşylan ekýu). Dünýä pullarynyň täze wezipeleýin görnüşi bolan ýewro puly – bir wagtda Ýewropa Bileleşigine girýän döwletleriň walýutasy bolup durýar.

Konwertirlenýän milli walýutanyň esasy adalgasy – bu halkara baha çäginiň, halkara töleg we ätiýaçlyk serişdeleriniň wezipelerini ýerine ýetirýän *ätiýaçlyk (esasy) walýutasydyr*. Ol beýleki ýurtlar üçin walýuta kursuny kesgitlemegiň esasy hökmünde hyzmat edýär. Walýuta kurslaryny sazlaşdyrmak maksady bilen, walýuta interwensiýany geçirmekde, şeýle hem başga pul birliklerini baglanyşdyrýan «direg» walýutasy hökmünde ulanylýar. Bretton-Wuds walýuta ulgamynyň çäklerinde ätiýaçlyk walýuta ygtyýarnamasy ABŞ-nyň dollaryna we funt sterlinge berkidildi. Ýamaý walýuta ulgamynyň çäklerinde dollar öz ätiýaçlyk walýuta ygtyýarnamasyny saklady. Häzirki döwürde dollardan başga, ýewro walýutasy, ýapon iýeni, funt sterling we ýuan walýutalary hem ätiýaçlyk walýutasy görnüşde ulanylýarlar.

Ätiýaçlyk walýuta ygtyýarnamasyny gazanmaklygyň aşakdaky başlangyçlary bar: dünýä öndürijiliginde, harytlaryň we maýalaryň eksportynda, altyn walýuta ätiýaçlyklarynda ýurduň agalyk edip eýeleýän ornuny; daşary ýurtdaky karz-bank edaralarynyň ösen ulgamy; karz maýasynyň göwrümli bazary, walýuta amallarynyň liberalizasiýasy, walýutanyň erkin konwertirlenmegi. Milli walýutanyň ätiýaçlyk walýutasynyň ornuna geçirilmeginiň subýektiw sebäbi hökmünde işjeň daşary syýasaty, şol sanda walýuta we karz, kägagt walýutanyň dünýä puly hökmünde ulanmak taryhy däbi (mysal üçin, funt sterlingi) bolup durýar. Institusional nukdaýnazardan, milli walýutanyň ätiýaçlyk walýutasy hökmünde ykrar edilmeginiň

şerti bolup, onuň banklar we halkara maliýe edaralary arkaly halkara dolanyşyga girizilmegi durýar.

Ätiýaçlyk walýutasynyň ygtyýarnamasy emitent ýurda aşakdaky aýratynlyklary, ýagny töleg balansynyň ýetmezçiliginiň milli walýuta arkaly ýapylmagyna mümkinçilik, ýagny dünýä bazaryndaky bäsdeşlikde milli eksportýorlaryň eýeleýän ornunyň pugtalandyrylmagyna ýardam edýär. Şol bir wagtda hem, ýurduň walýutasynyň ätiýaçlyk walýutasynyň ornuna geçirilmegi, onuň ykdysadyýetine birnäçe borçlary ýükleýär: bu walýutanyň durnuklylygyny saklamak zerur, dewalwasiýa, walýuta we söwda çäklendirmelerini ulanmaly däl. Ätiýaçlyk walýuta ygtyýarnamasy emitent ýurdy içki ykdysadyýet syýasatyny daşky deňagramlylygyny gazanmak wezipesine tabyn etmäge mejbur edýär.

Altyndan tapawutlylykda, öz gymmatlyklary bolman, erkin konwertirlenýän walýutalar dünýä puly hökmünde doly çykyş edip bilýär. Şu derejede hem ýewrowalýutalar görnüşi boýunça bu dünýä pullary, mazmuny boýunça bolsa daşary ýurt banklary tarapyndan depozit-karz amallary üçin ulanylýan milli pullardyr.

Içki ykdysadyýet üçin niýetlenen milli pullaryň halkara töleg-hasaplaşyk we ätiýaçlyk serişdesi hökmünde ulanylmagy gapma-garşylyklara getirýär.

**Birinjiden,** dünýä hojalyk gatnaşyklaryna hyzmat etmek üçin gymmaty gaçan milli karz pullary ulanmak HYG-niň halkara häsiýetine gabat gelmeýär.

**Ikinjiden,** ätiýaçlyk walýutasynyň emitent ýurtlary onuň ygtyýarnamasyny daşary ykdysady ekspansiýa maksady bilen hyýanatçylykly peýdalanýarlar.

**Üçünjiden,** ätiýaçlyk walýutalar wagtal-wagtal öz agalyk edýän ýagdaýyny ýitirýärler. Şular ýaly ýagdaýa 1960-njy ýylyň soňunda ätiýaçlyk walýutasy bolmagyny bes eden iňlis funt sterlingi düşdi. 1970-nji ýyldan başlap, dollar hem esasy bäsdeşlik edýän walýutalaryň – ýewro bilen çalşylan GFR-iň markalary, ýapon iýeni we başgalaryň zor salmaklary bilen halkara ykdysady gatnaşyklarynda öz eýeleýän ornuny belli bir derejede ýitirdi.

Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

a) affinirlenen guýma altyn, banknotlar ýa-da şaýy görnüşindäki daşary ýurt puly, şeýle hem Türkmenistanyň çäginden daşardaky bank hasaplaryndaky (goýumlaryndaky) daşary ýurt pulunyň galyndylary;

b) Halkara pul gaznasyndan onuň ätiýaçlyklarynyň bölegini satyn almaga hukuk, Halkara pul gaznasynyň maliýe karzyny almaga ýörite hukuklar;

ç) daşary ýurt pullarynda tölenilýän, daşary ýurt döwletleri ýa-da daşary ýurt döwletleriniň Merkezi banklary, ýa-da halkara maliýe guramalary tarapyndan goýberilen, ýa-da kepillendirilen bergidarlyk borçnamalary;

d) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşmak arkaly Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýeti tarapyndan kesgitlenilýän başga aktiwler.

*Halkara walýuta birligi* halkara talaplaryny we borçlaryny deňeşdirmek üçin şertleýin möçberi hökmünde, walýuta pariteti we kursy kesgitlemek üçin, töleg we ätiýaçlyk serişdesi hökmünde ulanylýar. Altynyň demonetizasiýa hadysasy– onuň pul hökmünde ulanylyşynyň bes edilmegi, dünýä pullary hökmünde durnuksyz milli walýutalary ulanmaklygyň ýaramaz netijeleri, walýuta ulgamyna SDR-iň (alynmanyň ýörite hukugy), 1999-njy ýylda ýewro bilen çalşylan ekýu walýutasynyň (1979-1998-nji ýyllarda ýewropa walýuta birligi) girizilmegine getirdi. Dünýä pullarynyň bu täze görnüşleri ýurtlaryň ýörite hasaplarynda ýazuwlar arkaly nagt däl halkara hasaplaşyklar üçin – SDR – Halkara pul gaznasynda, ekýu – Ýewropa walýuta hyzmatdaşlyk gaznasynda, 1994-nji ýyldan 1999-njy ýyla çenli Ýewropa Bileleşiginiň Ýewropa walýuta institutynda ulanylýarlar. Olaryň şertli bahasy walýuta sebedine girýän ortaça agramly bahanyň we walýuta kursunyň esasynda hasaplanýar.

Walýuta ulgamynyň indiki düzümi walýutanyň konwertirlenme derejesini, ýagny onuň daşary ýurt walýutasyna çalşylmagyny häsiýetlendirýär. Olaryň aşakdaky görnüşleri bar:

– çäklendirilmän dürli daşary ýurt walýutalaryna çalşylýan erkin konwertirlenýän walýutalar. HPG-niň 1978-nji ýyldaky Tertipnamasyna «erkin ulanylýan walýuta» düşünjesi girizildi. Bu topara ABŞ-nyň dollary, GFR-niň markasy, iýen, funt sterling, fransuz franky (marka we frank ýewro çalşylan) degişli edildi. Erkin konwertirlenýän diýlip, walýuta çäklendirilmeleri ýok ýurtlaryň walýutalary hasaplanýarlar;

– walýuta çäklendirmeleri bolan ýurtlaryň bölekleýin konwertirlenýän walýutalary;

– dahyllylar we dahylsyzlar üçin walýuta çalşylmagy gadagan edilen ýurtlaryň konwertirlenmeýän (ýapyk) walýutalary.

Walýuta ulgamynyň düzümi – bu walýuta pariteti, ýagny kanuny tarapyndan kesgitlenen iki walýutanyň arasyndaky gatnaşygy. Monometallizm döwründe – altyn we kümüş-walýuta kursunyň esasy bolup durýardy, ýagny dürli ýurtlaryň pul birlikleriniň metal gymmatlygy (agramy) boýunça gatnaşygy. Ol walýuta pariteti düşünjesi bilen deň gelýärdi.

Türkmenistanyň halkara walýuta gatnaşyklarynyň esasy bölekleriniň biri walýutalaryň gymmat mazmunynyň ölçeýjisi hökmünde çykyş edýän walýuta kursudyr. Iki pul birliginiň çalyşmasynyň gatnaşygyna ýa-da bir pul birliginiň bahasynyň başga döwletiň pul birliginde aňladylmagyna **walýuta** kursy diýilýär.

Walýuta kursunyň tertibi hem walýuta ulgamynyň düzümi bolup durýar. Olaryň aşakdaky ýaly görnüşleri bolýar:

– az üýtgeýändigi hasaba alnan walýuta kurslary;

– walýutanyň bazar islegine we teklibine görä üýtgeýän kurslary, hem-de olaryň dürli görnüşleri.

Milli pul birliginiň kursunyň daşary ýurt pul birliginde bellenilmegi walýuta **kotirowkasydyr**. Walýuta kotirowkasy **göni we tersleýin** görnüşde kesgitlenilýär.

**Göni kotirowka görnüşi** has giň ýaýrandyr, onda gaýry walýutanyň kursy milli walýutada aňladylýar. Tersleýin kotirowkada milli walýuta birlik hökmünde kabul edilmeýär, onuň kursy gaýry pul

birlikleriniň kesgitlenen mukdarynda aňladylýar. Kotirowkalaryň dürli usulynyň ykdysady aýratynlygy ýokdur. Sebäbi walýuta kursunyň manysy birdir. Walýutalaryň öwrülip bilijilik ukyby şertlerinde olaryň kotirowkalary banklar tarapyndan amala aşyrylýar. Walýuta çäklendirmeleri şertlerinde olaryň kursy hökümet guramasy tarapyndan bellenilýär. Walýuta bazaryna gatnaşýan hünärmenler üçin ýöne bir «walýuta kursy» ýokdur. Bu düşünje alyjynyň we satyjynyň kurslary diýen iki kursa bölünýär.

**Alyjynyň kursy** – rezident bankyň milli walýutany daşary ýurt walýutasyna satyn alýan kursudyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda geçirilýän türkmen manadynyň denominasiýasy netijesinde walýutanyň alyş-çalyş nokatlarynda amallar bir pul birliginde, ýagny denominirlenen görnüşlerde amala aşyrylýar.

**Satyjynyň kursy** banklaryň daşary ýurt walýutasyny milli walýuta çalyşýan kursudyr.

**Göni kotirowkada** satyjynyň kursy, alyjynyň kursundan has ýokary bolýar.

Iki kursuň arasyndaky tapawut **marža** diýlip atlandyrylýar. Ol bankyň walýuta amallary boýunça çykdajylaryň üstüni ýapýar we peýdany emele getirýär.

Walýuta kursy ***iň pes (nominal) we hakyky*** diýen iki görnüşde kesgitlenilýär.

***Walýutanyň nominal kursy*** milli walýutanyň daşary ýurt walýutasyna çalşylanda ýa-da daşary ýurt walýutasynyň milli walýuta çalşylanda emele gelýän kesgitli «bahasydyr». Metbugatda çap edilýän walýutalaryň kurslary (eger aýratyn bellik edilmedik bolsa) nominal kurslardyr *(1.4.3-nji tablisa).*

***Hakyky walýuta kursy*** nominal kursuň iki ýurtdaky bahalaryň derejesiniň gatnaşygyna köpeltmek bilen hasaplanylýar. Hakyky walýuta kursuny söwda hyzmatdaşlygyna girýän ýurtlarda hereket edýän orta bahalaryň esasynda kesgitläp bolýar. Bu ýagdaýda hakyky walýuta kursy belli bir derejede milli harytlaryň import harytlaryna bolan bäsleşik ukybynyň görkezijisi hökmünde çykyş edýär.

*1.4.3-nji tablisa*

**Türkmen manadynyň ABŞ-nyň dollaryna alyş-çalyş hümmeti**

| | **Türkmen manadynyň** | |
|---|---|---|
| | **denominirlenmedik görnüşine, manat** | **denominirlenen görnüşine, manat** |
| 1 amerikan dollarynyň resmi hümmeti | 17,500 | 3,50 |
| 1 amerikan dollarynyň satyn alnyş hümmeti | 17456.5 | 3,4913 |
| 1 amerikan dollarynyň satylyş hümmeti | 17587.5 | 3,5175 |

Türkmenistanyň ygtyýarly banklaryna, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellenen resmi hümmetiniň esasynda daşary ýurt puluny satyn alanda 0,25 göterim arzan alyp, satanda 0,5 göterimden gymmat bolmadyk hümmet bilen alyş-çalyş nokatlarynda amallar geçirmäge ygtyýary berilýär.

Walýuta kursy halkara ykdysady gatnaşyklaryna uly täsir edýär. *Birinjiden*, walýuta kursy haryt öndürijileriň önümçilik çykdajylaryny dünýä bazaryndaky harytlaryň bahalary bilen deňeşdirmäge mümkinçilik berýär. Şonuň bilen birlikde ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň maliýe netijelerini çaklamaga şert döredýär. *Ikinjiden*, walýuta kursunyň derejesi ýurduň ykdysady ýagdaýyna gönüden-göni täsir edýär we onuň töleg balansynyň ýagdaýynda ýüze çykýar. Üçünjiden, walýuta kursy dünýäniň jemi önüminiň ýurtlaryň arasynda gaýtadan paýlanylmagyna täsir edýär.

Şonuň üçin-de bu gurşawda dürli ýurtlaryň bähbitleri çaknyşýarlar we wagtal-wagtal dawalar ýüze çykýar. Bu ýagdaý döwlet we döwletara derejesinde gapma-garşylyklaryň we dawalaryň ýitiligini aradan aýyrmaklyga gönükdirilen degişli çözgütleri kabul etmekligi talap edýär.

Walýutanyň **spot we forward** kurslary walýuta geleşigininiň görnüşine baglylykda tapawutlandyrylýar. **Spot** kurslar nagt (kassa) geleşiklerinde ulanylýar we walýuta haýal edilmän (iki iş gününiň

dowamynda) tabşyrylýar. **Forward** kurslar möhletli geleşiklerde ulanylýar we aýdyň kesgitlenen döwürden soň walýutanyň hakyky tabşyrylmagy wagtynda amala aşyrylýar.

Spot we forward kurslarynyň aýratynlyklaryny seljermeklik, walýuta kurslarynyň ösüşini kesgitleýän esasy şertlere çalt düşünmeklige mümkinçilik berýär.

**Spot kursy** walýuta bazarynyň binýatlaýyn kursudyr. Bu kurs boýunça gündelik söwda we söwda däl amallary maddalaşdyrylýar.

Forward kursy walýuta geleşigine gatnaşyjy tarapyndan bellenilýär. Ol kesgitli wagt geçenden soň bellenilen senede amala aşyrylýar.

Forward kurslary ahyrky netijede walýuta ýa-da göterim orbitražynyň amallary bilen baglydyr. Bu amallar şol bir walýutanyň dürli walýuta bazarlarynda emele gelýän kurslarynyň aratapawutlaryndan peýda gazanmak maksady bilen amala aşyrylýar.Walýuta bazaryna gatnaşyjylar bu amallary peýda gazanmak ýa-da walýuta töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak üçin amala aşyrýarlar. Özi hem töwekgelçiligi ätiýaçlandyryjylaryň we alyp-satarlaryň maksatlary biri-birine garşylyklydyr.

**Walýuta töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyrmak** kurslaryň üýtgemegi bilen şertlendirilendir we sap aktiwleriň, şeýle hem sap passiwleriň aradan aýrylmagyna gönükdirilendir. **Maliýe düşünjelerinde bu hereket daşary ýurt walýutasyndaky açyk pozisiýalaryň aradan aýrylmagyny aňladýar.**

Açyk pozisiýalary «uzyn» (daşary ýurt walýutasyndaky netto-aktiwler, ýagny talap borçnamalardan artyk gelýär) we «gysga» (netto-passiwler, ýagny borçnamalaryň talaplaryndan artyk gelmegi) diýilýän iki görnüşde bolýar.

Gaýtadan ätiýaçlandyrmak kadaly amal hasaplanmaýar, sebäbi eksportýorlaryň we importýorlaryň walýuta ýitgileriniň töwekgelçiligine sezewar bolmagy aradan aýrylýar we olaryň geleşigiň hereket edýän döwründe haýsy hem bolsa, belli bir kursdan ugur almaklaryna mümkinçilik döreýär.

**Walýuta bazarynda alyp-satarlyk** (spekulýasiýa) sözüň doly manysynda daşary ýurt walýutasynda **«uzyn»** ýa-da **«gysga»** pozisiýalaryň açylmagyna gönükdirilen hereketi aňladýar. Bu ýagdaýda

walýuta bazaryna gatnaşyjylaryň işi aň-düşünjeli hasaplara esaslanýar we goşmaça peýda gazanmak üçin walýuta kursunyň derejesindäki ösüşini bahalandyrmak göz öňünde tutulýar.

Daşary ýurt walýutasynda alyp-satarlyk amallarynyň düşewüntliligi, bir tarapdan milli walýutadaky depozitler(goýumlar) boýunça göterim haklarynyň arasyndaky tapawutdan milli walýutanyň kursunyň peselmegi, beýleki tarapdan bolsa, şu ýagdaýlaryň daşary ýurt walýutasynda ýüze çykmagy bilen baglydyr.

**Walýutanyň kross-kurs düşünjesi hereket edýär**, ol iki daşary ýurt walýutasynyň kotirowkasyny aňladýar, olaryň hiç haýsysy hem geleşige gatnaşyjynyň milli walýutasy däldir, mysal üçin, Germaniýanyň Merkezi bankynyň (Dentsche Bundesbank) bellän dollaryň iýena bolan kursy, **iş ýüzünde iki walýutanyň kurslarynyň esasynda üçünji walýutanyň kursuny hasaplamak kross-kurslary emele getirýär.** Dürli milli walýuta bazarlarynda kross-kurslaryň kotirowkalary biri-birinden tapawutlanyp biler, bu bolsa walýuta orbitražy üçin şert döredýär.

Häzirki wagtda walýuta kurslary halkara ykdysady gatnaşyklarynyň ähli ulgamynyň kesgitleýji ugurlarynyň birine öwrülýär. Ol ýa-da beýleki ýurduň ykdysady ösüşini üpjün edýän içerki we daşarky şertleriň (uzak möhletli ykdysady şertlerden başlap syýasy we psihologik şertlere çenli) tutuş toplumy bolsa walýuta kursunyň ösüşine täsir edýär.

Walýuta çalşygynyň esasyny düzýän ýörelgeleriň we walýuta kurslarynyň ösüşini kesgitleýän şertleriň seljerilmesi walýuta gatnaşyklarynyň ulgamynyň üsti bilen dünýä hojalyk ulgamynda milli ykdysadyýetiň ösüşiniň deňagramlylygyny gazanylandygyny görkezýär.

Bu deňagramlylygy kadalaşdyrmagyň guraly hökmünde döwletiň walýuta syýasatynyň emele gelmegi köp babatda walýuta kurslarynyň bellenilen tertibine baglydyr. Ol ýa-da beýleki ýurtda **berk bellenilen ýa-da üýtgeýän** walýuta kurslarynyň hereket etmegine baglylykda, bozulan deňagramlylygy dikeltmegiň dürli ykdysady gurallary ulanylýar.

Berk bellenilen walýuta kurslarynda daşarky deňsizligi aradan aýyrmak üçin içerki ykdysadyýetde üýtgeşmeleri amala aşyrmaly bolýar. Mysal üçin, töleg balansynyň ýetmezçiliginde walýuta ätiýaçlyklaryny satmaklyk bilen pul toplumyny kemeltmeli we milli walýuta bolan isleg tä öňki derejesine ýetýänçä pul-karz syýasatyny pugtalandyrmaly.

Üýtgeýän walýuta kursunda başga ýagdaýyň bolmagy-da mümkin. Gysga möhletli şertleriň täsiri esasynda walýuta kursy ykdysadyýetiň makroykdysady deňsizligini artykmaç bahalandyryp biler. Bu bolsa gerekmejek düzümleýin üýtgeşmelere getirer.

Ykdysady ösüşiň makroykdysady görkezijilerine täsir etmek maksady bilen walýuta bazarlarynda Merkezi banklaryň interwensiýa we dürli pul-karz gurallarynyň ulanylmagy häzirki wagtda walýuta kurslarynyň hiç birisiniň hem arassa görnüşinde hereket etmeýändigine şaýatlyk edýär. Emma halkara walýuta ulgamynyň tutuşlygyna öwrülişigi berk bellenilen walýuta kurslaryndan üýtgeýän kurslara tarap gönükdirilendir.

Altyn monometallizm döwründe walýuta kursy altyn paritete, ýagny, walýutalaryň resmi altyn agramyna esaslanýardy we altyn nokatlar çäklerinde üýtgeýärdi. Altyn nokatlaryň nusgawy mehanizmi altynyň erkin satuwy-satyn alnyşy we onuň çäksiz äkidilşi diýen iki şertde işleýärdi. Walýuta kursunyň durnuksyzlygynyň çäkleri altynyň daşary ýurda äkidilmegi bilen bagly ulag çykdajylary bilen kesgitlenýärdi (fraht, ätiýaçlandyrma, maýalara bolan göterimleriň ýitgisi, aprobirlemek çykdajylary we başgalar) we onuň altyn paritети ± 1%-den ýokary däldi. Altyn standartynyň ýatyrylmagy bilen, altyn nokatlar mehanizmi hem öz işini bes etdi.

Altynyň dolanyşykdan hazyna çykarylmagy sebäpli, çalşylmaýan karz pullarynyň walýuta kursy kem-kemden altyn paritetden üzülýärdi. Bu bolsa haryt öndürijilik, pul we walýuta ulgamlarynyň ösüş döwri bilen düşündirilýärdi. XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortasyna çenli walýuta kursunyň esasy bolup walýutalaryň altyn gymmatlyklary – bahalaryň resmi masştaby we Ikinji Jahan urşundan soň HPG tarapyndan bellige alynyp başlanan altyn paritetleri çykyş edýärdiler. Haryt bahalary bilen bilelikde milli walýutalaryň gymmatlyklarynyň

peselmek derejesiniň görkezijisi bolan karz puldaky altynyň resmi bahasy walýutalaryň baglylygynyň ölçegi bolup durýardy. Altynyň nyrhy onuň gymmatyndan aýrylandygy sebäpli, altyn paritetiň emeli häsiýeti güýçlendi.

40 ýylyň dowamynda (1934 – 1976ý.) nyrhlaryň möçberi we altyn pariteti altynyň resmi bahasy esasynda kesgitlenýärdi. Bu baha ABŞ-nyň hazyna saklaýyş edarasy tarapyndan 1934-nji ýylda 1 troýski unsiýa 35 dollar möçberinde kesgitlenip, dollaryň dewalwasiýasyna çenli saklanyldy. 1971-nji ýylyň dekabr aýynda ol 38 dollara çenli, 1973-nji ýylyň fewral aýynda 42,22 dollara çenli ýokarlandy. Döwlet ugrukdyrmasynyň netijesinde altynyň dollardaky resmi bahasy peseldildi we bazar bahasyna görä üýtgedildi: 1971-nji ýylda – 40,8 dollar, 1973-nji ý. – 97, 1975-nji ý. – 160, 1976-njy ý. – 125, 1977-nji ý. – 148, 1978-nji ý. – 193,2 dollar we ş.m.

1971-nji ýylda dollaryň resmi bahadan altyna çalşylmagy bes edilenden soň, walýutalaryň altyn gymmatlygy we altyn pariteti kesgitlenen düşünjeleri bolup galdylar. HPG olary 1975-nji ýylyň iýul aýyndan çap etmegini bes etdi. Ýamaý walýuta reformasy netijesinde ýurtlar walýuta kursunyň esasy bolan altyn paritetinden ýüz öwürdiler. Häzirki wagtda ol walýuta kurslar – walýuta paritetlere esaslanýarlar we onuň daşynda üýtgeýärler.

1970-nji ýylyň ortasyndan *walýuta sebedi* esasyndaky paritetler girizildi. **Bu bir walýutanyň beýleki walýutalaryň belli bir toplumyna baglylykda ortaça agramly kursuny ölçemegiň usuly.** Dollaryň deregine walýuta sebedini ulanmaklyk dollar standartyndan köp walýutaly standarta geçmek ösüş meýilini görkezýär. Walýuta sebedini hasaplamaklygyň esasy kynçylygy – bu walýuta düzümini we olaryň sebetdäki udel agramyny kesgitlemekdir, **walýuta komponentleriň möçberi, ýagny toplumdaky her bir walýuta birlikleriň sany. Olaryň aşakdaky görnüşleri bar:**

– walýuta düzümi belli bir möhlete berk bellenilen standart sebedi;
– üýtgeýän düzümli ugrukdyrylýan sebed;
– simmetriki (deň udel agramly walýutaly);
– assimetriki (dürli walýutaly).

Mysal üçin, häzirki zaman SDR-iň walýuta sebedi 4 sany walýutadan ybarat (1981-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli 16 walýuta, 1999-njy ýyla çenli – 5 walýuta). Her walýutanyň udel agramynyň kesgitlenmesi ýurduň halkara söwdasynda bolan paýyny hasaba almak bilen geçirilýär. Emma, dollar üçin onuň halkara hasaplaşyklaryndaky udel agramy hasaba alynýar *(1.4.4-nji tablisa).*

*1.4.4-nji tablisa*

**SDR-iň walýuta sebedi,%**

| | **1996-2000 ý.** | **2001-2016 ý.** |
|---|---|---|
| ABŞ-nyň dollary | 39 | 42 |
| Ýewro | - | 26 |
| GFR-iň markasy | 21 | - |
| Fransuz franky | 11 | - |
| Iýen | 18 | 13 |
| Funt sterling | 11 | 9 |
| Ýuan | - | 10 |

SDR-iň kursunyň dollar ýa-da walýuta sebetiniň düzümine girýän başga walýuta baglylykda hasaplanmagy 3 esasy düzüm bölekleri öz içine alýar:

1. Degişli walýutanyň birligindäki walýuta goşundylary. Olar walýuta sebedindäki udel agramynyň we soňky 3 aýda SDR-niň öňki kursuna bolan kotirowkalary dollara bolan ortaça bazar kursunyň jemi hökmünde kesgitlenilýär;

2. Walýutanyň dollara bolan bazar kurslary;

3. Walýuta goşundylarynyň dollar ekwiwalenti walýuta goşundylarynyň walýuta kursuna bölünmegi arkaly hasaplanylýar. Funt sterlingiň walýuta goşundysy bolsa, onuň dollara bolan walýuta kursuna köpeldilýär.

SDR-iň birliklerinde walýuta kursuny görkezmekligiň formal häsiýeti bolup, ol dollara bolan walýutalaryň bazar kursuny hasaba alýar, onuň üsti bilen bolsa, başga walýutalary hasaba alýar. Üýtgeýän

walýuta kurslarynyň şertlerinde we olaryň durnuksyzlygynda, walýuta sebeti usuly ýurtlar we halkara guramalar tarapyndan walýutalaryň dürli toplumyny ulanmak, ýagny walýuta kursuny kesgitlemek, bahanyň we girewiň walýutalarynyň indeksasiýasy bilen maksatlaryna baglylykda ulanylýar. ÝB-de walýuta paritetleriň esasy hökmünde 12 ýurduň walýutalaryndan ybarat bolan sebede esaslanýan Ekýu ulanylýardy. Birnäçe döwletler (takmynan 20) hususy walýuta sebetlerini olara öz walýutalarynyň kursuny baglamak üçin ulanýarlar.

Walýuta ulgamynyň düzüm bölekleri hökmünde walýuta çäklendirmeleriň barlygy ýa-da ýoklugy çykyş edýär. Walýuta gymmatlyklary bilen amala aşyrylýan amallarynyň çäklendirilmeleri hem HPG-niň üsti bilen döwletara ugrukdyrmanyň obýekti bolup durýarlar.

Halkara karz dolanyşyk serişdeleri barada aýdylsa, olaryň ulanyş düzgünleriniň kadalaşdyrylyşy unifisirlenen (bir nusga getirilen) halkara kadalaryna laýyklyda amala aşyrylýar. Olaryň sanawyna wekseller we çekller (Ženewa konwensiýalary) degişlidir. Halkara hasaplaşyklaryň kadalaşdyrylyşy milli we dünýä walýuta ulgamlarynyň derejelerinde resminamalaýyn akkreditiwler we inkasso üçin unifisirlenen düzgünlere we däplere laýyklykda amala aşyrylýar.

Walýuta ulgamynyň düzüm bölekleri bolan halkara walýuta likwidliginiň ugrukdyrylmagy, halkara hasaplaşyklaryň zerur bolan töleg serişdeleri bilen üpjün edilip jemlenýär. *Halkara walýuta likwidligi (HWL)* – bu ýurduň (ýa-da ýurtlaryň toparlary) öz halkara borçlaryny karz beriji üçin amatly bolan töleg serişdeleri bilen wagtynda ýerine ýetirmek ukyby. Bütin dünýä hojalyk nukdaýnazaryndan seredenimizde, HWL dünýä töleg dolanyşygynyň maliýeleşdirme we karzlaşdyrma çeşmeleriniň we onuň halkara ätiýaçlyk aktiwleri bilen üpjün edilmeginiň jemini aňladýar. Ýurduň milli ykdysadyýeti nukdaýnazaryndan bolsa, HWL onuň tölege ukyplylygynyň görkezijisi bolup durýar.

HWL 4 sany esasy çeşmeleri: ýurduň resmi altyn ätiýaçlyk gorlaryny, walýuta ätiýaçlyk serişdelerini, SDR-däky hasaplaryny, HPG-daky ätiýaçlyk walýuta hökmünde eýeleýän ornuny (kwotasynyň 25% çäginde agza ýurdy hökmünde daşary ýurt walýutasynda şertsiz karzlaryň awtomatiki almak hukugy) öz içine alýar. HWL-iň gör-

kezijisi hökmünde resmi altyn walýuta ätiýaçlyklaryň ýyllyk haryt importynyň jemine bolan gatnaşygy çykyş edýär. Bu görkezijiniň gymmatlygy çäklendirilen, sebäbi ol ähli geljekki tölegleri, şol sanda hyzmatlar boýunça, şeýle hem maýalaryň we karzlaryň halkara hereketi bilen bagly bolan maliýe amallaryny hasaba almaýar.

Walýuta we altyn bazarlarynyň tertipleri milli hem-de halkara ugrukdyrmanyň obýekti bolup durýar. **Walýuta bazary – diňe oňa gatnaşýan subýektleriň (ýagny esasan banklaryň) arasynda däl-de, eýsem banklaryň we olaryň müşderileriniň arasyndaky gatnaşyklary aňladýar.**

Walýuta bazarynyň esasy aýratynlygy, pul birlikleriniň aragatnaşyk hasaplary boýunça ýazgy görnüşinde durýandygyndadyr. Daşary ýurt puly bazary bankara birža bazaryny aňladýar, sebäbi bu bazardaky aragatnaşygyň dürli görnüşlerinde amala aşyrylýan geleşikleriň netijesinde daşary ýurt walýutasynyň alyş-çalyş hümmeti emele gelýär. **Daşary ýurt puly bazarynyň ähmiýeti onuň ýerine ýetirýän wezipeleri bilen kesgitlenilýär:**

– haryt, hyzmat we maýanyň halkara aýlanyşygyna hyzmat etmek;

– isleg we teklibiň netijesinde daşary ýurt walýutasynyň alyş-çalyş hümmetini emele getirmek;

– spekulýatiw maýanyň we daşary ýurt walýutasynyň töwekgelçiliklerinden goranmagyň mehanizmini üpjün etmek;

– pul-karz we ykdysady syýasatynyň maksatlary üçin döwletiň guraly hökmünde çykyş etmek.

Daşary ýurt walýuta bazarlary dünýä maliýe merkezlerinde jemlenendir. Şolaryň arasynda Londondaky, Nýu-Ýorkdaky, Frankfurtdaky, Pariždäki, Sýurihdäki, Tokiodaky we Singapurdaky daşary ýurt puly bazarlary aýratyn ähmiýete eýedirler.

Daşary ýurt walýuta bazaryna esasy gatnaşyjylar hökmünde bazar işinde dilerçilik wezipesini ýerine ýetirýän iri täjirçilik banklary çykyş edýärler.

Biziň ýurdumyzda daşary ýurt walýutalaryndaky amallary diňe ygtyýarly banklar amala aşyryp bilýärler, ýagny Türkmenistanyň Merkezi bankyndan daşary ýurt walýutalaryndaky amallary ama-

la aşyrmak boýunça ygtyýarnama alan täjirçilik banklary, şol sanda daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky hem-de diňe daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagynda döredilen banklar.

Daşary ýurt walýuta syýasaty daşary ýurt pulunyň alyş-çalyş hümmetine, daşary ýurt walýutalarynyň gymmatyna, milli pul-karz syýasatyna we beýleki ýurtlaryň ykdysadyýeti bilen deňeşdirilende milli ykdysadyýetiň ýagdaýyna täsirini ýetirýär.

Daşary ýurt walýutalaryndaky gatnaşyklaryň milli ykdysadyýete bolan täsirini ýüze çykarmak zerur bolup durýar. Daşary ýurt walýutalaryndaky ulgamyň milli hojalyga täsiri daşary ýurt walýutasynyň alyş-çalyş hümmetiniň emele gelmeginiň mehanizmi arkaly amala aşyrylýar.

Daşary ýurt walýutalaryň alyş-çalyş hümmetindäki üýtgeşmeler ilkinji nobatda importyň we eksportyň maddy möçberine täsir edýär. Milli puluň daşary ýurt walýutasyna bolan alyş-çalyş hümmetiniň peseldilmegi import edilýän harytlaryň içerki bazardaky bahasyny ýokarlandyryp, importyň azalmagyna we milli önümlere bolan islegiň artmagyna sebäp bolýar. Şeýle hem şu ýagdaý eksport harytlarynyň daşarky bazarlardaky bahasyny peseldip, eksportyň artmagyna sebäp bolýar. Milli puluň daşary ýurt walýutasyna bolan alyş-çalyş hümmetiniň ýokarlanmagy, ýokarda bellenenleriň ters ýagdaýyna sebäp bolýar.

«Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ygtyýarly karz edaralary Türkmenistandaky we Türkmenistanyň çäginden daşardaky bankara walýuta bazarlaryndan walýutalary erkin satyn alyp hem-de satyp bilýärler.

Türkmenistanyň içindäki bankara walýuta bazary birža we biržadan daşarky walýuta bazaryndan ybaratdyr.

Ygtybarly karz edaralary özlerine berlen ygtyýarnama ýa-da Türkmenistanyň kanunçylyk namalary bilen berlen hukuga laýyklykda daşary ýurt puluny gönümel şol pul biržalarynda-da (birža bazary), şonuň ýaly-da korrespondent banklarynyň üsti bilen (biržadan daşarky bazar) hem satyn alýarlar we satýarlar.

Türkmenistanyň walýuta bazarynda daşary ýurt puly satylanda ýa-da satyn alnanda Türkmenistanyň bankara walýuta bazarynyň gatnaşyjylary tarapyndan bellenilen walýutanyň bazar hümmetiniň mümkin bolan üýtgemeginiň çägi, Türkmenistanyň walýuta kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa, pullaryň resmi hümmetinden 0,5 göterimden köp bolmaly däldir.

Walýuta biržalary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde öz agzalaryna söwda meýdançasyny berýärler, birža söwdalaryny geçirmek üçin şertleri üpjün edýärler we birža söwdasyny kadalaşdyrýarlar.

Walýuta biržalary birža söwdasyny gurnaýarlar we alyp barýarlar. Olar öz adyndan we öz hasabyna birža geleşiklerini geçirip bilmeýärler, şeýle hem birža söwdasynyň guralmagy bilen göni baglanyşykly bolmadyk söwda-araçylyk işini amala aşyryp bilmeýärler. Türkmenistanyň walýuta kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda walýuta möçberleriň çäkleri kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 30-njy maýynda çykaran 9847 belgili «Daşary ýurt puluny kadalaşdyrmak we milli puluň ýeke-täk hümmetini saklamak boýunça esasy çäreler hakynda» Karary bilen Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasy hakyndaky Düzgünnama we Birža söwdasynyň Kadalary tassyklanyldy.

Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasy Türkmenistanyň Merkezi bankynyň düzüm birligi bolup, öz agzalaryna söwda meýdançasyny berýär, birža söwdalaryny geçirmek üçin şertleri üpjün edýär we birža söwdasyny kadalaşdyrýar.

Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasy birža söwdasyny gurnaýar we alyp barýar. Öz adyndan we öz hasabyna birža geleşiklerini geçirip hem-de birža söwdasynyň guralmagy bilen göni baglanyşykly bolmadyk söwda-araçylyk işini amala aşyryp bilmeýär.

Birža söwdasyna degişli daşary ýurt walýutalarynyň sanawy Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasynyň çözgüdi bilen kesgitlenilýär.

Birža söwdasy şu aşakdaky ýörelgelerden ugur alýar:

– döwletiň daşary söwda we maýa goýum syýasatynyň ilkinji nobatdaky meselelerine goldaw bermek;

– eksport ukybynyň pugtalanmagy, import çalyşýan önümçilikleriň hem-de innowasion tehnologiýalaryň we hyzmatlaryň ösdürilmegi;

– hukuk-guramaçylyk görnüşine we eýeçiligiň görnüşine garamazdan birža söwdasyna gatnaşyjylaryň deňligi;

– birža söwdasyna gatnaşyjylaryň Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuknamalaryny berjaý etmegi;

– bazaryň islegi we teklibi.

Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasynyň ösüşi, orny we onuň işi häzirki wagtda dowam edýän daşary ýurt walýuta bazarynyň netijeli bazar düzümi hökmünde işlemegini mundan beýläk hem üpjün etmek we döwlet tarapyndan kesgitlenilen strategiki maksatlary amala aşyrmakdan ybaratdyr.

## 1.5.Halkara walýuta gatnaşyklarynda altynyň orny, onuň täze alamatlary

Taryhy taýdan dünýä pulunyň wezipesi altyna we kümüşe berkidildi, Pariž walýuta ulgamynyň çäklerinde bolsa (1867 ý.) – diňe altyna. Emma, altynyň demonetizasiýasy sebäpli düýpgöter üýtgemeler bolup geçdi. ***Altynyň demonetizasiýasy* – bu onuň kem-kemden puluň wezipesini ýerine ýitirmekligini bes etmekligidir.** Bu ýagdaý, XIX asyryň soňuna çenli çeken kümüşiň demonetizasiýasy ýaly uzaga çekdi.

Altynyň demonetizasiýasy obýektiw we subýektiw esaslary bilen düşündirilýär:

1. Hususy eýeçiliginde umumylaşdyrma ösüş meýli bilen baglylykda, haryt öndürijileriň ykdysady özbaşdaklygy ýeňilip geçilen halatynda, altyn pullaryň häzirki zaman haryt öndürijiliginiň talaplaryna laýyk gelmezligi;

2. Karz gatnaşyklarynyň ösmegi bilen karz pullarynyň (banknotlar, wekseller, çekler) kem-kemden altyny, ilki bilen, içki pul dolanyşygyndan, soňra bolsa, halkara walýuta gatnaşyklaryndan çykarmagy;

3. Subýektiw sebäpler bolan ABŞ-nyň walýuta syýasaty, altyn bilen geçirilýän amallarynyň döwlet taýdan ugrukdyrylmagy – onuň demonetizasiýasyny tizleşdirýär.

ABŞ-nyň altyna bolan walýuta syýasatynyň strategiýasy dollaryň halkara ornuny berkitmek maksady bilen ony dünýä walýuta ulgamynyň esasy hökmünde agalyk etmäge gönükdirýär. Birinji Jahan urşundan soň dünýä maliýe merkezi Ýewropadan Amerika geçende, ABŞ dollaryň gegemoniýasyna ugur aldy. Ikinji Jahan urşundan soň, ABŞ özüniň walýuta –ykdysady kuwwatynyň ösmegine daýanyp, dollaryň ileri tutulmagyny «dollar altyndan gowy» dewiz bilen çykyş etdi. ABŞ-nyň dollarynyň gegemoniýasyny altynyň demonetizasiýasyny tizleşdirip güýçlendirmek strategiki ugrunyň taktikasy, ýagdaýa görä üýtgeýärdi. Uruşdan soňky weýrançylyk şertlerinde, Günbatar Ýewropada, Ýaponiýada altynyň roly güýçlendi we ABŞ öz köpelen altyn ätiýaçlyklaryny (1949-njy ýylda 24,6 mlrd. dollar, ýagny kapitalistik döwletleriň resmi altyn ätiýaçlygynyň 75 %) dollaryň esasy hökmünde ulandylar. Dollaryň kursuny durnukly saklamak maksady bilen daşary ýurt merkezi banklar üçin dollary altyna çalyşylmak guraldy.

ABŞ-nyň zor salmagy bilen, 35 ýylyň dowamynda (1934–1971 ý.) dollaryň alyp baryjy ornuny saklamak maksady bilen, altynyň resmi peseldilen bahasy saklanyp gelinýärdi (31,1035 gramma deň bolan 1 troýa unsiýasyna 35 dollar). Ol bahalaryň resmi masştabynyň we walýutalaryň pariteti üçin esas hökmünde ulanylýardy. Döwlet ugrukdyrmanyň täsiri bilen, altynyň resmi bahasynyň onuň hakyky bahasyndan aýrylmagy esli möçbere getirdi. Emma, HPG –niň Tertipnamasy agza bolan ýurtlary dollaryň altyn gymmatlygyny üýtgewsiz we onuň ätiýaçlyk walýuta hökmünde abraýyny saklamak üçin altyn bilen bolan hökümet amallary diňe resmi bahadan amala aşyrmaga borçly edýärdi. Şeýle hem, şular ýaly maksat bilen, taryhda birinji gezek altynyň bazar bahasynyň döwletara düzgünleşdirilmesi (1961–1968 ý.) altyn pul arkaly amala aşyryldy. XX asyryň 70-nji ýyllaryndan bäri, ABŞ-nyň halkara derejede eýeleýän orunlary biraz gowşanda, dollaryň hümmetiniň gaçmagy altynyň hakyky ätiýaçlyk gorlary hökmündäki rolunyň ýokarlanmagyna getirdi. Bu şertlerde

HPG, ABŞ-nyň zor salmagynyň netijesinde, dollaryň bäsdeşi bolan altynyň demonetizasiýasyny tizleşdirmek syýasatyny janlandyrdy.

Altynyň demonetizasiýasynyň iki ugurlary bolýar: ýuridiki we hakyky. Ýamaý walýuta reformasy demonetizasiýanyň ýuridiki tamamlanylşyny resmileşdirdi. HPG-niň üýtgedilen Tertipnamasynda walýutalaryň paritetleri we kurslary kesgitlenende, altyna bolan salgylanmalaryň hemmesi aýryldy, altyn paritetler we altynyň resmi bahasy ýatyryldy. Emma, HPG-niň Tertipnamasynda altynyň halkara ätiýaçlyk aktiwi hökmünde bolmagy göni inkär edilmeýär. Hakykatdan bolsa, altynyň demonetizasiýasy tamamlananok. Altynyň orny baradaky mesele kanuny namalary bilen däl-de, bazar ykdysadyýetiniň hakyky islegleri bilen çözülýär.

Altynyň demonetizasiýa hadysasynyň uzaklygy we gapma-garşylygy onuň derejesine baha bermekde kynçylyk döredýär. Käbir ykdysadyýetçiler demonetizasiýa geçirilenok we altyn pullaryň nusgawy wezipelerini ýerine ýetirýär diýip hasaplaýarlar. Beýlekileri bolsa, altyn doly demonetizirlenen we diňe gymmatly haryt bolup durýar diýip hasaplaýarlar. Üçünjileri, altyn demonetizasiýasy işjeň ýerine ýetirilýär, emma, tamamlanmadyk diýip hasaplaýarlar.

Walýuta giňişliginde altynyň ornunyň esasy üýtgemelerine seredeliň:

1. Karz pullar altyny içki we halkara dolanyşygyndan çykardylar. Emma, ykdysady dolanyşykda altynyň adatdan daşary dünýä pullary, halkara karzlary üpjün edýän, hazyna görnüşleri öz ähmiýetini saklaýarlar. Altyn halkara walýuta gatnaşyklaryna iri karz pullary arkaly gatnaşýar we altyn bazarlarynda jemlenýär.

2. Hazyna döretmek serişdesi hökmünde pullaryň wezipesi altynyň dolanyşykdan aýrylmagy we täze pursatlar bilen häsiýetlendirilýär. Baýlyklar pul dolanyşygynyň özakymly ugrukdyryjysy hökmünde hyzmat etmekligi bes etdiler. Karz pullaryň maýdalanmaýandygy sebäpli, altyn baýlykdan awtomatiki dolanyşyga we tersine geçip bilmeýär. Emma bu wezipe doňup galmady, ýagny onuň içki we dünýä bazarlary bilen bolan gatnaşygy düýpgöter üýtgesede, saklanyp galdy. Baýlyk döwletiň (2002-nji ýylda dünýä boýunça 33,3

müň t) we hususy şahslaryň (25,4 müň t) özboluşly ätiýaçlyk gaznasy hökmünde çykyş edýär. Hususy tezawrasiýanyň gaýtadan öndürijilik hadysasy bilen baglanyşygy, hümmetsizlenme we walýuta durnuksyzlyk şertlerinde öz hakyky gymmatyny saklamak maksady bilen maýalaryň bir bölegini altyna öwürmeklikde görünýär. Merkezi banklardaky, döwletiň maliýe edaralaryndaky we halkara guramalardaky resmi altyn ätiýaçlyklar, halkara aktiwleri hökmünde halkara ähmiýetlidirler. Altynyň demonetizasiýa syýasatynyň tizlenmegine garamazdan, ABŞ-nyň altyn ätiýaçlygy (8,138 müň t) has köp resmi ätiýaçlykly beýleki üç ýurduň (GFR, Şweýsariýa we Fransiýa) bilelikde alnan möçberine barabar. Altyn ätiýaçlygyň möçberi ýurduň walýuta-maliýe eýeleýän ornuny görkezýär we onuň karza we tölege ukyplylygynyň görkezijileriniň biri bolup hyzmat edýär.

Altynyň esasy saklaýjylary bolup (dünýä altyn ätiýaçlygynyň, takmynan 85%-i) öňde baryjy ýurtlaryň «onlugy» durýar. Altyn ätiýaçlygy deň derejede paýlanmadyk (ABŞ-da – 8 müň t, GFR-3,4 müň, Şweýsariýada-2,4 müň, Fransiýada-3,0 müň, Italiýada-2,4 müň t). Ýurduň dünýä öndürijiliginde we söwdada eýeleýän ornunyň üýtgemegi bilen, olaryň wagtal-wagtal gaýtadan paýlanylşy amala aşyrylýar. ABŞ-nyň altynyň resmi ätiýaçlykdaky paýy 1950-nji ýylda 75% (20,3 müň t), 2000-nji ýylyň başynda 24%-e (8 müň t) çenli, Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň, esasanam, ÝB-niň, degişlilikde 16% (4,8 müň t), 52%-e (15 müň t golaý) çenli kemeldi. Ýaponiýanyň altyn ätiýaçlygy uly däl, olar (1948 – 2010ý.) 3-den 754 t çenli köpelip şu derejede hem saklanylýarlar. Ýaponiýada altynyň importy 1974-nji ýylda we 1978-nji ýylda onuň eksporty kanunlaşdyryldy, 1982-nji ýylda altyn bazary döredildi.

Resmi altyn ätiýaçlygynyň bölegini (4,1 müň t ýa-da 13%-e golaý) halkara guramalarynda (HPG – 3,2 müň t, Ýewropa merkezi bankynda – 2,86 müň t golaý, Bazelde Halkara Hasaplaşyklaryň bankynda (HHB) – 0,21 müň t) saklanylmagy mydamalyga öwrüldi. 120–den ýokary bolan ösen ýurtlaryň paýyna dünýä jemgyýetiniň resmi altyn ätiýaçlygynyň 15%-e golaý (4,9 müň t) möçberi düşýär. Olaryň köpüsinde, şol sanda hem Russiýa Federasiýasynda, sähelçe altyn ätiýaçlyklary bar.

Döwlet we hususy baýlygyň möçberi (60müň t ýokary) dünýä boýunça ýarym asyrlykda gazylyp alnan altynyň möçberine deň. Şular ýaly möçberde toplanan hiç hili haryt ýok bolsa gerek, şol sebäpli altyn ätiýaçlyklary gapma-garşylyksyz ýerlemeklige kynçylyk döredýär. Şunuň bilen, häzirki zaman haryt öndürijiligi altyna hakyky ätiýaçlyk aktiwi hökmünde alternatiwa tapyp bilmedi. Altynyň tebigy häsiýetleri birmeňzeşligi, bölünijiligi, berkligi, ömürligi adatdan daşary bolan pullara bildirilýän talaplara has gabat gelýär.

Altynyň dünýä puly hökmündäki wezipelerinde hem üýtgeşmeler bolup geçdi. Birinjiden, onuň halkara hasaplaşyklarynda ulanylmak zerurlygy aradan aýryldy. Altyn standartda hem bu giňişlikde karz serişdeleriniň giňden ulanylmagy häsiýetlidir, altyn bolsa diňe töleg balansynyň passiw galyndysyny üzmek üçin ulanylýar.

Ikinjiden, altyn dünýä pullary hökmünde çykyş edip, olaryň 3 sany wezipesini saklaýar – umumy satyn alyjylyk, töleg serişdesi we jemgyýet baýlygynyň maddy gymmatlyklary hökmünde hyzmat edýär. Altyn häzirki wagtda hem ählumumy ekwiwalent bolup, aýratyn haryt hökmünde hasaplanylýar. Altynyň bar bolsa, altyn bazarlarynda zerur bolan walýutalary satyn almak, olara bolsa dürli harytlary alyp, bergini üzmek bolýar. Ykdysady çökgünlik ýagdaýlarynda, altynyň adatdan daşary dünýä puly hökmündäki orny ösýär. Walýuta çökgünligi bilen bilelikde «altyna kowalaşma» görnüşde durnuksyz walýutadan altyna «gaçyp» gelmeklik bolýardy. Ösen ýurtlar HPG-den öz gatançlaryny yzyna gaýtarmak tertibinde 46,5 t altyny satyn alyp, daşky bergileri üzmek üçin 20 t golaý altyny satdylar.

Altyn halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda belli bir roly oýnaýar. Döwletler altyn ätiýaçlyk serişdeleriň ähmiýetini göz öňünde tutup, olary belli bir derejede özüniň Merkezi banklarynda saklaýarlar (ykdysady, syýasy, harby we beýleki kynçylyklary ýagdaýlaryny göz öňüne tutup). Olaryň käbirleri (Fransiýa, Şweýsariýa) döwlet ätiýaçlyklarynyň üstüni doldurmak maksady bilen, altyny auksionlardan satyn alýarlar. 1980-nji ýyllarda OPEK guramasynyň birnäçe ýurtlary hem (Iran, Irak, Liwiýa, Indoneziýa) altyny bazarda satyn aldylar.

Töleg balansyň ýetmezçiligini ýapmak we daşky bergileriň tölegini geçirmek maksady bilen, halkara karzlary üpjün etmek (Italiýa, Portugaliýa, Urugwaý XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortasynda, ösen ýurtlar 80-nji ýyllarda) swop geleşikleri üçin merkezi banklar öz altyn ätiýaçlyklaryny ulanýarlar. Wagtal-wagtal altynyň bir bölegini walýuta ätiýaçlygynyň üstüni doldurmak üçin satýarlar (mysal üçin, Angliýanyň banky we başga ýurtlar, XX we XXI asyrlarda HPG).

ÝB agza bolan ýurtlaryň resmi altyn ätiýaçlyklarynyň 20%-*i* ekýu emissiýasynyň bölekleýin üpjünçiligi hökmünde hyzmat etdi. 1999-njy ýyldan bäri ýewronyň emissiýasyny amala aşyrýan Ýewropa merkezi bankynyň aktiwlerinde hem altyn saklanyp galdy (10-15%).

Altyn ätiýaçlyklarynyň möçberi ýurduň walýuta – ykdysady ýagdaýyna görä üýtgeýär. Mysal üçin, ABŞ-da ol 1950-nji ýylda 20,3 müň tonnadan 8 müň tonna çenli peseldi, Ýewropa birleşiginde bolsa artdy. Şeýlelikde, häzirki zaman şertlerinde hem, altyn walýuta metalynyň, ýagny, adatdan daşary dünýä pullarynyň häsiýetlerini saklaýar.

# II BAP. Walýuta gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilişi we walýuta syýasaty

## 2.1. Walýuta gatnaşyklarynyň bazar we döwlet düzgünleşdirmesi

**Walýuta syýasaty.** Dünýä tejribesiniň şaýatlyk edişi ýaly, bazar ykdysadyýeti şertlerinde halkara walýuta gatnaşyklarynyň bazar we döwlet düzgünleşdirmesi amala aşyrylýar. Walýuta bazarynda walýutalaryň islegi we teklibi hem-de olaryň kurs gatnaşygy emele gelýär. Bazar düzgünleşdirmesi baha, isleg we teklip kanunlaryna tabyn bolup durýar. Walýuta bazarlarynda bäsdeşlik şertlerinde bu kanunlaryň güýji walýuta çalşygynyň otnositel ekwiwalentliligini, halkara maliýe akymlarynyň dünýä hojalygynyň harytlarynyň, hyzmatlarynyň, maýalarynyň, karzlarynyň hereketi bilen bagly talaplaryna laýyk gelmegini üpjün edýär. Baha mehanizminiň we walýuta kursunyň depginiň duýduryşlary arkaly bazarda ykdysady gullukçylar walýutalaryň alyjylarynyň talaplary we olaryň tekliploriniň mümkinçilikleri hakynda habardar bolýarlar. Şonuň bilen bazar milli we dünýä ykdysadyýetiniň ýagdaýy hakyndaky maglumatlaryň çeşmesi hökmünde çykyş edýär.

Emma gadymdan bäri döwletler walýuta gatnaşyklaryna goşulyşýar ilkibaşda gytaklaýyn, soňra bolsa olaryň dünýä hojalyk aragatnaşyklaryndaky ornuny göz öňünde tutup, gönüden-göni gatnaşýar. XX asyryň 30-njy ýyllarynda altyn standartynyň ýatyrylmagy bilen walýuta kursunyň özakymlaýyn düzgünleşdirijisi hökmünde altyn nokatlarynyň mehanizmi hereket etmesini bes edýär. Walýuta gatnaşyklarynyň uly üýtgemeleri we walýuta çökgünlikleri agyr durmuş-ykdysady netijelere getirmek bilen milli we dünýä ykdysadyýetine ýaramaz täsir edýär.

**Bazar we döwlet walýuta düzgünleşdirmesi biri-biriniň üstüni ýetirýär.** Olaryň bäsdeşlige esaslanýan birinjisi ösüş itergilerini berýär, ikinjisi bolsa walýuta gatnaşyklarynyň bazar düzgünleşdirmesiniň ýaramaz netijelerini aradan aýyrmaga gönükdirilýär. Bu iki düzgün-

leşdirijiniň arasyndaky serhet anyk şertlerde peýdalar we ýitgiler bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin olaryň arasyndaky laýyklyk ýygy-ýygydan üýtgeýär. Çökgünlik sarsgynlarynyň, uruş, uruşdan soňky weýrançylyk şertlerinde döwlet walýuta dügzünleşdirmesi, kähalatda örän berk walýuta dügzünleşdirmesi agdyklyk edýär. Walýuta-ykdysady ýagdaý gowlaşanda walýuta amallarynyň liberalizasiýasy bolup geçýär, bu pudakdaky bazar bäsdeşligi höweslendirilýär. Ýöne döwlet walýuta gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek we gözegçilik etmek maksady bilen walýuta gözegçiligini saklap galýar.

Globalizasiýa walýuta gatnaşyklarynyň bazar düzgünleşdirmesiniň täze hadysasyna girizýär. Milli derejede ol milli telekeçiligiň bäsdeşlige ukyplylygyny güýçlendirmäge gönükdirilen. Döwletara we milletüsti düzgünleşdirme globallaşýan dünýä hojalygynyň bähbitlerinden ugur alyp, transmilli ykdysady gullukçylaryň we olaryň işewürliginiň derejesinde amala aşyrylýar. Bu şertlerde milli we global walýuta düzgünleşdirmesiniň bähbitleriniň arasyndaky gapma-garşylyklar güýçlenýär.

Bazar ykdysadyýetini düzgünleşdirmegiň ulgamynda ýurduň gündelik we strategik maksatlaryna laýyklykda halkara walýuta-ykdysady gatnaşyklarynyň giňişliginde amala aşyrylýan çäreleriň jemi bolan walýuta syýasaty möhüm orun eýeleýär. Ol ykdysady syýasatyň baş maksatlaryny gazanmaga: ykdysady birleşmäniň durnuklylygyny üpjün etmäge, işsizligiň we hümmetsizlenmäniň ösüşini saklamaga, töleg balansynyň deňagramlylygyny saklamaga gönükdirilendir.

Walýuta syýasatynyň ugry we görnüşleri ýurtlaryň walýuta-ykdysady ýagdaýlary, dünýä hojalygynyň ösüş döwürleri, dünýä jemgyýetçiliginde güýçleriň gatnaşygy bilen kesgitlenýär. Dürli taryhy tapgyrlarda birinji meýilnamada walýuta syýasatynyň anyk meseleleri çykýar, ýagny walýuta çökgünliligini ýeňip geçmek we walýuta durnuklaşmasyny üpjün etmek; walýuta çäklendirmeleri, walýutalaryň konwertirlenme derejeleri, walýuta amallarynyň liberalizasiýasyna geçmek we ş.m. Walýuta syýasaty ýurtlaryň özara gatnaşyklarynyň ýörelgelerini has gowşak hyzmatdaşlaryň diskriminasiýasyna, beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşylmagyna getirýän hyzmatdaşlygy we agzalalygy şöhlelendirýär.

Ýuridiki taýdan walýuta syýasaty walýuta kanunçylygy – ýurtda we onuň çäklerinden daşarda walýuta gymmatlyklary bilen amallaryň ýerine ýetiriliş düzgünlerini düzgünleşdirýän walýuta düzgünleşdirmesiniň we walýuta gözegçiliginiň ulgamyndaky hukuk kadalarynyň jemi bilen, şeýle hem döwletleriň arasyndaky walýuta meseleleri boýunça ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn walýuta ylalaşyklary bilen resmileşdirilýär. Häzirki zaman walýuta ylalaşyklarynyň taryhy taýdan düýbüni tutujy Latyn moneta birleşigi (1865 – – 1926 ý.) bolup durýar.

Fransiýanyň, Belgiýanyň, Italiýanyň, Şweýsariýanyň, biraz soňra Gresiýanyň arasyndaky bu ylalaşyk (1879-njy ýyldan «agsaýan», sebäbi kümüş teňňeleriň erkin zikgelenmegi bes edilýär) altyn we kümüş pullaryň resmileşdirilýändigi we birlik hökmünde kabul edilen fransuz frankynyň dollara bolan gatnaşygyna (0,193 : 1) esaslanýan onluk pul ulgamynyň ykrar edilýändigi hakyndadyr. Bu ýerde altyn (100,50,10,5 frans. fr.) we kümüş şaýlyklaryň (5 frans. fr.) milli ady galdyrylyp, olaryň agramy we görnüşi bir nusga getirilýär. Şaýlyklar gelip çykan ýurduna garamazdan dolanyşykda bolýar.

1867-nji ýylyň Pariž ylalaşygy ilkinji dünýä walýuta ulgamynyň altyn-pul standartynyň döredilmegini, 1922-nji ýylda Genuýa konferensiýasy altyn-dewiz standartynyň döredilmegini şertlendirýär, 1944-nji ýylyň Bretton-Wuds ylalaşygy uruşdan soňky walýuta ulgamynyň ýörelgelerini kesgitleýär, Ýamaýka walýuta ylalaşygy häzirki zaman dünýä walýuta ulgamynyň ýörelgelerini kesgitleýär. Sebitleýin bileleşikleriň çäklerinde hem walýuta ylalaşyklary baglaşylýar, mysal üçin, ÝWU-nyň (1979 ý.) Ykdysady we walýuta birleşigini (1999-njy ýyldan) döredilmegi hakyndaky ylalaşyklar.

Walýuta syýasatyny amala aşyrmagyň serişdeleriniň biri walýuta düzgünleşdirmesiniň netijelilgini ýokarlandyrmak, dünýä walýuta ulgamynyň ýörelgelerini nazara almak bilen walýuta ulgamyny kämilleşdirmek we walýuta durnuklaşdyrmasyny üpjün etmek maksady bilen döwlet tarapyndan ýurduň içerki we halkara walýuta gatnaşyklaryny düzgünleşdirmesi bolýar. Ol milli, döwletara we sebitleýin derejede amala aşyrylýar. Göni walýuta düzgünleşdirmesi kanunçylyk namalary we ýerine ýetiriji häkimiýetiň amallary arkaly,

gytaklaýyn – ykdysady, hususan-da bazaryň subýektleriniň özüni alyp barşyna täsir etmegiň walýuta-karz usullary arkaly amala aşyrylýar. Hojalyk aragatnaşyklarynyň globallaşmasy döwletara walýuta düzgünleşdirmesiniň ösmegine ýardam berýär. Onuň dünýäniň walýuta ulgamynyň düzümleýin ýörelgelerini düzgünleşdirmek, aýry-aýry ýurtlaryň walýuta syýasatyny utgaşdyrmak, walýuta çökgünligini ýeňip geçmek boýunça bilelikdäki çäreleri öňe sürmek, öňdebaryjy ýurtlaryň beýleki ýurtlar babatdaky walýuta syýasatyny ylalaşmak maksatlary bar: Sebitleýin walýuta düzgünleşdirmesi ykdysady integrasion birleşikleriň çäklerinde, mysal üçin, ÝB-de, ösýän ýurtlaryň sebitleýin toparlarynda amala aşyrylýar.

Walýuta syýasaty walýuta meseleleri boýunça kararlaryň taýýarlanylyşyny, kabul edilişini we ýerine ýetirilişini kesgitleýär we şu aşakdaky derejelerde amala aşyrylýar:

– ägirt uly walýuta serişdeleri bolan we walýuta amallaryna işjeň gatnaşýan hususy kärhanalar, banklar we korporasiýalar;

– milli döwlet (maliýe ministrligi, merkezi bank, walýuta gözegçilik) edaralary;

– döwletara institutlar, maslahatlar, ylalaşyklar.

Walýuta, karz we maliýe syýasatyny utgaşdyrmak görnüşindäki döwletara düzgünleşdirmesi şu aşakdaky sebäpler bilen şertlendirilendir:

1. Dünýä hojalygynyň globallaşýan şertlerinde milli ykdysadyýetleriň özara garaşlylygynyň güýçlenmegi;

2. Bazar we döwlet düzgünleşdirmesiniň arasyndaky gatnaşygyň hojalyk gatnaşyklarynyň liberallaşýan şertlerinde bazar peýdasyna üýtgemegi;

3. Dünýä jemgyýetçiliginde güýçleriň gatnaşygynyň üýtgemegi: ABŞ-nyň ýeke-täk hökmürowanlygy, Günbatar Ýewropa, Ýaponiýa ýaly hyzmatdaşlygyň we bäsdeşligiň üç merkeziniň agalyk etmäge çalyşýar. Mundan başga-da, ýaş bäsdeşler täze industrial döwletler döreýär.

4. Walýuta kurslarynyň, göterim haklarynyň üýtgemeleri, döwürleýin nebit sarsgynlary, birža, walýuta, bank çökgünlikleri we ş.m.

bilen bagly durnuksyzlygy bilen tapawutlanýan dünýäniň walýuta, karz, gymmat kagyzlar bazarynyň ägirt uly gerimleri.

Doly garaşsyz milli ykdysadyýetli, şol sanda walýuta syýasatly ýurtlaryň özara garaşlylygynyň ösmegi we olaryň dünýä hojalygyna goşulyşmagy bilen bir ýere sygyşmaýar.

Döwletara walýuta düzgünleşdirmesiniň guramasy HPG, XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalaryndan bolsa gatnaşyjylaryň çäklendirilen mukdary bilen ýokarky derejedäki yzygiderli maslahatlaşmalar bolup durýar. Ýokary derejede geçirilýän maslahatlarda dünýäniň ykdysady we syýasy meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar. Şeýle duşuşyk ilkinji gezek 1975-nji ýylyň noýabrynda Rambuýede (Fransiýa) alty öňdebaryjy döwletleriň gatnaşmagynda geçirilýär: 1976-njy ýyldan «ýediligiň» (ABŞ, Ýaponiýa, GFR, Fransiýa, Beýik Britaniýa, Italiýa, Kanada) her ýylky maslahatlaşmalary amal edilýär. 1998-nji ýylyň maýynda «ýedilik» («G-7») resmi taýdan «Sekizlik» («G-8») diýlip yglan edilýär, emma Russiýa bu «ýapyk guramanyň» adaty däl gatnaşyjysy bolup durýar. Russiýa Federasiýasy ösen ýurda öwrülýänçä, ol onuň kararlaryna düýpli täsir edip bilmeýär.

Ýokary derejede geçirilýän yzygiderli duşuşyklaryň esasy sebäpleri hojalyk gatnaşyklarynyň globallaşmagyndan, ýurtlaryň ykdysady we syýasy ösüşiniň durnuksyzlygyndan, hyzmatdaşlyk etmekden, gapma-garşylyklardan ybaratdyr. Döwlet baştutanlarynyň hemişelik maslahatlaşmalary ýeke-täk ykdysady we syýasy strategiýany işläp düzmek maksadyna eýerýär. Ýokary derejede geçirilýän duşuşyklaryň öňünden milli derejedäki (döwlet wekilleriniň we telekeçileriň maslahatlaşmalary) we halkara duşuşyklaryndaky (ylalaşygy gazanmak boýunça deslapky karary işläp düzmek maksady bilen her ýylda üç-dört sapar geçirilýän hökümet wekilleriniň utgaşdyryjy maslahatlary) taýýarlyk işleri geçýär. Ýokary derejedäki halkara maslahatlary ösen ýurtlaryň ykdysadyýetiniň we syýasatynyň ähli ugurlarynda özara arkalaşykly hereket etmegiň emele gelen ulgamynyň düzüji bölegi bolup durýar.

Walýuta syýasaty maksatlaryna we görnüşlerine baglylykda düzümleýin we gündelik walýuta syýasatyna bölünýär. Düzümleýin walýuta syýasaty-walýuta ulgamynda düzümleýin üýtgeşmeleri

amala aşyrmaga gönükdirilen uzak möhletleýin çäreleriň jemi bolup durýar. Ol walýuta özgertmesi görnüşinde amala aşyrylýar, bu onuň ýörelgelerini kämilleşdirmek maksady bilen geçirilýär. Düzümleýin walýuta syýasaty gündelik walýuta syýasatyna täsir edýär. Gündelik walýuta syýasaty- walýuta kursuny, walýuta amallaryny, walýuta bazarynyň we altyn bazarynyň işini amaly taýdan düzgünleşdirmäge gönükdirilen gysga möhletli çäreleriň jemi bolup durýar.

## 2.2. Walýuta syýasatynyň esasy görnüşleri we aýratynlyklary

Türkmenistanda walýuta syýasatynyň diskont, dewiz syýasaty we onuň görnüşleri – walýuta interwensiýasy, walýuta ätiýaçlyklarynyň diwersifikasiýasy, walýuta çäklendirmeleri, walýutalaryň konwertirleniş derejeleri, walýuta kursunyň tertibini düzgünleşdirmek, dewalwasiýa, rewalwasiýa ýaly esasy görnüşleri ulanylýar:

**Diskont syýasaty (hasaba alyş)** – walýuta kursuny we töleg balansyny bir tarapdan maýalaryň halkara hereketine, beýleki tarapdan içerki karzlaryň, pul toplumlarynyň, bahalarynyň, jemi islegiň depginine täsir etmek arkaly düzgünleşdirmäge gönükdirilen merkezi bankyň hasaba alyş goýumynyň üýtgemegi. Mysal üçin, passiw töleg balansynda maýalaryň otnositellikde erkin hereket etmeginiň şertlerinde hasaba alyş goýumynyň üýtgemegi has pes hasaba alyş goýumy bolan ýurtlardan maýalaryň akymyny höweslendirip, milli maýalaryň akyp gitmegini saklap bilýär, bu bolsa walýuta kursunyň ýokarlanmagyna ýardam berýär. Resmi hasaba alyş goýumyny peseltmek bilen Merkezi bank töleg balansynyň aktiw galyndysyny azaltmak we öz walýuta kursuny peseltmek maksady bilen milli we daşary ýurt maýalarynyň akyp gitmegine garaşýar.

Häzirki zaman şertlerinde diskont syýasatynyň netijeliligi peseldi. Bu ilkinji nobatda onuň içerki we daşky maksatlarynyň gapma-garşylygy bilen düşündirilýär. Eger konýunkturany janlandyrmak maksady bilen göterim haklary peseldilse hem-de bu maýalaryň akyp

gitmegine getirse, onda bu töleg balansyna ýaramaz täsir edýär. Töleg balansyny gowulandyrmak maksady bilen hasaba alyş goýum ýokarlandyrylsa we ykdysadyýet durgunlylyk ýagdaýynda bolsa, ol ykdysadyýete ýaramaz täsir edýär. Diskont syýasatynyň netijeliligi ýurda daşary ýurt maýalarynyň akyp gelmegine bagly bolýar. Ýöne durnuksyzlyk şertlerinde göterim goýum haklaryny maýalaryň hereketini hemişe kesgitlemeýär. Maýalaryň we karzlaryň halkara hereketini düzgünleşdirmek hem hasaba alyş syýasatynyň töleg balansyna bolan täsirini gowşadýar. Diskont syýasatynyň gysga wagtlylygy, degişlilikde pes netijeliligi şundan gelip çykýar. Öňdebaryjy ýurtlaryň, ilkinji nobatda ABŞ-nyň diskont syýasaty bäsdeşlere ýaramaz täsir edýär, olar milli bähbitlere garamazdan göterim goýumlaryny ýokarlandyrmaga ýa-da peseltmäge mejbur bolýarlar. Netijede, yzygiderli ýagdaýda göterim goýumlarynyň urşy tutaşýar.

XX asyryň 30-40-njy ýyllarynda merkezi banklar Keýnsian tekliplerine laýyklykda «arzan pullaryň», pes göterim goýumlarynyň syýasatyny geçirýärler. Şonda Angliýanyň bankynyň hasaba alyş goýumy 1932-1952-nji ýyllarda 2% derejesinde saklanýar, ABŞ-nyň Federal Ätiýaçlyk ulgamy (FÄU) 1937-1948-nji ýyllarda 1% derejesinde saklanýar. 50-nji ýyllardan şu aşakdaky ýagdaýlaryň täsiri astynda diskont syýasatynyň işjeňleşmegi, ýagny walýutalaryň özara öwrülmeginiň girizilmegi, halkara walýuta-karz gatnaşyklarynyň liberallaşmagy, ýewrowalýutalaryň bazarynyň ösmegi, ýurtlaryň arasynda maýalaryň, şol sanda nebit dollarynyň migrasiýasynyň çaltlanmagy bolup geçýär. Ykdysadyýetiň globallaşmagy şertlerinde merkezi banklar beýleki ýurtlarda hasaba alyş goýumlarynyň ösüş döwürlerini göz öňünde tutmaga mejbur bolýarlar. Mysal üçin, 80-nji ýyllaryň başynda ABŞ-nyň FÄU (Federal Ätiýaçlyk Ulgamy) ýurtda karz ekspansiýasyny we hümmetsizlenmäniň saklamak, şeýle hem dollaryň kursuny berkitmek maksady bilen göterim haklaryny ýokarlandyrýar. Bu göterim haklarynyň ýokarlandyrylmagy we walýutalaryň kursunyň peselmegi, ABŞ-nyň içerki bazarda haryt öndürijileri goramak boýunça walýuta syýasatynyň pidasy bolan Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan maýalarynyň «gaçmagy» görnüşindäki zynjyrlaýyn garşylyklaryň döremegine getirýär. 80-nji ýyllaryň ortalaryndan we

90-njy ýyllaryň başynda ABŞ-nyň göterim haklarynyň derejesi Günbatar Ýewropanyňkydan we Ýaponiýanyňkydan pes. Nýu-Ýorkdaky heläkçilikden soň (2001-nji ýylyň sentýabry) ABŞ-nyň FÄU, onuň yz ýanyndan bolsa Ýewropanyň merkezi banky ykdysadyýeti janlandyrmak maksady bilen göterim haklaryny peseldýärler.

**Dewiz syýasaty – daşary ýurt walýutasyny satyn almak-satmak (dewiz) arkaly milli walýutanyň kursuna täsir etmek usuly.** Milli walýutanyň kursuny ýokarlandyrmak maksady bilen merkezi bank daşary ýurt walýutasyny satýar, peseltmek üçin bolsa milli walýuta derek daşary ýurt walýutasyny satyn alýar. Dewiz syýasaty daşary ýurt walýutasyny satyn almak, satmak arkaly milli walýutanyň kursuna täsir etmek maksady bilen walýuta bazarynyň işine goşulýar. Bu syýasat walýuta interwensiýasy, ýagny merkezi bankyň walýuta bazaryndaky amallara goşulyşmagy görnüşinde amala aşyrylýar. **Walýuta interwensiýasy** Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan alnyp barylýan, Türkmenistanyň pul-karz syýasatynyň esasy gurallarynyň biri bolup durýar.

Walýuta interwensiýasy puluň durnukly hümmetini saklamak, şeýle hem milli puluň hümmetine, onuň jemlenen islegine we teklibine täsir etmek maksady bilen amala aşyrylýar. Walýuta interwensiýasy Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan Türkmenistanyň walýuta bazarynda daşary ýurt walýutalaryň satyn alynmagy we satylmagy arkaly amala aşyrylýar.

Daşary ýurt walýutalaryň satylmagy dahyllylar tarapyndan pul düşewüntleriniň bir böleginiň hökmany satylmagyndan, şeýle hem şahsy we edara görnüşli taraplardan satyn alynýan başga daşary ýurt walýutalaryndan emele gelen serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýar.

Walýuta interwensiýasy resmi altyn-walýuta ätiýaçlyklarynyň ýa-da swop ylalaşyklary boýunça merkezi banklaryň gysga möhletli özara karzlarynyň hasabyna amala aşyrylýar.

Walýuta interwensiýasy XIX asyrdan başlap ulanylyp başlanýar. Mysal üçin, 2015-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky öz milli walýutasynyň (rubluň) kursuny saklamak üçin ondan peýdalandylar. Altyn monometalizm ýatyrylandan soň walýuta interwensiýasy giň gerime eýe bolýar. 1929-1933-nji ýyllardaky dünýäniň

ykdysady çökgünlik şertlerinde merkezi banklar walýuta dempingine ýardam bermek üçin öz walýutalarynyň kursuny peseltmek maksady bilen walýuta interwensiýasyndan peýdalanýarlar. Walýuta interwensiýasynyň geçirilmeginiň maddy binýady bolup ABŞ-da, Beýik Britaniýada, Fransiýada, Italiýada, Kanadada we beýleki ýurtlarda 30-njy ýyllarda döredilen Durnuklaşdyryş **gaznalary** – walýuta kursuny düzgünleşdirmek üçin ulanylýan altynyň, daşary ýurt walýutasynyň döwlet gaznalary hyzmat edýär.

Durnuklaşdyryş gaznasyny emele getirmegiň we ony ulanmagyň tertibi hakynda «DÜZGÜNNAMA» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda çykaran 10073 belgili Karary bilen tassyklandy.

Durnuklaşdyryş gaznasy – ýörite maýa goýum gaznasy bolup ol Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky ýörite hasabynda jemlenýän, maliýe serişdeleri görnüşindäki döwlet aktiwleri bolup durýar.

Gazna döwletiň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmek, Türkmenistanyň merkezleşdirilen býujetiniň girdejileriniň çykdajylaryndan artyk gelýän (profisit) bölegini netijeli ulanmak, şeýle hem halkyň durmuş-ykdysady derejesini has-da ýokarlandyrmak üçin niýetlenendir.

Gazna süýşürintgileri aýawly saklamak we durnuklaşdyrmak üçin ulanmak wezipelerini ýerine ýetirýär.

Süýşürintgileri aýawly saklamak wezipesi maliýe serişdelerini toplamak we töwekgelçiligiň aram derejesinde geljekde olaryň girdejililigini üpjün etmek arkaly amala aşyrylýar.

Durnuklaşdyrmak wezipesi Gaznanyň serişdeleriniň likwidliginiň ýeterlik derejesini saklamak üçin niýetlenendir.

Gaznanyň serişdelerini emele getirmek we ulanmak döwletdäki ykdysady ýagdaýy, makroykdysady we fiskal durnuklylygy saklap galmak bilen, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny hasaba almak arkaly kesgitlenilýär.

Gaznanyň serişdelerini maýa goýumyna gönükdirmek, girdeji gazanmak we yzyna gaýtarmak, maksada laýyk peýdalanmak, töwekgelçilik derejesiniň pes bolmagy şertlerinde amala aşyrylýar.

Gaznanyň serişdeleriniň gelip gowuşmagy we harçlanmagy milli we daşary ýurt walýutalarynda amala aşyrylýar.

Gaznanyň esasy maksatlary:

– ýurduň ykdysady durnuklylygyny kepillendirmek we ösüşini üpjün etmek;

– döwletiň strategik maliýe ätiýaçlygyny döretmek we netijeli ulanmak.

Ýokarda görkezilen maksatlara laýyklykda, Gaznanyň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

– Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurduň ilatynyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen milli Maksatnamalaryny maliýeleşdirmek;

– durmuş we önümçilik maksatly iri maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek (häzirki zaman tehnologiýalaryny, täze enjamlary satyn almak we ş.m.);

– ýokary tehnologiki önümleri, ulag serişdelerini satyn almak boýunça lizing we maýa goýum amallaryny maliýeleşdirmek;

– Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň öwezini dolmak;

– Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuknamalaryna ters gelmeýän beýleki çykdajylary maliýeleşdirmek.

**Gaznanyň serişdelerini emele getirmegiň tertibi:**

Gaznanyň girdejileri manatda we daşary ýurt walýutasynda aşakdakylary öz içine alýar:

– Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň profisitiniň möçberini;

– Gaznany dolandyrmakdan gelýän maýa goýum girdejilerini;

– Türkmenistanyň kanunçylygyna ters gelmeýän beýleki girdejileri.

Gaznany dolandyrmak bilen bagly maýa goýum çykdajylary Gaznanyň serişdelerini daşary ýurt maliýe gurallaryna ýerlemekden emele getirilýär, maddy däl aktiwler muňa girmeýär.

**Gaznanyň serişdeleri aşakdakylara gönükdirilip bilner:**

– degişli maliýe ýylynda býujetde göz öňünde tutulan maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin, zerur bolan transfert görnüşinde Gaznadan Türkmenistanyň Döwlet býujetine berilýän serişdelere;

– Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenen maksatlar üçin maksatlaýyn transfert görnüşinde Gaznadan Türkmenistanyň Döwlet býujetine berilýän serişdelere;

– Gaznany dolandyrmak we her ýylky auditi geçirmek bilen bagly çykdajylary maliýeleşdirmek üçin serişdelere.

Gaznanyň serişdeleri şahsy taraplara we edara görnüşli taraplara karz bermek üçin we borçnamalary ýerine ýetirmegiň üpjünçiligi hökmünde peýdalanylyp bilinmez.

Gaznanyň serişdeleri Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi esasynda ulanylýar we geçirilýär.

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi rugsat berlen daşary ýurt maliýe gurallarynyň (instrumentleriň) sanawyny Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine tassyklamaga hödürleýär.

Gaznany Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň ýörite birligi dolandyrýar.

Gaznanyň serişdeleri Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky ýörite hasabynda ýerleşýär.

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi Gaznanyň serişdelerini milli we daşary ýurt pulunda maliýe gurallaryna we pul depozitlerine maýa goýum hökmünde gönükdirýär.

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bar bolan çäklendirmelerde has oňat maliýe netijeleriniň gazanylmagyny üpjün edýär.

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti aşakdaky çäklendirmeleri belleýär:

– ýokary girdejili gymmat kagyzlar we beýleki maliýe gurallary boýunça töwekgelçiliklere degişli bellenen möçberleri;

– maýa goýumlaryny dowam etdirmek üçin bellenen möçberleri;

– sebitleýin maýa goýumynyň bellenen möçberlerini;

– Gaznanyň maýasynyň bir kärhana goýulýan göteriminiň bellenen möçberlerini;

– maýa goýumlaryň netijeliligini we yzyna gaýtarylmagyny üpjün edýän beýleki bellenen möçberleri.

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi her ýylda Gaznada içerki audit barlagyny geçirýär.

Audit barlagynyň hasabatlary Gaznanyň serişdeleriniň ulanylyşyny (gelýän we gidýän serişdeler), ähli goýumlary we tygşytlanan serişdeleri, peýdany, töwekgelçiligi, hasaplamalaryň usulyny we dolandyryş harajatlaryny jikme-jik görkezmelidir.

Şeýlelikde Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasy döwletiň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmek, ykdysadyýetiň uglewodorod bölegine baglylygyny, amatsyz daşarky ýagdaýlaryň täsirini peseltmek we geljekki nesilleriň milli maddy we tebigy baýlyga bolan hukugyny kepillendirmek üçin niýetlenýär. Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasy maliýe aktiwlerini we başga emlägi (mundan beýläk – maliýe aktiwleri) öz içine alýar.

Häzirki zaman şertlerinde aýry-aýry ýurtlardaky bu gaznalaryň niýetlenmesinde we ornunda özboluşlyklar bar. Fransiýada bu resmi altyn-walýuta ätiýaçlyklarynyň çäklerinde bölnüp berlen maksatlaýyn gazna. Fransiýanyň banky onuň möçberi hakyndaky maglumatlary neşir edýär. ABŞ-da walýuta durnuklaşdyryş gaznasy öz hakyky niýetlenmesini ýitirýär (onuň 2 mlrd doll. möçberi 1934-nji ýylda döredilen wagtyndan üýtgewsizligine galýar). Sebäbi ABŞ-nyň Federal ätiýaçlyk banklary walýuta interwensiýasyny, esasan, swop ylalaşyklary boýunça daşary ýurt merkezi banklarynyň karzlarynyň hasabyna amala aşyrýarlar. Beýik Britaniýada walýuta durnuklaşdyryş gaznasy häzirki wagtda ýurduň ähli resmi altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny özünde jemleýär.

Bretton-Wuds ulgamynyň çäklerinde walýuta interwensiýasy bellenilen walýuta kurslaryny saklamak maksady bilen yzygiderli ýagdaýda geçirilýär. Walýuta interwensiýasynyň çeşmesiniň esasy dollar bolany üçin ABŞ onuň kursuny saklamak hakyndaky aladany beýleki ýurtlaryň üstüne ýükleýär. Ýamaýka ulgamynda üýtgeýän kurslara geçilmegi bilen walýuta interwensiýasy çürt-kesik kurs üýtgemelerini düzetmäge gönükdirilýär. ÝWU-da (1979-1998-nji ýyllar) walýuta interwensiýasy walýuta kurslaryny olaryň bellenilen üýtgemeleriniň çäklerinde saklamak üçin ulanylýar. Interwension walýuta hökmünde dollar bilen bir hatarda ýewro ulanylýar.

XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalaryndan kähalatlarda birnäçe ýurtlaryň merkezi banklarynyň toparlaýyn walýuta interwensiýasy

ulanylýar. 1974-nji ýylyň maýynda ABŞ, Germaniýa, Şweýsariýa toparlaýyn interwensiýasy hakyndaky Bazel ylalaşygyna gol çekýärler, oňa 1975-nji ýylyň fewralynda Fransiýa goşulýar. 1975-nji ýylyň dekabryndan «onlar toparynyň» ýurtlary swop ylalaşyklarynyň esasynda bilelikdäki walýuta interwensiýasyny geçirýärler. 1985-nji ýyldan bäri öňdebaryjy ösen bäş ýurt yzygiderli ýagdaýda bilelikdäki walýuta interwensiýasyny geçirýärler. Dewiz syýasaty walýuta kursuna gönüden-göni, ýöne wagtlaýyn we çäklendirilen gerimde täsir edýär. Walýuta interwensiýasy üçin harajatlar, eger kurs emele getirişiň bazar şertleri döwlet düzgünleşdirmesinden güýçlüräk bolsa, hemişe walýuta kurslarynyň durnuklaşdyrmasyny üpjün etmeýär.

Mysal üçin, Ýaponiýanyň banky 1998-nji ýylyň aprelinde walýuta bazarynda 21 mlrd dollardan gowrak (walýuta ätiýaçlyklarynyň 10%-i) serişdeleri satýar, ýöne soňky 8 ýylda iýeniň kursunyň ýokary derejede aşak gaçmagyny saklap bilmeýär (dollar üçin 1380 iýen) we walýuta interwensiýasyny çäklendirýär.

**Walýuta ätiýaçlyklarynyň diwersifikasiýasy – döwletleriň, banklaryň, şereketleriň, TMK-nyň halkara hasaplaşyklaryny we walýuta ýitgilerinden goramak maksady bilen walýuta ätiýaçlyklarynyň düzümine dürli walýutalary goşmak arkaly olaryň düzümini düzgünleşdirmäge gönükdirilen syýasaty.** Bu syýasat, adatça durnuksyz walýutalary satmak we halkara hasaplaşyklary üçin zerur bolan has durnukly walýutalary satyn almak arkaly amala aşyrylýar. Türkmenistanyň walýuta ätiýaçlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

a) affinirlenen guýma altyn, banknotlar ýa-da şaýlyk görnüşindäki daşary ýurt puly, şeýle hem Türkmenistanyň çäginden daşardaky bank hasaplaryndaky (goýumlaryndaky) daşary ýurt pulunyň galyndylary;

b) Halkara pul gaznasyndan onuň ätiýaçlyklarynyň bölegini satyn almaga hukuk (SDR), Halkara pul gaznasynyň maliýe karzyny almaga ýörite hukuklar;

ç) daşary ýurt pullarynda tölenilýän, daşary ýurt döwletleri ýa-da daşary ýurt döwletleriniň merkezi banklary, ýa-da halkara maliýe guramalary tarapyndan goýberilen, ýa-da kepillendirilen bergidarlyk borçnamalary;

d) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşmak arkaly Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýeti tarapyndan kesgitlenilýän başga aktiwler.

Walýuta paritetleriniň we walýuta kurslarynyň tertibiniň düzgünnamasy milli we döwletara düzgünleşdirmäniň görnüşleriniň biri bolup durýar.

Bretton-Wuds ylalaşygyna laýyklykda Gazna agza ýurtlar bazarda öz walýutalarynyň kurslaryny paritetden ±1% üýtgetmezligi (Ýewropa walýuta ylalaşygy boýunça – Günbatar Ýewropa ýurtlary üçin ±0,75%) borçlanýarlar. Bellenilen walýuta kurslarynyň tertibinde yzygiderli ýagdaýda «kurs nälaýyklyklary» walýutalaryň resmi we bazar kurslarynyň tapawutly bolmagy ýüze çykýar. Bu bolsa gapma-garşylyklary ýitileşdirýär. 1971-nji ýylyň dekabrynda ABŞ-nyň dollarynyň dewalwasiýasyndan soň walýuta kurslarynyň üýtgeýiş çäkleri ±2,25%-e çenli giňeldilýär (Smitson ylalaşygy). Şol bir wagtda merkezi kurs, şertli hasaplaşyk kursy girizilýär. Daşary ýurtlaryň Merkezi banklary üçin dollaryň altyna çalşylmagy 1971-nji ýylyň awgustynda bes edilmegi bilen köpsanly ýurtlar üýtgeýän kurslara geçýärler. Bu 1973-nji ýylyň 16-njy martynda, onlugyň toparynyň Pariž geňeşinde berkidilýär.

ÝB ýurtlary «Ýewropa walýuta ýylany» tertibini – walýuta kurslarynyň özara üýtgemeleriniň dar çäklerinde walýuta kurslarynyň bilelikde üýtgeýän tertibini girizýärler.

Ilkibaşda (1972-nji ýylyň apreli-1973-nji ýylyň marty) «tunnelde ýylan» tertibi ulanylýar. Grafiki şekilde «ýylan» ÝB-niň alty ýurdunyň (GFR, Fransiýa, Italiýa, Niderlandlar, Belgiýa, Lýuksemburg) walýuta kurslarynyň özaralarynda üýtgeýşiniň dar çäklerini (±1,125%), «tunnel» bolsa – olaryň dollar we beýleki walýutalar babatdaky bilelikdäki üýtgeýişiniň (±2,25%) daşky çäklerini aňladýar. 1973-nji ýylyň 19-njy martynda «tunneliň» ýatyrylmagy bilen birnäçe walýutalaryň özara üýtgeýiş çäkleri saklanyp galýar (1976 ý ±1,25%, ±4,5%, 1993 ý. ±15%). Ýurduň walýutasynyň kursy bu çäkden aşak düşse, Merkezi bank walýuta interwensiýasyny amala aşyrmaga daşary ýurt walýutasyna milli walýutany satyn almaga mejbur bolýar.

Walýuta syýasatyny utgaşdyrmak üçin ÝMWU (1973-1995 ý.), soňra bolsa Ýewropa walýuta instituty (1994-1998 ý.), ýewronyň girizilmegi bilen bolsa Ýewropa Merkezi banky döredilýär, ol milli bähbitler bilen deňeşdirilende ÝB-niň umumy maksatlaryny ileri tutup, ýeke-täk walýuta syýasaty ýöredýär.

Dünýäde walýuta kurslarynyň dürli tertipleri amal edilýär, sebäbi HPG-niň üýtgedilen Tertipnamasy (1978 ý.) ýurtlara olary saýlamaga erkinlik berýär.

2010-njy ýylyň başynda 51 ýurtda walýuta özbaşdak üýtgeýän (ABŞ, Beýik Britaniýa, Şweýsariýa, Ýaponiýa, Kanada we başgalar), 49 ýurtda walýuta kursunyň üýtgeýşiniň düzgünleşdirmesi amal edilýär. Braziliýa, Wengriýa, Hytaý, Russiýa Federasiýasy we GDA-nyň birnäçe döwletleriniň (20 ýurt) walýutasy ABŞ-nyň dollaryna bagly, afrikan giňişliginiň 14 ýurdy ýewro, 2-si SDR-e, 18-si dürli walýuta sebitlerine bagly edilýär.

«Walýuta dolandyryş» tertibi (currency board) – milli walýutanyň öňdebaryjy daşary ýurt walýutasyna («labyr walýutasyna») berkidilmegi, pul emissiýasyny bu walýutadaky resmi ätiýaçlyklarynyň möçberine baglylykda berk düzgünleşdirmek. Şeýle tertip Argentinada girizilýär, ýöne 2002-nji ýylyň fewralyndaky ýiti ykdysady çökgünlik bilen baglylykda ýatyrylýar. Şonda bellenilen kursuň ýerine üýtgeýän kurs girizilýär. 20 ýurtda olaryň pul we walýuta ulgamynyň binýady bolup hyzmat edýär, dollar agalyk ýa-da milli walýuta bilen ugurdaş kanuny töleg serişdesi hökmünde ulanylýar (Maržall adalary, Indoneziýa, Panama, Salwador, Ekwador we başgalar).

2008-nji ýylyň martynda ÝB-e giren ýurtlar öz walýutalaryny «labyr» walýutasy hökmünde dollara däl-de, ýewro berkidýärler. Frankyň afrikan giňişliginiň 14 ýurdy öz milli pul birliklerini fransuz frankynyň ýerini tutan ýewro berkidýärler.

Iki walýuta bazary berk kesgitlenen we üýtgeýän walýuta kurs tertibiniň arasynda aralyk ýagdaýy eýeleýän walýuta syýasatynyň görnüşine öwrülýär we XX asyryň 70-nji ýyllarynyň başynda Belgiýada, Italiýada, Fransiýadan girizilýär. Onuň düýp mazmuny walýuta bazaryny iki bölege bölmekden ybarat bolup durýar, ýagny täjirçilik amallary we hyzmatlar boýunça resmi walýuta kursy ula-

nylýar; maliýe amalary boýunça (maýalaryň, karzlaryň hereketi we başg.) bazar kursy ulanylýar. Täjirçilik geleşikleri boýunça peseldilen kurs harytlaryň eksportyny höweslendirmek we töleg balansyny deňagramlaşdyrmak üçin ulanylýar. Täjirçilik we maliýe kurslarynyň tapawudy ýokarlananda Merkezi banklar olary sazlamak üçin walýuta interwensiýasyny amala aşyrýar. Iki walýuta bazary walýuta ätiýaçlyklarynyň belli bir derejede tygşytlanmagyny üpjün edýär. Sebäbi, walýuta interwensiýasyndaky zerurlyk azalýar. Üýtgeýän walýuta kurslaryna geçilmegi bilen ol Italiýada 1973-nji ýylda we Fransiýada 1974-nji ýylda, biraz soňra Belgiýada ýatyrylýar we diňe käbir ösýän ýurtlarda ulanylýar.

**Dewalwasiýa we rewalwasiýa – walýuta syýasatynyň däp bolan usullary. Dewalwasiýa milli walýutanyň kursunyň daşary ýurt walýutalaryna ýa-da halkara walýuta birliklerine, öňräk bolsa altyna degişlilikde peselmegi.** Onuň obýektiw esaslanmasy bolsa tertibi walýuta kursunyň bazar bahasy bilen deňeşdirilende ýokarlandyrylmagy bolup durýar. **Rewalwasiýa – milli walýutanyň kursunyň daşary ýurt walýutalaryna ýa-da halkara walýuta birliklerine, öňräk bolsa altyna degişlilikde ýokarlanmagy.**

Dewalwasiýa we rewalwasiýa düşünjeleriniň ösüş döwürleri ykdysadyýetdäki üýtgeşmeleri, şol sanda pul-karz we walýuta ulgamlaryndaky üýtgeşmeleri şöhlelendirýär. Altyn standart döwründe dewalwasiýa we rewalwasiýa diňe bir walýuta durnuklaşdyrmasynyň däl, eýsem, pul durnuklaşdyrmasynyň usuly bolup hyzmat edipdir. 1929 – 1936-njy ýyllarda altyn standartyň weýran bolmagy bilen 1976 – 1978-nji ýyllarda altyn paritetler ýatyrylýança dewalwasiýa we rewalwasiýa milli walýutalaryň daşary ýurt walýutasy babatdaky altyn düzüminiň we kursunyň üýtgemegi bilen utgaşýar. Üýtgeýän walýuta kurslarynyň şertlerinde olar her gün özakymlaýyn bolup geçýär we kurslaryň daşary ýurt walýutasyna degişlilikde üýtgemeleri diňe döwürleýin esasda resmi bellenilýär.

«Dewalwasiýa» adalgasy häzirki düşünilişende walýutanyň bazar kursunyň degişlilikde uzak wagtlap we düýpli peselmegini aňladýar.

Dewalwasiýanyň ýurduň halkara amallaryna täsir etmeginiň usuly hökmünde ulanylyşynyň mysalyna seredeliň. 2015-nji ýylyň 18-nji noýabrynda funt sterlingiň kursy resmi taýdan 2,8-den 2,4 dollara çenli peseldi. Walýutanyň dewalwasiýasynyň göterim hakyny kesgitlemek üçin şol walýutany birlik hökmünde kabul etmek, kurs tapawudyny ilkibaşdaky kursa bölmek we 100-e köpeltmek zerur. Eger köne kursy köpeltmek, dewalwasiýadan soň täze kursy kabul etmek bilen belgilesek, onda dewalwasiýanyň (D) göterimini hasaplamagyň formulasyny şu aşakdaky ýaly görkezip bolar:

$$D = \frac{K_k - K_t}{K_k} \cdot 100.$$

Bu mysalda funt sterlingiň dewalwasiýasynyň möçberi şu aşakdakydan ybarat bolýar:

$$D = \frac{2,8 - 2,4}{2,8} \cdot 100 == 14,3\%.$$

Funt sterling bilen bir wagtda dewalwasiýany geçirmedik daşary ýurt döwletleriniň walýutalary gymmatlaýar. Walýutanyň rewalwasiýasynyň göteriminiň hakyny kesgitlemek üçin şu aşakdaky formula boýunça şol walýutany birlik hökmünde kabul etmek, kurs tapawudyny ilkibaşky kursa bölmek we 100-e köpeltmek zerur:

$$R = \frac{K_t - K_k}{K_k} \cdot 100.$$

1 dollaryň funt sterlingdäki kursuny kesgitläliň:

$$1 \text{ f.s.} = 2,8 \text{ doll.}$$
$$x = 1 \text{ doll.}$$
$$x = \frac{1}{2,8} = 0,35.$$

Diýmek, funt sterlingiň dewalwasiýasyndan öň 1 dollar 0,35 funt. sterlinge deň bolupdyr, dewalwasiýadan soň -0,41 funt sterlinge (1/2,4) deň bolýar. Dollaryň mejbury rewalwasiýasy şu aşakdaka deň:

$$P = \frac{0{,}41 - 0{,}35}{0{,}35} \cdot 100 = 16{,}7\%.$$

Iňlis eskport edijileri öz walýutalarynyň dewalwasiýasyndan utuş gazanýarlar sebäbi daşary ýurt walýutasyndaky (dollardaky) girdejini çalyşanda olar 16,7% möçberdäki dewalwasion baýragy alýarlar (1 dollar üçin 0,35 funt sterlinge derek 0,41 funt sterling), iňlis import edijiler, tersine, utulýarlar, sebäbi olara tölegiň walýutasyny satyn almak 14,3% gymmat düşýär (1 funt sterling üçin 2,80 dollaryň deregine 2,4 dollar). Iňlis bergidarlary halkara bergileri boýunça arzanlan funt sterling bilen hasaplaşmak arkaly utýarlar, ýöne daşarky bergi dollarda bolsa utulýarlar.

ABŞ-nyň kurs tapawudy nukdaýnazaryndan funt sterlingiň dewalwasiýasy sebäpli dollaryň hakyky rewalwasiýasyndan geljek şertli ýitgilerine we peýdalaryna seredeliň.

**1. Daşarky söwda.** ABŞ-nyň Beýik Britaniýada eksport boýunça ýerine ýetirilmedik şertnamalarynyň möçberi 20 mln funt sterlingden ybarat diýip hasaplalyň. Amerikan eksport edijileriniň ýitgileri 8 mln dollara ýeter (walýuta töwekgelçiliginden gorag bolmadyk ýagdaýynda), sebäbi, ýagny olar girdeji eden funtlaryny: 1 funt sterling =2,8 dollara derek,1 funt sterling = 2,4 dollar kursy boýunça çalyşýarlar: 20 mln f.s.(2,8 – 2,4) = 8 mln dollar.

Beýik Britaniýadan import boýunça ýerine ýetirilmedik şertnamalaryň möçberi 15 mln funt sterling bolsa amerikan import edijileri goşmaça 6 mln dollar alýarlar, sebäbi öz walýutaňa dewalwirlenen walýutany satyn almak olara arzan düşýär:

15 mln funt sterling·(2,8 – 2,4 dollar) = 6 mln doll.

**2. Halkara karzy.** Amerikan bergidarlaryna bergi boýunça funt sterlingde hasaplaşmak peýdalydyr. Sebäbi olar bergini üzmek üçin az dollar harçlamaly bolýarlar: 5 mln funt sterling bergi üzülende peýda 2 mln dollara deň (5 mln funt sterlingi 0,4 kurs tapawudyna köpeldeliň). Ýöne amerikan algydarlary ýitgi çekýärler, sebäbi no-

minal taýdan öňki, hakykat-da dewalwirlenen walýutada az pul möçberini alýarlar, diýmek, ABŞ-nyň algydarynyň 10 mln funt sterling algysynda ýitgi 4 mln dollara deň bolýar. Nagt dewalwirlenen walýutalaryň we funt sterling hasaplarynyň eýeleri hem ýitgi çekýärler. Agressiw we goranyş häsiýetli dewalwasiýalar we rewalwasiýalar bolýar.

Dewalwasiýalaryň we rewalwasiýalaryň netijeleri anyk şertlere bagly bolýar. Eger beýleki şertler garşy durmasa, belli bir wagtdan ýokarky ýagdaý ýüze çykýar. 1971-nji ýyldaky dollaryň dewalwasiýasy ABŞ-nyň töleg balansynyň işjeňleşmegine diňe 1973-nji ýylda ýardam berýär. Şonda onuň kursunyň gaýtadan peselmesi bolup geçýär. ABŞ-nyň dollarynyň kursuny ýokarlandyrmaga gönükdirilen walýuta syýasaty (1980–1984-nji ýyllarda hakyky 80%) daşary ýurt maýalarynyň we arzan harytlaryň akyp gelmegi görnüşinde peýda getirýär. Bu bolsa hümmetsizlenmäniň depgininiň peselmegine ýardam berýär. 2010-njy ýylyň başynda ABŞ eksporty höweslendirmek we ykdysadyýeti ösdürmek maksady bilen dollaryň kursuny peseldilmegini höweslendirdi.

**Dewalwasiýa bahalaryň galmagyna we zähmetkeşleriň durmuş derejesiniň peselmegine getirýär. Rewalwasiýa bolsa – arzan daşary ýurt harytlary bilen bäsleşlige döz gelmeýän pudaklarda işsizligiň artmagyna getirýär.** Ýurtlaryň arasyndaky bäsdeşlik göreşi ýitileşýär. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň dollaryň iki dewalwasiýasyndan çeken ýitgileri 10 mlrd dollar boldy. Ösýän ýurtlar öňdebaryjy walýutalaryň dewalwasiýasyndan ýitgi çekýärler.

Walýuta syýasatynyň görnüşi hökmündäki walýuta integrasiýasy ÝB-de has üstünlikli amala aşyrylýar. Bu ýerde ýeke-täk walýutaly ykdysady, walýuta we syýasy birleşik döredilýär.

Walýuta syýasatynda iki gapma-garşylykly meýiller, ýagny hereketleriň utgaşdyrylmagy, walýuta meselelerini çözmegiň bilelikdäki ýollaryny gözlemek, her bir ýurduň beýlekileriň hasabyna artykmaçlyk gazanmaga, olara öz erkini ýöretmäge çalyşmagy sebäpli düşünişmezlikler utgaşýar. Şunuň bilen baglylykda ýurtlaryň arasynda ýerleşdiriş bazary, maýalary ýerleşdirmegiň giňişligi, çig mal çeşmeleri ugrunda yzygiderli ýagdaýda walýuta urşy turýar.

Walýuta syýasatynyň görnüşi hökmünde içerki bazarda haryt öndürijilerini goramak we nyrhlaryň erkinleşmegi ulanylýar.

## 2.3. Walýuta çäklendirmelerini ulanmak bilen baglanyşykly aýratynlyklar

Içerki bazarda haryt öndürijilerini goramak boýunça walýuta syýasatynyň görnüşleriniň biri hökmünde yzygiderli ýagdaýda **walýuta çäklendirmeleri – walýuta we beýleki walýuta gymmatlyklary bilen amallary kanunçylyk we administratiw taýdan gadagan etmek, dahyllylaryň we dahylsyzlaryň walýuta we beýleki walýuta gymmatlyklary bilen amallaryny çäklendirmek we düzgünleşdirmekdir.** Bu walýuta gözegçiliginiň düzüji bölegi bolup durýar. Ol dahyllylaryň we dahylsyzlaryň walýuta amallaryny barlamak arkaly walýuta kanunçylygynyň berjaý edilmegini üpjün edýär. Walýuta çäklendirmelerinde walýuta gözegçiliginiň barşynda walýuta ygtyýarnamalarynyň bolmagy, dahyllylar tarapyndan milli walýuta bazarynda daşary ýurt walýutasyny satmak boýunça talaplaryň berjaý edilişi, daşary ýurt walýutasyndaky tölegleriň esaslandyrmasy, walýuta amallary boýunça hasaba alşyň we hasabatlylygyň hili barlanýar. Walýuta çäklendirmelerinde walýuta gözegçiliginiň wezipeleri, adatça Merkezi bankyň üstüne ýüklenýär, käbir ýurtlarda bolsa ýörite edaralar döredilýär. Türkmenistanda walýuta gözegçilik edarasy: Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasy, Türkmenistanyň Merkezi banky we Türkmenistanyň Hökümeti bolup durýar. Onuň düzümine Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, Söwda ministrligi. Baş döwlet salgyt gullugy, Türkmenistanyň gümrük gullugy we başgalar girýär. Walýuta gözegçiliginiň gullukçylary bolup ygtyýarlandyrylan täjirçilik banklary çykyş edýär.

Walýuta çäklendirmeleriniň walýuta syýasatynyň görnüşi hökmünde şu aşakdaky maksatlary bar:

1) töleg balansyny sazlamak;

2) walýuta kursuny kadalaşdyrmak;

3) gündelik we gelejekdäki wezipeleri çözmek üçin döwletiň elinde altyn,walýuta ätiýaçlyklaryny jemlemek.

Uruşlar taýýarlanylanda we alnyp barlanda walýuta çäklendirmeleri harby, senagat toplumlary tarapyndan raýat maksatly predmetleriň getirilmegini çäklendirmeleriň hasabyna harby strategik harytlary import etmek üçin ulanylýar. Walýuta çäklendirmeleri diskriminasion häsiýet bilen tapawutlanýar. Sebäbi, olar ownuk we orta telekeçilere daşary ýurt walýutasynyň elýeterliligini kynlaşdyryp, olaryň hasabyna walýuta gymmatlyklarynyň döwletiň we iri korporasiýalaryň haýryna gaýtadan paýlanmagyna ýardam edýär. Şonuň üçin monopollaşdyrylmadyk böleklerine, adatça olaryň girizilmegine garşy çykyş edýärler. Walýuta çäklendirmeleri içerki bazarda haryt öndürijileri goramak syýasatynyň düzüm bölegi bolup durýar. Olaryň amala aşyrylmagynda syýasy sebäpler uly orun tutýar.

Beýleki ýurtlaryň mümkinçiligini çäklendirmek maksady bilen öňdebaryjy döwletler walýuta gabawyny(sanksiýalary) ulanýarlar. Bu bir ýurduň ýa-da ýurtlar toparynyň beýleki döwlete, degişlilikde birtaraplaýyn walýuta çäklendirmesi görnüşindäki, ony belli bir talaplary ýerine ýetirmäge mejbur etmek maksady bilen onuň walýuta gymmatlyklaryny ulanmagyna päsgelçilik berýän hem-de onuň walýuta ykdysady ýagdaýyny ýaramazlaşdyrmaga gönükdirilen ykdysady gabawdyr. **Walýuta gabawynyň düýp mazmuny şol döwletiň daşary ýurt banklarynda saklanýan walýuta gymmatlyklaryny doňdurmakdan we diskriminasion walýuta çäklendirmelerini ulanmakdan ybaratdyr.**

Ikinji Jahan urşy döwründe we ondan soň Beýik Britaniýa funt sterling giňişliginiň ýurtlarynyň daşary ýurt (esasan, iňlis) walýutasy saklanýan bank hasaplaryny doňdurýar. Bu hasaplaryň serişdeleri diňe şol walýuta toparçasynyň gatnaşyklarynyň arasyndaky hasaplaşyklar üçin ulanylyp bilinýärdi. Iňlis-Eýran nebit kompaniýasynyň XX asyryň 50-nji ýyllarynyň başynda millileşdirilmegi bilen bagly Anlgiýanyň banky Eýran üçin funt sterlingleriň dollara konwertasiýasyny bes edýär we Italiýa hem-de Ýaponiýa bu ýurt bilen funt sterlingde hasaplaşyklar ýöretmezligi teklip edýär. 1956-njy ýylda

Sues kanalynyň millileşdirilmegine jogap edip Beýik Britaniýanyň, ABŞ-nyň we Fransiýanyň banklary Müsür babatda walýuta gabawyny guraýarlar, onuň walýuta hasaplaryny doňduryýarlar.

1971-nji ýylda Çilide Halk bitewüliginiň hökümetiniň döwlet başyna geçmegi bilen amerikan banklary daşary ýurt walýutasyndaky ähli Çili awuarlaryny böwetleýär we karz böwetlerini guraýarlar. 1979-njy ýylyň noýabryndaky Amerikan-Eýran gapma-garşylygy döwründe ABŞ Eýranyň bank hasaplaryny (50 mlrd dollar) doňduryýarlar we zamunlykda saklanýan amerikan raýatlaryny goýbermegi teklip edip, käbir bergileri bikanun aýyrýarlar. Ahyrky netijede bolsa antiamerikan syýasaty geçirip başlan ýurduň ykdysadyýetini bozmak maksady bilen doňduryýar. 1982-nji ýylda Folklend gapma-garşylygy döwründe Beýik Britaniýa Agrentinanyň walýuta aktiwlerini böwetleýär, ol bolsa soňra onuň göreldesine eýerýär. 1986-njy ýylyň ýanwarynda ABŞ Liwiýa walýuta gabawlaryny yglan edýär hem-de onuň amerikanyň banklaryndaky walýuta aktiwlerini ýurt tarapyndan ýöredilýän garaşsyz daşarky syýasatdan boýun gaçyrmaga mejbur etmek we Waşingtonyň tabynlygyna boýun etmek maksady bilen doňduryýarlar. 2003-nji ýylda ABŞ Yragyň walýuta hasaplaryny doňduryýar. Yrak babatdaky halkara gabawlary 2003-nji ýylyň ýazynda, ABŞ-nyň we Beýik Britaniýanyň bu ýurtdaky harby hereketleri tamamlandan soň ýatyrylýar.

**Walýuta çäklendirmeleri şu aşakdakylary göz öňünde tutýar:**

1) halkara töleglerini we maýalaryň geçirilmegini, eksport girdejiniň, peýdanyň repatasiýasyny, altynyň, pul belgileriniň we gymmat kagyzlaryň migrasiýasyny düzgünleşdirmek;

2) daşary ýurt walýutasyny erkin satyn almaga-satmaga gadaganlyk;

3) döwletiň elinde daşary ýurt walýutasyny we beýleki walýuta gymmatlyklaryny jemlemek. Olaryň hatarynda daşary ýurt walýutasynda belgilenen töleg resminamalary (çekler, wekseller, akkreditiwler we başgalar), gymmat bahaly kagyzlar, gymmat metallar bar.

Şunuň bilen baglylykda olaryň mazmunyny kesgitleýän walýuta çäklendirmeleriniň şu aşakdaky ýörelgeleri tapawutlandyrylýar:

– merkezi we ygtyýarlandyrylan (dewiz) banklarda walýuta amallaryny merkezleşdirmek;

– walýuta amallaryny ygtyýarnamalaşdyrmak walýuta gözegçilik edaralarynyň olary geçirmäge deslapdan rugsatnamasynyň bolmak talaby;

– walýuta hasaplaryny doly ýa-da bölekleýin böwetlemek;

– walýutalaryň konwertirlenmesini çäklendirmek.

Degişlilikde walýuta hasaplarynyň dürli derejeleri, ýagny erkin konwertirlenýän, içerki (milli walýutada ýurduň çäginde ulanmak bilen), ikitaraplaýyn hökümet ylalaşyklary boýunça, kliring, böwetlenen we ş.m. hasaplar girizilýär.

Walýuta çäklendirmeleriniň töleg balansynyň gündelik we maliýe amallary ugurlary tapawutlandyrylýar.

Gündelik amallar boýunça olaryň şu aşakdaky görnüşleri amal edilýär:

– daşary ýurt eksport edijileriniň şol ýurtda harytlary satmakdan alan girdejilerini blokirlemek, olaryň bu serişdelerden peýdalanmak mümkinçiligini çäklendirmek;

– eskport edijileriň walýuta girdejisini doly ýa-da bölekleýin çäklendirmek, merkezi bankyň walýuta ygtyýarnamasy bolan ygtyýarlandyrylan (dewiz) banklara hökmany satmak;

– import edijilere daşary ýurt walýutasynyň çäklendirilen satuwy (diňe ygtyýarnamalaryň bolmagynda). Käbir ýurtlarda import ediji import ygtyýarnama almak üçin depozite banka milli walýutanyň belli bir möçberini goýmaga borçludyr;

– import edijilere daşary ýurt walýutasyny forward satyn almagy çäklendirmek;

– milli walýuta harytlarynyň eksportynyň gadagan etmek;

– käbir harytlaryň importynyň daşary ýurt walýutasynda tölenilmegini gadagan etmek;

– eskport we import boýunça tölegleriň möhletini «Lidz end legz» amallaryny çäklendirmek maksady bilen düzgünleşdirmek. Import edijileriň daşary ýurtly eksport edijilere hakujy töleginiň möçberlerine gözegçilik edilýär. Eksport edijilere daşary ýurt walýutasyny milli walýuta satmagynyň çäklendirilen möhletleri bellenilýär,

ýagny bu serişdeler milli walýutanyň garşysyna bikanun amallar üçin ulanylmazlygy üçin;

– walýuta kurslarynyň köplügi- amallaryň dürli görnüşi, harytlar topary we sebitler boýunça walýutalaryň özara tapawutlandyrylan kurs gatnaşygy.

Walýuta kurslarynyň köplügi ilkinji gezek 1929–1933-nji ýyllaryň dünýäniň ykdysady çökgünligi döwründe, altyn standart ýatyrylandan we walýuta çäklendirmeleri girizilenden soň ulanylyp başlanýar. Köp walýuta hasaplary doňdurylanlygy we olardan erkin peýdalanmagyň derejesi dürli bolandygy üçin walýutalaryň resmi kursuna (diskont) 10%-den 90%-e çenli üýtgetmäge ygtyýar berilýärdi.

Ikinji Jahan urşundan soň HPG agza ýurtlaryň köpüsi onuň Tertipnamasyny bozup, walýuta kursunyň köplügini amal edýärler. Fransiýada on (10) walýuta kurslary bellenilýär. XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ortalaryna çenli Türkiýede milli walýutanyň ýokarlandyrylan resmi kursy bilen bir hatarda (ABŞ-nyň 1 dollary=2,8 lira) tapawutlandyrylan kurslar, ýagny importy saklamak maksady bilen import boýunça 9 lira; misiň eksporty boýunça 4,9 lira, kişmişiň we maňyzlaryň çykarylmagyny höweslendirmek maksady bilen olaryň eksporty boýunça 5,6 lira; beýleki harytlaryň çykarylmagy üçin 9 lira ulanylýar.

Ösen ýurtlaryň aglabasynda walýuta konwertirlenmesiniň girizilmegi bilen walýutanyň kursy bir nusga getirilen hem bolsa, aýry-aýry ýurtlar iki walýuta bazary görnüşindäki walýuta kursunyň köplüginiň tejribesine yzygiderli ýagdaýda dolanyp gelýärler.

Kurs tapawudy resmi kurs babatda ýokarlanma ýa-da arzanlanma hökmünde çykyş edýär. Şeýle ýagdaýda walýuta kurslarynyň köplügi sebäpli seýrek däl ýagdaýlarda hakyky dewalwasiýa emele gelýär (1979-njy ýylyň iýunynda Türkiýede liranyň köpbasgançakly kursunyň girizilmegi onuň kursunyň dollara, degişlilikde 43,6% peselmegine getirdi).

Daşary ýurt walýutasyny tygşytlamak maksady bilen daşary ýurda jahankeşde hökmünde çykýan dahyllylar üçin walýutalary çalyşmaklyk çäklendirilýär. Walýuta çäklendirmeleri ätiýaçlandyrma, lisenzion tölеglere, gonorarlara, kommision baýraklara, girdejileriň

we göterimleriň geçirilmegine we beýleki «göze görünmeýän» amallara degişli bolýar. Maliýe amallary bolsa walýuta çäklendirmeleriniň görnüşleri maýalaryň hereketiniň düzgünleşdirmesiniň ugruna bagly bolýar.

Passiw töleg balansynda walýutanyň kursuny saklamak maksady bilen maýalaryň çykarylmagyny we «gaçmagyny» çäklendirmek, maýalaryň akyp gelmegini höweslendirmek üçin şu aşakdaky çäreler ulanylýar:

– milli we daşary ýurt walýutasynyň, altynyň, gymmat bahaly kagyzlaryň çykarylmagyny, karzlarynyň berilmegini çäklendirmek;

– karz we gymmat bahaly kagyzlaryň bazarlarynyň işine gözegçilik etmek: amallar diňe maliýe ministrliginiň rugsatnamasy we daşary ýurtlara berilýän karzlaryň we göni maýa goýumlaryň möçberi hakyndaky maglumatyň berilmegi bilen amala aşyrylýar. Milli walýuta bazaryna, karz maýalaryň bazaryna we dolanyşykdaky pul toplumynyň ösmegine täsir etmez ýaly walýuta gözegçilik edaralarynyň deslapdan rugsatnamasy (hususan-da obligasion karzlaryň çykarylmagyna) bolmagy şerti bilen daşary ýurt karzlaryny çekmek;

– milli banklaryň daşary ýurt walýutasynda halkara karzlaryny bermäge gatnaşmagyny çäklendirmek;

– dahyllylara degişli daşary ýurt gymmat bahaly kagyzlaryny mejbury almak we olary walýuta satmak. Bu çäräni Ikinji Jahan urşundan öň Germaniýa, uruş döwründe we ondan soň Beýik Britaniýa ýaly döwletler amala aşyrdylar;

– daşarky bergini üzmegi doly ýa-da bölekleýin bes etmek, ýa-da daşary ýurda geçirmek hukuksyz hasaplar, ony milli walýutada tölemek.

XX asyryň 30-njy ýyllarynda dünýä ykdysady çökgünligi döwründe 25 ýurt öz daşarky bergileri boýunça tölegleri bes edýärler, 1933-nji ýylda Germaniýa bolsa funt sterling we dollar bergisini olary ulanmak we daşary ýurt walýutasyna çalyşmak hukugy bolmadyk doňdurylan hasaplara goşulýan nemes markalary bilen töleýär. Adatdan daşary ýagdaýlarda walýuta çäklendirmeleriniň obýekti altyn bolup durýar.

Ikinji Jahan urşy döwründe altyn bazarlary ýapylyp, Fransiýada 1949-njy ýyla çenli, Beýik Britaniýada 1954-nji ýyla çenli, Niderlandlarda 1968-nji ýyla çenli. ABŞ-da 1934-nji ýyldan başlap

40 ýylyň dowamynda şahsy we edara görnüşli taraplar üçin altyn bilen amallary geçirmeklik gadagan edildi.

Aktiw töleg balansynda ýurda maýalaryň akymyny saklamak, milli walýutanyň kursuny ýokarlandyrmak maksady bilen halkara maliýe amallary boýunça walýuta we karz çäklendirmeleriniň şu aşakdaky görnüşleri ulanylýar:

– Merkezi bankda göterimsiz hasapda banklaryň täze halkara borçnamalaryny deponirlemek. 1978-nji ýylda Germaniýada karz edaralarynyň merkezi bankda saklamaga borçly bolan iň az ätiýaçlyklary banklaryň daşary ýurt borçnamalarynyň ösüşini 100%-e çenli ýokarlandyrylýar. Ýaponiýada bu möçber ýurda dollaryň akymyny togtatmak üçin 1978-nji ýylyň martynda 50-den 100%-e çenli ýokarlandyrylýar, 1978-nji ýylyň dekabrynda bolsa ABŞ-nyň dollary goldamak boýunça maksatnamasy yglan edilenden soň 50%-e çenli peseldilýär, 1979-njy ýylyň fewralyndan bolsa 0,25% hasap etmezden ýatyrylýar;

**– dahylsyzlaryň maýa goýumlaryny we milli gymmat bahaly kagyzlaryň daşary ýurtlulara satylmagyny gadagan etmek.** 1972–1974-nji ýyllarda Şweýsariýada bölekleýin, 1978-nji ýylyň fewralyndan 1979-njy ýylyň ahyryna çenli dahylsyzlara gysga möhletli şweýsar gymmat bahaly kagyzlaryny satmak doly diýen ýaly gadagan edilýär. 1978-nji ýylyň ýanwarynda GFR-de daşary ýurtlulara 2-den 4 ýyla çenli möhletli gymmatly kagyzlary satmak gadagan edilýär. Ýaponiýada dahylsyzlara iýendäki gysga möhletli obligasiýalary satyn almak gadaganlygy 1978-nji ýylyň martynda wagtlaýyn girizilýär;

**– milli Merkezi bankda karzlaryň walýutasyny milli walýuta hökmany çalyşmak;**

**– daşary ýurtlularyň möhletli goýumlary boýunça göterimleriniň töleginiň milli walýutada tölenilmegini gadagan etmek.** Şeýle gadaganlyk ýurtdaky maýalary ýewroşweýsar franklarynyň bazaryna gaýtadan paýlamak we milli walýutanyň kursuny peseltmek maksady bilen 1974-nji ýylyň noýabryndan 1980-nji ýylyň fewralyna çenli Şweýsariýada hereket edýär;

– **dahylsyzlaryň milli walýutadaky goýumlary boýunça otrisatel göterim goýumyny girizmek (ýylda 12%-den 40%-e çenli).** Şeýle ýagdaýda göterimler goýumçy banka ýa-da daşary ýurt walýutasyndaky goýumlaryň çekilmegine gyzyklanma bildirýän bankyň özi degişli döwlet edarasyna töleýär. Şeýle usuly dürli wagtlarda maýalaryň akymyny saklamak maksady bilen Belgiýa, Niderlandlar, GFR, Şweýsariýa (1972-1979 ý.), Şweýsariýa (1978 ý.) döwletleri ulandylar;

– **ýurda walýutanyň getirilmegini çäklendirmek.** Bu çäre 1976-1977-nji ýyllarda Şweýsariýada girizilýär. Soňra 1979-njy ýylyň bank kanuny banklara şweýsar frankyndaky banknotlary daşary ýurtlular tarapyndan kärendesine alynýan seýflerde saklamagy, olaryň adyna daşary ýurtly müşderileriň buýrugy boýunça ýazylyp berlen uly pul möçberli çekleri saklamagy gadagan edýär;

– **daşary ýurtlulara milli walýutany forward satylmagyny çäklendirmek.** Şweýsariýada bu çäklendirmeler 1974-nji ýylyň noýabryndan 1980-nji ýylyň martyna çenli amal edilýär, soňra bolsa gowşadylýar, ýagny 1971-nji ýylyň 31-nji oktýabryndaky ýagdaý boýunça franklary 10 güne çenli möhletde satmak boýunça limit geleşigiň pul möçberinden 20%-den 40%-e çenli, has uzak möhletli geleşikler boýunça 50%-den 80% çenli artdyrylýar;

– **mejbury depozitleriň çyzgysy.** Bu usul GFR-de 1972-nji ýylyň martyndan 1974-nji ýylyň sentýabryna çenli ulanylýar. Ýurtdaky hereket edýän goýumlary pes bolan ýewrokarzlary işjeň ulanýan şereketler çekilen maýalaryň bölegini Nemes federal bankynda göterimsiz hasaba ýerleşdirmeli bolýarlar.

HPG-niň Tertipnamasynyň 8-nji maddasy agza döwletlere çäklendirmesiz we diskriminasiýasyz walýutalary çalyşmak we walýuta düzgünini saklamak borjuny ýükleýär. Agza döwletler Gazna bilen ylalaşmazdan gündelik halkara amallar boýunça çäklendirmeleri girizmezlige borçlanýarlar. Şunuň bilen birlikde, Tertipnamanyň 14-nji maddasyna laýyklykda, Gaznany habardar etmek bilen, Gazna agza bolan döwründe hereket eden, gündelik amallar boýunça geçirimlere we töleglere çäklendirmeleri saklap we üýtgeýän ýagdaýlara görä uýgunlaşdyryp bilerler. Şeýle ýagdaýlarda agza döwletler öz walýu-

ta syýasatlarynda yzygiderli Gaznanyň maksatlaryny saklaýarlar we şertler mümkinçilik berende halkara tölegleri geçirmegi ýeňilleşdirjek we alyş-çalyş hümmeti ulgamynyň durnuklylygyna ýardam berjek täjirçilik hem-de maliýe mehanizmlerini girizmek boýunça mümkin bolan çäreleri görýärler. Hususan-da, agza döwletler şeýle çäklendirmeler bolmadyk halatynda öz töleg balanslaryny kadalaşdyrmaga ýagdaýynyň bardygyna göz ýetirenlerinde, gündelik amallara çäklendirmeleri aradan aýyrýarlar.

Görnüşi ýaly, HPG gündelik amallara çäklendirmeler boýunça berk talaplary belleýär. Şol bir wagtyň özünde, birnäçe döwletler häzirki wagta çenli gündelik amallarda walýuta çäklendirmelerini ulanýarlar. Şeýle ýagdaýlarda döwletler, köplenç halatda, Gaznanyň tertipnamasynyň 14-nji maddasyna salgylanýarlar. 2015-nji ýylyň maglumatlaryna laýyklykda, agza döwletleriň 48%-i Tertipnamanyň 8-nji maddasy, galanlary bolsa, şol sanda Türkmenistan 14-nji maddasy boýunça hereket edýär.

Gündelik amallarda we maýanyň hereketi bilen bagly amallarda walýuta gözegçiligi biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Kähalatlarda gündelik amallara girizilen gözegçilik maýalarynyň hereketini çäklendirmäge gönükdirilendir. Bu ýagdaýda, eger gözegçilik gündelik amallary bökdemeýän we diňe maýalaryň hereketine gözegçilik etmek üçin ulanylýan bolsa, onda ony gündelik amallara girizilen çäklendirme hökmünde kabul edip bolmaýar.

Mysal üçin, HPG-niň bahalandyrmasynda şahsy maksatly tölegler boýunça çäklendirmeler ýa-da nagt puluň hereketine girizilen çäklendirmeler gündelik amallaryň sanawynda görkezilýär, emma bu çäklendirmeler ulanylyş derejesine baglylykda maýalaryň akymyny çäklendirmek maksady bilen ulanylýar.

Şeýle hem, repatriasiýa (dahyllynyň milli we daşary ýurt walýutalaryny ýurda gaýtarmagy) talaby gündelik amallar (eksport we import) babatda girizilýän-de bolsa, köplenç halatda (gündelik amallara päsgel bermeýän derejede) onuň maksady maýalaryň ýurtdan çykmagynyň öňüni almakdan ybaratdyr. Emma, örän gysga möhletli ýa-da aşa agyr şertli repatriasiýa talabynyň gündelik amallaryň çäklenmegine-de öz täsirini ýetirýändigi ikuçsuzdyr.

Daşary söwdada (eksportda we importda) walýuta çäklendirmelerini söwda çäklendirmeleri bilen garyşdyrylmaly däldir. Daşary söwdada walýuta gözegçiligi eýýäm amala aşyrylan ýa-da indi amala aşyryljak daşary söwda amallary boýunça töleglere degişlidir. Muňa garamazdan, onuň daşary söwdany çäklendirmekdäki täsiri, görnüşine baglylykda, göni söwda çäklendirmelerinden pes bolman biler.

Gündelik amallara gözegçiligiň we çäklendirmeleriň oňaýsyz ykdysady täsirleri barada, şu aşakdakylary görkezmek bolar:

– daşary söwdany çäklendirýär;

– bikanun walýuta alyş-çalyş bazarynyň (gara bazaryň) döremegine getirýär;

– hasaplaşyklaryň rugsat edilmeýän (bikanun) ýa-da oňlanylmaýan (nagt, üçünji taraplaryň üsti bilen we ş.m.) görnüşleriniň artmagyna getirýär.

Şeýlelikde, ençeme halatlarda walýuta çäklendirmeleri karz we söwda düzgünleşdirmesi bilen utgaşýar. Olaryň gory dürli-dürli, bolup, netijesiz usullar ýurduň walýuta-ykdysady ýagdaýynyň we dünýä bazaryndaky bäsdeşligiň aýratynlyklaryna has uýgunlaşan görnüşleri bilen çalşylýar.

**Walýuta çäklendirmeleriniň walýuta kursuna we halkara ykdysady gatnaşyklara täsiri.** Ol çäklendirmeleriň görnüşlerine we aýry-aýry ýurtlaryň hem-de dünýä ykdysadyýetiniň ýagdaýyna baglylykda derejesi we ugrukmasy boýunça dürli-dürlüdir. Birnäçe halatlarda bu ýagdaýlar bahalar, getirme şertleri we satuwdan soňky hyzmat edişiň hili bilen bir hatarda harytlaryň bäsleşlige ukyplylygyna täsir ediş serişdesi bolup durýar. Walýuta çäklendirmeleriniň netijesi resmi walýuta kursuny belli bir derejede saklamak bolup durýar. Emma walýuta bazarynda daşary ýurt walýutasynyň has ýokary kursy bikanun bazarda («gara bazarda») bellenilýär.

Ikinji Jahan urşundan soň Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň birnäçesinde berk walýuta çäklendirmelerine garamazdan olaryň kursy peselýär. Şweýsariýanyň, Ýaponiýanyň, GFR-iň walýutalarynyň kursy maýalaryň akymyna gözegçilik edilmegine garamazdan çalt ýokarlanýardy. Şweýsariýada daşary ýurt maýalaryň akymyny saklamagyň otnositel netijeli serişdesi dahylsyzlara şweýsar frankyny forward

satylmagynyň çäklendirilmegi, şeýle hem olaryň hasaplary boýunça otrisatel göterim goýumlary bolup durýar. Emma Şweýsariýada daşary ýurt merkezi banklaryň franklardaky hasaplaryna negatiw göterimleriň degişli edilmegi netijesiz bolýar. Sebäbi, şweýsar frankynyň halkara walýuta likwidliligindäki paýy uly däl. GFR-de otrisatel göterim goýumlarynyň girizilmegi uly netije bermeýär, sebäbi bu ýurtdaky karz maýalarynyň bazary Şweýsariýa garanyňda has açykdy. 1978-nji ýylda ätiýaçlyklaryň borçnamalarynyň kadalarynyň GFR-iň banklarynyň daşary ýurt borçnamalarynyň ösmeginiň 100%-e çenli artdyrylmagy daşary ýurt walýutasynyň akymynyň 1/3 bölegini aýyrmaga mümkinçilik berýär.

Meýletin çäklendirmeleriň maksatnamasy we onuň ýerine gelen ABŞ-dan maýalaryň çykarmagynyň ähli görnüşlerini düzgünleşdirmegiň ulgamy amerika banklarynyň daşary ýurt karzlarynyň möçberiniň azalmagyna getirmeýär. Maliýe amallary boýunça walýuta çäklendirmeleriniň gapma-garşylygy «gyzgyn» pullaryň gereksiz hereketine, maýalaryň «gaçmagyna», şeýle hem gysga möhletli maýalaryň kadaly akymyna birmeňzeş täsir edýändiginden ybaratdyr.

Daşary ýurda barýan syýahatçylar üçin milli walýutanyň daşary ýurt walýutasyna çalşylmagynyň çäklendirilmegi «gara» walýuta bazarynda spekulýatiw amallary höweslendirýär. Walýuta çäklendirmeleri gysga möhletli oňyn netije berýär.

Eger 1968-nji ýylyň sentýabrynda walýuta çäklendirmeleriniň ýatyrylmagy Fransiýadan 15 mlrd fransuz frankynyň «gaçmagyny» ýeňleden bolsa, onda bu dikelenden soň maýalaryň akyp gitmegi çürt-kesik kemelýär we gysga möhletli maýalaryň hereketiniň galyndysy oňaýly bolýar.

Ahyrky netijede walýuta çäklendirmeleri halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklaryna ýaramaz täsir edýär. Daşary ýurt walýutasyny almaga ynamy bolmadyk eksport edijiler ygtyýarlandyrylan banklara walýuta girdesijini özleri üçin bähbitli bolmadyk milli walýutanyň resmi kursy boýunça satmakdan şu aşakdakylar arkaly boýun gaçyrmaga çalyşýarlar:

– hasap-haryt sanawlaryndaky (ikitaraplaýyn şertnama) bahalary gizlemek. Mysal üçin, hakyky walýuta girdejisi bilen deňeşdirilende gümrük gözegçiliginden geçmek üçin eksport ediji import ediji bilen ylalaşyk boýunça resmi bahany peseldýär. Tapawut şahsy tarapyň ýa-da daşary ýurt bankyndaky şertli şereketiň hasabyna goşulýar;

– harytlary walýutalary döwlete tabşyrylmaga degişli bolmadyk üçünji ýurtlara satmak;

– eksport ediji şereketiň öz daşary ýurt bölümçesine goldaw bermek zerurlygy bilen bagly döwlete walýuta girdejisiniň bölegini tabşyrmazlygy hakyndaky haýyşyny subut edýän aklawjy hatlary;

– paralar, hususan-da, gymmat bahaly sowgat we hyzmat görnüşinde.

Walýuta gözegçilik edaralary degişli kanunçylygyň berjaý edilişine, bahalara, hasaplara gözegçilik edýärler, düzgün bozmalarda jerimeler we sanksiýalar ulanýarlar. Emma edara görnüşli we sahsy taraplaryň köpüsi bähbitli şertnamany ýitirmezlik üçin ykdysady gabawlary almagy rowa görýärler. Walýuta çäklendirmelerine garamazdan döwlet iri şereketlere birnäçe egilşikler edýär.

Transmilli korporasiýalaryň (TMK) halkara amallary açyk we gizlin walýuta çäklendirmeleri dogry çykarýarlar, sebäbi olaryň içerki korporatiw dolanyşygy dünýä söwdasyna garanyňda iki esse çalt ösýär.

Walýuta çäklendirmeleri aýry-aýry ýurtlaryň töleg balansynyň wagtlaýyn deňleşmegine ýardam berýär. Halkara ykdysady walýuta päsgelçiliklerini aradan aýyrmak zerurlygy walýuta çäklendirmeleriniň döwletara düzgünleşdirilmek meýline getirýär. Bu ýagdaýa söwda hyzmatdaşlaryň garşysyna gönükdirilen bäsleşlik serişdesi hökmünde milli içerki bazalardaky haryt öndürijileri garşy durýar.

**Walýuta çäklendirmeleriniň ösüş döwürleri we walýutalaryň konwertirlenmegine geçilmegi: dünýä tejribesi.** Ilkinji gezek walýuta çäklendirmeleri Birinji Jahan urşy ýyllarynda uruşýan ýurtlarda ulanylyp başlanýar. 1924-1928-nji ýyllardaky wagtlaýyn durnuklaşma döwründe olar ýatyrylýar. 1929-1933-nji ýyllaryň dünýä ykdysady çökgünligi şertlerinde, aýratyn hem, 1931-nji ýyldan soň köp ýurtlaryň töleg balansynyň ýaramazlaşmagy, maýalaryň «gaç-

magy», altyn standartyň weýran bolmagy, walýutalaryň hümmetsizlenmegi bilen bagly walýuta çäklendirmeleri giň gerime eýe bolýar. Maýalaryň hereketiniň we daşarky bergileriň tölenilişiniň giňişliginde walýuta çäklendirmeleriniň girizilmegi bergidar 25 ýurduň batmagyny kanunylaşdyrylýar.

Ikinji Jahan urşunyň başlanmagy bilen walýuta çäklendirmeleri ähli ýurtlara ýaýraýar. Uruşdan soň walýuta çäklendirmeleri diňe ABŞ-da, Şweýsariýada, Kanadada ýokdy; Latyn Amerikasynyň ýurtlary bu sebitde maýalaryň we öz maýa goýumlaryndan gelýän girdejilerini päsgelçiliksiz geçirmäge gyzyklanma bildirýän ABŞ-nyň täsiri astynda walýuta amallarynyň erkinligini saklap galýarlar.

Uruşdan soňky döwürde HPG-niň üsti bilen walýuta çäklendirmelerini döwletara derejede düzgünleşdirmek täze waka bolýar. HPG-niň Tertipnamasyna esaslanyp, ABŞ agza ýurtlaryň gündelik amallary boýunça walýuta çäklendirmeleriniň ýatyrylmagyny we walýutalaryň konwertirlenmegini girizmegi gazanýar. Ýöne uruşdan soňky weýrançylyk şertlerinde, töleg balansynyň çökgünliginde, walýuta ätiýaçlyklarynyň azalmagynda bu talaplara Günbatar Ýewropa we Ýaponiýa tarapyndan garşylyk görkezilýär. Gaznanyň XIV maddasy geçiş döwrüni göz öňünde tutýar, onuň dowamynda ýurtda walýuta çäklendirmeleri saklanyp galýar. Mundan başga-da Gaznanyň Tertipnamasy ýurtlaryň ykdysadyýetiniň durnuksyz şertlerinde maýalaryň hereketi boýunça walýuta çäklendirmelerini girizmek mümkinçiligini we birnäçe ýagdaýlarda bolsa walýuta çäklendirmelerini girizmek borçnamasyny göz öňünde tutýar. Mundan başga-da Gaznadan karz almak mümkinçiligi ýurduň töleg balansyny deňleşdirmek üçin walýuta çäklendirmeleriniň ulanylyş netijeliligine bagly edilip goýulýar. Walýuta çäklendirmeleriniň meseleleri boýunça Gaznanyň bilermenleriniň degişli ýurtlar bilen maslahatlary geçirilýär.

Walýuta çäklendirmeleri halkara hasaplaşyk, walýuta we karz amallarynda milli walýutanyň ulanylmagyna we olaryň daşary ýurt walýutasyna erkin konwertirlenmegine päsgelçilik berýär. Walýutanyň konwertirlenmek düşünjesi (latynça *conversion- öwrülmek*) pul we walýuta ulgamynyň ösüş döwürlerinde üýtgeýär. Altyn-pul we kümüş standartynda ol milli pullaryň daşary ýurt pul-

laryna çalyşmak mümkinçiligini aňladýardy. Çalşylýan karz pullarynda olaryň altyna (kümüşe) we daşary ýurt walýutasyna çalşygy; çalşylmaýan karz pullarynda milli walýutanyň daşary ýurt walýutasyna çalşygyny aňladýar. Häzirki wagtda walýuta, eger emitent döwlet töleg balansynyň gündelik amallary boýunça onuň daşary ýurt walýutasyna çalşygyny çäklendirýän ýa-da gadagan edýän bolsa, konwertirlenmeýän hasap edilýär. **Belli bir maksatlar üçin banklardaky walýuta hasaplarynda serişdeleri erkin ulanmagyň resmi gadaganlygy hasaplaryň böwetlenmegi diýlip atlandyrylýar.** Bu çäre walýuta çäklendirmelerinde we beýleki ýurtlara gadagan etmeler hökmünde, şeýle hem hasabyň eýesine kazyýet talaby boýunça ulanylýar.

Walýuta çäklendirmeleriniň tejribesi bolan «blokirlenen walýuta» döwlet edaralary tarapyndan ulanylmagy gadagan edilen ýa-da çäklendirilen banklaryň hasabyndaky walýuta adalgasyna bagly. Hasabyň eýesi bilen ylalaşmak boýunça bank hasapdaky serişdeleriň çäklendirilen ulanyş tertibini belleýär. Bank ýerleşýän ýurduň çäklerinden daşarda ýerleşýän şahsy we edara görnüşli taraplar üçin walýuta serişdelerini ulanmagyň aýratyn tertibi bilen daşarky hasaplar (dahylly däller üçin) girizilýär.

Ikinji Jahan urşundan soňky ilkinji ýyllarda diňe ABŞ we Şweýsariýa öz walýutalarynyň konwertirlenmegini, ýagny dahyllylar (içerki) we dahylsyzlar (daşarky) üçin töleg balansynyň gündelik amallary boýunça daşary ýurt walýutasyna erkin çalşylmagyny saklap galýarlar. Walýutalaryň içerki çalşygy şol ýurduň raýatlaryna we guramalaryna daşary ýurt walýutasyny çäklendirmesiz satyn almaga we satmaga hukuk berýär. Walýutalaryň daşarky konwertirlenmesi daşary ýurt raýatlaryna we guramalaryna degişli bolýar.

Walýutalaryň bölekleýin öwrüjiligi walýuta çäklendirmelerinde hem saklanyp galýar. Bu dahyllylar we dahylsyzlar üçin dürli tertipde walýuta hasaplarynyň bolmagynda ýüze çykýar. Degişlilikde bank hasaplarynyň içerki (ýurduň çäginde ulanylmak bilen milli walýutadaky); ikitaraplaýyn hökümet ylalaşyklary boýunça; blokirlenen; konwertirlenýän (doly ýa-da bölekleýin) diýen aýratyn adalgalary tapawutlandyrylýar. **Daşary ýurt pul birliklerine çalşylmak müm-**

**kinçiligi çäklendirilen walýutalar bölekleýin konwertirlenýän diýlip atlandyrylýar.** Şu ýagdaýda konwertirlenme walýutanyň belli bir saklaýjylaryna degişli bolýar ýa-da sebitleýin häsiýetde bolýar (mysal üçin, walýuta toparynda fransuz frankynyň öňki giňişliginde afrikan walýutalary erkin fransuz walýutasyna, häzir bolsa frankyň afrikan giňişliginde ýewro çalşylýar).

Ikinji Jahan urşundan soň Beýik Britaniýa birnäçe ýurtlar bilen funt sterling diňe bu döwletleriň hasaplaryna geçirilýän özi tarapyndan geçiriş hasaplarynyň açylmagy hakyndaky ylalaşyklary baglaşýar. 1954-nji ýylda bu düzgün ähli daşary ýurt döwletlerine ýaýraýar. Bu bolsa iňlis walýutasynyň konwertirleniş çäklerini giňeldýär. GFR (1954-nji ýyldan), Italiýa, Fransiýa (1957-nji ýyldan), soňra bolsa ÝB-niň beýleki gatnaşyjylary bölekleýin konwertirlenýän walýutada tölegler hakyndaky ylalaşyklaryň çäklerinde şeýle hasaplary açýarlar. ABŞ-nyň täsiri astynda dollar zolagynyň käbir ýurtlary amerikan maýa goýujylarynyň bähbitleri üçin öz walýutalarynyň konwertirlenmesini saklamaga mejbur bolýarlar. Öwrüjiligiň şeýle görnüşi Kanadada 1952-nji ýylda girizilýär.

Walýutanyň konwertirlenmesi ykdysadyýetiň açyklyk derejesini görkeziji, ýurduň bütindünýä hojalagyna integrasiýasynyň zerur şerti bolup durýar. Sebäbi, hojalyk gatnaşyklarynyň halkaralaşdyrylmagy harytlar, hyzmatlar, maýalar, walýutalar bazarynyň özara baglanyşygyny talap edýär.

Günbatar Ýewropanyň, Ýaponiýanyň walýutalarynyň konwertirlenmegini dikeltmek meselesi uruşdan soňky walýuta gapma-garşylyklary jemlenen oýnuna öwrülýär. ABŞ milli monopoliýalaryň ekspansiýasyna ýardam bermek maksady bilen Günbatar Ýewropa walýutalarynyň öwrüjiliginiň girizilmegini gazanmak üçin iş geçirýär. Funt sterlingiň öwrüjiligini dikeltmek hakyndaky mesele has ýiti ýüze çykýar. Amerikan maýalarynyň täsiri astynda Beýik Britaniýa ABŞ-dan 1946-njy ýylda alnan karz (3,7 mlrd dollar) üçin töleg hökmünde 1947-nji ýylyň iýulynda funt sterlingiň dollara erkin çalşylmagyny dikeldýär, bu bolsa lokal walýuta çökgünligine getirýär. 35 günden soň 1947-nji ýylyň 21-nji awgustynda ýurtda öňküden hem berk walýuta çäklendirmeleri girizilýär. Beýik Britaniýanyň ýara-

maz tejribesi walýutalaryň konwertirlenmegine geçmek üçin şertleri döretmegiň zerurlygyna şaýatlyk edýär. ABŞ-nyň täsirine garamazdan Günbatar Ýewropa ýurtlary, Ýaponiýa walýuta çäklendirmelerini diňe 1958-nji ýylyň ahyryndan tapgyrlaýyn ýatyrmagy makul bilýärler. ÝB-de bu hadysa 1992-nji ýyla çenli dowam edýär.

Walýuta çäklendirmeleriniň ýatyrylmagy we walýutalaryň öwrüjiliginiň girizilmegi milli walýutanyň konwertirlenmegine geçmegiň dünýä tejribesi, bu hadysanyň halkalaýyn meseleleriniň ýüze çykarmagyna mümkinçilik berýär:

– walýutanyň çalşygyny girizmegiň pursadyny we depginini saýlamak;

– kim üçin dahyllylar ýa-da dahylsyzlar we haýsy yzygiderlilikde;

– haýsy amallar boýunça – töleg balansynyň gündelik amallary ýa-da maliýe amallary boýunça.

**Birinji mesele.** Walýuta gatnaşyklarynyň taryhynda iki usul – tutuşlaýyn we kem-kemden zerur bolan şertler döredilýänçä walýutalaryň konwertirlenmegine geçmek. *Birinji usulda* (Türkiýe, Gündogar Ýewropa ýurtlary. Russiýa) milli walýutanyň kursunyň peselmegi, resmi walýuta ätiýaçlyklarynyň azalmagy bilen ugurdaş gidýär, sebäbi, daşary ýurt walýutasyna bolan isleg artýar. **Dewalwasiýa** importy gymmatladýar, bu bolsa çökgünliligi güýçlendirýär we daşarky berginiň daşary ýurt walýutasynda üzülmeginde walýuta ýitgilerini artdyrýar. Dewalwasiýanyň eksport edijä höweslendiriji täsiri babatda eksport bäsdeşlige ukyply harytlaryň bolmagynda ýüze çykýar.

*Ikinji usulyň*, ýagny walýutanyň konwertirlenmegine tapgyrlaýyn geçmegiň (Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň, Ýaponiýanyň tejribesi) tutuşlaýyn usuldan artykmaçlygy bar. Sebäbi, ol milli we dünýä bazarlarynyň wezipeleriniň şertleriniň, hususan-da nyrh emele getirişiň we şertleriň taýýarlanmagynyň baglaşmagyna esaslanýar. Walýutalaryň öwrülmekliginiň girizilmeginiň esasy şertleri ykdysadyýetiň durnuklaşmagy, döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň azalmagy, hümmetsizlenmäniň saklanmagy, töleg balansynyň ýetmezçiliginiň azalmagy, ýurduň daşarky bergisini düzgünleşdirilmegi, resmi walýuta we altyn

ätiýaçlyklarynyň toplanmagy, ýurtda durmuş-syýasy ýagdaýy kadalaşdyrylmagy bolup durýar.

**Ikinji mesele.** Dahyllylar we dahylsyzlar üçin walýutalaryň konwertirlenmesini girizmegiň yzygiderliligini kesgitlemek. Dünýä tejribesine görä, adatça ilkibaşda daşary ýurtly hyzmatdaşlar tarapyndan olary hyzmatdaşlykda gyzyklandyrmak maksady bilen ileri tutulýar.

**Üçünji mesele** walýuta çalşygy girizilýän amallary saýlap almak meselelerine degişli. 1958-nji ýylyň dekabrynda obýektiw ykdysady şertler emele gelende Günbatar Ýewropa ýurtlary dahylsyzlar üçin töleg balansynyň gündelik amallary boýunça walýuta çäklendirmelerini ýatyryp, walýutalaryň bölekleýin öwrüjiligini girizýär. Tehniki taýdan bu «daşary ýurtlaryň daşarky hasaplary» atly bir adalga geçirilýän we erkin konwertirlenýän hasaplaryň birikdirilmegi arkaly amala aşyrylýar. 1961-nji ýylyň fewralynda bu ýurtlar dahyllylar üçin hem walýuta çäklendirmelerini ýatyrýarlar.

Walýutanyň konwertirlenmeginiň esasy ölçegi gündelik amallar boýunça walýuta çäklendirmeleriniň bolmazlygydyr. Walýutalaryň bölekleýin erkin konwertirlenmegine geçilmegi maýalaryň hereketiniň hasaby boýunça amallar üçin walýuta çäklendirmeleriniň ýatyrylmagyny we uzak taýýarlygy talap edýär. Diňe XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalarynda başlap, kem-kemden 20 ýylyň dowamynda ýurtlar öz walýutalarynyň konwertirlenmegini maliýe amallaryna ýaýbaňlandyrýarlar. Bu maýalaryň halkara hereketleri, şol sanda göni we bukjalaýyn maýa goýumlary, gymmatly kagyzly geleşikler, karz amallarynyň harytlaryň we hyzmatlaryň hereketinden has öňe gidýändigi bilen düşündirilýär. Bu bolsa töleg balansyna we walýuta kursuna düýpli täsir edýär. Şonuň üçin maliýe amallary boýunça walýuta çäklendirmeleriniň ýatyrylyşy haýal we deň derejesiz geçýär; olar yzygiderli ýagdaýda milli ykdysadyýeti goramak maksady bilen gaýtadan täzelenýär. XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ortalaryndan we 70–80-nji ýyllarda düzümleýin çökgünlikleriň utgaşýan şertlerinde walýuta çäklendirmeleriniň liberallaşdyrylmagy harytlaryň we maýalaryň hereketiniň ýolunda päsgelçilik görnüşindäki

içerki bazarda haryt öndürijileri goramak bilen çalyşýar. Bu hadysa deňagramsyzlygy bilen tapawutlandyrylýar we döwletara agzalalyklary güýçlendirýär.

1971–1973-nji ýyllarda GFR, Fransiýa, Şweýsariýa, Benilýuks ýurtlary, Ispaniýa maýalaryň akymyny saklamak maksady bilen walýuta çäklendirmelerini girizýär. 1972-nji ýylyň iýunynda Beýik Britaniýa ilkinji gezek funt sterling giňişliginiň ýurtlary bilen gatnaşyklarda funt sterlingiň üýtgeýän kursunyň tertibine geçilýän şertlerde maýalaryň «gaçmagyny» saklamak maksady bilen maýalaryň hereketi boýunça walýuta çäklendirmelerini girizýär. 1973-nji ýylyň martyndan üýtgeýän walýuta kurslarynyň tertibine köpçülikleýin geçilmegi walýuta çäklendirmeleriniň we halkara maliýe amallaryna gözegçiligiň gowşamagyny aňladýar, ýogsa çökgünlik ýagdaýlarda ol güýçlenýär. ABŞ-da maliýe amallary boýunça walýuta çäklendirmeleriniň ösüş döwürleri hem gapma-garşylykly meýilleriň utgaşmagyny şöhlelendirýär.

XX asyryň 60-njy ýyllarynyň başynda ABŞ-nyň töleg balansynyň we dollaryň ýaramazlaşmagy maýalaryň çykarylmagyna şu aşakdaky görnüşlerde çäklendirmeleri girizilýär:

– Amerikan raýatlarynyň we şereketleriniň daşary ýurt gymmatly kagyzlaryna maýa goýumlardan alan girdejilerine «deňleşdiriji» salgyt (1963 ý.), ol maýalaryň çykarylmagyny çäklendirmek maksady bilen amerikanyň gymmatly kagyzlaryndan girdejiler bilen olary deňleşdirmek üçin niýetlenýär. Bu ýerde walýuta çäklendirmeleri salgyt düzgünleşdirmesi bilen utgaşýar;

– Amerikan banklarynyň halkara karzlaryny olaryň ýyllyk ösüşiniň 5%-i çäklerinde (1965-nji ýylda) «meýletin çäklendirme» maksatnamasy; 1968-nji ýyldan bu maksatnama ABŞ-dan maýalaryň çykarylmagynyň ähli görnüşlerine gözegçilik edilmegi bilen çalşylýar.

1976–1978-nji ýyllarda HPG-niň Tertipnamasynyň IV maddasyna düzedişler kabul edilýär. Ol dünýäniň walýuta ulgamynyň wezipeleriniň biriniň maýalaryň erkin hereketini üpjün etmek bolup durýandygyny berkidýär. Ýamaýka walýuta ulgamyna geçilmegi bilen (1976–1978-nji ýyllar) HPG-niň Tertipnamasyna «erkin ulanylýan walýuta», ýagny dünýä maliýe bazarlarynda halkara

hasaplaşyklarynda we amallarynda giňden ulanylýan walýuta düşünjesi girizilýär. HPG bu topara dollary, markany, iýeni, funt sterlingi we fransuz frankyny degişli edýär, olar SDR-iň walýuta sebedine girýärler (häzirki wagtda marka we frank ýewro bilen çalşyldy we ýuan girizildi).

ABŞ-da dollaryň abraýyny galdyrmak we daşary ýurt maýadarlaryny çekmek maksady bilen maliýe bazarlarynyň ilkinji bolup liberallaşdyrmasy başlaýar. 1974-nji ýyldan ABŞ-da maýalaryň çykarylyşyna gözegçilik edilmegini ýatyrýarlar we ony dollaryň eýeleýän ornunyň ýaramazlaşýan döwründe hem dikeltmeýärler.

Rim ylalaşygy boýunça (1957 ý.) walýuta amallarynyň liberallaşdyrmasy «umumy bazaryň» kadaly işlemegi üçin onuň zerur bolan derejesinde hökmany bolup durýar. GFR XX asyryň 60-njy ýyllarynyň başynda walýuta çäklendirmelerini ýatyrýar. 80-nji ýyllaryň düýpli liberallaşdyrmasy oňa hem täsir edýär.

1939-njy ýylda girizilen Beýik Britaniýadaky walýuta çäklendirmeleri kem-kemden (1958-nji ýylyň ahyryndan), esasan, 1979-njy ýylyň ahyryna çenli ýatyrylýar. 80-nji ýyllarda ösen amerika bäsleşligine jogap edip, «uly Londan böküşi» amala aşyrylýar: daşary ýurt maýalaryny çekmek maksady bilen, maliýe bazarynyň giňden liberallaşdyrylýar.

Fransiýada 1958-1961-nji ýyllarda frankyň bölekleýin konwerirlenmesiniň girizilendigine garamazdan däp bolan halkara maliýe amallarynyň döwlet çäklendirilmegi saklanyp galýar. Olary liberallaşdyrylmagynyň synanşyklary (1967-nji ýylyň başynda – 1970-nji ýylyň ahyrynda) içerki we halkara ýagdaýlar sebäpli şowsuz bolýar. 1981-nji ýylda ýurduň walýuta-ykdysady ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy bilen bagly söwda balansynyň ýetmezçiligini azaltmak we maýalaryň akyp gitmegini saklamak maksady bilen walýuta çäklendirmeleri dikeldilýär, 1983-nji ýylda bolsa walýuta çäklendirmeleri güýçlendirilýär. 1984-nji ýylyň noýabryndan olar kem-kemden peseldilýär. 1989-njy ýylda Fransiýada, Italiýada, Daniýada walýuta päsgelçilikleriniň gowşadylmagyna garamazdan daşary ýurtda bank hasaplarynyň açylmagy üçin çäklendirmeler saklanýar. Ispaniýada, Portugaliýada, Gresiýada, Irlandiýada walýuta çäklendirmeleri girizilýär.

Ykdysadyýetini dikeltmegiň we walýutasyny döretmegiň meýilnamasy (1989 ý.) Ýewropa Bileleşiginde maýalaryň hereketiniň doly liberallaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Fransiýa, Italiýa, Daniýa, Niderlandlar 1990–1992-nji ýyllarda ähli walýuta çäklendirmelerini, Belgiýa we Lýuksemburg iki walýuta kursuny ýatyrýarlar. Ispaniýada walýuta çäklendirmeleri gowşadylýar. Irlandiýada, Portugaliýada, Gresiýada walýutalaryň kursunyň tertibiniň tapgyrlaýyn liberallaşdyrylmagy 1993-nji ýylyň noýabrynda güýje giren ÝB-ni döretmek hakyndaky Masstriht ylalaşygyna laýyklykda 1994-nji ýylda tamamlanýar.

Walýutalaryň konwertirlenmesine geçilmeginiň ýapon tejribesi şertleriň anyk taýýarlanmagy, seresaplylygy we pragmatizmi bilen tapawutlanýar. Uruşdan soňky berk walýuta çäklendirmeleri diňe 1980-nji ýylda kem-kemden ýatyrylýar. Şeýlelikde, walýuta çäklendirmeleri umumy ykdysady we walýuta syýasatynyň düzüm bölegi bolup durýar. Walýutalaryň konwertirlenmesine geçilmegi aglaba ýurtlar walýuta kursunyň çalt aşaklamagyny däl-de, onuň durnuklaşmasyny üpjün edýän usullary ileri tutýar. Gaznanyň Tertipnamasynyň VIII maddasyna goşulýan ýurtlaryň sany kem-kemden giňelýär: 1965-nji ýylda 27, 1978-nji ýylda 46 ýurt (HPG-niň agza ýurtlarynyň $^1/_3$-i), 1985-nji ýylda (aprel) 60 (40%), 1994-nji ýylda (aprel) 88 (49%), 2004-nji ýylda 158 ýurt (85%), şol sanda 1996-njy ýylyň iýunyndan Russiýa Federasiýasy goşulýar. Şunda ösen ýurtlaryň häzirki zaman walýuta syýasatynyň bäsdeşligiň bazar mehanizmine we walýuta gatnaşyklaryny düzgünleşdirmäge ugrukmasy ýüze çykýar. Walýuta liberallaşmasy gözegçilik we hasaba alyş-statistik wezipeler üçin walýuta gözegçiligini saklap galmak bilen utgaşýar.

# III BAP. Türkmenistanda walýuta amallarynyň kadalaşdyrmasy we walýuta ulgamynyň ösüşi. Türkmenistanda walýuta düzgünleşdirmesi barada umumy düşünjeler

## 3.1 Türkmenistanyň walýuta ulgamy, onuň umumy häsiýetnamasy we düzümleri

Ýurduň walýuta gatnaşyklary milli kanunçylykda berkidilen guramaçylyk görnüşli milli walýuta ulgamyny emele getirýär.

**Milli walýutalar** düzgün boýunça ýurduň içerki dolanyşygyna hyzmat etmeklige gönükdirilendir. Şonuň üçin milli walýutany daşary ýurda çykarmak, getirmek hem kesgitlenen düzgünler bilen kadalaşdyrylýar. Mysal üçin, döwlet walýutanyň daşary ýurda çykarylmagyny we getirilmegini islendik möçberlerde rugsat edip biler. Walýutanyň daşary ýurda çykarylmagy köp möçberde ýa-da kadalaşdyryjylara baglylykda çäklendirilen möçberde kesgitlenilip bilner. Şeýle hem daşary ýurda çykarylan walýutany doly ýa-da bölekleýin sarp etmäge rugsat edilýär ýa-da hökman yzyna getirilýär.

Halkara hasaplaşyklarynda satýan, satyn alýan ýurtlaryň milli walýutalary ýa-da üçünji ýurtlaryň walýutalary ulanylyp bilner. Şonuň ýaly-da kliring hasaplaşyklaryndan peýdalanylýar. Her bir döwlet pul ulgamyny öz bähbitlerine uýgunlaşdyryp, pul-karz we walýutany kadalaşdyryjy guramany döredýär. Şeýle gurama bolup, adatça ýurduň Merkezi banky çykyş edýär. Merkezi banklara kagyz pullaryň emissiýasynyň monopoliýa hukugy berilýär. Olar ýurduň tutuş karz ulgamyna ýolbaşçylyk edýärler, pul dolanyşygyny kadalaşdyrýarlar, wagtlaýyn boş pul serişdelerini we täjirçilik banklarynyň hökmany ätiýaçlyk gaznalaryny saklaýarlar. Hökümetiň maliýe borçlaryny ýöredýärler, şeýlelik bilen olar döwletiň pul-karz syýasatyny esasy durmuşa geçirijiler bolýarlar. Merkezi banklar öz hyzmatlaryny täjirçilik banklary we beýleki maliýe-karz guramalary bilen özara

hyzmatdaşlyk esasynda ýerine ýetirýärler. Olar öz gezeginde nagt we nagt däl pul tölegleri we karzyň hereketi bilen baglanyşykly amallary ýerine ýetirýärler.

***Türkmenistanyň walýuta ulgamy*** bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde Ýamaýka walýuta ulgamynyň ýörelgelerine eýermek bilen emele geldi. Türkmenistan 1992-nji ýylda HPG-niň kwotasyna laýyklykda töleglerini töläp, şol Halkara maliýe institutynyň agzasy boldy. Şondan bäri ýokarda agzalan ýörelgeleri doly ýerine ýetirip gelýär.

Türkmenistanyň milli walýuta ulgamynyň esasy bolup, 1993-nji ýylyň 1-nji noýabrynda «Pul birligi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň we Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanynyň esasynda dolanyşyga girizilen manat çykyş edýär. Ol «Türkmenistanyň milli walýutasy» baradaky Kanunyň 1-nji maddasyna laýyklykda **manat** adyny aldy. Şu Kanunyň 3-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinde töleg serişdesi hökmünde manat çykyş edýär. Bu Türkmenistanyň çäklerinde ähli hasaplaşyklar milli pulda amala aşyrylýar diýildigidir. Bu düzgünler «Türkmenistanda walýuta kadalaşdyrylyşy hakyndaky» we «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakyndaky» kanunlarda berkidilendir.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we walýutalara gözegçilik boýunça kanunçylyk binýadynyň we tejribesiniň 1993-nji ýyldan başlap yzygiderli kämilleşdirilendigini görmek bolýar. Daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallary, esasan, TMB-niň düzgünnamalary, hatlary, şeýle hem käbir aýry-aýry ugurlar boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň we TMK-nyň kadalaşdyryjy namalary bilen kadalaşdyryldy.

Türkmenistan Garaşsyz, baky Bitarap döwletdir. Türkmenistan döwleti 1991-nji ýylda Garaşsyzlygyny alan döwri onuň çäginde öňki SSSR-iň döwlet bankynyň pul bellikleri ulanylýardy we nagt, nagt däl hasaplaşyklar hem üýtgemän ulanýardy. Öňki SSSR-e girýän döwletler öz bazarlaryny (rubldan) goramak maksady bilen talonlary, kartoçkalary ulanyp başladylar. Bu ýagdaý biziň ykdysadyýetimize we durmuşymyza oňaýly täsir etmedi.

1993-nji ýylyň iýulynda Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky 1961, 1991-1992-nji ýyllardaky dolanşykda hereket edýän pul bellik-lerini 1993-nji ýylda çykan pul bellikleri bilen çalyşmak hakynda karar çykardy. Bu karar Türkmenistan döwletiniň öz milli pul ulgamyna geçmegine itergi berdi. Sebäbi, Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankyndan dolanyşyga gerek bolan goşmaça pul belliklerini almak şübhelilige getirýärdi. Bu ýüze çykan meseleler Türkmenistan döwletimize öz milli walýutasyny dolanyşyga goýbermäge esas boldy.

1993-nji ýylyň 1-nji noýabry Türkmenistanyň taryhyna belli sene bolup girdi. Sebäbi, şol gün Türkmenistan öz Milli walýutasyny dolanyşyga girizdi. Pul dolanyşygyna kagyz pullar (manatlar) we şaýlyklar (teňňeler) – polatdan ýasalan we mis çaýylan-1;5 we 10 teňňe, nikel çaýylan-20 we 50 teňňe girizildi. Teňňeleriň dolanyşyga girizilmeginiň maksady bölek söwdany pul serişdeleri bilen üpjün etmekdir. Garaşsyz Türkmenistanyň ilkinji şaýlyklary Beýik Britaniýanyň şasynyň zikgehanasynda ýasaldy. Türkmenistan öz milli pullaryny girizmeklik bilen döwletiň maliýe, karz-pul syýasatynda düýpli özgerişlikleriň geçirilmegine, dolandyryşyň ykdysady usullaryna tarap aýgytly öwrülişik edilmegine, bazar gatnaşyklarynyň doly kemala gelmegine ýol açdy. 1993-nji ýylda Türkmenistanda pul reformasy geçirildi. 1994-nji ýylda Türkmenistan altyn şaýlyk puluny çykardy. Bellenen bahasy 1000 manat bolan bu şaýlyk Türkmenistanyň Döwlet Tugunyň baýramçylygyna bagyşlanyp çykaryldy. 1994-nji ýylda ýene bir altyn şaýlyk dolanyşyga girizildi (917 probaly, agramy 7,99 gram, bellenen gymmaty 1000 manat). Ol Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 3 ýyllygyna bagyşlanandyr. 1996-njy ýylda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 5 ýyllygyna bagyşlanyp, edil şonuň ýaly şaýlyk çykaryldy, ýöne onuň ýüzünde 5 sany ýyldyz we Aý şekillendirilipdi. 1996-njy ýylyň aýagynda Türkmenistanda 6 sany, bellenen bahasy 500 manatlyk, kümşüň 925 probasyndan ýasalan, agramy 28,28 gram bolan 6 sany şaýlyk çykaryldy.

Eýýäm 1993-nji ýylda TMB tarapyndan Türkmenistanyň çäginde daşary walýutalarynda hasaplaşyklary geçirmegiň düzgünleri, daşary ýurt walýutalarynda söwda däl amallaryň ýerine ýetiriliş tertibi, edara görnüşli we şahsy taraplaryň daşary ýurtlardaky hasaplaryny bellige

almagyň tertibi, walýuta biržasynyň işiniň tertibi, eksport boýunça walýuta gözegçiligi bilen bagly namalar işlenip düzüldi we tassyklanyldy. 1994-nji ýylda eksport girdejisini hökmany satmagyň tertibi, Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt walýutalaryna harytlary we hyzmatlary ýerlemegiň tertibi, nagt daşary ýurt walýutalaryny satmagyň tertibi, halkara hasaplaşyklaryny ulanmagyň tertibi bilen bagly namalar kabul edildi. Görnüşi ýaly, milli walýutanyň dolanyşyga girizilen ilkinji ýyllaryndan Türkmenistanda daşary ykdysady gatnaşyklarda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta amallaryna gözegçilik syýasatynyň işjeňleşendigini görmek bolýar.

Bellenen çäreler, esasan, gündelik amallary düzgünleşdirmäge, maýanyň halkara (esasan, ýurtdan daşary) hereketini bolsa çäklendirmäge gönükdirilendir. Bu ýagdaý, esasan, 2008-nji ýyla çenli, ýagny manadyň daşary ýurt walýutasyna gatnaşykda ýeke-täk hümmetiniň girizilmegine we alyş-çalyş amallarynyň belli derejede erkinleşdirilmegine çenli dowam etdi. Gündelik walýuta amallarynda çäklendirmeler, esasan, milli walýutany daşary ýurt walýutasyna çalyşmak, dürli walýuta alyş-çalyş hümmetleriniň hereket etmegi, resmi hümmet boýunça alyş-çalyş amallarynyň, banklaryň halkara işiniň çäklendirilmegi ýaly ýagdaýlar bilen häsiýetlendirildi. Bu bolsa öz gezeginde daşary ykdysady gatnaşyklarynda nagt däl walýuta amallarynyň ýerine nagt we beýleki görnüşlerdäki hasaplaşyklara bolan meýilleriň saklanyp galmagyna täsir etdi.

Türkmenistanda Daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we walýuta gözegçiligi boýunça möhüm özgertmelere badalga berlen sene hökmünde 2008-nji ýyly görkezmek bolar. Bu seneden soňra ýurdumyzda milli walýutanyň daşary ýurt walýutalaryna gatnaşykda ýeke-täk hümmeti girizildi, daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallary, şol sanda pul alyş-çalyş amallary ep-esli derejede erkinleşdirildi. Banklaryň alyş-çalyş nokatlary gaýtadan açyldy we resmi hümmet boýunça (aratapawut girdejileri hem göz öňünde tutmak bilen) pul alyş-çalyş amallary ýola goýuldy. Bankara walýuta bazary özgerdilip guraldy we TBWB gündelik tertipde işlemäge başlady. Täjirçilik banklarynyň halkara amallary

erkinleşdi (birinji derejeli daşary ýurt banklarynda hasaplary açmaga ygtyýar berildi).

2011-nji ýylda bolsa 1993-nji ýylda kabul edilen «Walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň kanuny ýatyrylyp, onuň ýerine «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Şondan soňra bu täze kabul edilen kanunyň esasynda, ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyryjy birnäçe hukuknamalarynyň giň toplumy kabul edildi.

Türkmenistanyň araçäginde tölegler nagt we nagt däl görnüşlerinde ýerine ýetirilýär. Nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri Merkezi bank tarapyndan kanun esasynda bellenilýär. Merkezi bank töleg resminamalarynyň şekillerini tassyklaýar. Ol kagyz pullaryň we bölek teňňeleriň ätiýaçlyk gaznalaryny döredýär. Şeýle hem pullaryň oňat saklanylyşyna, äkidilip-getirilişine, nagt pullaryň inkassasyna ýardam edýär. Pul bellikleriniň tölege ukyplylygyny tassyklaýar we ýyrtyk pullary täze pullara çalyşýar. Pul dolanyşygy öz içine nagt pullaryň jemini, bank hasapnamalardaky we depozitlerdäki pul serişdelerini (nagt däl pullary) alýar. Türkmenistanyň pullarynyň möçberinde nagt pullaryň paýy 2014-nji ýylyň birinji çärýeginde geçen ýylyň degişli döwründäkiden 8,8% azaldy. Puluň banklaryň pulhanalaryna gaýtarylmagynyň ýollary hemmelere mälim bolup, ol söwdadan gelen pullaryň banklara yzygiderli tabşyrylmagy we raýatlaryň süýşürintgi goýumlarynyň artmagyndan ybaratdyr. Ilatyň ýurdumyzyň banklaryndaky goýumy, şol sanda daşary ýurt walýutasyndaky goýumlary 2014-nji ýylyň ýylyň maglumatlaryna görä 31,5% artdy. Ilatyň süýşürintgileriniň esasy bölegi (80,7%-i) döwlet täjirçilik banklarynda jemlenildi.

2014-nji ýylda türkmen manadynyň hümmeti Türkmenistanyň Merkezi banky tarapynan bellenilen derejede saklanyldy. Manadyň hümmetsizlenmek derejesiniň pes bolmagy onuň ýerli haryt üpjünçiliginiň ýokarlanmagy, banklar tarapyndan geçirilýän çäreleriň özüniň oňyn netijesini berýänligi bilen düşündirilýär.

Ýurtda hereket edýän milli pul birliginiň durnukly häsiýete eýe bolmagy býujet meýilnamalaryny üstünlikli amal etmäge, telekeçiligi

ösdürmäge, daşary ýurtlardan uly möçberli uzak möhlete niýetlenen maýa goýumlary çekmäge, dünýä döwletleri bilen amatly söwda-ykdysady gatnaşyklary ýola goýmaga giň mümkinçilikleri döredýär.

Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 100-den gowrak döwleti bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barýar. 2014-nji ýylda 2013-nji ýyla garanyňda, daşary söwda dolanyşygynyň möçberi 104,6 göterime deň boldy. Biziň döwletimiziň daşary söwda dolanyşygy oňyn häsiýete eýedir, ýagny eksportymyz importdan ýokarydyr. Şu ýerde bir zady bellemek gerek. Ol hem eksportyň düzüminde taýýar önümleriň yzygiderli artmagy, importyň düzüminde bolsa tehnologik enjamlaryň agramly bölegi eýelemegidir.

Eksportyň importdan artykmaç gelmegi ýurduň merkezi altyn-walýuta ätiýaçlyk gaznasyna gelýän erkin ýörgünli puluň köpelmegine, döwletiň ykdysady taýdan has hem kuwwatlanmagyna oňaýly täsir edýär.

Türkmenistanyň walýuta ulgamy ýapyk, pul ulgamyna, bazar ykdysadyýetine geçirilen ulgama degişlidir.

Walýuta bazarynyň hereket etmek tertibi, oňa gatnaşyjylaryň düzümi (bankara walýuta biržasy, täjirçilik banklary, araçy-brokerler) we walýuta amallarynyň düzgüni kanun taýdan berkidilendir. Walýuta kadalaşdyrmasyny amala aşyrýan guramalaryň derejesi kesgitlenen. Walýuta gatnaşyklary töleg balansynda görkezilýän halkara ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklara hyzmat edýär.

## 3.2. Türkmenistanda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak barada düşünje

Daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak, gözegçilik etmek ykdysadyýeti döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň möhüm düzümi bolup, döwletiň daşary ykdysady gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we walýuta kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek bilen bagly alyp barýan işiniň jemidir.

Daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallaryny kadalaşdyrmaga döwletiň monetar syýasatynyň hem möhüm düzümi hökmünde seredilýär. Ýewropa ykdysatçylary daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta syýasatyna pul hümmetiniň düzgünini saýlap almagy we oraşdyrmagy, ýurduň halkara tölegleri, maýanyň halkara hereketini düzgünleşdirmegi, halkara maliýe-walýuta guramalaryna gatnaşmagy, döwletiň töleg balansynyň deňagramlylygyny üpjün etmek üçin walýuta amallaryna gözegçiligi aňladýar diýip belleýärler.

Häzirki wagtda döwletlerde tejribeden belli bolşy ýaly, daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallaryny kadalaşdyrmagyň we oňa gözegçilik etmegiň birnäçe usullary we gurallary ulanylýar *(1-nji şekil)*.




**1-nji şekil. Walýuta amallaryny kadalaşdyrmagyň gurallary**

Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we olara gözegçilik, esasan, bir-biri bilen baglanyşykly bolan şu aşakdaky maksatlardan ybaratdyr:

– döwletiň altyn – walýuta ätiýaçlyklarynyň möçberiniň aşa kemelmeginiň öňüni almak;

– milli walýutanyň kursunyň durnuklylygyny üpjün etmek;

– döwletiň töleg balansynyň deňagramlylygyny saklamak.

Daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak syýasaty milli derejede döwlet edaralary (ilkinji nobatda Merkezi banklar), halkara derejesinde bolsa HPG tarapyndan alnyp barylýar. HPG-niň walýuta amallarynyň kadalaşdyrmasyna, esasan, walýuta kursunyň ýagdaýlaryna we walýuta bazarynyň kadalaşdyrmasyna, gündelik amallarda (eksport-import we görünmeýän amallar boýunça halkara tölegler we geçirimler) walýuta gözegçiligi hem-de maýalaryň halkara hereketine gözegçiligi degişli edýär.

Walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we olara gözegçilik etmek babatda döwlet syýasatynyň ýörelgeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– walýuta amallaryny kadalaşdyrmak babatda döwlet syýasaty amala aşyrylanda bazar mehanizmleriniň ulanylmagy;

– walýuta amallary ýerine ýetirilende dahyllylaryň we dahylsyzlaryň hukuklaryny we ykdysady bähbitlerini goramak;

– walýuta amallaryny kadalaşdyrmagyň we olara gözegçilik etmegiň ulgamynyň bitewüligi;

– walýutalara gözegçilik edýän edaralaryň dahyllylaryň we dahylsyzlaryň pul amallaryna esassyz goşulmaklaryna ýol berilmezligi.

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we Türkmenistanyň Merkezi banky walýuta amallaryny kadalaşdyryjy edaralar bolup durýar.

**Türkmenistanyň Ministrler Kabineti:**

– walýuta amallarynyň kadalaşdyrylmagy babatda döwlet syýasatyny kesgitleýär;

– walýuta amallarynyň kadalaşdyrylmagy babatda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuknamalaryny çykarýar;

– walýuta amallarynyň kadalaşdyrylmagy babatda başga wezipeleri amala aşyrýar.

**Türkmenistanyň Merkezi banky:**

a) walýuta gymmatlyklary bilen bank amallaryny we geleşikleri geçirmäge ygtyýarly karz edaralarynyň bank işiniň ygtyýarlylandyrylmagyny amala aşyrýar;

b) Türkmenistanyň çäginde walýuta gymmatlyklarynyň dolanyşygynyň, şol sanda dahyllylar we dahylsyzlar tarapyndan walýuta amallaryny geçirmegiň tertibini kesgitleýär;

ç) öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde walýutany kadalaşdyrmak babatda dahyllylaryň we dahylsyzlaryň ýerine ýetirmegi üçin hökmany bolan, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuknamalaryny kabul edýär;

d) milli pula gatnaşykda daşary ýurt walýutalarynyň resmi hümmetlerini belleýär;

e) walýuta amallary boýunça hasaba almagyň we hasabatlylygyň görnüşlerini, olaryň dahyllylar we dahylsyzlar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmany bolan tertibini we möhletlerini belleýär;

ä) Türkmenistanyň töleg balansyny düzmek maksady bilen, dahyllylar we dahylsyzlar tarapyndan geçirilýän walýuta amallary boýunça maglumatlaryň berliş tertibini belleýär;

f) walýuta amallaryny kadalaşdyrmak babatda başga wezipeleri amala aşyrýar.

Eger walýuta kadalaşdyryjy edaralar tarapyndan Türkmenistanyň pul kanunçylygyna laýyklykda walýuta amallaryny geçirmegiň we hasaplary (goýumlary) ulanmagyň tertibi bellenilmedik bolsa, dahyllylar we dahylsyzlar walýuta amallaryny geçirmäge, hasaplary (goýumlary) açmaga hem-de hasaplar (goýumlar) boýunça amallary çäklendirilmezden amala aşyrmaga haklydyrlar.

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we Türkmenistanyň Merkezi banky «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakyndaky» Kanun arkaly kadalaşdyrylýan walýuta amallarynyň ähli görnüşlerini çäklendirilmezden amala aşyrýarlar.

Walýuta kadalaşdyrmalarynyň esasy usullaryna şu aşakdakylar degişlidir:

1) walýuta gymmatlyklary bilen geçirilýän bank amallarynyň ygtyýarlylandyrylmagy;

2) walýuta amallarynyň, hasaplarynyň (goýumlarynyň) bellige alynmagy;

3) walýuta amallary, hasaplar (goýumlar) hakynda ýazmaça habarly etmek.

Walýuta amallaryny kadalaşdyrmak düşünjeleri aşakdakylary aňladýar:

– walýuta gymmatlyklary;

– daşary ýurt walýutasy;

– gymmat baha kagyzlar – töleg resminamalary (çekler, wekseller, akkreditiwler we başg.) hem-de daşary ýurt walýutasyndaky gazna gymmatlyklary (aksiýalar, obligasiýalar we başg.);

– islendik görnüşdäki we ýagdaýdaky gymmat baha metallar – altyn, kümüş, platina we platina toparyna girýän metallar (palladiý, iridiý, radiý, ruteniý we osmiý), ýöne şol metallardan ýasalan zergärlik önümleri we durmuşda ulanylýan önümler hem-de şol önümleriň döwük-ýenjikeri muňa girmeýär.

1993-2011-nji ýyllar aralygynda hereket eden «Walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň kanunynda gymmatbaha metallar we gymmatbaha daşlar «walýuta gymmatlyklary» düşünjesiniň sanawyna girizilipdi. Emma, bu kanunyň ýerine 2011-nji ýylda kabul edilen «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň kanuny gymmatbaha metallary we gymmatbaha daşlary «walýuta gymmatlyklary» düşünjesine ýa-da olar bilen amallary «walýuta amallary» düşünjesine degişli etmeýär.

Türkmenistanyň walýuta kanunçylygynda altyn (affinirlenen guýma altyn) diňe Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň sanawynda bellenilip geçilýär. Şeýle hem, gymmatbaha metallaryň beýleki görnüşleriniň (kümüş, platina, platrina toparyna girýän metallar: palladiý, iridiý, radiý, ruteniý we osmiý) we gymmatbaha daşlar (almazlar, brilliantlar, rubinler, zümerretler, sapfirler, dürler) walýuta

gymmatlyklarynyň, şeýle hem halkara ätiýaçlyklaryň sanawynda görkezilmeýär.

Şol sebäpli-de, gymmatbaha metallardan diňe altyn döwletiň halkara ätiýaçlyklarynyň sanawynda bellenilýän-de bolsa, gymmat baha metallar ýa-da gymmat baha daşlar bilen amallar walýuta kanunçylygy bilen kadalaşdyrylmaýar.

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 20-nji dekabryndaky «Bank işini hem-de gymmat bahaly metallar we gymmatbaha daşlar bilen baglanyşykly işi ygtyýarlandyrmak hakyndaky düzgünnamany tassyklamak barada» 13380 belgili Kararyna laýyklykda, gymmatbaha metallar (islendik ýagdaýdaky görnüşde) we gymmatbaha daşlar (çig we işlenen görnüşde) bilen baglanyşykly işi ygtyýarlandyrmak TMB-niň üstüne ýüklenendir.

«Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda TMB-niň halkara ätiýaçlyklary dolandyrmak boýunça amallarynyň sanawynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde gymmatbaha metallary we gaýry walýuta gymmatlyklaryny Türkmenistana getirmäge, şeýle hem daşary ýurt banklaryndaky we ýöriteleşdirilen maliýe guramalaryndaky öz hasaplaryna ýerleşdirmek üçin olary daşary ýurtlara äkitmäge haklydygy bellenilýär. Görnüşi ýaly, bu kanunda bellenilýän manysy boýunça gymmat bahaly metallar walýuta gymmatlyklaryna degişli edilýär.

«Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasynda şahsy we edara görnüşli taraplaryň bank hasaplaryny, şol sanda gymmat bahaly metallardaky hasaplaryny açmak we ýöretmek, gymmat bahaly metallary goýumlara (depositlere) çekmek we ýerleşdirmek bank amallaryna degişli edilýär. Şeýle hem, karz edaralaryna Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda gymmat bahaly metallary we gymmat bahaly daşlary satyn almak-satmak amallaryny (geleşiklerini) amala aşyrmaga hukuk berilýär. Görnüşi ýaly, bu kanunda hem gymmatbaha metallar we gymmatbaha daşlar bilen amallar bank işiniň görnüşi hökmünde bellenilip, onuň halkara amallarda ulanylmak mümkinçiligi görünýär.

«Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda, «walýuta gymmatlyklary» düşünjesi şulary öz içine alýar:

a) milli walýuta, özleri bilen dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasyndaky, şeýle hem dahylsyzlaryň arasyndaky amallar ýerine ýetirilen ýagdaýynda bellenilen gymmaty milli walýutada aňladylan gymmat bahaly kagyzlar we töleg resminamalary;

b) daşary ýurt walýutalary;

ç) daşary ýurt walýutalaryndaky gymmatbaha kagyzlar (paýnamalar, obligasiýalar we beýlekiler), şeýle hem töleg resminamalary (wekseller, çekler, akkretiwler we beýlekiler).

Türkmenistanyň walýutasyna Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bank biletleri we şaýlary görnüşinde dolanyşykdaky manatlar, şeýle hem dolanyşykdan aýrylan ýa-da aýrylýan, ýöne dolanyşykda hereket edýän pul belgileri bilen çalşylmaga degişli bolan daşary ýurt pul belgileri; daşary ýurt döwletleriniň hasapnamalarynda durýan pul birlikleri görnüşindäki serişdeleri we halkara pul ýa-da hasaplaşyk birlikleri görnüşindäki serişdeleri degişlidir.

**Walýuta amallary:**

– eýeçilik hukugynyň walýuta gymmatlyklaryna geçmegi bilen;

– töleg serişdesi hökmünde daşary ýurt walýutasyny hem-de daşary ýurt walýutasyndaky töleg resminamalaryny ulanmak bilen;

– daşary ýurtlardan Türkmenistana walýuta gymmatlyklaryny getirmek we ibermek hem-de Türkmenistandan daşary ýurtlara walýuta gymmatlyklaryny äkitmek we ibermek, şeýle hem halkara walýutalary ibermegi amala aşyrmak bilen baglanyşykly geçirilýän amallar.

Walýuta amallary gündelik amallara we maýanyň hereket etmegi bilen baglanyşykly amallara bölünýär.

**Gündelik walýuta amallary:**

– walýuta gymmatlyklaryny, harytlary we hyzmatlary satmak– – satyn almak bilen baglanyşykly amallar;

– daşary ýurtlara we daşary ýurtlardan göterim haklary, diwidendlerinden we bank goýumlaryndan, karzlardan maýa goýumlaryndan hem-de gaýry maliýe amallaryndan alnan beýleki girdejileri ibermek, walýuta amallaryny geçirmek;

– söwda häsiýetinde bolmadyk serişdeleri ibermek, şol sanda iş hakyny, pensiýalary, alimentleri, mirasy ibermek, walýutalary geçirmek hem-de şolar ýaly beýleki amallar.

Maýanyň hereket etmegi bilen baglanyşykly walýuta amallary:

– maýa goýumlary, şol sanda gymmat bahaly kagyzlary satyn almak we satmak;

– karz bermek we almak;

– hasapnamalara hem-de goýumlara serişdeleri çekmek we ýerleşdirmek;

– nagt serişdeleriň we gymmat bahaly kagyzlaryň serhetden islendik görnüşde geçirilmegi bilen baglanyşykly amallar.

*Nagt serişdeler* banknotlar, gazna biletleri, ýol çekleri hem-de şoňa meňzeş gaýry töleg serişdeleri görnüşindäki töleg serişdeleridir.

*Nagt däl serişdeler* müşderileriň banklaryndaky hasaplaşyk, gündelik, depozit hasapnamalaryndaky serişdeleridir.

*Ygtyýarly edilen banklar* – walýuta amallaryny geçirmek üçin Merkezi bankyň ygtyýarnamasyny alan banklar. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täjirçilik banklaryna ygtyýarnama bermäge haky bardyr.

Walýutalaryň alyş-çalyş hümmetini ( resmi walýuta kurslaryny) kesgitlemegiň tertibini Türkmenistanyň Merkezi banky belleýär. Bellenen tertibe laýyklykda kesgitlenen alyş-çalyş hümmeti Türkmenistanda geçirilýän ähli walýuta amallarynda ulanylýar.

Türkmenistanda ähli walýuta amallary ygtyýarly edilen banklaryň üsti bilen amala aşyrylýar.Ygtyýarly edilen her bir bank öz müşderileri bilen özüniň dellallyk etmeginde (araçyl bolmagynda) geçirýän alyş-çalyş amallarynyň kanunylygyny üpjün edýär.

Ygtyýarly edilen bank Türkmenistanda we daşary ýurtda Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde, walýutany

erkin satyn alyp we satyp bilýär. Türkmenistanyň çäginde ýeke-täk kanuny töleg serişdesi manatdyr.

Nagt serişdeleri getirmek ýa-da äkitmek işi gümrükhana arkaly ýurduň çägine girizilende ýa-da çykarylanda deklarirlenmelidir. Türkmenistanyň ygtyýarly edilen banklarynda satyn alnan, şeýle hem ýurda getirilende deklarirlenen daşary ýurt walýutasy çäklendirilmedik möçberde äkidilýär. Daşary ýurt walýutasyndaky nagt serişdeler getirilmegi çäklendirilmeýär.

Türkmenistanyň walýuta gymmatlyklaryny we milli walýutasyny getirmegiň hem-de äkitmegiň şertleri hem tertibi «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakyndaky» Türkmenistanyň kanuny esasynda kesgitlenýär. Walýuta gymmatlyklarynyň Türkmenistana getirilmeginiň we Türkmenistandan alnyp gidilmeginiň gümrük taýdan resmileşdirilmegi Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda bellenilen tertibinde amala aşyrylýar.

«Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň 18-nji maddasynda laýyklykda nagt pul serişdeleriniň daşary ýurtda hereketiniň tertibi bellenilýär. Şahsy taraplar tarapyndan erkin konwentirlenýän walýutalaryň çäginden (kegitlenen möçberden) ýokary geçmeýän nagt walýutalaryň birwagtlaýyn getirilmegi we Türkmenistandan alnyp gidilmegi gümrük edarasynda deklarirlenmäge degişli däldir. Şahsy tarapyň öz haýyşy boýunça bu walýuta amallary gümrük edarasynda deklarirlenip bilner. Bu çäkden geçýän milli we (ýa-da) daşary ýurt nagt walýutasy bolsa deklarirlenmäge degişlidir.

Şeýle hem, öň daşary ýurtdan getirilmedik ýa-da ýurda gelnende getirilmedik, şeýle hem getirilen, ýöne deklarirlenmedik, möçberi umumy jemini alanyňda walýutalaryň resmi hümmeti boýunça erkin konwentirlenýän walýutalaryň çäginden ýokary geçýän nagt walýutalaryň şahsy taraplar tarapyndan Türkmenistandan birwagtlaýyn alnyp gidilmegi gadagan edilendir.

Şeýle hem ygtyýarly karz edaralaryndan başga edara görnüşli taraplara milli we daşary ýurt nagt walýutalarynyň Türkmenistana getirilmegi we Türkmenistandan alnyp gidilmegi gadagan edilýär.

Gymmat bahaly kagyzlaryň Türkmenistana getirilmegi we Türkmenistandan alnyp gidilmegi deklarirlenmäge degişli däldir we çäklendirilmesiz amala aşyrylýar.

Görnüşi ýaly, şahsy taraplar üçin Türkmenistana nagt walýutalaryň getirilmegi möçber taýdan çäklendirilmeýär, emma Türkmenistandan alnyp gidilmegi bolsa belli bir möçber bilen çäklendirilýär. Karz edaralaryndan başga edara görnüşli taraplaryň bolsa nagt walýuta gymmatlyklaryny Türkmenistana getirmegi we Türkmenistandan alyp gitmekleri gadagandyr.

Nagt walýutalaryň hereketine girizilýän şunuň ýaly çäklendirmeler HPG-niň sanawynda diňe gündelik amallara gözegçiligiň sanawynda bellenilse-de, Türkmenistanda bu çäklendirmeleriň iki maksadyny bellemek bolar:

– maýanyň daşary akymynyň öňüni almak;

– gündelik walýuta amallarynda (import we beýlekiler) nagt walýutalar bilen hasaplaşyklary çäklendirmek we nagt däl hasaplaşyklary giňeltmek.

Ýokarda bellenilip geçilen çäklendirmeleriň esasy görnüşleri «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň kanunyna 2014-nji ýylyň 1-nji martynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen bellenildi. Munuň özi nagt walýuta amallaryny çäklendirmek we nagt däl walýuta amallaryny höweslendirmek boýunça toplumlaýyn çäreleriň çäginde amala aşyryldy.

Görnüşi ýaly, nagt walýuta gymmatlyklarynyň halkara hereketine çäklendirmeler Türkmenistanda gündelik walýuta amallaryna-da täsirini ýetirýär. Emma ol gündelik walýuta amallarynyň diňe nagt görnüşini çäklendirmekligi maksat edinip, gündelik walýuta amallaryny umumy çäklendirmekligi maksat edinmeýär

Dahyllylaryň milli we daşary ýurt walýutalaryny öz ýurduna gaýtarmagy «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakyndaky» Türkmenistanyň kanuna laýyklykda aşakdaky tertipde amala aşyrylýar:

– eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, dahylsyzlar bilen daşary söwda geleşikleri boýun-

ça dahyllylara geçirilmeli milli we daşary ýurt pullary dahyllylaryň ygtyýarly karz edaralaryndaky hasaplaryna geçirilmäge öz ýurduna gaýtarylmaga degişlidir.

– dahylsyzlar bilen baglaşylýan daşary söwda geleşikleriniň şertlerinde göz öňünde tutulan möhletlerde dahyllylar şu aşakdakylary üpjün etmäge borçludyrlar:

1) eksport geleşiginiň şertlerine laýyklykda dahylla geçirilmeli milli ýa-da daşary ýurt pulunyň dahylsyzdan alynmagyny;

2) dahylsyz öz borçlaryny ýerine ýetirmedik we (ýa-da) doly ýerine ýetirmedik halatynda, dahylly tarapyndan import geleşigi boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin dahylsyzyň haýryna geçirilen milli we daşary ýurt pulunyň öz ýurduna gaýtarylmagyny.

– dahyllylaryň şu aşakdaky ýagdaýlarda ygtyýarly karz edaralaryndaky öz hasaplaryna milli we daşary ýurt puluny geçirmezlige haky bardyr:

– dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasyndaky borçnamalar boýunça garşylyklaýyn hasaplaşyklar geçirilen halatlarynda;

– Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga halatlarda.

– eksport we import geleşikleri boýunça hasaplaşyklar amala aşyrylanda dahyllylaryň ygtyýarly karz edaralaryndaky hasabyna gelip gowuşmadyk milli we daşary ýurt pulunyň möçberleri boýunça, şu Kanuna laýyklykda dahyllynyň haýryna serişdeleri geçirmek boýunça borçnama şu aşakdaky ýagdaýlarda bölekleýin ýa-da dolulygyna ýerine ýetirilen diýlip hasaplanylýar:

– garşylyklaýyn birmeňzeş talaplaryň hasaplaşygy bilen dahylsyzyň borçlary tamamlananda;

– şol bir taraplaryň arasynda başga zat ýa-da usul bilen ýerine ýetirilmegi göz öňünde tutulýan, ozal bar bolan ilkibaşky borçlaryň beýleki borçlara çalşylmagy bilen dahylsyzyň borçlary tamamlananda;

– dahylsyzdan talap etmek hukugy başga şahsa geçirilende;

– dahylsyz tarapyndan borçnamalaryň ýerine ýetirilmezliginiň töwekgelliginiň ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaç-

landyrma halaty ýüze çykan mahalynda ätiýaçlandyryş tölegi alnanda;

– dahyllylar tarapyndan serişdeleri öz ýurduna gaýtarmak talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen, dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda pul şertnamasynyň her biriniň möçberi erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçýän eksport we import pul geleşikleri boýunça özara hasaplaşyklar, geleşigiň pasportynyň resmileşdirilmegi bilen amala aşyrylanda.

Şu ýagdaýda pul şertnamasynyň möçberi eksport edijiniň we import edijiniň şertnama baglaşan senesine pul şertnamasynyň möçberi erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçmeýän eksport we import geleşikleri boýunça geleşigiň pasporty resmileşdirilmeýär.

Dahyllylar baglaşylýan eksport we import geleşiklerinde dahylsyzlar tarapyndan borçlaryň ýerine ýetirilmeginiň anyk möhletlerini görkezmäge borçludyrlar.

Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň ýeterlik derejesini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Merkezi bankynda Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk gory döredilýär. Dahyllylar-eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplar (olaryň şahamçalary, wekilhanalary) özleriniň alan daşary ýurt pullarynyň möçberinden Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk goruna geçirimleri geçirýärler. Dahyllylaryň-eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplaryň (olaryň şahamçalarynyň, wekilhanalarynyň) sanawy we Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk goruna geçirimleriň möçberleri Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýär.

Pul düşewündinden Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk goruna geçirilýän geçirimiň möçberi, baglaşylan geleşikler boýunça dahyllylara geçirilmäge degişli, ygtyýarly we daşary ýurt banklaryndaky hasaplaryna gelýän daşary ýurt pullaryny, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýän beýleki gelýän daşary ýurt pullaryny öz içine alýar. Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk goruna geçirimler dahyllynyň özbaşdak ýa-da şertnama boýunça ygtyýarly karz edarasy tarapyndan daşary ýurt pulunda gelen serişdeleriň resminamalary doldurylan gününden soň

bankyň bäş günden gijä galman ýerine ýetirmeli gümansyz borçnamasydyr.

Dahyllylar eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplary Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk goruna geçirimlerden soň öz ygtyýarynda galýan pul düşewündiniň bir bölegini walýuta interwensiýasyny amala aşyrmagyň maksatlary üçin Türkmenistanyň Merkezi bankyna satýarlar. Pul düşewündiniň bir bölegini hökmany satmagyň möçberleri Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýär. Pul düşewündini hökmany satmagyň möçberi baglaşylan geleşikler boýunça dahyllylara düşýän, ygtyýarly we daşary ýurt banklarynyň hasaplaryna daşary ýurt pulundaky gelen pullary öz içine alýar, muňa şu aşakdakylar degişli däldir:

1. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, ol tarapyndan ygtyýarlylyk berlen ýerine ýetiriji hökümet edaralarynyň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde amala aşyrýan amallaryndan we geleşiklerinden alýan daşary ýurt pullarynyň möçberi;

2. Ygtyýarly banklaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýan bank amallaryndan we başga geleşiklerden alýan daşary ýurt pullarynyň möçberi;

3. Dahyllylaryň, dahylsyzlar daşary ýurt döwletleriniň hökümetleriniň agentleri bolup durýan guramalar bilen ssuda şertnamalary, zaýom şertnamalary we bank karzy şertnamalary boýunça borçlaryny ýerine ýetirmegi üçin zerur bolan möçberleriň çäklerindäki dahyllylaryň pul düşewüntleri;

4. Dahyllylaryň pul düşewündiniň umumy möçberi onuň bir böleginiň hökmany satylmazyndan öň özleri bilen hasaplaşyklar daşary ýurt pulunda amala aşyrylýan degişli geleşikleriň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly çykdajylara we başga töleglere kemeldilmäge degişlidir. Olara şu aşakdakylar degişlidir:

1) ýükleriň daşalmagy, ugradylmagy bilen bagly talaplar we ätiýaçlandyrylmagy;

2) alnyp gidilýän ýükler üçin gümrük paçlarynyň, şeýle hem gümrük ýygymlarynyň tölegleri;

3) karz edaralaryna komission hak-heşdekleriniň tölegleri;

4) daşary ýurt syýahatçylyk kärhanalaryna syýahatçylyk hyzmatlaryny edeni üçin düşýän pullaryň möçberi;

5) sanawy Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen kesgitlenilýän amallar boýunça başga çykdajylar we tölegler.

5. Pul düşewündiniň bir böleginiň hökmany satylmagy dahyllylaryň özbaşdak ýa-da ygtyýarly karz edarasy tarapyndan şertnama boýunça daşary ýurt pulunda gelýän serişdeleriň resminamalary doldurylan gününden bank bäş günden gijä galman ýerine ýetirmäge borçludyr;

6. Dahyllylaryň pul düşewündiniň bir böleginiň hökmany satylmagy, satylýan gününde Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen puluň resmi hümmeti boýunça amala aşyrylýar.

Dahylsyzlaryň walýuta gymmatlyklaryny alyp gitmäge bolan hukugy şu aşakdakylardyr:

1) ozal Türkmenistanyň çägine getirilen walýuta gymmatlyklaryny alyp gitmäge;

2) dahyllylar bilen hasaplar (goýumlar), depozitler, zaýomlar, bank karzlary, gymmatly kagyzlar hem-de maýanyň hereketiniň başga walýuta amallary boýunça alnan diwidendleri, hak-heşdekleri we gaýry girdejileri almaga we geçirmäge;

3) dahyllylar bilen amala aşyrylýan walýuta amallary boýunça girdejileriň çykdajylardan ýokary geçýän möçberini geçirmäge.

Dahylsyzlaryň walýuta serişdeleriniň geçirimleri walýuta şertnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar. Walýuta şertnamasynyň ýa-da onda degişli düzgünler bolmadyk halatynda, walýuta geçirimleri milli walýutada ýa-da alyş-çalyş amallarynyň düzgünlerine laýyklykda, walýuta geçiriminiň amala aşyrylýan senesinde ulanylýan bazar hümmeti boýunça islendik beýleki daşary ýurt walýutasynda amala aşyrylýar. Pul şertnamasyna laýyklykda, dahylsyzyň walýuta serişdeleri onuň öz adyna açylan bank hasaplaryna (goýumlaryna) geçirilýär.

Walýuta serişdeleriniň üçünji taraplaryň, walýuta şertnamasynyň bir tarapy bolup durmaýan şahsy, şonuň ýaly-da edara görnüşli

taraplaryň bank hasaplaryna (goýumlaryna) geçirilmegine ýol berilmeýär. Görkezilenler geçirilýän (transferabel) güwälendiriş hasaplaryň açylmagyny göz öňünde tutýan walýuta şertnamalaryna degişli däldir.

Her bir dahyllylaryň Türkmenistanyň walýutasyny Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde, gündelik amallaryň möhleti gelip ýetdigiçe şol amallary geçirmek üçin hiç bir hili çäklendirilmezden ýa-da esassyz ýerden bökdelmezden daşary ýurt walýutasyna çalyşmaga (konwertirlemäge) haky bardyr.

Dahyllylaryň ygtyýarly edilen banklaryň üsti bilen gündelik walýuta amallaryny hiç bir hili çäklendirilmezden Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen tertibe laýyklykda geçirmäge haky bardyr.

Söwda häsiýeti bolmadyk gündelik amallar netijesinde daşary ýurt walýutasyny alan hem-de ony Türkmenistanyň banklaryndaky goýumlarda saklaýan dahyllylaryň, şahsy taraplaryň çäklendirilmedik möçberde we esassyz ýerden bökdelmezden Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde maýanyň hereket etmegi bilen baglanyşykly amallary geçirmäge haky bardyr.

Dahylsyzlaryň Türkmenistanyň çägine öň getirilen we gümrük hakyndaky kanunlara laýyklykda deklarirlenen maýany hiç bir hili çäklendirilmezden hem-de esassyz ýerden bökdelmezden äkitmäge haky bardyr.

Gündelik geçirilýän amallar netijesinde we maýanyň hereket etmegi boýunça dahylsyzlar bilen geçirilen amallar netijesinde daşary ýurt walýutasyny alyjy dahyllylar alnan ähli walýuta düşewündini Türkmenistana ibermäge ýa-da getirmäge borçludyrlar.

Dahyllylaryň walýuta düşewündiniň hökmany suratda satylmalydygy Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde hem-de möçberde kesgitlenilýär.

Ygtyýarly edilen banklara gowşan daşary ýurt walýutasy Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde oňa (Merkezi banka) satylýar.

Inkassirlemek baradaky çykdajylar, eksport amallary bilen gös-göni baglanyşykly komission ýygymalar hem-de şoňa meňzeş

beýleki harajatlar we tölegler gündelik gowuşýan serişdeleriň hasabyna geçirilip bilner, ýöne şu maddanyň düzgünleri berjaý edilmelidir.

Şahsy taraplaryň dahyllylaryň daşary ýurtda daşary ýurt walýutasyndaky hasaplary we goýumlary açmagyna, olarda walýuta serişdeleriniň saklanmagyna dahyllylaryň daşary ýurtda bolýan döwrüniň dowamynda ýol berilýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasyna laýyklykda öz halkara borçnamalaryny berjaý etmek üçin, nagt däl serişdeleriň iberilmegini çäklendirmäge haklydyr.

Türkmenistanyň Merkezi banky alyş-çalyş kursy bilen baglanyşykly edilen töwekgelçiligiň öwezini dolmaýar hem-de walýuta amallary boýunça ýa-da şolar bilen baglanyşykly hereketler boýunça başga hiç hili kömek pullary bermeýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky islendik şertlerde we her hili çäklendirmeler bilen islendik banka Kanunyň düzgünlerine hem-de Kanun esasynda kabul edilýän kadalara laýyklykda, daşary ýurt walýutasynda amallary geçirmäge hukuk berip bilýär.

Eger ygtyýarly edilen bank özüne berlen ygtyýarnamany Kanun esasynda kabul edilýän kadalaryny berjaý etmeýän bolsa, onda Türkmenistanyň Merkezi banky ygtyýarly edilen bankyň daşary ýurt walýutasynda amallary geçirmek hukugyny çäklendirip ýa-da ony şol hukukdan mahrum edip bilýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankyna käbir ýagdaýlar ýa-da şertler mälim bolan bolsa, özem eger olar degişli haýyşnamalara garalan pursadynda ygtyýarnama ýa-da rugsat berip bolmajakdygy anyk bilýän bolsa, Merkezi bank islendik ygtyýarnamany we rugsatnamany ýatyryp bilýär.

Her bir şahsy we edara görnüşli tarap Türkmenistanyň Merkezi bankynyň talap etmegine görä deklarasiýalara (jarnamany), hasapnamalardan göçürmelere gözegçilik etmek üçin, Türkmenistanyň Merkezi bankyna zerur bolan gaýry resminamalary bermäge borçludyr.

Şahsy ýa-da edara görnüşli taraplar walýuta amallaryny geçirmäge özlerine rugsat berilmegi hakyndaky haýyşnamalarynyň kana-

gatlandyrylmandygy hakyndaky karary alanlaryndan soň, şol karar barada suda şikaýat edip bilýärler.

Türkmenistanyň Merkezi bankyna Kanun esasynda kabul eden kadalarynyň ýa-da beýleki kararlarynyň bilgeşleýin ýa-da bilgeşleýin däl ýagdaýda berjaý edilmezligi, bozulmagy, şonuň ýaly-da şolary bozjak bolup ýa-da berjaý etmejek bolup synanyşylmagy Türkmenistanyň hereket edýän kanunlaryna laýyklykda jogapkärçilik çekilmegine getirýär.

Temmi çäreleri şular barada ulanylýar: kärhanalaryň eýelerine ýa-da ýolbaşçylaryna, kärhana eýeleriniň kanuny wekillerine, şahsy taraplaryň kanuny wekilleriniň wezipesini ýerine ýetirmek üçin bellenilen guramalaryň agzalaryna, bilelikdäki kärhanalarda degişli bähbidi aramaga ygtyýarly edilen hyzmatdaşlara, şeýle hem kärhanany ýa-da beýleki adamyň kärhanasynyň (öz jogapkärçiligi astynda) bir bölegini dolandyrmak, ýa-da oňa gözegçilik etmek baradaky borçlary ýerine ýetirýän ýa şoňa ygtyýarly edilen adamlara özleriniň gözegçilik etmek wezipelerini bilgeşleýin ýa-da bilgeşleýin däl ýagdaýda ýerine ýetirmänligi sebäpli kanuny ýagdaýda jogapkärçilige çekilip bilinýär.

Şeýlelikde, Türkmenistanda daşary ykdysady gatnaşyklarynda walýuta kadalaşdyrmak, esasan, şulary öz içine alýar:

– milli walýutanyň hümmetini we walýuta bazarynyň işini kadalaşdyrmak;

– maýanyň halkara hereketini kadalaşdyrmak;

– dahyllylaryň arasyndaky walýuta amallaryny kadalaşdyrmak;

– dahylsyzlaryň arasyndaky walýuta amallaryny düzgünleşdirmek;

– dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasyndaky walýuta amallaryny düzgünleşdirmek;

– içerki walýuta bazarynda amallary düzgünleşdirmek;

– dahyllylaryň daşary ýurtlarda hasaplary açmagy;

– dahyllylaryň ýurduň çägindäki walýuta amallaryny düzgünleşdirmek;

- dahylsyzlaryň ýurduň çäginde hasaplary açmagy;

- eksport walýuta gözegçiligi (daşary ýurt walýutalaryndaky girdejileri hökmany satmak, ätiýaçlyga goýmak, ýurda gaýtarmak boýunça talaplary bellemek);

- import walýuta gözegçiligi (import boýunça töleglere talaplary kesgitlemek, kabul edilýän mümkinçilikleriň sanawyny bellemek we ş.m.).

Daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta gözegçilik, bu döwletlerde, ýokarda sanalyp geçilen kadalaşdyryjy çäreleriň guralmagyny we oňa gözegçiligi aňladýar.

## 3.3. Türkmenistanda milli walýutanyň denominasiýasy

Hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatyny üstünlikli amala aşyrmaklyk köp derejede ýurdumyzyň maliýe-bank ulgamynyň işine baglydyr. Şonuň üçin hem Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bu ulgamlaryň işi yzygiderli kämilleşdirilýär we döwrebaplaşdyrylýar. Olaryň işiniň anyk çözgüdini ýurdumyzyň maliýe-býujet, nyrh, salgyt, pul-karz syýasatlarynda görmek bolýar. Bu syýasatlaryň talabalaýyk işlenilip düzülmegi we olaryň ýurdumyzyň ykdysady durmuşyna ornaşdyrylmagy maýa goýum işiniň işjeňlik derejesini ýokarlandyrmaga, manadyň durnuklylygyny üpjün etmäge, döwletimize daşary döwletler bilen amatly söwda gatnaşyklaryny ýola goýmaga we halkyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmaga mümkinçilik berer.

Bu özgertmeleriň esasy maksady ýokary depginli ykdysady ösüşi üpjün etmeklik bilen bir hatarda, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli ýokarlandyrmakdan, türkmen döwletiniň dünýä derejesindäki abraýyny barha artdyrmakdan, dünýä bazaryna ýokary hilli bäsleşige ukyply harytlar we hyzmatlar bilen çykmakdan, dünýä döwletleri bilen işjeň gatnaşyklary ýola goýmakdan ybaratdyr.

Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygyna eýe bolan ilkinji günlerinden başlap özbaşdak ykdysady syýasaty ýöretmekligi wezipe edip

goýdy. Bu öz gezeginde öňi bilen milli pul birligimizi dolanyşyga girizmekligi talap etdi. 1993-nji ýylyň 1-nji noýabryndan türkmen manadynyň dolanyşyga girizilmegi netijesinde ýurdumyz özüniň diňe bir syýasy garaşsyzlygyny gazanman, eýsem sözüň doly manysynda ykdysady garaşsyzlygyna hem eýe boldy. Ykdysady garaşsyzlyga eýe bolanymyzdan soňra ýurdumyzda pul-karz, maliýe-býujet, nyrh, salgyt syýasatlaryny işläp düzmek täze görnüşe eýe boldy we durmuş strategiýasyndan ugur alyndy. Şeýlelik bilen puluň durnukly, hümmetli, ýokary goraglylygyna aýratyn ähmiýet berildi. Bu meseleleriň üstünlikli çözülmegi döwlet derejesine çykaryldy we köp çäreler işlenilip düzüldi, olar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Olaryň hatarynda öňi bilen milli pulumyzyň ýerli serişdeleriň hasabyna haryt üpjünçiligini ýokarlandyrmak wezipesi goýuldy.

Häzirki wagtda bu meseläni üstünlikli çözmek üçin hormatly Prezidentimiziň görkezmelerinden ugur alnyp, ykdysadyýetimiz diwersifikasiýalaşdyrylýar. Ylmyň, öňdebaryjy innowasion tehnologiýanyň gazanan üstünlikleri önümçilige giňden ornaşdyrylýar. Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmeklige giň mümkinçilikler açylýar, daşary ýurtlardan göni maýa goýum çekmeklige ähli amatlyklar döredilýär. Bu toplumlaýyn we ulgamlaýyn çäreleriň netijesinde ýurtda öndürilýän harytlaryň möçberi yzygiderli artýar, manadyň haryt üpjünçiligi ýokarlanýar we ol durnukly häsiýete eýe bolýar.

Türkmenistanyň häzirki zaman makroykdysady syýasaty ykdysadyýetiň durnukly ösmegine gönükdirilendir. Makroykdysady syýasat milli ykdysadyýetiň öňe gidýän ösüşini üpjün edýän esasy görkezijileriň ýokarlanmagyna gönükdirilen döwlet tarapyndan düzgünleşdiriş çäreleriniň jeminden ybarat. Onuň wezipesi – pul dolanyşygyna (nagt we nagt däl görnüşinde), bank ulgamynyň netijeli we durnukly hereket etmegine, ýurdumyzyň ähli hojalyk subýektleri üçin berk maliýe tertip-düzgünine gözegçilik üpjün etmekden ybaratdyr.

Puluň durnuklylygyny üpjün etmekde onuň kadaly aýlanyşygyny ýola goýmagyň ähmiýeti örän uludyr. Bu öz gezeginde diňe bir manadyň haryt üpjünçiligine bagly bolman, eýsem ilata hödürlenil-

ýän tölegli hyzmatlaryň mukdaryna, görnüşlerine we hiline baglydyr. Şol nukdaýnazardan ugur alnyp ýurdumyzda bazar gatnaşyklarynyň çuňlaşmagy bilen öndürilýän önümleriň we ilata hödürlenilýän hyzmatlaryň hil görkezijisine aýratyn ähmiýet berilýär. Bu meseläni oňyn çözmeklikde dünýäniň ösen döwletleriniň baý tejribesi giňden öwrenilýär we ýaşaýyş-durmuşymyza ornaşdyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz manadyň kadaly hereketini ýola goýmak üçin ähli tagallalary edýär. Munuň aýdyň şaýady bolup 2008-nji ýylyň 1-nji maýynda geçirilen, milli puluň ýeke-täk hümmetine geçirilmegini we 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan amala aşyrylan manadyň denominasiýasyny görkezmek bolar. Halkara maliýe jemgyýetçiligi hormatly Prezidentimiziň bu özgertmelerine ýokary baha berdi, aýratyn hem bu çäräniň dünýä maliýe çökgünligi wagtynda geçirilendigini göz öňünde tutanyňda olaryň ähmiýeti has-da ýokary bolup durýar. Bu geçirilen çäräniň netijesinde kärhanalaryň we pudaklaryň, aýratyn hem daşarky bazarlara çykarmaga niýetlenen önümleri öndürýän pudaklaryň maliýe-ykdysady ýagdaýy düýpli gowulandy.

Milli manadyň durnukly çalşyk hümmetini, daşary ýurt pulunyň elýeterliliginiň giňeldilmegi we has erkin söwda düzgüni milli pula bolan ynamy pugtalandyrmaga we banklaryň ornunyň ýokarlanmagyna goşant goşýar. Bank ulgamynda maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlarynyň ornaşdyrylmagy ýurduň maliýe ulgamyny has-da pugtalandyrar.

Pul reformasyndan söz açylanda «Denominasiýa näme? Denominasiýanyň netijesinde ykdysadyýetimizde nähili üýtgeşmeler bolar?» diýen soraglar ýüze çykýar. **Denominasiýa** – bu latyn dilindäki «denominate» sözünden gelip çykmak bilen dolanyşyga goýberilýän täze pul birlikleriniň kesgitli derejesine (10,000,000 gezek we ş.m.) peselmek diýmekdir. Käwagt denominasiýany bir pul birlikleriniň satyn alyş güýji üýtgedilmezden başga pul birliklerine çalşylmagy hem diýilýär. Denominasiýa iki hili (tutuşlygyna we bölekleýin.) bolýar.

Doly denominasiýa – bu ähli pul birlikleriniň çalşylmagydyr.

**Bölekleýin denominasiýa** – bu käbir pul birlikleriniň çalşylmagydyr. Çalşylyş möhleti boýunça denominasiýa 4 topara bölünýär:

– çalt möhletli (birnäçe günüň ýa-da hepdäniň dowamynda);

– haýal möhletli (birnäçe aýyň dowamyndan tä bir ýyla çenli);

– uzak möhletli (birnäçe ýylyň dowamynda);

– möhletsiz (belli bir wagt aralygynda goýulmadyk ýa-da wagty barada hiç zat aýdylmadyk).

Dünýä ýurtlarynyň tejribesinde täze pul birliklerini taýýarlamak boýunça çykdajylar döwlet býujetiniň hasabyna, denominasiýa geçirmek boýunça çykdajylar bolsa, Merkezi bankyň içerki gor gaznalarynyň hasabyna amala aşyrylýar.

Denominasiýa – bu tehniki kadalaşdyryjy gural bolup, hojalyk birliklerinde hasaba we hasaplaşyklary aňsatlaşdyrmak ýa-da kadalaşdyrmak üçin hyzmat edýär. Türkmen manadynyň 2009-njy ýyldaky denominasiýasy uzak möhletde hümmetsizlenmegiň öňüni almak we ony gözegçilikde saklamagy üpjün etjek pul-karz kadalaşdyryjylarynyň guraly hökmünde çykyş eder. Şeýlelikde denominasiýa ykdysady syýasatyň hem bir elementi hökmünde seretmek bolýar. Beýleki tarapdan halkyň ruhy ýagdaýyna, ýagny psihologiýasyna täsir etmek arkaly halkyň milli walýuta bolan ynamyny artdyrar. Şeýle hem manadyň güýçlenmegine kömek etmek bilen hyzmatlaryň we harytlaryň öndürilşinde maýa goýumlaryň, önümçilik maýa goýumlarynyň artmagyna öz netijeli täsirini ýetirer. Denominasiýa geçirmek baradaky çözgüt Halkara guramalary tarapyndan kanagatlanarly bahalandyrylýar. Täze manadyň hümmeti dünýäniň esasy walýutalarynyň hümmetine laýyk gelýär. Täze manat Türkmenistanyň dünýä bazarynda derejesiniň artmagyna ýardam bermek bilen Türkmen ykdysadyýetinde maýa goýumlarynyň artmagyna getirer. Denominasiýa geçirmekligiň esasy maksatlarynyň biri-de hasaplaşyklary ýönekeýleşdirmek we häzirki wagtda birnäçe uly möçberli sanlar bilen alnyp barylýan buhgalter hasaby we hasabatlylygy aňsatlaşdyrylmagy bolup durýar. Aslynda denominasiýa geçirmek göräýmäge nolsuz täze manadyň dolanyşyga goýberilme-

gi we baha möçberleriniň üýtgemegi ýaly ýönekeýje bir amal däl. Denominasiýa geçirmek üçin gurnama we sazlaşdyrma çäreleriniň birnäçesini geçirmek zerur. Bu hem Türkmenistanyň Merkezi bankynyň abraý bilen hötdesinden gelen wezipesi boldy. Denominasiýa barada gürrüň edilende «täze dolanyşyga goýberiljek manat hem hümmetsizlenermikä?» diýen sorag ýüze çykýar. Biziň pikirimizçe bu soraga dolanyşyga goýberilen täze manada beýle howp abanmaz diýip arkaýyn aýdyp bileris. Sebäbi Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistan sarp ediji milletden, öndüriji millete öwrüldi. Geçirilen ykdysady reformalar netijesinde ýurtda ösüş gazanyldy, halkyň hal ýagdaýy has hem gowulaşdy we geçirilen pul-karz syýasatynyň netijesinde esasy makrogörkezijileriň biri bolan hümmetsizlenmek derejesi aşakladyldy. Bu zatlaryň ählisi öz gezeginde manadyň satyn alyjylyk ukybynyň ýokarlanmagyny üpjün eder. Dünýä döwletleriniň arasynda Türkmenistanyň abraýy has hem artýar, ýurdumyzyň bank ulgamy dünýäniň maliýe institutlarynyň ynamdar hyzmatdaşy bolar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda, ykdysady reformalaryň çäklerinde, 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan milli manadymyzyň gymmatynyň üýtgedilen görnüşi dolanyşyga girizildi, ýagny köne nusgadaky 5000 manat täze nusgadaky 1 manada deň möçberde bellenildi. Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 1, 5, 10, 20, 50, 100 hem-de 500 manatlyk kagyz pullar bilen bir hatarda 1, 2, 5, 10, 20, 50-lik şaýy pullar (teňňeleri) dolanyşyga girizildi. Durmuşa geçirilýän pul reformasynyň möhüm aýratynlyklarynyň biri-de milli pul nyşanlarynyň goraglylygy we kesgitli düzümi halkara standartlaryna laýyk getirildi. Pul banknotynda gorag elementleri ulanylanda ýurduň howa şertleri, pul aýlanyşygynyň tertibi, dürli görnüşlerdäki galplaşdyryş howpunyň bolup bilmegi, dürli hümmetleri bolan banknotalardaky gorag elementlerini tanamagyň kesgitli derejesi, banknotyň rejeli ölçegi ýaly ýagdaýlar hasaba alyndy. Meselem, banknotyň her biri öňküsine görä uzynlygyna 6 millimetr we inine 3 millimetr uludyr. Reňkleriň utgaşygy islendik bahaly banknotyň keşbi göze ýakymly we ýeňillik bilen tanap bolar ýaly edilip saýlanandyr.

Muňa suratdaky banknotlara ser salanymyzda hem göz ýetirmek bolar.



Bir söz bilen aýdylanda, täze banknotlarda we teňňelerde çeperçilik mazmunynyň, tehniki ýerine ýetirişiň we ýurdumyzyň gözel keşbini janlandyrmagyň utgaşdyrylmagyny gazanmak başartdy. Täze banknotlar Türkmenistanyň taryhy we döredijilikli zähmet bilen geljege tarap okgunly barýan ýurtlugy hakynda gowy düşünje berýärler.

Halkara maliýe guramalarynyň, şol sanda Halkara pul gaznasynyň hünärmenleri pul-karz we walýuta syýasaty babatynda durmuşa geçirilýän syýasatyň netijelerine örän ýokary baha berdiler.

Türkmenistanda geçirilýän pul reformasynyň çäklerinde 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, 1 we 2 manatlyk täze şaýy pullar dolanyşyga goýberildi. Munuň özi milli pul birliginiň amala aşyrylýan reformasynyň logiki dowamy boldy. Düzümi metallaryň birnäçesiniň, ýagny latunyň, nikeliň we misiň garyndysyndan durýan bu şaýy pullar Beýik Britaniýanyň Patyşasynyň zikgehanasynda ýasalandyr. Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, metaldan ýasalan teňňeleriň hyzmat ediş möhleti 25-30 ýyla deňdir. Şol bir wagtyň özünde kagyz pullaryňky bir ýyldan hem az bolýar. Nagt pul aýlanyşygynda dynuwsyz hereket edýändigi üçin kagyz pullar, aýratynam ownuk kagyz çalt könelişe sezewar bolýar. Şeýlelikde, şaýy pullaryň dolanyşyga girizilmegi bilen esli möçberdäki döwlet serişdeleri tygşytlandy. Hümmeti 1 manada deň bolan kagyz pullar hem aýlanyşykda 1 manatlyk şaýy pullar bilen birlikde ulanylýar.

Türkmenistanyň pullarynyň gorag we kesgitli düzüminiň halkara standartlaryna laýyk getirilmegi pul reformasynyň esasy wezipeleriniň biridir. Şunuň bilen baglylykda denominirlenen nusgadaky pullary işläp taýýarlamak Türkmenistanyň öňden gelýän we ygtybarly hyzmatdaşy bolan «De La Rue International Limited» iňlis kompaniýasyna ynanyldy. Türkmenistanyň Baştutany tarapyndan tassyklanylan we 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda dolanyşyga goýberilen banknotlarda dürli döwürlerde türkmen halkyna şöhrat getiren beýik taryhy şahsyýetler, Türkmenistanyň Döwlet Tugrasy, kartasy, ýurdumyzyň taryhy binagärlik ýadygärlikleri, şeýle hem türkmen paýtagtynyň häzirki binagärlik genji-hazynalary şekillendirildi. Degişli dünýä standartlaryny nazara almak bilen we iň täze tehnologiýalaryň esasynda ýasalan pullarda goraglylygyň ýokary de-

rejesi bar. Olar berk we peýdalanmak üçin amatly, muňa bolsa eýýäm türkmenistanlylar mynasyp baha berdiler.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň 2010-njy ýylda ulanyşyga goýberen täze şaýy manatlarynyň ikisi-de tegelek görnüşdedir. Hümmeti 1 manada deň bolan şaýy puluň gyrasy (gurty) zire-zire bolup, «Bir manat» diýlen ýazgy bilen zikgelenendir. Onuň içki bölegi misiň we nikeliň garyndysyndan, daşky halkasy bolsa nikeliň we latunyň garyndysyndan taýýarlanylandyr, diametri 27,0 millimetre, agramy 9,5 grama, galyňlygy bolsa 2,2 millimetre deňdir. Hümmeti 1 manada deň bolan şaýy puluň ýüz tarapynyň merkezinde ýerleşdirilen «1» san belgisiniň aşak ýanynda «manat» diýlen ýazgy bardyr. Daşky tegelek halkanyň ýokary böleginde «Türkmenistanyň Merkezi banky» diýlen ýazgy, aşaky böleginde bolsa, şaýy puluň goýberilen senesini aňladýan «2010» san belgisinden saga we çepe sazlaşykly gidýän türkmen milli nagyşlarynyň bäşisi şekillendirilendir.

# IV BAP. Türkmenistanda eksport, import işleri we hyzmatlary üçin hasaplaşyklary geçirmekligiň tertibi

## 4.1.Daşary-ykdysady geleşikleriň walýuta-maliýe we töleg şertleri

Bank işgärleriniň has çylşyrymly we ýokary hünär derejesini talap edýän hasaplaşyklar halkara söwda we gurluşyk-gurnama işleri ulgamyndaky şertnamalar boýunça hasaplaşyklar bolup durýar. Hasaplaşyklaryň görnüşlerini we şertlerini saýlamaga alynýan tölegiň tizligi we kepillendirmesi banklar arkaly amallary geçirmek bilen bagly harçlanan pul möçberine bagly bolýar. Şonuň üçin, daşary söwda hyzmatdaşlar gepleşikler wagtynda tölegiň şertlerini ylalaşýarlar we ony şertnamada berkidýärler. Şertnamalaryň walýuta-maliýe we töleg şertleri kesgitlenende, iň gysga möhletde aňrybaş walýuta pul möçberini almaga ymtylýan eksport edijiniň we walýutanyň iň az möçberini tölemäge, harydyň alnyşyny çaltlandyrmaga we tölegi harydyň ýerleşdirilmeginden girdeji alynýança möhletini yza süýşürmäge gyzyklanma bildirýän import edijiniň bähbitleriniň gapma-garşylygy ýüze çykýar. Geleşikleriň walýuta-maliýe we töleg şertleriniň kesgitlenmegi ýurtlaryň arasyndaky ykdysady we syýasy gatnaşyklaryň häsiýetine, ýaryşdaş hyzmatdaşlaryň güýçleriniň gatnaşygyna, olaryň wezipe abraýyna, şol harydyň söwdasyndaky däplere we kadalara bagly bolýar. Hökümetara ylalaşyklary hasaplaşyklaryň umumy ýörelgelerini kesgitleýär, daşarky söwda şertnamalarynda anyk şertler takyk häsiýetlendirilýär. Bu şertler şu aşakdaky esasy düzüm bölekleri – bahanyň walýutasyny; tölegiň walýutasyny; tölegiň şertlerini; tölegiň serişdelerini; hasaplaşyklaryň görnüşlerini we bu hasaplaşyklaryň amala aşyryljak banklaryny öz içine alýar.

**Bahanyň we tölegiň walýutasy.** Bahanyň we tölegiň walýutalarynyň saýlanylmagyna (baha derejesinden, karz boýunça göterim goýumynyň möçberinden başga) belli bir derejede geleşigiň walýuta

netijeliligi bagly bolýar. Eksport we import şertnama bahalary eksport edijiden import edijä harytlaryň hereketi boýunça: eksport edijiniň ýurdundaky ammarda bolmagy; porta ýoly; portda bolmagy; daşary ýurda ýoly; daşary ýurtda ammarlaşdyrylmagy; harydyň import edijä eltilmegi boýunça oňa goşulan goşmaça harajatlara baglylykda dürli-dürli bolýar.

Harytlaryň bahasyny kesgitlemegiň şu aşakdaky esasy usullaryny tapawutlandyrmak bolýar:

– şertnama baglaşylanda bahalar berk kesgitlenende bahalar şertnamanyň ýerine ýetiriliş döwründe üýtgemeýär. Bu usul dünýä bazarlarynda bahalaryň peselme meýli bolanda ulanylýar;

– şertnama gol çekilende bahany kesgitlemek ýörelgesi bellenilýär (Geçirme gününde ol ýa-da beýleki haryt bazarynyň katirowkalary esasynda), bahanyň özi bolsa geleşigiň ýerine ýetirilişiniň dowamynda kesgitlenýär. Bu usul durmuşda, adatça bazar bahalarynyň ýokarlanma meýli ýüze çykanda ulanylýar;

– şertnama baglaşylanda bahalar berk kesgitlenilýär. Eger bazar bahasy şertnama bahasy bilen deňeşdirilende üýtgese, mysal üçin, 5% ýokary bolsa, onda bahalara täzeden seredilýär;

– harajatlaryň düzüm bölekleriniň üýtgemegine, mysal üçin, enjamyň buýrulmasyndaky üýtgemelerine baglylykda üýtgeýän baha. Ýokary konýunktura şertlerinde buýrujynyň bähbitleri üçin çäklendirmeler girizilýär (bahanyň üýtgemesiniň ýa-da bahanyň diňe harajatlaryň bölegine we gysga möhletde üýtgemeginiň umumy çäkleri);

– garyşyk bahanyň bir bölegi berk berkidilýär, beýleki bölegi üýtgeýän görnüşde kesgitlenýär.

**Bahanyň walýutasy** – harydyň bahasynyň kesgitlenýän walýutasy. Harydyň bahasy berkidilýän walýuta saýlanyp alnanda harydyň görnüşi we halkara hasaplaşyklaryna täsir edýän ýokarda sanalyp geçilen sebäpler, aýratyn hem, hökümetara ylalaşyklarynyň şertleriniň we halkara kadalarynyň uly ähmiýeti bar. Kähalatlarda şertnamanyň bahasy walýuta töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak maksady bilen birnäçe walýutalarda (iki we ondan hem köp) ýa-da walýuta sebedinde görkezilýär.

**Tölegiň walýutasy** – importýoryň (ýa-da karz alyjynyň) borçnamasynyň tölenilmeli walýutasy. Walýuta kurslarynyň durnuksyzlygynda bahalar has durnukly walýutada, töleg bolsa, adatça, import ediji ýurduň walýutasynda bellenilýär. Eger bahanyň we tölegiň walýutalary gabat gelmeýän bolsa, şertnamada olaryň birinjisini ikinjisine geçirmegiň kursy ylalaşylýar. Şertnamada geçirmegiň şertleri kesgitlenýär:

– belli bir walýuta bazarynda (satyjynyň, alyjynyň ýa-da üçünji ýurduň) kursy kesgitlenen wagty takyklanýar (mysal üçin, tölegiň öň ýanynda ýa-da töleg güni);

– geçirilmäniň amala aşyrylýan kursy ylalaşylýar, adatça, ortaça kurs, kähalatlarda walýuta bazarynyň açylyşyndaky, ýapylyşyndaky alyjynyň ýa-da satyjynyň kursy ýa-da günüň ortaça kursy.

Bahanyň we tölegiň walýutalarynyň gabat gelmezligi walýuta töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmagyň ýönekeý usullarynyň biridir. Eger bahanyň walýutasynyň kursy (mysal üçin, dollaryň ýewro bolan kursy) peselse, onda tölegiň (ýewrodaky) möçberi deň derejede peselýär we tersine. Bahanyň walýutasynyň kursunyň peselmek töwekgelçiligini eksport ediji (karz beriji) çekýär, onuň ýokarlanmak töwekgelçiligini bolsa import ediji (bergidar) çekýär.

**Tölegiň şertleri** – daşary ykdysady gatnaşykleriň esasy düzüm bölekleri. Olaryň arasynda şu aşakdakylar tapawutlandyrylýar:

– hakujy, nagt tölegler, täjirçilik karzynyň berilmegi bilen bagly hasaplaşyklar;

– nagt tölegiň opsionly (saýlamak hukukly) karzy.

Halkara hasaplaşyklarynda nagt tölegler düşünjesinde eksport harytlary alyja geçirilenden (ýüklenip ugradylandan) soň ýa-da şertnamanyň şertlerine laýyklykda harydyň ýüklenip ugradylandygyny tassyklaýan resminamalaryň berilmegi bilen tölegleriň geçirilmegini göz öňünde tutýar. Emma häzirki zaman şertlerinde köp halatlarda haryt import edijiniň ýurduna tölenilmäge degişli bolan resminamalardan öň gelýär we alyjy harydyň tölegini tölemezden öň, abatlyk (trast) ýazgysy, bank kepillendirmesi astynda alyp bilýär. Şeýlelikde, harydyň ýüklenip ugradylandygy baradaky habarnama alnandan soň edilen tölegden başga töleg, haryt bellenilen portuna ge-

lenden soň amala aşyrylýar. Däp bolşy ýaly, ýaryşdaş hyzmatdaşlaryň ylalaşygyna, şeýle hem satylýan harytlaryň aýratynlygyna laýyklykda import ediji tölegi belli bir tapgyrda amala aşyrýar, ýagny:

– ugradyş portunda harydyň ýüklenilmegi tamamlanandygy hakyndaky tassyknamany alandan soň;

– haryt resminamalarynyň toplumyny (hasap-harytsanaw, konosament, ätiýaçlyk polisi we başg.) alandan soň;

– kähalatlarda tölegler 5-7 gün, birnäçe ýagdaýlarda bolsa 30 gün yza süýşürmek hukugy bilen;

– import ediji tarapyndan haryt bellenilen portda kabul edilenden soň. Harydyň görnüşine baglylykda kähalatlarda hasaplaşyklaryň garyşyk şertleri hem ulanylýar, ýagny bölekleýin – harydyň resminamalarynyň gowşurylmagy bilen töleg;

– gutarnykly – bellenilen porta gelmegi bilen daşalyş wagtynda ýaramazlaşmagy mümkin bolan harydy gurnamak ýa-da hil häsiýetnamalaryny barlamak zerur bolan harytlar kabul edilenden soň.

Halkara hasaplaşyklary walýutalaryň konwensiýasy we daşarky söwda hyzmatdaşlaryň biri-birine karz bermegi bilen utgaşýar. Bu ýagdaýda halkara walýuta-karz we hasaplaşyk amallarynyň özara baglanyşygy ýüze çykýar. Satylýan harydyň görnüşine baglylykda (mysal üçin, maşynyň we enjamyň), şeýle hem satyjylaryň bazaryndaky bäsdeşligiň güýçlenmegi we olaryň täze önümi ýerleşdirmegiň bazarlaryny giňeltmek üçin karz ulanmaga ymtylmagy bilen bagly daşarky söwda amallary boýunça hasaplaşyklar täjirçilik karzlarynyň ulanylmagy bilen amala aşyrylýar. Täjirçilik karzy harydyň satyjysy tarapyndan alyja birnäçe aýdan 5-8 ýyla çenli möhlet bilen, seýrek ýagdaýlarda bolsa mundan hem uzak möhlet bilen berilýär. Daşarky söwda amallarynda täjirçilik karzynyň hasabyna import ediji, adatça ýönekeý weksel görnüşinde alnan karzy üzmek üçin bergi borçnamasyny ýazyp berýär ýa-da geçirilýän weksellere – eksport ediji tarapyndan ýazylyp berlen trattalara töleg üçin ýazmaça razylyk (aksept) berýär.

Täjirçilik karzyndan başga, daşarky söwda şertnamasynyň ýerine ýetirilişiniň aýry-aýry tapgyrlarynda taraplar biri-birini mejbury karzlaşdyrylyp bilerler, mysal üçin, hakujy görnüşindäki töleglerde

import ediji eksport edijini karzlaşdyrýar, açyk hasaplar boýunça hasaplaşyklarda bolsa getiriji alyjyny karzlaşdyrýar. Täjirçilik karzy görnüşindäki harytlar üçin hasaplaşyklar hakujy we nagt tölegler bilen utgaşyp bilýär, şunda bahanyň belli bir göterimi haryt ýüklenip ugradylmazyndan öň tölenýär, bir bölegi – ýükläp ugradyş resminamalarynyň berilmegi bilen, galan bölegi bolsa – şertnamada bellenilen wagtdan soň tölenilýär.

Hasaplaşyklaryň saýlama hukukly şerti nagt tölegiň opsiony bolan karzy bolup durýar. Eger import ediji satyn alnan haryt üçin tölegiň möhletini yza süýşürmek hukugyndan peýdalansa, onda ol nagt tölegde edilýän arzanlatmadan mahrum bolýar. Barter (haryt alyş-çalyş) geleşikleri boýunça hasaplaşyklar umumy kabul edilen görnüşlerde (açyk hasap, akkreditiw, inkasso) amala aşyrylyp bilner. Daşarky söwda şertnamasynyň aýratynlygyna baglylykda hasaplaşyklarda «eskrou» görnüşi ýörite hasaplanyp ulanylyp bilner. Hasaplaşyklar halkara dolanyşygynda ulanylýan tölegiň dürli serişdeleriniň – wekselleriň, töleg tabşyryklarynyň, bank geçirmeleriniň (poçta we telegraf), çekleriň plastik kartalarynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Daşary ýurt gurallary (iňlisçe foreign items) – çekler, wekseller (adaty we geçirilýän) we dolanyşygyň beýleki karz serişdeleri, olar deponirlenen ýurdundan başga ýurtda tölenilmäge degişli. Şertnamanyň töleg şertleriniň has çylşyrymly bölegi hasaplaşyklaryň görnüşini saýlap almak we olary geçirmegiň talaplaryny anyklaşdyrmak bolup durýar. HYG-de kontragentleriň gapma-garşylykly bähbitlerini bir ýere sygyşdyrmak we olaryň töleg gatnaşyklaryny guramak hasaplaşyklaryň dürli görnüşlerini ulanmak arkaly amala aşyrylýar.

Türkmenistanda daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallarynyň nagt görnüşini çäklendirip, nagt däl görnüşlerini höweslendirmek boýunça toplumlaýyn çäreleriň hatarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararlarynyň esasynda düzgünleşdirilýär. Muňa mysal hökmünde şulary görkezmek bolar:

– Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 23-nji awgustyndaky «Geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň geçirilişini kämilleşdirmek hakynda» 13181 belgili Karary;

– Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 3-nji oktýabryndaky «Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakynda» 13240 belgili Karary;

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 23-nji awgustynda kabul eden «Geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň geçirilişini kämilleşdirmek hakynda» 13181 belgili Karary telekeçileriň daşary ykdysady gatnaşyklarynda nagt däl tölegleri höweslendirmäge uly itergi berdi. Bu Kararyň esasynda Türkmenistanyň ygtyýarly karz edaralaryna telekeçileriň TDHÇMB-niň söwdalaryna gatnaşmazdan Türkmenistana import edýän harytlary üçin dahylsyzlar bilen bir wagtlaýyn 1 million amerikan dollaryndan köp bolmadyk hasaplaşyklaryny (şol sanda üpjünçiliksiz 100 göterime çenli hakujyny) hasapnyrhnamanyň (inwoýsyň) esasynda ýönekeýleşdirilen tertipde amala aşyrmaga ygtyýar berildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 3-nji oktýabryndaky «Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakynda» 13240 belgili Karary bilen bolsa dahyllylara – döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplara daşary ýurtdan harytlary satyn almak (hyzmatlary, işleri ýerine ýetirmek) barada dahylsyzlar – daşary ýurtly şahsy we edara görnüşli taraplar bilen baglaşan şertnamasynyň bahasy boýunça tölegleri (şol sanda üpjünçiliksiz hakujyny) şol şertnamanyň şertlerine laýyklykda geçirmäge ygtyýar berildi.

Bellenen Kararlardan öň hereket eden tertibe laýyklykda, ýurdumyzyň telekeçileriniň we hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplaryň hakujy tölegleri geçirmekligi üçin käbir çäklendirmeler hereket edýärdi. Türkmenistana import edilýän harytlar (hyzmatlar) üçin hakujy tölegleri diňe birinji derejeli daşary ýurt bankynyň kepilnamasy ýa-da Türkmenistanyň çäginde geçginli girew bolan halatynda, şeýle hem daşary söwda şertnamasynyň bahasynyň 25 göteriminden köp bolmadyk möçberde geçirmäge rugsat berilýärdi. Mundan başga-da ygtyýarly banklaryň üsti bilen tölegleri amala aşyrmak ýa-da milli puly daşary ýurt puluna çalyşmak üçin telekeçilerden harytlaryň Türkmenistana getirilendigini (hyzmatlaryň ýerine ýetirilendigini) tassyklaýan resminamalar, şeýle hem TDHÇMB-de bellige alnan import şertnamasy zerur bolup durýardy. Bu bellenen ýagdaýlar

ýurdumyzda daşary ykdysady gatnaşyklarda nagt hasaplaşyklaryň ösmegine oňaýsyz täsirini ýetirdi we telekeçiler, hususy kärhanalar hasaplaşyklaryň nagt we beýleki görnüşlerini ulanmaga ýykgyn etdiler. Munuň netijesinde nagt däl hasaplaşyklaryň azalmagy nagt amallaryň artmagyna getirdi. Bu ýagdaýda ygtyýarly banklaryň alyş--çalyş nokatlarynyň üsti bilen geçirilýän daşary ýurt walýutalaryny alyş-çalyş etmek bilen bagly amallaryň göwrüminiň giňemegine täsirini ýetirdi.

Daşary ykdysady gatnaşyklarda hususy eýeçiligiň paýynyň artmagy bilen, nagt hasaplaşyklary çäklendirmek we nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek boýunça çärelere soňky ýyllarda TMB tarapyndan hem üns berildi. Bu çäreleriň hatarynda aşakdakylary görkezmek bolar:

– TMB-niň 27.02.2012 ý. senede çykaran 19-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan «Ygtyýarly karz edaralary tarapyndan şahsy taraplar üçin nagt we nagt däl görnüşinde daşary ýurt puly bilen alyş-çalyş amallaryny geçirmegiň düzgünlerine» girizilen üýtgetmeler. (Bu üýtgetme bilen, karz edarasynyň alyş-çalyş nokady ýa-da beýleki düzüm birligi tarapyndan şahsy tarapa bir gezeklik milli pula satylýan daşary ýurt pulunyň möçberi ABŞ-nyň 1000 dollary bilen çäklendirildi);

– TMB-niň Müdiriýetiniň başlygynyň 2013-nji ýylyň 6-njy dekabryndaky 393-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan «Dahyllylaryň – edara görnüşli tarapy döretmezden telekeçileriň TDHÇMB-niň söwdalaryna gatnaşmazdan Türkmenistana import edýän harytlary üçin dahylsyzlar bilen hasaplaşyklaryny (şol sanda üpjünçiliksiz 100 göterime çenli hakujyny) hasap-nyrhnamanyň esasynda geçirmegiň ýönekeýleşdirilen tertibi.

Ýurdumyzyň kärhanalary, telekeçileri üçin halkara hasaplaşyklaryň giň görnüşlerini ulanmaga mümkinçilikleriň açylmagy olaryň halkara söwdasynda bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, ýurdumyzyň banklarynyň üsti bilen geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň göwrüminiň artmagyna, netijede ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň işjeňleşmegine şert döreýär.

Bu bellenen maksatlara ýetmek üçin diňe bir göni täsir ediji hukuk şertleriniň üpjün edilmegi ýeterlik bolman, eýsem bank ulgamynyň ösen, ygtybarly töleg ulgamynyň hereket etmegi, bankara bäsleşigiň ýokary derejede saklanmagy, müşderilere hyzmat etmegiň medeniýetiniň ýokarlanmagy, halkara hasaplaşyklarda öňdebaryjy usulyýetleriň ulanylmagy ýaly ýagdaýlar hem täsir edýändigini bellemek gerek.

Görnüşi ýaly, hususan-da, 2013-nji ýyldan başlap, Türkmenistanda daşary ykdysady gatnaşyklarda nagt däl hasaplaşyklary höweslendirmäge gönükdirilen çäreleriň toplumlaýyn amala aşyrylandygy ünsüňi çekýär. Bu ugurdaky çäreler kanunlara üýtgetmeler girizmek, Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary, şeýle hem TMB-niň kadalaşdyryjy namalary bilen nagt hasaplaşyklary ýeňilleşdiriji we nagt däl hasaplaşyklary çäklendiriji çäreleri bellemek arkaly amala aşyryldy.

## 4.2. Türkmenistanda eksport-import amallarynda walýuta gözegçiligini amala aşyrmagyň tertibi

Geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda eksport hasaplaşyklary boýunça walýuta gözegçiliginiň has giň ýaýran görnüşleriniň biri eksport girdejisiniň hökmany satylmagy baradaky talabyň bellenilmegidir. Bu düzgün ähli eksport girdejisine ýa-da onuň bir bölegine degişli bolup biler (girdejiniň belli bir göterimi ýa-da belli bir möçberden ýokary geçýän mukdaryň satylmagy görnüşinde). Käbir ýagdaýlarda girdejiler ygtyýarly banklarda eksport edijiniň hasabynda deponirlenýär we sanawy walýuta gözegçiliginiň edaralary tarapyndan bellenilýän, rugsat berlen tölegleri geçirmek üçin ulanylýar.

Walýuta gözegçiliginiň edaralary eksportdan gazanylan walýuta girdejisiniň doly möçberde we bellenilen möhletinde alynmagy üçin eksport edijilere harytlary daşary ýurda çykarmak üçin ygtyýarnamany almaklygy talap edip bilýärler. Şu ýagdaýda eksport ediji girdejileriň doly möçberini öz ýurduna getirmäge we satuwa hödürlemäge borçlanýar.

Birnäçe ýagdaýlarda, walýuta gözegçiligi eksport edijilere girdejiniň mümkin bolan gysga möhletiň dowamynda ýurda getirilmegini we ygtyýarly banklarda jemlenmegini kepillendirýän usullary talap etmek arkaly hasaplaşyklaryň görnüşlerini saýlamak babatda hem çäklendirmeleri girizýär.

Eksport boýunça töleglere gözegçiligiň çäklerinde hasaplaşygyň pul birligi boýunça, ýagny harytlary walýuta gözegçiligi edaralary tarapyndan kesgitlenen pul birliginde geçirmek babatda hem talaplar girizilip bilinýär. Bu ýagdaýda walýuta ätiýaçlyklarynyň amatly paýlarda emele getirilmegi üçin girdejileri has durnukly erkin konwertirlenýän walýutalarda almaklyk talap edilýär. Bu talap eksport edijileriň özlerine hem alyş-çalyş ýa-da walýuta töwekgelçiliginden goranmaga ýardam berýär.

Eksport boýunça walýuta çäklendirmesiniň esasy görnüşi eksport girdejilerini eksport edijiniň öz ýurduna getirmeginiň we eksport girdejilerini tabşyrmagyň möhletiniň bellenilmegidir. Harytlaryň ýüklenip ugradylmagyndan we işleriň ýerine ýetirilmeginden soňra pul serişdeleriniň mümkin bolan gysga wagtda gelmegini üpjün etmek maksady bilen, girdejileriň gelmeginiň we satylmagynyň möhleti gysga çäklerde bellenilýär.

Harytlar satylanda walýuta gözegçiligi edaralary satyn alyjylara tölegi yza süýşürmek arkaly söwda karzyny bermegiň mümkinçiligini hem kesgitlenen möhletiň çäginde çäklendirip bilýärler. Adatça bu möhlet eksport girdejisini ýurda getirmegiň we eksport girdejilerini tabşyrmagyň möhleti bilen deň gelýär.

Ösen bazar ykdysadyýetli döwletleriň tejribesiniň görkezişi ýaly, eksportdan gazanylan walýuta girdejisini hökmany satmagyň dogry gurnalmagy ykdysady syýasaty öz wagtynda çözmäge ýardam berýär. Şol sebäpli geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda özgertmeleriň ilkinji tapgyrlarynda eksport girdejisini satmak boýunça talaplaryň girizilmegi doly esaslydyr. Berkidilen pul hümmeti düzgüninde işleýän döwletlerde walýuta gözegçiligi şol bir wagtda ykdysadyýetiň dollarlaşmak derejesiniň peselmegine-de täsirini ýetirýär.

Aşa eksport pul gözegçiliginiň käbir oňaýsyz taraplarynyň bardygyny hem bellemek gerek. Olaryň hatarynda aşakdakylary görkezmek bolar:

– kärhanalaryň barter, özara hasaplaşyk ýaly görnüşlerine ýykgyn etmegi;

– kärhanalaryň daşary ýurt walýutalaryny satmak we täzeden satyn almak bilen bagly amallar çykdajylarynyň artmagy;

– milli walýutanyň hümmeti yzygiderli pese düşýän ýa-da üýtgäp durýan ýurtlarda forward walýuta bazarynyň ýa-da beýleki maliýe gurallarynyň bolmadyk halatynda hümmet (alyş-çalyş) töwekgelçiliginiň artmagy.

Türkmenistanda eksport amallarynda walýuta gözegçiligi hem gündelik amallara walýuta gözegçiliginiň esasy düzümleriniň biri bolup, onuň, esasan, şu usullary ulanylýar:

– eksport girdejisini ýurda getirmek (repatriasiýa) talabyny bellemek;

– daşary ýurt walýutalaryndaky eksport girdejisiniň bir böleginiň hökmany satylmagy;

– daşary ýurt walýutalaryndaky eksport girdejisiniň bir böleginiň hökmany berilmegi;

– önümleriň belli görnüşlerini diňe daşary ýurt walýutalaryna satmak talabyny bellemek;

– eksport boýunça walýuta amallaryny hasaba almak.

«Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda, dahyllylaryň walýuta düşewündiniň bir bölegini hökmany satmagy we Türkmenistanyň walýuta ätiýaçlyk goruna geçirilmeli möçberleri bellenilýär.

Kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň ýeterlik derejesini üpjün etmek maksady bilen, TMB-de Türkmenistanyň walýuta ätiýaçlyk gory döredilýär. Dahyllylar-eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplaryň (olaryň şahamçalary, wekilhanalary) özleriniň alan daşary ýurt walýutalarynyň möçberinden Türkmenistanyň walýuta ätiýaçlyk goruna geçirimleri geçirýärler. Dahyllylaryň-eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplaryň (olaryň şahamçalarynyň, wekilhanalarynyň) sanawy we Türkmenistanyň walýuta ätiýaçlyk goruna geçirilmeleriň möçberleri Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýär.

Mundan başga-da dahyllylar-eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň walýuta ätiýaçlyk goruna geçirimlerden soň öz ygtyýarynda galýan walýuta düşewündiniň bir bölegini walýuta interwensiýasyny amala aşyrmagyň maksatlary üçin TMB-na satýarlar. Walýuta düşewündiniň bir bölegini hökmany satmagyň möçberleri Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýär.

Görnüşi ýaly, hökmany geçirim düzgüni döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplar üçin bellenilip, döwlete degişli bolmadyk şahslar üçin hem ulanylmak mümkinçiligi göz öňünde tutulandyr. Emma hökmany satmak düzgüni diňe döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplar üçin bellenilip, döwlete degişli däl görnüşdäki edara görnüşli taraplara gadagandyr.

Halkara tejribesinde import babatda walýuta gözegçiliginiň esasan aşakdaky usullar bilen amala aşyrylýandygy anyklanyldy:

– daşary ýurt walýutasyny satyn almagyň düzgünlerini bellemek;

– import boýunça tölegleri geçirmek üçin zerur bolan resminamalaryň sanawyny bellemek;

– import boýunça hasaplaşyklaryň görnüşine talaplary bellemek we beýlekiler.

Şeýle hem uly möçberli import tölegleri üçin dokumentar akkreditiwiň açylmagy ýa-da hakujy tölegleriniň gaýtaryljakdygy barada bank kepilnamasynyň bolmagy, ýa-da tölegleri diňe ýükler ugradylandan soňra geçirmek talaby bellenildi.

Türkmenistanda import amallarynda walýuta gözegçiligi gündelik amallara walýuta gözegçiliginiň möhüm düzümleriniň biri bolup, onuň, esasan, aşakdaky usullary ulanylýar:

– import üçin ulanyljak daşary ýurt walýutasynyň möçberiniň meýilnamasyny düzmek;

– import geleşiklerini maliýeleşdirmegiň çeşmelerine talaplary bellemek;

– import üçin hasaplaşyklaryň şertlerine talaplary kesgitlemek;

– daşary ýurt walýutalaryny satyn almak üçin zerur resminamalary kesgitlemek;

– import bilen bagly walýuta amalaryna repatriasiýa talabyny bellemek;

– aýry-aýry ýurtlardan ýa-da sebitlerden importy çäklendirmek;

– import boýunça walýuta amallaryny hasaba almak.

Türkmenistanda import boýunça töleglerde harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň belli-belli görnüşleri üçin ulanyljak daşary ýurt walýutasynyň möçberini meýilleşdirmek we import geleşiklerini maliýeleşdirmegiň çeşmelerine talaplary bellemek diňe döwlet edaralary babatda ulanylýar. Bu şertler, esasan, döwlet maliýe serişdeleriniň ulanylyşyny gözegçilikde saklamak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň, TMK-nyň namalary esasynda kadalaşdyrylýar. Käbir ýurtlaryň tejribesinde ulanylýan, belli bir döwürde ulanyljak daşary ýurt walýutalarynyň möçberini meýilleşdirmek, import geleşiklerini maliýeleşdirmegiň çeşmelerini bellemek ýaly talaplar döwlete degişli bolmadyk şahslar babatda Türkmenistanyň walýuta kanunçylygynda kesgitlenen däldir.

Import geleşiklerini maliýeleşdirmegiň çeşmelerine talaplary bellemek hem diňe döwlet edaralary babatda ulanylýar. Onuň hukuk esasalary hökmünde Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 8-nji fewralynda çykaran «Döwlet maliýe serişdeleriniň ulanylyşyny kämilleşdirmek hakynda» 9477 belgili Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň, şol sanda olaryň tabynlygyndaky kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň maliýe serişdelerini ulanmagyň tertibini», TMK-nyň Başlygynyň Orunbasarynyň 2009-njy ýylyň 23-nji awgustynda çykaran JT-35 belgili buýrugyny görkezmek bolar. Bu buýruk bilen tassyklanan «Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdiniň we baglaşyljak şertnamanyň ylalaşyk hatynyň resmileşdiriliş tertibine» laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli çözgüdinde şertnamany maliýeleşdirmegiň çeşmesiniň hem görkezilmegi bellenilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Döwlet maliýe serişdeleriniň ulanylyşyny kämilleşdirmek hakynda» 2008-nji ýylyň 8-nji fewralynda kabul eden 9477 belgili Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň, şol sanda olaryň tabynlygyndaky kärhanalaryň, edara-

laryň we guramalaryň maliýe serişdelerini ulanmagyň tertibi» döwlet edaralarynyň maliýeleşdiriş çeşmesi döwlet býujeti bilen bagly bolmadyk serişdeleriň hasabyna baglaşýan daşary ýurt walýutalaryndaky şertnamalary (iş sapary bilen baglylardan başga tölege degişli beýleki resminamalary), şeýle hem Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine, Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrligine, Aşgabat şäheriniň häkimligine açylan maksatlaýyn ýörite hasaplaryň serişdeleriniň hasabyna baglaşylýan şertnamalar (tölege degişli beýleki resminamalar) boýunça walýuta serişdelerini ulanmagyň düzgünlerini kesgitleýär. Oňa laýyklykda, bellenen döwlet edaralarynyň walýuta serişdeleri Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlandyrma namasy hem-de TMK-nyň degişli topluma gözegçilik edýän Orunbasary ýa-da pudaga baştutanlyk edýän ýolbaşçy bilen ylalaşylan resminamalar esasynda ulanylýar.

Şeýle-de, karara laýyklykda TDHÇMB daşary ýurt walýutasynda önümleri, harytlary, işleri we hyzmatlary import etmek barada Türkmenistanyň ministrlikleri, pudak edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary, şol sanda olaryň tabynlygyndaky kärhanalar, edaralar we guramalar tarapyndan baglaşylýan şertnamalary Türkmenistanyň hyzmat edýän bankynyň şertnamanyň töleg şertleriniň TMB-niň namalary we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalary bilen bellenilen talaplara laýyk gelýändigi baradaky oňyn netijenamasy bar bolanda hasaba almalydyr.

Bu kararyň esasynda, TMB tarapyndan Türkmenistanyň hyzmat edýän bankynyň netijenamany resmileşdirmeginiň we bermeginiň tertibi işlenilip düzüldi we tassyklanyldy. Bu tertibe laýyklykda, döwlet edaralarynyň baglaşýan import şertnamasynyň töleg şertlerinde tölegleriň hakujy, hakyky getirilen harytlar ýa-da edilen işler boýunça töleg ýa-da akkreditiw ýaly görnüşlerini ulanmaga rugsat berilýär. Tertipde hakujy töleg, akkreditiw hasaplaşygy we harytlaryň getirilmegi we hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi (açyk hasap) boýunça tölegler, şeýle hem gurluşyk şertnamalarynyň maliýeleşdirilmegine bildirilýän hökmany talaplar kesgitlenendir.

Harytlary getirmekligiň esasy şertlerine laýyklykda, harytlaryň tölegini akkreditiw arkaly amala aşyrmak üçin banka tabşyrmaga

degişli resminamalaryň sanawy ýükläp ugratmagyň şertlerine görä tapawutlanýar. Bu ýagdaýda akkreditiw hasaplaşygyny ulanýan taraplar ýük iberme-eltme babatda ulanmasy meýletin bolan halkara täjirçilik adalgalaryna salgylanmaly bolýarlar.

Türkmenistanyň ygtyýarly banklary diňe ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň edaralaryna, kärhanalaryna, guramalaryna, hususy telekeçilere import maksady üçin zerur bolan daşary ýurt walýutalaryny nagt däl görnüşde satylmagy amala aşyrýar. Bu ýagdaýda daşary ýurt walýutalarynyň satylmagy we satyn alynmagy walýutalaryň resmi hümmetinden ugur alnyp, biržanyň we bankyň aratapawut girdejileri hem göz öňünde tutulyp amala aşyrylýar. Döwlet edara-kärhanalary bolsa daşary ýurt walýutasyny Türkmenistanyň ygtyýarly banklarynyň üsti bilen diňe TBWB-niň söwdalarynda satyn alýarlar.

## 4.3. Halkara hasaplaşyklary barada düşünje

Halkara hasaplaşyklarynyň ýüze çykmagy we onuň soňraky üýtgemeleri haryt önümçiliginiň we dolanyşygynyň ösmegi we halkaralaşmagy bilen bagly. Olarda harytlaryň önümçiliginiň we ýerleşdirilişiniň döwürleriniň gabat gelmezligi, ýerleşdiriş bazarlarynyň daşlygy sebäpli halkara dolanyşygynda pullaryň hereketiniň deňeşdireniňde aýrybaşgalaşanlygy şöhlelenýär. Halkara hasaplaşyklary harytlaryň we hyzmatlaryň daşarky söwdasy, şeýle hem täjirçilik däl amallary, karzlar we maýanyň döwletler arasynda hereketi boýunça hasaplaşyklary öz içine alýar.

**Halkara hasaplaşyklary düşünjesi.** Halkara hasaplaşyklary – dürli ýurtlaryň şahsy we edara görnüşli taraplarynyň arasyndaky ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklar bilen bagly ýüze çykýan pul talaplary we borçnamalar boýunça tölegleriň sazlanylmagydyr. Halkara hasaplaşyklary, bir tarapdan, halkara resminamalary we kadalary bilen berkidilen we işlenen tejribe bilen tölegleriň amala aşyrylyş şertlerini, tertibini we görnüşini, beýleki tarapdan, banklaryň olary geçirmek boýunça gündelik amaly işini öz içine alýar. Hasaplaşyklaryň aglaba köpüsi bank hasaplarynda ýazgy etmek arkaly nagt däl görnüşde amala aşyrylýar. Bu ýagdaýda halkara hasaplaşyklarynda

iň iri banklar möhüm orun eýeleýär. Olaryň halkara hasaplaşyklaryna täsir ediş derejesi, olaryň oturan ýurdunyň daşary-ykdysady aragatnaşyklarynyň, milli walýutasynyň ulanylyşynyň gerimine, ýöriteleşmesine, maliýe ýagdaýyna, işewürlik abraýyna, habarçy banklarynyň ulgamyna bagly bolýar. Hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin banklar öz daşary ýurt bölümçelerini we daşary ýurt banklary bilen korrespondent gatnaşyklary ulanýarlar, olar «Loro» (şol bankdaky daşary ýurt banklaryň) we «Nostro» (daşary ýurt banklarynda şol bankyň) hasaplaryň açylmagy bilen utgaşýar. Korrespondent ylalaşyklary hasaplaşyklaryň tertibini, kommission tölegleriň möçberini, harçlanan serişdeleriň öwezini dolmagyň usullaryny kesgitleýär. Halkara hasaplaşyklaryny öz wagtynda we rejeli amala aşyrmak üçin banklar, adatça, öňde durýan tölegleriň düzümine we möhletlerine laýyklykda dürli walýutalarda zerur bolan walýuta eýeleýän ornuny saklaýarlar we öz walýuta ätiýaçlyklarynyň diwersifikasiýa syýasatyny geçirýärler. Has ýokary girdeji almak maksady bilen, banklar walýuta aktiwlerini dünýäniň ssuda maýalarynyň bazaryna, şol sanda ýewrobazara ýerleşdirmegi rowa görüp, «nostro» hasaplarynda iň az galyndyny saklamaga çalyşýarlar.

Banklaryň halkara hasaplaşyklary ulgamyndaky işi, bir tarapdan, milli kanunçylyk bilen düzgünleşdirilýär, beýleki tarapdan, bellenilen düzgünler we kadalar görnüşinde umumylaşdyrylan ýa-da aýratyn resminamalar bilen berkidilen emele gelen dünýä tejribesine laýyklykda kesgitlenýär.

**Milli walýutalaryň, halkara walýuta birlikleriniň we altynyň halkara hasaplaşyklaryndaky orny.** Gadymy döwürlerden gündelik halkara hasaplaşyklarynda öňde baryjy ýurtlaryň milli karz pullary ulanylýardy. Birinji Jahan urşuna çenli funt sterlingde ýazylyp berlen geçirilýän wekseller (trattalar) halkara hasaplaşyklarynyň 80%-ine hyzmat edýärdi. Ýurtlaryň ösüşiniň deňsizligi netijesinde funt sterlingiň halkara hasaplaşyklaryndaky paýy 1948-nji ýylda 40%-e çenli we 90-njy ýyllaryň başynda 5%-e çenli peselýär. ABŞ-nyň dollarynyňky bolsa ýokarlanýar (1982-nji ýylda 75%-e çenli), 2008-nji ýyllaryň başlarynda bolsa 55%-e çenli peselýär, sebäbi nemes markasy, ýa-

pon iýeni, şweýsar franky we beýleki öňdebaryjy walýutalar halkara hasaplaşyklaryň serişdeleri hökmünde ulanylyp başlanýar. 1970-nji ýyldan halkara walýuta birlikleriniň ulanylmagy täze hadysa öwrülýär. SDR, esasan, döwletara hasaplaşyklarynda we aýratynda 1999-njy ýylda ýewro bilen çalşylan ekýu bahanyň walýutasy we töleg walýutasy hökmünde resmi we hususy bölümde ulanylýar. 2000-nji ýyldan ýewro halkara hasaplaşyklaryna işjeň ornaşdyrylýar.

Diýmek, töleg-hasaplaşyk gatnaşyklarynyň ösüşiniň taryhy kanunalaýyklygy altynyň karz pullar diňe bir içerki däl, eýsem halkara hasaplaşyklaryndan gysylyp çykarylmagy wezipesine tabyn bolup durýar. Hatda altyn standartyň agalyk edýän döwründe altyn töleg balansynyň passiw galyndysyny ýapmagyň serişdesi bolup hyzmat edýär. Altyn standartyň ýatyrylmagy we karz pullaryň sary metala çalşylmagy bes edilmegi bilen halkara borçnamalaryny altyn bilen tölemek zerurlygy ýitýär. Emma altyn garaşylmadyk ýagdaýlarda (uruşlar, ykdysady sarsgynlar we başg.) ýa-da beýleki mümkinçilikler egsilende adatdan daşary dünýä pullary hökmünde ulanylýar. Mysal üçin, Ikinji Jahan urşy ýyllarynda köp halkara hasaplaşyklary standart altyn guýmalary bilen amala aşyrylýar. Uruşdan soň köptaraply kliring boýunça galyndy (1950-1958-nji ýyllaryň Ýewropa töleg birleşigi) altyn bilen tölenýär (ilkibaşda 40%, 1955-nji ýylda 75%). Häzirki zaman şertlerinde daşarky söwda we karz ylalaşyklary boýunça ýurtlar öz halkara borçnamalarynyň walýutasyna resmi altyn ätiýaçlyklarynyň bölegini satýarlar. Netijede, häzirki wagtda altyn bazarlaryndaky amallar arkaly altyn halkara hasaplaşyklarynda gytaklaýyn ulanylýar.

Milli walýutalary halkara hasaplaşyklarynda ulanmagyň artykmaçlyklary olaryň kurs üýtgemeleriniň, bu walýutalaryň emitent ýurtlarynyň ykdysady we walýuta syýasatynyň netijeliligine garaşlylygyny güýçlendirýär. Halkara hasaplaşyklarynyň ýagdaýy birnäçe ýurtlaryň arasyndaky ykdysady we syýasy gatnaşyklara; walýuta kanunçylygyna; halkara söwda düzgünlerine we kadalaryna; bank tejribesine; daşarky söwda şertnamalarynyň we karz ylalaşyklarynyň şertlerine bagly bolup durýar.

## 4.4. Türkmenistanda halkara hasaplaşyklarynyň görnüşleri we häsiýetnamasy

Türkmenistanda häzirki wagtda halkara hasaplaşyklarynyň dokumentar akkreditiw, inkasso, bank geçirimi, açyk hasap, hakujy ýaly esasy görnüşleri ulanylýar. Mundan başga-da, hasaplaşyklarda wekseller we çekler ulanylýar. Halkara hasaplaşyklary bilen (mysal üçin, inkasso, hakujy töleg we başg.) banklaryň kepillendiriş amallary berk baglanyşykly. Olar şertnama boýunça taraplaryň öz üstüne alan borçnamalarynyň goşmaça üpjün edilmesi bolup hyzmat edýär. Halkara hasaplaşyklarynyň şu aşakdaky aýratynlyklary bardyr:

1) Import we eksport edijiler, olaryň banklary haryt-ygtyýarlandyryş we töleg resminamalaryny resmileşdirmek, geçirmek, işläp düzmek, tölegleri amala aşyrmak bilen bagly daşarky söwda şertnamalaryndan özbaşdak bolan belli bir gatnaşyklara girýärler. Olaryň arasyndaky borçnamalaryň möçberi we jogapkärçiligiň paýlanyşy hasaplaşyklaryň anyk görnüşine bagly bolup durýar;

2) Halkara hasaplaşyklary kadalaşdyryjy milli kanunçylyk namalary, şeýle hem halkara bank düzgünleri we kadalary bilen düzgünleşdirilýär. ABŞ-da ýeke-täk görnüşli söwda kodeksinde hasaplaşyklara, şol sanda halkara hasaplaşyklaryna degişli kadalar bar;

3) Halkara hasaplaşyklary bir nusga getirilmegiň obýekti hojalyk gatnaşyklarynyň halkaralaşdyrylmagy, bank amallarynyň globallaşdyrylmagy bilen şertlendirilendir. 1930–1931-nji ýyllarda Ženewa konferensiýalarynda kabul edilen halkara weksel we çek konwensiýalary weksel we çek kanunlaryny bir nusga getirmeklige we halkara hasaplaşyklarynda wekselleri we çekleri ulanmagyň kynçylyklaryny aradan aýyrmaga gönükdirilendir. Ýeke-täk görnüşli weksel kanuny döwletleriň aglabasynda milli kanunçylygyň esasy bolup hyzmat edýär. BMG-niň halkara söwda hukugy boýunça iş topary (ÝUNSITRAL) weksel kanunçylygynyň mundan beýläkki unifikasiýasyny amala aşyrýar. XX asyryň başlarynda Parižde döredilen Halkara söwda edarasy (HSE) dokumentar akrreditiwler üçin, inkasso boýunça bir nusga getirilen düzgünleri we kadalary işläp düzýär we neşir edýär. Meselem, inkasso boýunça ilkinji düzgünler

1936-njy ýylda işlenip düzüldi, soňra birnäçe gezek täzeden işlenildi (1967, 1978, 1995-nji ýyllarda). Dünýäniň banklarynyň köpüsi özleriniň akkreditiw we inkasso boýunça bir nusga getirilen düzgünlerine birleşýändiklerini yglan etdiler we amallary şol Düzgünlere laýyklykda geçirilýär. Bu barada akkrediwiň şertlerinde we inkasso tabşyrygynda salgylanma edilýär. Halkara söwda edarasy şertnama kepillendirmeleri, talap boýunça kepillendirmeler, ätiýaçlyk akkreditiwleri (stend-baý) boýunça Düzgünleri işläp düzdi;

4) Halkara hasaplaşyklarynyň, adatça, resminamalaýyn häsiýeti bar, ýagny olar maliýe we täjirçilik resminamalarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Maliýe resminamalaryna adaty we geçirilýän wekseller, çekler, töleg dil hatlary degişli. Täjirçilik resminamalaryna aşakdakylar degişlidir:

a) hasap-haryt sanawlary;

b) harytlaryň ýüklenilip ugradylandygyny ýa-da işleriň ýerine ýetirilendigini tassyklaýan resminamalar (konosamentler, demir ýol, awtomobil we howa üsthatlary, kurýer ýa-da poçta kwitansiýalary, garyşyk daşamalaryň kombinirlenen ulag resminamalary, işleriň ýerine ýetirilendiginiň namalary we başg.);

ç) ätiýaçlandyryş polisleri;

d) beýleki resminamalar harytlaryň gelip çykyşyny, argamyny, hilini ýa-da seljerişini, şeýle hem olaryň serhetleri kesip geçişini tassyklaýan sertifikatlar, galplygyň we ş.m. öňüni almak maksady bilen import ediji döwletiň gümrük gulluklaryny ýüküň niýetlenilişi barada habardar etmek üçin gümrük we konsullyk hasap-haryt sanawlary. Bank bu resminamalaryň mazmunyny we toplumlylygyny barlaýar. Şunuň bilen birlikde birnäçe guramalar (hususan-da, halkara söwda edarasy Pariž şäheri, SWIFT we başg.) tarapyndan elektron «kagyzsyz» söwdanyň ýörelgesi işlenip düzülýär, ol öz içine elektron şertnamalary, elektron maliýe gurallary we hasaplaşyklary (şol sanda akkreditwler), elektron ulag resminamalary düşünjelerini alýar;

5) Halkara hasaplaşyklary dürli walýutalarda amala aşyrylýar. Şonuň üçin olar konwentirlenýän walýuta amallary bilen berk baglanyşykly. Olaryň geçirilişiniň netijeliligine walýuta kursunyň depgini täsir edýär;

6) Bir şertnamanyň çäklerinde halkara hasaplaşyklarynyň birnäçe görnüşleri (kombinirlenen hasaplaşyklar) ulanylyp bilinýär, mysal üçin, şertnamanyň bahasynyň böleginiň gaýtarylmagy hakujy kepillendirmesi bilen kepillendirilýän hakujy bilen tölenip bilner. Şertnamanyň bahasynyň esasy bölegini tölemek üçin akkreditiw ulanylyp, galyndy bolsa bank geçirimi görnüşinde tölenilip bilner.

Halkara hasaplaşygynyň görnüşiniň saýlanyp alynmagyna aşakdaky birnäçe ýagdaýlar täsir edýär:

• daşary söwda geleşiginiň obýekti bolup durýan harydyň görnüşi (hasaplaşyklaryň görnüşi maşynlar we enjamlar ýa-da, mysal üçin, azyk harytlary getirilende tapawutlanyp biler); käbir harytlaryň – agaç materiallarynyň, gallanyň getirilmegi boýunça iş ýüzünde işlenip düzülen adaty görnüşler ulanylýar;

• daşary ykdysady geleşikler boýunça hyzmatdaşlaryň tölege ukyplylygy we abraýy bu olaryň arasyndaky razylaşylan häsiýetini kesgitleýär;

• dünýä bazarlarynda şol haryda bolan islegiň we teklibiň derejesi;

• karz serişdelerini ulanmak bilen bagly hasaplaşyklar geçirilende, karz beriji hem halkara hasaplaşyklarynyň görnüşiniň saýlanyp alynmagyna täsir edip bilýär.

**Hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşi.** Dokumentar akkreditiwler üçin bir nusgadaky düzgünlere we kadalara (halkara söwda edarasynyň 525-nji neşiri, 1995-nji ýylyň redaksiýasy) laýyklykda akkreditiw – bu ylalaşyk bolup durýar. Oňa laýyklykda bank müşderiniň haýyşy boýunça, eger akkreditiwiň ähli şertleri ýerine ýetirilen bolsa, haýryna akkreditiw açylan benefisiara resminamalaryň tölegini amala aşyrmagy ýa-da benefisiar tarapyndan berlen trattanyň aksept tölegini amala aşyrmak ýa-da resminamalaryň satyn alnyşyny amala aşyrmak hakyndaky haýyşyny ýerine ýetirmäge borçlanýar. Akkreditiw boýunça bankyň borçnamasy özbaşdak bolup durýar we täjirçilik şertnamasy boýunça taraplaryň hukuk gatnaşyklaryna bagly bolmaýar. Bu düzgün banklaryň we olaryň müşderileriniň bähbitlerini goramaga gönükdirilendir: eksport edijä resminamalaryň resmileşdirilmegine talaplaryň çäklendirilmegini we tölegi diňe akkreditiwiň şertleri bi-

len almagyny üpjün edýär; import edijä – eksport ediji tarapyndan akkreditiwiň ähli şertleriniň takyk ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

Dokumentar akkreditiw boýunça hasaplaşyklara şu aşakdakylar gatnaşýarlar:

– akkreditiwiň açylmagy hakyndaky haýyş bilen banka ýüzlenýän import ediji (buýruk beriji);

– akkreditiwi açýan emitent bank;

– eksport edijiniň haýryna akkreditiwiň açylandygy hakynda oňa bermegi we oňa akkreditiwiň hakykylygyny tassyklap, onuň ýazgysyny geçirmek ynanylýan awizo ediji bank;

– haýryna akkreditiw açylan eksport ediji – benefisiar *(4.4.1-nji şekil).*




**4.4.1-nji şekil. Dokumentar akkreditiw hasaplaşyklaryň beýany**

4.4.1-nji şekilde: 1. Import ediji eksport ediji bilen şertnama baglaşýar;

2. Imporýor banka akkreditiwiň açylmagy üçin arza berýär;

3. Emitent bank akkreditiw açýar we adatça ony eksport edijiniň ýurdundaky öz korrespondentine ugradýar hem-de akkreditiwi benefisiara awizo etmegi tabşyrýar;

4. Awizo ediji bank akkreditiwiň hakykylygyny tassyklap, ony benefisiara geçirýär;

5. Öz haýryna açylan akkreditiwi alanyndan soň (ýagny bankyň töleg amala aşyrmak borçnamasyny) benefisiar harydyň ýükläp ugradylyşyny amala aşyrýar;

6. Resminamalary, adatça, awizo ediji banka geçirýär;

7. Awizo banky bolsa resminamalary töleg üçin emitent banka geçirýär;

8. Resminamalaryň resmileşdirilişiniň dogrulygy barlanandan soň, eger resminamalar akkreditiwiň şertlerine laýyk gelýän bolsa, emitent bank awizo ediji bankyň gözükdirijilerine laýyklykda pul geçirýär;

9. Resminamalary haryt alýan buýruk berijä berýär;

10. Awizo ediji banka gelip gowşan eksport girdejisi benefisiaryň hasabyna goşulýar.

Akkreditiwiň şertlerine laýyklykda, resminamalar boýunça tölegi amala aşyrmaga ygtyýary bolan bank hökmünde (ýerine ýetiriji bank) awizo ediji banky bellemek hem mümkin. Ol şu ýagdaýda eksport edijä resminamalar boýunça tölegi olaryň banka berilýän pursadynda amala aşyryp bilýär. Soňra bolsa emitent bankyndan amala aşyrylan tölegiň öwezini dolmagy (ýapylmadyk akkreditiwler boýunça) talap edip bilýär. Eger ýerine ýetiriji bankyň we emitent bankyň özara korrespondent hasaplary bolmasa, onda şol banklaryň korrespondent hasaplary açylan üçünji (rambursirleýji) bank hasaplaşyklara gatnaşýar. Şu ýagdaýda akkreditiw açylanda, emitent bank rambursirleýji banka ýerine ýetiriji bankyň talaplaryny akkeditiwiň hereket ediş möhletinde we möçberiniň çäklerinde tölemek hakyndaky gözükdirijileri – ramburs ygtyýarlygyny berýär. Banklaryň hereket ediş tertibi dokumentar akkreditiw boýunça halkara rambursirleme üçin bir nusga getirilen düzgünler bilen kesgitlenýär (HSE-niň 525-nji neşiri, 1995 ý).

Akkreditiwleriň görnüşleri dürli-dürli we şu aşakdaky ýörelgeler boýunça toparlanyp bilner:

1. Emitent banky tarapyndan akkreditiwiň üýtgedilmek ýa-da ýatyrylmaklyk mümkinçiligi nukdaýnazaryndan şu akkreditiwler tapawutlandyrylýar:

– yzyna çagyrylmaýan akkreditiw – emitent bankyň akkreditiwi gyzyklanma bildirýän taraplaryň razylygy bolmazdan üýtgetmezlik we ýatyrmaklyk hakyndaky berk borçnamasy;
– yzyna çagyrylýan akkreditiw, ol benefisiar deslapdan habardar etmezden üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilner. Degişli kesgitleme bolmadyk ýagdaýynda, akkreditiw yzyna gaýtarylmaýan diýip hasap edilýär.

2. Akkreditiw boýunça beýleki bankyň goşmaça borçnamalary nukdaýnazaryndan tassyklanan we tassyklanmadyk akkreditiwler tapawutlandyrylýar. Eger emitent bank awizo ediji ýa-da üçünji bankdan özüniň yzyna gaýtarylmaýan akkreditiwini tassyklamagy haýyş edýän bolsa, onda şeýle tassyklama (eger göz öňünde tutulan resminamalar berlen we akkreditiwiň ähli şertleri ýerine ýetirilen bolsa) tassyklaýjy bankyň emitent bankyň töleg, aksept ýa-da satyn alnan trattasy boýunça borçnamasyna goşmaça berk borçnamany aňladýar.

3. Akkreditiwi dikeltmek mümkinçiligi nukdaýnazaryndan täzelenýän (rollower, rewolwer) akkreditiwler ulanylýar. Olar şertnamanyň bahasynyň bölegi üçin akkreditiw doly ulanylandan soň (birnäçe resminamalaryň toplumy bilen) ýa-da resminamalaryň her toplumy berlenden soň, akkreditiwiň ilkibaşky pul möçberini dikeltmek şerti bilen açylýar. Adatça, akkreditiwiň ýazgysynda şol akkreditiw boýunça borçnamalaryň jemi geçip bilmeýän umumy pul möçberi görkezilýär. Dolanyşygyň harajatlaryny azaltmaga mümkinçilik berýän täzelenýän akkreditiwler uzak döwrüň dowamynda harytlary yzygiderli ýagdaýda ýükläp ugratmak bilen, uly pul möçberlerine baglaşylan şertnamalar boýunça hasaplaşyklarda giňden ulanylýar.

4. Akkreditiwiň ikinji benefisiarlar (harydyň gönüden-göni getirijileri) tarapyndan ulanylmak mümkinçiligi nukdaýnazaryndan geçirilýän (transferabl) akkreditiwler tapawutlandyrylýar. Kömekçi getirijiler tarapyndan birinji benefisiaryň görkezmesi boýunça amala

aşyrylýan toplumlaýyn getirmelerde akkreditiw doly ýa-da bölekleýin ikinji benefisiara geçirilip bilner. Transferabl akkreditiw bir gezekden köp geçirilmeýär.

5. Emitent bank tarapyndan daşary ýurt bankyna walýuta ödemeleriň berilmegi nukdaýnazaryndan ödelen we ödelmedik akkreditiwler tapawutlandyrylýar. Ödelmeli akkreditiw açylanda, emitent bank akkreditiwiň möçberindäki walýutany, adatça, tassyklaýjy banka emitent bank tarapyndan akkreditiw boýunça borçnamalarynyň ýerine ýetirilişiniň üpjün edilişi hökmünde geçirýär. Bu bolsa köp halatlarda tassyklaýjy bankyň emitent bankyň tölege ukyplylygyna bolan ynamsyzlygynyň bardygyna şaýatlyk edýär. Häzirki zaman şertlerinde ödelmedik akkreditiwler agdyklyk edýär.

6. Akkreditiwi amala aşyrmak mümkinçiligi nukdaýnazaryndan resminamalar garşylygynda edilýän tölegli akkreditiwler; akkreditiwiň ähli talaplarynyň ýerine ýetirilmegi şerti bilen trattalaryň emitent bank tarapyndan aksepitini aksept akkreditiwleri; resminamalaryň neogosiasiýasy göz öňünde tutulan akkreditiwler tapawutlandyrylýar. Resminamalaryň berilmegi bilen tölegli akkreditiwler tölegiň gijikdirilmegi göz öňünde tutulmadyk (ýa-da tölegiň gysga möhletli, mysal üçin, harydyň ýüklenip ugradylan senesinden 30 güne çenli gijikdirilmegi bilen) şertnamalar boýunça hasaplaşyklar üçin ulanylýar. Satyjy tarapyndan alyja berlen täjirçilik karzyny göz öňünde tutýan şertnamalar boýunça hasaplaşyklar üçin gijikdirilýän tölegli akkreditwiler ýa-da aksept akkreditiwleri ulanylýar. Aksept akkreditiwleri emitent bankyň akkreditiwiň ähli şertleri ýerine ýetirilende özüne berlen trattany (ýa-da adaty wekseli) akseptlemek we möhletli gelende tölemek borçnamasyny göz öňünde tutýar. Gijikdirilýän tölegli akkreditiw boýunça hasaplaşyklar amala aşyrylanda akkreditiwiň şertlerine doly laýyk gelýän resminamalar berlen ýagdaýynda emitent bank özüniň açan akkreditiwiniň çäginde möhletli gelende tölegli geçirmek borçnamasyny öz üstüne alýar we bu barada benefgisiara habar edýär. Şeýle akkreditiwleriň hereket ediş möhleti tölegiň gijikdirilmeginiň ähli döwrüni öz içine almaýar we diňe resminamalaryň berilmegi üçin niýetlenýär. Negosiasiýa (satyn almak) ýoly bilen ýerine ýetirilýän akkreditiwlerde bankyň benefisiar üçin ol tarapyndan berlen akkredi-

tiw boýunça dolanyşyksyz tratta ýa-da resminamalar tölenmek borçnamasyny göz öňünde tutýar.

Dokumentar akkreditiwden tapawutlylykda, pul akkreditiwi – ondaky görkezilen şertleriň berjaý edilmeginde belli bir möhletiň dowamynda alyja pullaryň tölenilmegi hakyndaky tabşyrygy saklaýan atlaýyn resminama.

7. Akkreditiwiň ýerine ýetirilmegi nukdaýnazaryndan emitent bankda we üçünji banklarda (tassyklaýjy, awizo ediji) ýerine ýetirilen akkreditiwler tapawutlandyrylýar. Islendik bankda ýerine ýetirilýän (erkin negosiasiýaly, sirkulýar) akkreditiw akkreditiwiň görnüşi bolup durýar. Şeýle akkreditiwler – yzyna gaýtarylmaýar we belli işewürlik toparlarynda birinji derejeli abraýy bilen mälim bolan iri banklar tarapyndan berilýär, sebäbi eksport edijä ony amala aşyrmak kyn bolýar.

Häzirki zaman şertlerinde öwezini dolýan we «bek-tu-bek» akkreditiwler ulanylýar. Akkreditiwiň bu görnüşleriniň ykdysady mazmuny barada aýdylanda daşary ýurtly alyjynyň haýryna akkreditiw açylýan benefisiar harydyň öndürijisi däl-de, araçy bolup durýar. Harydyň ahyrky alyja eltilmegini üpjün etmek üçin ol harydy satyn almaga borçly bolýar. Eger harydy öndüriji şereket bilen hasaplaşyklar dokumentar akkreditiw görnüşinde amala aşyrylmaly bolsa, onda şeýle akkreditiwiň açylmagyny üpjün etmek üçin araçy gurama banka import edijiniň bankynyň öz haýryna açan ilkibaşky akkreditiwini hödürläp biler. Käbir ýurtlar, aýratynam, ABŞ ätiýaçlyk kepillendiriş akkreditiwini (stend-baý) görnüşi ulanýar. Ol hyzmatdaşlar tarapyndan şertnama boýunça öz üstüne alan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmeginiň kepillendirmesi bolup hyzmat edýär. Şertnama boýunça bergidaryň resminamalar boýunça tölemedik ýagdaýynda, karz beriji banka ätiýaçlyk akkreditiwiniň hasabyna töleg almak üçin ýüzlenip bilýär (häzirki wagtda ätiýaçlyk akkreditiwleriň açylmagy we olar boýunça tölegler akkreditiwler boýunça bir nusgadaky düzgünler bilen, şeýle hem HSE-niň 590-njy «stend-baý ISP 98 Halkara tejribesi» neşiri bilen düzgünleşdirip bilinýär).

Hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşleri has çylşyrymly we gymmat düşýän görnüşidir. Akkreditiw amallarynyň (awizo etme, tas-

syklama, resminamalary barlamak, töleg) ýerine ýetirilmegi üçin banklar hasaplaşyklaryň beýleki görnüşindäkiden, mysal üçin, inkassodan has köp komission tölegleri alýarlar. Mundan başga-da, akkreditiwi açmak üçin import ediji, adatça bank karzyna ýüz tutýar hem-de munuň üçin göterim haklaryny töleýär. Bu bolsa şu görnüşini gymmatladýar. Import ediji üçin hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşi onuň maliýe ýagdaýyna ýaramaz täsir edýär we onuň maýalarynyň tozmagyna getirýär. Sebäbi ol akkreditiwi harytlary almazyndan we ýerlemezinden öň açmaly, ýöne şol bir wagtda eksport ediji tarapyndan geleşigiň şertleriniň ýerine ýetirilmegine (banklaryň üsti bilen) gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. Eskport ediji üçin hakujy tölegleriden soň akkreditiw görnüşindäki hasaplaşyklar has amatly bolup durýar. Sebäbi bu özünde bankyň töleg amala aşyrmak borçnamasyny saklaýan (banklaryň kepillendiriş amallaryndan başga) hasaplaşygyň ýeke-täk görnüşidir. Şeýlelikde, eksport ediji üçin yzyna çagyrylmaýan akkreditiwiň hasaplaşyklaryň inkasso görnüşi bilen deňeşdirilende hasaplaşyklaryň ygtybarlylygy we harytlaryň öz wagtynda tölenilmeginiň kepillendirmesi, sebäbi ony bank amala aşyrýar; tölegi almagyň çaltlygy, eger bank ýükläp ugradyş resminamalarynyň berilmegi bilen haryt ýüklenip ugradylandan soň haýal etmän tölegi amala aşyrýan bolsa (şeýle bolmasa eksport ediji akkreditiw boýunça tölegi almazyndan öň öz bankynda milli walýutada karz alyp biler); daşary ýurt walýutasynda akkreditiw açylanda (walýuta çäklendirme ýagdaýlarynda) eksport edijiniň ýurduna walýutanyň geçirilmegi üçin import ediji tarapyndan rugsatnama alynmagy ýaly artykmaçlyklary bar.

**Hasaplaşyklaryň inkasso görnüşi.** Inkasso-bank amaly, onuň üsti bilen bank müşderiniň tabşyrygy boýunça we özüniň gözükdirijileriniň esasynda import edijiden onuň salgysyna ýüklenip ugradylan harytlar we edilen hyzmatlar üçin töleg alynýar hem-de bu serişdeleri bankda eksport edijiniň hasabyna inkasso boýunça Unifisirlenen düzgünlere (HSE-niň 522-nji neşiri, 1995 ý. redaksiýa) laýyklykda geçirýär. Hasaplaşyklaryň inkasso görnüşine şu aşakdakylar gatnaşýarlar:

– öz bankyna inkasso amalyny tabşyrýan ynanyjy-müşderi;

– ynanyjynyň inkassirleme boýunça amaly tabşyrýan remitent banky;

– walýuta serişdelerini alýan inkassirleýji bank;

– import edijä-tölegçä resminamalaryň görkezişini amala aşyrýan beriji bank;

– tölegçi.




**4.4.2-nji şekil. Dokumentar inkasso boýunça hasaplaşyklaryň beýany**

4.4.2-nji şekilde: 1 – Eksport ediji import ediji bilen dokumentar inkasso boýunça hasaplaşyk şertlerinde harytlaryň satuwy hakyndaky şertnamany baglaşýar we oňa harydy ugradýar (1a). 2 – Eksport ediji öz bankyna (remitente) inkasso tabşyrygyny we täjirçilik resminamalaryny ugradýar. 3 – Eksport edijiniň banky inkasso tabşyrygyny we täjirçilik resminamalaryny inkassirleýji banka ugradýar. 4 – Inkassirleýji bank şol bir wagtda töleg üçin import edijä alnan resminamalary bermek bilen hödürleýji bank hökmünde çykyş edip bilýär. Şeýle hem resminamalaryň hödürlenmegi inkassirleýji bank tarapyndan beýleki bankyň üsti bilen amala aşyrylyp

bilinýär (adatça, import edijiniň banky). 5 – Import ediji inkassirleýji (hödürleýän) banka resminamalaryň tölegini amala aşyrýar. 6 – Inkassirleýji bank tölegi remitent banka (ýa-da eksport edijiniň bankyna) geçirýär. 7 – Remitent bank geçirilen pul möçberini eksport edijiniň hasabyna goşýar.

Arassa we dokumentar inkassolar tapawutlandyrylýar. Arassa inkassolar täjirçilik resminamalary bilen berilmeýän maliýe resminamalary boýunça tölegiň alynmagyny aňladýar; dokumentar (täjirçilik) inkasso – täjirçilik resminamalary bilen bilelikde maliýe resminamalary ýa-da diňe täjirçilik resminamalary boýunça. Şonda banklarda resminamalary tölemek boýunça haýsydyr bir borçnamalar ýokdur.

Eksport ediji harydy ugradandan soň, doly we takyk gözükdirijileri özünde saklaýan inkasso tabşyrygynda görkezilen şertlerde import edijiden walýutanyň belli bir möçberini almagy öz bankyna tabşyrýar. Inkasso tabşyrygyň a) resminamalar tölegçä töleg (R/T) we b) aksept bilen berilýär (R/A) diýen iki esasy görnüşi bar. Kähalatlarda import edijä bellenilen wagtyň içinde tölegi amala aşyrmak hakyndaky borçnamasy bolanda resminamalaryň tölegsiz berilmegi hem ulanylýar. Şeýle şertleri peýdalanyp, import edijiniň satyn alnan harydy satmaga, girdeji almaga we soňra inkassony eksport edijä tölemäge mümkinçiligi bolýar. Eksport ediji tarapyndan walýuta girdejisiniň alynmagyny çaltlandyrmak maksady bilen, bank trattany hasaba alyp ýa-da täjirçilik resminamalaryna laýyklykda karz berip biler. Şeýlelikde, hasaplaşyklaryň inkasso görnüşi karz gatnaşyklary bilen baglydyr. Ösen ýurtlarda inkasso täjirçilik karzynyň şertlerindäki şertnamalar boýunça hasaplaşyklaryň esasy görnüşidir. Bu ýagdaýda eksport ediji tölegçi tarapyndan akseptlenmegi üçin inkasso üçin tratta berýär, adatça bu oňa täjirçilik resminamalarynyň (dokumentar inkasso) berilmegi bilen amala aşyrylýar. Tölegiň möhleti gelende, akseptlenen wekseller tölenilmegi üçin inkasso (arassa inkasso) ugradylýar.

Inkasso görnüşindäki hasaplaşyklar import edijä belli bir artykmaçlyklary berýär, onuň esasy borçnamasy oňa haryda bolan eýeçilik

hukugyny berýän harydyň resminamalarynyň berilmegi bilen tölegi amala aşyrmakdan ybaratdyr. Bu ýagdaýda öz dolanyşygyndan serişdeleri deslapdan çykarmak zerurlygy bolmaýar. Emma harydyň alynmagyny çaltlandyrmak üçin konosamentleriň asyl nusgalarynyň birini gönüden-göni alyja ugratmak amal edilmeýän bolsa, eksport edijiniň import ediji tarapyndan töleg tölenýänçä haryda eýeçilik etmek babatdaky ýuridik hukugy saklanyp galýar.

Şunuň bilen birlikde, hasaplaşyklaryň inkasso görnüşiniň eksport ediji üçin düýpli kemçilikleri bar. *Birinjiden*, eksport ediji import edijiniň tölegiň tölenilmeginden ýüz döndermek mümkinçiligi bilen bagly töwekgelçiligi çekýär. Bu tölegçiniň bazarynyň konýunkturasynyň ýa-da maliýe ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy bilen bagly bolup biler. Şonuň üçin hasaplaşyklaryň inkasso görnüşiniň şertleri eksport edijiniň import edijiniň tölege ukyplylygyna bolan ynamy we onuň ak ýürekliligi bolup durýar. *Ikinjiden*, inkasso boýunça walýuta girdejisiniň gelmeginiň we harydyň ýüklenip ugradylmagynyň, aýratyn-da ýüküň uzak wagtlap daşalmagynyň arasynda wagt taýdan uly aralyk ýatyr. Inkassonyň bu kemçilikleri aradan aýyrmak üçin iş ýüzünde şu aşakdaky goşmaça şertler ulanylýar:

1) Import edijiniň tabşyrygy boýunça bank eksport edijiniň haýryna töleg kepillendirmesini alýar hem-de bank öz üstüne eksport edijiniň öňünde import ediji tarapyndan töleg tölenilmedik ýagdaýynda inkassonyň pul möçberini tölemek borçnamasyny alýar. Tölegiň goşmaça kepillendirmesi, adatça täjirçilik karzy boýunça hasaplaşyklarda ulanylýar. Sebäbi tölegiň möhleti yza süýşürilende, tölegçiniň maliýe ýagdaýynyň mümkin bolan üýtgemeleri bilen bagly import ediji tarapyndan resminamalaryň tölenilmezlik howpy ýokarlanýar. Käwagt import edijiniň banky weksel awalirleýär. **Awal (töleg kepillendirmesi) – weksel zamunlygy.** Awalist bank töleginiň kepillendirmesiniň anyk kime berlendigi hakynda bellik edip, adatça wekseliň ýüz tarapynda gol goýmak bilen töleg üçin jogapkärçiligi öz üstüne alýar. Şeýle edilmese, awal geçirilýän weksele, weksel berijä (eksport edijä) berlen hasap edilýär;

2) Eksport ediji immobilizlenen serişdeleri ýapmak üçin bank karzyna ýüz tutýar.

**Bank geçirimi.** Bu bir bankyň beýleki banka geçirimi kabul edijä belli bir pul möçberini tölemek hakyndaky tabşyrygydyr. Halkara hasaplaşyklarynda banklar ýygy-ýygydan öz müşderileriniň tabşyrygy boýunça geçirimleri amala aşyrýarlar. Bu amallara şu aşakdakylar gatnaşýar: geçirim beriji-bergidar; tabşyrygy kabul eden geçirim berijiniň banky; geçirmeli geçirimiň pul möçberini hasaplanyp goşulmagyny amala aşyrýan bank; geçirim alyjy. Bank geçirimi görnüşinde inkassonyň tölegi, gutarnykly hasaplaşyklaryň hasabyna tölegler, hakujy tölegler amala aşyrylýar. Mundan başga-da geçirim arkaly gaýtadan hasaplamalar we beýleki amallar amala aşyrylýar. Häzirki wagtda bank geçirimi SWIFT ulgamy boýunça amala aşyrylýar. Bank geçirimleri hasaplaşyklaryň beýleki görnüşleri (mysal üçin, inkasso), şeýle hem kepillendirmeler bilen utgaşyp bilýär. Eksport ediji geçirimleri bankyň kepillendirmeleri bilen utgaşdyrmagy amatly görýär, şonda import ediji tarapyndan harydyň tölegi tölenilmedik ýagdaýynda tölegi kepillendirmäniň hasabyna amala aşyrýar. Harytlar üçin geçirimleri amala aşyrmak üçin import ediji häli-şindi bank karzyna ýüz tutýar, onuň möhleti akkreditiwi açmak üçin karzyň möhletiniňkiden has gysga.

Bank geçirimleriniň ykdysady mazmuny harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň tölegi, olar getirilmezinden öň amala aşyrylýandygyna (hakujy tölegler) ýa-da import ediji tarapyndan olar alnandan soň amala aşyrylýandygyna bagly bolýar (açyk hasap görnüşindäki hasaplaşyklar).

**Hakujy tölegi görnüşindäki hasaplaşyklar.** «Hakujy tölegi» adalgasy harytlar eksport ediji tarapyndan ýüklenip ugradylmazdan, hyzmatlar kabul edilmezinden öň import ediji tarapyndan amala aşyrylýan tölegleri aňladýar. Düzgüne laýyklykda hakujy tölegleri, bir tarapdan, tölegiň şerti hökmünde, beýleki tarapdan – hasaplaşyklaryň görnüşi hökmünde kabul edilýär. Bu hasaplaşyklar eksport edijä has amatly, sebäbi import ediji tarapyndan töleg harytlar ýüklenilip ugradylmanka, kähalatlarda bolsa olar öndürilmänkä amala aşyrylýar. Eger import ediji harytlaryň tölegini hakujy tölegi bilen töleýän bolsa, ol eksport edijini karzlaşdyrýar. Mysal üçin, şertnamanyň bahasynyň bir böleginiň hakujy tölegi daşary ýurtlarda desgalaryň gurluşygy üçin

baglaşylýan şertnamalaryň şertlerine goşulýar. Hususy sargyt boýunça ýasalan gymmat bahaly enjamlar, gämiler, uçarlar import edilende hem bölekleýin hakujy tölegler amal edilýär. Halkara tejribesine laýyklykda hakujy görnüşindäki tölegler şertnamanyň bahasynyň 10-33%-ine barabar bolýar. Eksport edijiniň tabşyrygy boýunça hakujy töleginiň pul möçberine eksport edijiniň banky import edijiniň haýryna şertnamanyň şertleri ýerine ýetirilmedik we haryt getirilmedik ýagdaýynda alnan hakujy töleginiň gaýtarylmagyna kepillendirme berýär. Mundan başga-da, birnäçe harytlary, mysal üçin, gymmat bahaly metallar, ýadro ýangyjy, ýaraglar we başg. hakujy tölegi bilen tölemek kabul edilen. Import edijiniň hasaplaşyklaryň şu görnüşine razylygy onuň harydyň getirilmegine gyzyklanma bildirýändigi ýa-da tölegiň kepillendirilmegine gyzyklanma bildirýän eksport edijiniň täsirine baglydyr.

**Açyk hasap boýunça hasaplaşyklar.** Olaryň düýp mazmuny haryt alnandan soň import ediji tarapyndan eksport edijä yzygiderli tölegiň tölenmeginden ybaratdyr. Gündelik berginiň pul möçberi söwda hyzmatdaşlarynyň kitapçasynda hasaba alynýar. Halkara hasaplaşyklarynyň şu görnüşi açyk hasap boýunça karzyna baglydyr. Açyk hasap boýunça bergini üzmek boýunça hasaplaşyklaryň tertibi ýaryşdaş hyzmatdaşlaryň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenýär. Adatça, bellenen möhletlerde döwürleýin tölegler göz öňünde tutulýar (getirmeler tamamlanandan soň ýa-da import ediji tarapyndan haryt satylandan soň aýyň ortasynda ýa-da ahyrynda). Hasaplaşyklar deňeşdirilenden soň, açyk hasap boýunça bergini gutarnykly üzmek banklar arkaly, adatça, bank geçirimini ýa-da çegi ulanmak bilen amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, bank statistikasynda bank geçirmelerinde açyk hasap boýunça hasaplaşyklar ýygy-ýygydan duş gelýär.

Açyk hasap ammardan satmak üçin ugradylýan harytlar üçin däp bolan söwda aragatnaşyklary bolan şereketleriň; eksport getirmeleri boýunça TMK we onuň daşary ýurt şahamçalarynyň; eksport ediji we broker şereketiniň; eksport edijiniň gatnaşmagy bilen garyşyk şereketleriň arasyndaky hasaplaşyklarda ulanylýar. Adatça açyk hasap boýunça hasaplaşyklar yzygiderli getirmelerde, ynamly uzak

işewürlik gatnaşyklary berkidilende, satyn alyjy bolsa abraýly şereket bolanda ulanylýar. Hasaplaşyklaryň şu görnüşiniň aýratynlygy harytlaryň hereketi pullaryň hereketinden öňe geçýändiginden ybaratdyr. Bu ýagdaýda hasaplaşyklar haryt getirmelerinden üzňeleşýär we täjirçilik karzy bilen baglanyşýar. Bu ýagdaýda, adatça eksport ediji import edijini bir taraplaýyn karzlaşdyrýar. Eger açyk hasap boýunça soňraky hasaplaşyklar bilen harytlar özara getirilýän bolsa, onda taraplaryň her biriniň iki taraplaýyn karzlaşdyrmasy we özara talaplaryň hasaba alnyşy bolup geçýär.

Açyk hasap boýunça hasaplaşyklar import ediji üçin has amatly bolup durýar, sebäbi ol alnan harytlaryň tölegini soň amala aşyrýar, berilýän karz üçin göterim aýratyn alynmaýar, getirilmedik ýa-da kabul edilmedik harydyň tölegini tölemek howpy bolmaýar. Eksport ediji üçin hasaplaşyklaryň şu görnüşi has amatsyz, sebäbi tölegiň öz wagtynda tölenilmegi hakyndaky ygtybarly kepillendirme ýok. Onuň maýalarynyň dolanyşygy peselýär, kähalatlarda bank karzyna ýüz tutmak zerurlygy ýüze çykýar. Hasaplaşyklaryň bu görnüşini bir taraplaýyn ulanmakdaky import ediji tarapyndan harydyň tölenilmezlik howpy hakujy tölegleri edilenden soň, eksport ediji tarapyndan haryt doly getirilmedik ýagdaýyndaky howpa meňzeşdir. Hakykatda, hasaplaşyklaryň şu görnüşi import edijini karzlaşdyrmak bilen utgaşýar we eksport edijiniň oňa bolan ynamyny şöhlelendirýär. Şonuň üçin hasaplaşyklaryň bu görnüşi, adatça garşylyklaýyn getirmelerde, ýaryşdaş hyzmatdaşlar nobatma-nobat satyjynyň we alyjynyň ornunda çykyş edende we import ediji tarapyndan borçnamalaryň ýerine ýetirilmezligi eksport ediji tarapyndan harytlaryň getirilmeginiň togtadylmagyna getirýän ýagdaýynda ulanylýar. Bir taraplaýyn getirmelerde açyk hasap boýunça hasaplaşyklar seýrek ulanylýar.

Kähalatlarda «eksport» ýörite hasaby açmak hakynda ylalaşyk ulanylýar, oňa garşylyklaýyn import edijiniň konwertirlenýän walýutadaky girdejisi geçirilýär. Şeýle hasabyň bolmagy eksport edijiniň import edijiniň tölege ukyplylygyna bolan ynamyny ýokarlandyrýar.

**Banklaryň halkara hasaplaşyklarynyň we kepillendiriş amallarynyň özara baglanyşygy.** Daşary ykdysady işiň ulgamynda ke-

pillendirmeler giň gerime eýe bolýar. Olar kepillendirmäni beren tarapyň (garantyň) karz berijä (benefisiara) onuň ýazmaça talaplary boýunça we kepillendirmäniň şertlerine laýyklykda pul möçberini tölemek borçnamasy bolup durýar. Kepillendirmeler esasy şertnama boýunça bergidaryň tabşyrygy boýunça berilýär. Gönüden-göni benefisiaryň haýryna garant tarapyndan berilýän kepillendirmelere göni kepillendirmeler diýilýär. Birnäçe ýagdaýlarda kepillendirme berlende bank beýleki banka üpjün etme hökmünde öz kepillendirmesini bermek bilen, oňa benefisiaryň haýryna kepillendirme bermegi tabşyryp bilýär. Halkara tejribesinde Prezident, hökümet, şereket, ätiýaçlandyryş kepillendirmeleriniň ulanylan ýagdaýlary mälimdir, emma banklaryň kepillendirmesi has giň gerimde ulanylýar. Sebäbi olar şertnama boýunça bergidaryň borçnamalarynyň pul görnüşinde üpjün edilmeginiň has ygtybarly, çalt we ýeňil amala aşyrylýar.

Borçnamalary üpjün etmek üçin berilýän kepillendirmeleri:

– şertnama boýunça import edijä töleg kepillendirmeleri;

– şertnama boýunça eksport edijä şertnama kepillendirmeleri.

diýen iki uly topara bölmek mümkin. Şertnama kepillendirmelerini öz nobatynda üpjün edilýän borçnamalaryň görnüşi boýunça tölegiň (hakujy töleginiň) gaýtarylmagyna kepillendirme, şertnamanyň ygtybarly ýerine ýetirilmegi üçin kepillendirme, söwdalaşyklara (tendere) gatnaşmak üçin kepillendirme we başgalar ýaly görnüşlere bölmek mümkin.

Benefisiaryň bähbitlerini birinji talap boýunça tölegli yzyna gaýtarylmaýan kepillendirmeler benefisiaryň bähbitlerini has ýokary derejede goraýar. Şonuň bilen birlikde dokumentar kepillendirmeler hem ulanylýar, olar boýunça tölegler resminamalaryň berilmegi, mysal üçin, harytlaryň ýüklenip ugradylandygyny ýa-da işleriň ýerine ýetirilendigini tassyklaýan resminamalaryň berilmegi bilen şertlendirilendir.

Kepillendirmeler milli kanunçylyk bilen düzgünleşdirilýär. Öz işlerinde banklar HSE (Parij şäheri) tarapyndan işlenip düzülen kepillendirmeler üçin bir nusgadaky düzgünleri (talap boýunça kepillendirmeler üçin unifisirlenen düzgünler (HSE-niň 458-nji neşiri, 1992 ý. neşiri) ulanylýar.

**Wekselleriň we çekleriň ulanmagy bilen geçirilýän hasaplaşyklar.** Halkara hasaplaşyklarynda eksport edijiniň import edijä berýän geçirilýän wekselleri ulanylýar. Tratta – kanunda bellenen görnüşde düzülen we bir tarapyň (trassantyň) beýleki tarapa (trassata) görkezilen möhletde belli bir pul möçberini wekselde ady agzalan üçünji tarapa (remitente) ýa-da görkezijä tölemek baradaky beren şertsiz buýrugyndan ybarat bolan resminama. Tratta «özüňe» ýazylyp berlen ýagdaýynda, trassant we remitent şol bir tarap bolup biler. Tratta aslyýetinde geçirilýän weksel bolup, ol geçirilmeýän wekselden tapawutlylykda dolanýar. Iki adalga hem, köplenç, halkara geleşiklerinde ulanylýar. Wekseliň tölenilmegine import ediji ýa-da bank görnüşinde çykyş edýän akseptant jogapkärçilik çekýär. Banklar tarapyndan akseptlenen trattalary hasap ýoly bilen nagt pullara öwürmek ýeňil. Trattalaryň görnüşleri, rekwizitleri, berilmek we tölenmek şertleri, esasan, 1930-njy ýylda Ženewa weksel konwensiýasynda kabul edilen Ýeke-täk görnüşli weksel kanunynyň binýadyndaky weksel kanunçylygy tarapyndan, şeýle hem milli kanunçylyk tarapyndan (mysal üçin, ABŞ-da 1954-nji ýyldan bäri Ýeke-täk söwda-täjirçilik kodeksi, Beýik Britaniýada wekseller baradaky kanun bilen) düzgünleşdirilýär. Trattanyň ilki nusgasy bolup, XII-XIII asyrlarda ýüze çykan we mazmunynda gowşuryja (adatça söwdagäre) ýerli walýutada degişli pul möçberini tölemek baradaky haýyş bolan ýany bilen ugradylýan hatlar hyzmat edýär. Haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi we hojalyk baglanyşyklaryň globallaşmagy bilen weksel köp ugurly karz-hasaplaşyk serişdesine öwrüldi. Trattanyň inkassonyň we akkreditiwiň üstüne goşmaça hökmünde ulanylmagy karz we walýuta girdejisini almaga hukuk berýär.

Şu trattalar tapawutlandyrylýar:

a) görkezijä;

b) haryt trassata gelip gowşanda tölenýän;

ç) möhletli. Görkezilenden soň 30 günden soň tölenilýän möhletli trattanyň aksepti bolmaly we şonuň üsti bilen ol kepillendirilen maliýe resminamasyna öwrülýär.

Weksel ulanylyp geçirilýän hasaplaşyklarda eksport ediji trattany we haryt resminamalaryny inkasso üçin öz bankyna geçirýär, ol bol-

sa import edijiden walýutany alýar. Import ediji diňe töleg edilenden ýa-da tratta akseptlenenden soň bu resminamalara eýelik edip bilýär. Karzyna ekport getirmelerinde wekseliň tölenmek möhleti taraplaryň ylalaşmagyna bagly. Bir wekseli töleg serişdesi hökmünde ulanmak bilen, ondaky geçirme ýazgysy (indossament) arkaly birnäçe dürli pul borçnamalaryny tölemek mümkin. Şu indossamentler tapawutlandyrylýar: atly («*x*»-iň buýrugy boýunça töläň, «*y*»-iň goly); blanka («*y*»-iň goly) çäklendirilen (diňe «*x*» töläň, «*y*»-iň goly); öwrülmeýän («*x*»-iň buýrugy boýunça öwrülmezden töläň, «*y*»-iň goly), şertli (mysal üçin, saýlawdan soň «*x*»-iň buýrugy boýunça töläň, «*y*»-iň goly).

Retratta – tölenilmedik ýa-da akseptlenmedik geçirilýän wekseliň eýesi tarapyndan trassanta ýa-da indossanta wekseliň pul möçberi we onuň uzaldylmagy maksady bilen harajatlar goşulan jeme ýazylyp berlen garşylykly geçirilýän weksel.

Halkara hasaplaşyklarynda çekler hem ulanylýar, olar ilkinji gezek XVI asyrda pullaryň saklanyp berilmegi üçin goýumçylardan göterim alan pulhanaçylaryň kwitansiýalary görnüşinde ýüze çykypdyr. Eger hasaplaşyk çek arkaly amala aşyrylýan bolsa, onda bergidar (alyjy) çegi ýa özi berýär (müşderiniň çegi), ýa-da onuň ýazylyp berilmegini banka tabşyrýar (bankyň çegi). Çegiň görnüşleri we rekwizitleri milli we halkara kanunçylyk (1931 ý. Çek konwensiýasy) tarapyndan düzgünleşdirilýär. Çek görkezilende tölenilmäge (inkassasiýa) degişli bolup durýar.

Söwda däl häsiýetli halkara hasaplaşyklarynda töleg serişdesi hökmünde ýol çekleri we ýewroçekler ulanylýar. Ýol (syýahatçy) çegi töleg resminamasy bolup, walýutanyň onda görkezilen pul möçberini onuň eýesine tölemek baradaky pul borçnamasyny (buýrugyny) aňladýar. Ýol çekleri iri banklar tarapyndan milli we daşary ýurt walýutalarynda ýazylyp berilýär. Eýesiniň golunyň nusgasy oňa çek satylan pursadynda bellenilip alynýar. Ýewroçek – ýewrowalýutadaky çek – müşderiniň nagt pullary deslapdan banka getirmegi şert bolmazdan, bank tarapyndan bir aý möhletli bank karzynyň hasabyna has iri pul möçberleri üçin ýazylyp berilýär; «Ýewroçek» ylalaşygynyň (1968-nji ýyldan bäri) agzasy bolan islendik ýurt-

da tölenýär. Ýewroçegiň kepillik ýewrokartaly standart görnüşi onuň eýesine daşary ýurt banklaryndan pul almaga we daşary ýurtlara gidilende birnäçe döwletleriň dükanlarynda satyn almalar üçin hasaplaşmaga hukuk berýär.

XX asyryň 60-njy ýyllaryndan halkara hasaplaşyklarynda karz kartoçkalar işjeň ulanylýardy. Karz kartoçkasy – eýesiniň hasabynda puluň barlygyny tassyklaýan karz gurama tarapyndan emitirlenýän atlaýyn pul resminamasy. Elektron hasaplaşyklarynyň bu guraly onuň eýesine harytlary we hyzmatlary nagt däl hasaplaşyklary ulanmak bilen satyn almaga hukuk berýär. Olary gaýtadan işlemek üçin kompýuter, elektron we kosmiki aragatnaşyk serişdeleri ulanylýar. Banklaryň we dükanlaryň kompýuterleri telefon arkaly maglumaty gaýtadan işleýän merkezi kompýuter ulgamlaryna çatylýar.

Ösen ýurtlarda olaryň mukdary ilatyň sanyndan hem ýokary geçýär. Töleg kartalarynyň ösmegi bilen bagly dürli kartoçka töleg ulgamlary – olaryň gatnaşyjylarynyň we olaryň arasyndaky gatnaşyklarynyň jemi emele geldi. Halkara töleg assosiasialaryna, mysal üçin, Visa International (1997-nji ýylda resmileşdirildi) degişli. Onuň birnäçe ýurtlardan, şol sanda Russiýadan 20 müň adam agzasy bar, italýan töleg ulgamy (Servizi Interbankart), fransuz töleg ulgamy (Carte Bleu) degişli. Bu assosiasialar debet we kredit kartalary, ýol çekleri boýunça halkara hasaplaşyklarynyň kliringini we düzgünleşdirmesini üpjün edýärler. Halkara telekommunikasiýa ulgamyna agza banklary Beýik Britaniýadaky we ABŞ-daky iki bankara hasaplaşyk merkezleri bilen birleşdirýär.

1992-nji ýylda Brýusselde ýewroçeklere we ýewrokartalara hyzmat eden üç kompaniýanyň birikmeginiň binýadynda Ýewropa Internasional halkara töleg ulgamy döredilýär. 1999-njy ýyldan onuň töleg önümleri, şol sanda, degişlilikde olaryň birnäçesini özünde jemleýän «ýewropaket», plastik kartasynyň şifrlenen belgisini satyn alyjydan satyjy arkaly ynanylan kompaniýanyň serwerine geçirmek üçin «elektron kartlaryny» ýewra nominirlenýär. Karta töleg ulgamynyň agzalary emissiýanyň, standart töleg kartalarynyň ulanylyşynyň,

şeýle hem hasaplaşyk banky arkaly kliringleriň we hasaplaşyklaryň düzgünlerini berjaý etmäge borçly.

NTR-iň täsiri astynda halkara hasaplaşyklarynda kompýuterler işjeň ornaşdyrylýar. Bank kompýuterleriniň ýatlaryna internet ulgamynyň distansion aragatnaşyk kanallary boýunça geçirilýän ýazgylar görnüşindäki elektron signallary ulanylýar. Bankara hasaplaşyklary boýunça maglumatlar SWIFT arkaly geçirilýär.

# V BAP. Türkmenistanyň çäklerinde banklar tarapyndan daşary ýurt walýutasynda käbir amallary geçirmekligiň tertibi

## 5.1. Iş sapary çykdajylaryny tölemek üçin daşary ýurt walýutasyny satyn almagyň we bermegiň tertibi

Ygtyýarly banklar kärhanalara, edaralara we guramalara (mundan beýläk – müşderilere) iş sapary çykdajylaryny tölemek üçin nagt daşary ýurt walýutasyny bermegi müşderiniň ygtyýarly edilen banklardaky daşary ýurt walýutasyndaky serişdeleriniň çäklerinde we olaryň hasabyna amala aşyrýar.

Döwlet edaralary iş sapary çykdajylaryny tölemek üçin daşary ýurt walýutasyny ygtyýarly edilen banklaryň üsti bilen manatlara satyn alyp bilýär.

Ygtyýarly edilen bank döwlet edaralaryna iş sapary çykdajylaryny tölemek üçin daşary ýurt walýutasyny satmagy we bermegi Düzgünnamanyň I böleginiň 3-nji bölüminde göz öňünde tutulan resminamalar esasynda banka Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarynyň rugsat berýän hatynyň goşmaça berilmegi esasynda amala aşyrýar.

Iş sapary çykdajylaryny tölemek, nagt daşary ýurt walýutasyny almak üçin esasy şulardan ybaratdyr:

– Türkmenistanyň çäklerinden daşary gulluk iş saparyna gitmek hakynda buýruk ýa-da şeýle buýrukdan göçürme, şonda şu maglumatlar: ýagny, iş saparyna iberilýän adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady, gulluk iş saparyna gitmegiň senesi we ondan gaýdyp gelmegiň senesi ýa-da iş saparyň göz öňünde tutulýan möhleti, iş saparyna gidilýän ýurt;

– çykdajylaryň sanawy;

– iş saparlarynyň maksadyny düşündirýän çakylyk, şertnama ýa-da beýleki resminamalar.

Müşderi ygtyýarly edilen banka ýokarda görkezilen resminamalaryň asyl nusgalaryny we göçürme nusgalaryny hökmany tertipde berýär.

Berlen resminamalar esasynda bank «Iş sapary çykdajylary» diýen resminamalar toplumyny açýar, şonda bolsa resminamalaryň nusgalaryny ýerleşdirýär. Resminamalaryň asyl nusgalary olaryň göçürme nusgalarynyň alnan seneleri hakynda ygtyýarly edilen bankyň belligi bilen müşderä gaýtarylyp berilýär. Ygtyýarly edilen bank nagt daşary ýurt walýutasyndaky soralýan möçberi müşderä ol zerur resminamalary bereninden soň berýär.

Iş saparyna giden adam nagt daşary ýurt walýutasynda alnan hakujundan artyk serişde nagt sarp eden halatynda iş saparyna iberilen adamyň öňündäki bergi nagt daşary ýurt walýutasyny bermek görnüşinde bolşy ýaly, şeýle hem müşderiniň hasabyndaky daşary ýurt walýutasyndaky serişdeleri iş saparyna iberýän tarapyň ygtyýarly banklardaky daşary ýurt walýutasyndaky hasabyna geçirmek arkaly üzülýär. Müşderiniň daşary ýurt walýutasyndaky hasabynda serişdeler bolmadyk ýagdaýynda bergini üzmek iş saparyna iberilýän adam bilen ylalaşmak boýunça berginiň Türkmenistanyň bankynyň bergi üzülýän senede bellän hümmeti boýunça hasaplanan manatlardaky barabar möçberini bermek arkaly tölenilip bilner.

Iş saparyna iberilen adamyň öňündäki bergini üzmek üçin müşderi ygtyýarly edilen banka iş saparyna iberilen adamyň hakujy hasabyny hem-de onuň Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky çykdajylaryny tassyklaýan resminamalaryny berýär.

Iş saparyna iberilen adam nagt daşary ýurt walýutasynda alnan hakujuny iş sapary çykdajylaryny tölemek üçin doly peýdalanmadyk ýagdaýynda nagt daşary ýurt walýutasynda sarp edilmedik serişdeler müşderi tarapyndan özüniň daşary ýurt walýutasyndaky hasabyna geçirilmegi üçin ygtyýarly banka tabşyrylýar.

Türkmenistanyň çäklerinden daşary gulluk iş saparynyň bolmadyk halatynda müşderi tarapyndan peýdalanylmadyk nagt daşary ýurt walýutasyny müşderi iş saparyna iberilýän adamyň gitmegi çak edilýän seneden başlap 5 iş gününiň dowamynda ygtyýarly banka gaýtaryp berýär.

Türkmenistanyň çäklerinde daşary gulluk iş sapary tamamlanandan soň, ýöne iş saparyna iberilýän adamyň gaýdyp gelmegi çak edilýän seneden başlap 30 iş gününden gijä galynman müşderi banka hasabat berýär (1-nji goşundy).

Ygtyýarly bankyň daşary ýurt walýutasyndaky peýdalanylmadyk puly müşderiniň hasabaty bermedik halatynda kabul etmegine ýol berilmeýär.

Müşderi ygtyýarly banka hasabatyň asyl nusgasyny we göçürme nusgasyny berýär. Ygtyýarly bank hasabatyň göçürme nusgasyny «Iş sapary çykdajylary» resminamalar toplumyna çatýar. Hasabatyň asyl nusgasy hasabatyň göçürme nusgasynyň kabul edilen senesi hakyndaky ygtyýarly bankyň belligi bilen müşderä gaýtarylyp berilýär.

Eger Türkmenistanyň çäklerinden daşary gulluk iş sapary hasabaty bermegiň senesinden uzak bolmadyk möhlete gaýra goýulýan bolsa hem-de iş sapary çykdajylary üçin hakujunyň alnan möçberi nagt daşary ýurt walýutasynda alnan möçberden köp bolmasa, müşderi ygtyýarly banka täze buýruk berýär we ygtyýarly bank hasabaty bermegiň senesini iş saparyna iberýän adamyň gaýdyp gelmeginiň täze buýrukda göz öňünde tutulan senesine baglylykda hasaplanylýar.

Eger müşderi hasabaty ygtyýarly banka iş saparyna iberilýän adamyň gelmegi buýrukda görkezilen çak edilýän seneden başlap 30 iş gününiň dowamynda bermese, ygtyýarly bank daşary ýurt walýutasyndaky nagt puly bermek boýunça amaly müşderi hasabaty berýänçä duruzýar.

Iş sapary çykdajylaryny tölemek üçin daşary ýurt walýutasynda satyn alnan ýa-da berlen serişdeleri başga maksatlar üçin, şol sanda daşary ykdysady geleşikleri boýunça tölegleri amala aşyrmak üçin peýdalanmak gadagandyr. Türkmenistanyň çäklerinden daşaryk iş saparyna iberilýän adamyň çykdajylarynyň sanawy Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň aprel aýynyň 17-sinde çykaran 13619 belgili Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanyň şäherlerine we ilatly ýerlerine hem-de onuň çäklerinden daşary gulluk iş saparlary hakynda «Düzgünnamadan» ugur alnyp, aşakdaky ýaly düzülmelidir:

– ýaşaýyş jaýyny kreýine almak üçin (eger müşderiniň buýrugynda başgaça görkezilmedik bolsa) gije-gündizde Düzgünnamada görkezilenden köp bolmadyk möçberde;

– GDA döwletlerine gije-gündizlik sowalga pullar – Düzgünnama laýyklykda ABŞ-nyň dollarynda ýa-da bolunýan ýurduň walýutasyna barabar möçberde;

– beýleki daşary ýurt döwletlerine gije-gündizlik sowalga puly – amerikan dollarynda ýa-da bolunýan ýurduň walýutasynda barabar möçberde.

Daşary ýurt döwleti (halkara guramasy) çagyryjy tarap bolan hem-de çykdajylary öz üstüne alan halatlarynda işgäre berilýän gije-gündizlik sowalga puly bellenilen möçberleriň ýüzden 20 mukdarynda hasaplanylýar.

## 5.2. Daşary ýurt walýutasyny çalyşmak amallaryny amala aşyrmagyň tertibi

GDA ýurtlarynyň döwlet ýokary okuw mekdeplerinde ýa-da daşary ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde önümçilikden aýrylmak şerti bilen okaýan (okuwyň gündizki görnüşi) talyplara nagt daşary ýurt walýutasyny çalyşmak şu tertipde amala aşyrmaga degişlidir:

a) Türkmenistanyň döwletara (hökümetara) şertnamalarynyň, ylalaşyklarynyň çäklerinde daşary ýurtlarda okamak üçin Türkmenistanyň döwlet býujetinden Türkmenistanyň Bilim ministrligine, Türkmenistanyň ministrliklerine hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna manatlarda berilýän serişdeler;

b) daşary ýurt guramalary, edaralary we gaznalary, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň ýokary okuw mekdepleri bilen Türkmenistanyň ulanylýan kanunlaryna laýyklykda baglaşylan göni ylalaşyklara, şertnamalara laýyklykda okadylmagy hem-de okaýan ýurdunda bolmagy üçin, şeýle hem okaýan ýerine gitmek we yzyna gelmek üçin ulag çykdajylarynyň öwezini dolmak maksady bilen göz öňünde tutulan Türkmenistanyň ministrlikleriniň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň manatlardaky serişdeleri;

ç) hususy adamlaryň manatlardaky serişdeleri;

d) daşary ýurt döwletleriniň hökümetleriniň, halkara guramalarynyň we gaznalarynyň Türkmenistana berýän talyp haklarynyň

hasabyna okadylýan adamlaryň manatlardaky serişdeleri, şol sanda talybyň hasabyna ulag çykdajylaryny tölemek bilen.

Manatlardaky serişdeler çalşylan mahaly ministrlikler hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralary ygtyýarly banka beren tabşyryknamasynda talybyň familiýasyny, adyny we atasynyň adyny, şeýle hem şertnamanyň (ylalaşygyň) senesini we nomerini hökmany tertipde görkezýär.

Daşary ýurt pullaryny «a», «b» we «ç» bölümlere gabat gelýän talyplara walýutalary çalyşmak, okamak üçin töleg, okaýan ýerine barmak we yzyna gelmek maksatly ulag çykdajylarynyň öwezini dolmak, şeýle hem okaýan ýurdunda bolmak üçin amala aşyrylýar.

Daşary ýurt walýutasyny «*d*» bölümiň täsirine düşýän talaplara çalyşmak ýylda iki gezek, okaýan ýerine barmak we yzyna gelmek maksatly ulag çykdajylarynyň hakyky sarp edilen çykdajylardan köp bolmadyk möçberlerde öwezini dolmak üçin amala aşyrylýar.

Ygtyýarly bank çalyşmagy Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan alnan, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylan sanaw esasynda amala aşyrylýar.

Ygtyýarly banklar manatlardaky serişdeleri şu resminamalar berlende çalyşýar:

– daşary ýurt döwletiniň okuw mekdebi bilen talybyň ýokary okuw mekdebinde okamak baradaky şertnamasynyň asyl nusgasy we göçürme nusgasy. Ygtyýarly bank ýokarda görkezilen şertnamanyň asyl nusgasyny we göçürme nusgasyny degşirýär hem-de şertnamanyň asyl nusgasyny çalyşmagyň amala aşyrylandygy hakyndaky degişli bellik bilen talyba gaýtaryp berýär; munuň özi daşary ýurt döwletiniň ýokary okuw mekdebinde okuwyň bütin döwri üçin tölegiň geçirilendigine gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen edilýär;

– ýokary okuw mekdebi tarapyndan okadylmagyna tölemek üçin berlen hasap (nyrh-hasapnamasy). Ygtyýarly bank hasabyň möçberini şertnamada görkezilen möçber bilen deňeşdirýär;

– ulag çykdajylaryny tassyklaýan resminamalary (howa ulag bileti, demir ýol petekleri we ş. m.);

– şol adamyň şertnamada görkezilen ýokary okuw mekdebiniň talybydygyny tassyklaýan delilhat.

Okamagyň bahasyny tölemek üçin manatlardaky serişdeleri çalyşmak şertnamada görkezilen möçberde, ýöne bir ýylda ABŞ-nyň dollarynda kesgitlenen möçberden köp bolmadyk ýagdaýynda çalşylýar (Düzgünnama laýyklykda).

Okadylýan ýurtda bolmak üçin ýylda iki gezek ABŞ-nyň dollarynda kesgitlenen möçberinde serişde berilýär (Düzgünnama laýyklykda).

Okatmak üçin töleg daşary ýurt döwletiniň ýokary okuw mekdepleriniň bank maglumatlary boýunça nagt däl tertipde serişde geçirmek arkaly amala aşyrylýar. Okadylmagy üçin nagt serişdeleriň berilmegine okaýan ýerinde öň tölegiň amala aşyrylanlygy hakyndaky töleg delilhatynyň asyl nusgasy görkezilende ýol berilýär.

Okamak, ulag çykdajylarynyň öwezini dolmak hem-de okadylýan ýurtda bolmak üçin nagt walýutalar talyba pasportyny görkezen mahaly tölenilýär.

Nagt daşary ýurt walýutasynyň ynanç hatlary boýunça başga adamlara berilmegi gadagandyr.

Ulag çykdajylaryny hem-de okalýan ýurtda bolmak üçin tölegi nagt däl görnüşde, ýagny talybyň okaýan ýurdundaky hasabyna serişde geçirmek arkaly amala aşyrylyp bilner. Serişde geçirmek talybyň arzasy esasynda amala aşyrylýar, şol arzada bankyň maglumatlary hem-de talybyň okaýan ýurdundaky hasabynyň belgisi görkezilýär.

Manatlardaky serişdeleri çalyşmak ýakyn garyndaşynyň ölmegi sebäpli gidýän adamdan ygtyýarly bankyň ýolbaşçysynyň adyna ýazylan arza esasynda çalşyrylýar.

Manatlardaky pullaryň çalşylmagy üçin ygtyýarly banka aşakdaky resminamalary bermek zerurdyr:

a) ýakyn garyndaşynyň (ata-enesiniň, çagalarynyň, är-aýalyň, uýasynyň, doganynyň, atasynyň (babasynyň), enesiniň (mamasynyň) we şuňa meňzeşleriň ölmegi hakyndaky telegramma, telegramma lukman tarapyndan we iberiji operator hem-de ýerli aragatnaşyk bölümi tarapyndan güwä geçilen bolmalydyr;

b) garyndaşlygy tassyklaýan resminama ýa-da şol resminamanyň nusgasy (ölen garyndaşynyň doglanlygy hakyndaky şahadatnama, Türkmenistanyň çäklerinden daşaryk gidýän adamyň doglanlygy hakyndaky şahadatnama, ata-enesiniň doglanlygy hakyndaky şahadatnama, nikanyň baglaşylmagy hakyndaky şahadatnama, ogullyga (gyzlyga) almak baradaky resminamalar we başg.);

ç) ahyrky baryljak ýere ýa-da üstünden geçiljek ýere çenli we yzyna ýol resminamalary (howa ulaglary ýa-da demir ýol ulagy üçin biletler).

Ölmegiň telegramma bilen tassyklanan halatynda Türkmenistanyň çäklerinden daşary gidýän iki garyndaşa puluň bir wagtda çalşylmagyna ygtyýar berilýär.

Ygtyýar edilen bank walýutany telegramma alnan pursatdan başlap 6 aýyň dowamynda çalyşýar.

Pullaryny wagtynda çalşyp bilmedik adam gaýdyp geleninden soň banka ýokarda görkezilen resminamalar bilen bilelikde garyndaşynyň ölenligi hakyndaky şahadatnamanyň bellige alyş edarasy taýdan güwä geçilen nusgasyny berýär.

Ýokardaky sanalyp geçilen amallary, ýagny daşary ýurt walýutasynyň çalşyrmagyny we amala aşyrmagyň esaslydygyna gözegçilik etmegi amala aşyrýan ygtyýarly bank «Türkmenistan» Döwlet täjirçilik bankydyr.

## 5.3. Şahsy adamlaryň daşary ýurt walýutasyndaky serişdeleri daşary ýurt walýutasyndaky hasaplary açmazdan, Türkmenistandan we Türkmenistana geçirmegi amala aşyrmagynyň tertibi

Şahsy adam (onuň wekili) Türkmenistandan daşary ýurt walýutalaryny geçirmegi we geçirilen daşary ýurt walýutalaryny almagy posportyny ýa-da şahsy adamyň şahsyýetine güwä geçýän başga bir resminamany görkezmek arkaly, geçirmek we almak wekil tarapyndan amala aşyrylan halatynda ynanç hatyny, şeýle hem arzany (tabşyryknamany), şeýle hem beýleki zerur resminamalary görkezmek arkaly amala aşyrylýar.

Daşary ýurt walýutalaryny Türkmenistandan geçirmek ýa-da geçirilen daşary ýurt walýutalaryny Türkmenistanda almak üçin arzada (tabşyryknamada) aşakdakylar görkezilmelidir:

– daşary ýurt walýutalary Türkmenistandan geçirilende tölegi iberijiniň familiýasy, ady, atasynyň ady, şahsyýetine güwä geçýän resminama (onuň nomeri, seriýasy, kim tarapyndan we haçan berlenligi).

– daşary ýurt walýutalary Türkmenistandan geçirilende tölegi alyjynyň familiýasy, ady, atasynyň ady we doly salgysy, şahsyýetine güwä geçýän resminama (onuň nomeri, seriýasy, kim tarapyndan we haçan berlenligi).

– geçirilen walýutanyň möçberi we şol walýutany geçirmegiň maksady;

– senesi we adamyň şahsy goly.

Türkmenistana geçirilen daşary ýurt walýutalary ygtyýarly bank tarapyndan aşakdaky görnüşlerde berlip bilner:

a) nagt walýuta görnüşinde berlip bilner;

b) daşary ýurt walýutasyndaky hasaba geçirilip bilner;

ç) alyjynyň arzasyna (tabşyryknamasyna) laýyklykda Türkmenistana geçirilip bilner, ýöne şu amal bir gezeklik häsiýetli bolanda geçirilip bilner.

Nagt daşary ýurt walýutasynda geçirilen serişdeler berlen mahaly ygtyýarly bank alyja Güwänamany (2-nji goşundy) berýär, ol daşary ýurt walýutalarynyň gelip çykyşyny tassyklaýan resminama bolup durýar.

Eger dahylsyzlar bolan şahsy adam öň:

a) daşary ýurt walýutasyny Türkmenistana geçiren bolsa;

b) nagt daşary ýurt walýutalaryny özüniň daşary ýurt walýutasyndaky hasabyndan alan bolsa;

ç) Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellän tertibinde Türkmenistanyň içerki daşary ýurt walýuta bazarynda nagt daşary ýurt walýutasyny satyn alan bolsa;

d) nagt daşary ýurt walýutalaryny Türkmenistanyň gümrük kanunlarynyň talaplaryna laýyk getiren bolsa;

e) daşary ýurt walýutalaryny ygtyýarly bankyň töleg resminamalaryny satmakdan alan bolsa, ol daşary ýurt walýutasyny Türkmenistandan geçirip biler.

Nagt daşary ýurt walýutasy daşary ýurda geçirilen mahaly ygtyýarly banka aşakdaky resminamalaryň biri berilmelidir:

a) daşary ýurt walýutasynyň gelip çykyşyny tassyklaýan resminama bolup durýan güwänama;

b) dahylsyzlar bolan şahsy adamyň nagt daşary yurt walýutasyny getirendigini tassyklaýan, gümrük edarasy tarapyndan resmileşdirilen resminama;

ç) daşary ýurt walýutasyny satyn almakda ulanylan manatlardaky serişdeleriň gelip çykyşyny tassyklaýan resminamalar.

Daşary ýurt walýutalaryny Türkmenistandan ibermek daşary ýurt walýutalarynyň emele gelmeginiň kanunylygyny tassyklaýan resminamalarda görkezilen möçberleriň çäklerinde amala aşyrylýar.

Ygtyýarly bank resminamalarynyň asyl nusgasynda möçberini hem-de senesini hökmany suratda görkezmek bilen, geçirilen amal hakynda bellik edýär.

Dahylly bolan şahsy adam Türkmenistana geçirilen daşary ýurt walýutasyny Türkmenistana aşakdaky ýagdaýda geçirilende alyp biler:

– dahylly bolan şahsy adam tarapyndan öz adyna geçirilende;

– dahylly bolmadyk edara görnüşindäki tarap, şeýle hem şahsy adam dahylly bolan şahsy adamyň adyna geçirilende;

– dahylly bolan şahsy adam, dahylly bolan başga bir şahsy adamyň adyna geçirende.

Dahylly bolan şahsy adamlaryň öň Türkmenistana ýa-da getirilen daşary ýurt walýutasyny Türkmenistandan geçirmäge ýa-da alyp gitmäge gümrük kadalary berjaý edilen halatda jarnamasynda ýa-da daşary ýurt walýutasynyň Türkmenistana getirilmegini ýa-da Türkmenistandan alnyp gidilmegini tassyklaýan başga bir resminamada görkezilen möçberlerde hukugy bardyr.

Nagt daşary ýurt walýutasy Türkmenistandan iberilen mahaly ygtyýarly banka şu aşakdaky resminamalar tabşyrylmalydyr:

a) daşary ýurt pulunyň gelip çykyşyny tassyklaýan resminama bolan güwänama;

b) rezident bolan şahsy adamyň nagt daşary ýurt puluny getirendigini tassyklaýan, gümrük edarasy tarapyndan resmileşdirilen resminama;

Türkmenistana geçirilen daşary ýurt puly ygtyýarly bank tarapyndan «Daşary ýurtlarda geçirilen tölenilmedik serişdeler» diýen 23203-nji balans hasabyna geçirilýär. Ygtyýarly edilen banklar «Daşary ýurt hasabyny açmazdan geçirilýän daşary ýurt pullaryny hasaba almagyň kitabyny» (3-nji goşundy) ýöretmäge borçludyr. Ähli geçirilýän amallar amala aşyrylan gününde kitapda hökmany suratda beýan edilmäge degişlidir. Kitaby elektron görnüşde ýöretmek bilen, maglumatlary her aýda çap etmäge we çatmaga ýol berilýär.

Iberilen puluň habarçy bankyň töleg gollanmasynyň ýoklugy sebäpli ýa-da geçirilen puly alyjynyň gelmänligi sebäpli tölenilmegi mümkin bolmadyk halatda Türkmenistana iberilen daşary ýurt puly ygtyýarly bank tarapyndan rezident däl banka daşary ýurt puly «Daşary ýurtdan iberilen tölenilmedik serişdeler» diýen 23203-nji balans hasabyna geçirilen seneden başlap, 6 aý geçenden soň gaýtarylyp berilýär.

Hususy telekeçilere daşary ýurt walýutalaryny Türkmenistana ibermek we Türkmenistana iberilen daşary ýurt walýutasyny almak daşary ýurt walýutasyndaky işleri düzgünleşdirýän kanunlara laýyklykda diňe ygtyýarly banklarda açylan daşary ýurt walýutasyndaky gündelik hasaplaryň üsti bilen amala aşyrylýar.

Eger Türkmenistandan iberilýän ýa-da Türkmenistana iberilýän daşary ýurt walýutalary telekeçilik we maýa goýum işini amala aşyrmak ýa-da gozgalmaýan emläk üçin hukuklary edinmek bilen baglanyşykly bolsa, şahsy adamlaryň daşary ýurt walýutasyny Türkmenistandan ibermegine we şahsy adamlaryň Türkmenistana iberilen daşary ýurt walýutasyny almagyna hem degişli däldir.

## 5. 4.Telekeçilik işi bilen meşgullanýan şahsy adamlaryň hasaplary boýunça daşary ýurt walýutasyndaky amallary geçirmegiň tertibi

Ygtyýarly banklar telekeçilik işi bilen meşgullanýan şahsy adamlaryň gündelik hasaplary boýunça daşary ýurt walýutalaryndaky amallary daşary ykdysady iş bilen meşgullanmak üçin ygtyýarnamasy bar mahalynda hem-de aşakdakylar esasynda amala aşyrylýar:

a) harytlary daşary ýurtlara ibermek we daşary ýurtlardan getirmek boýunça Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda hasaba alnan şertnamalar (ylalaşyklar) hem-de esaslandyryjy resminamalar (gümrük ýük jarnamalary, ulag ýanhatlary, ýükläp iberiş resminamalary, hasaplaşyk hatlary, harytlaryň gelip çykyşy hakyndaky güwänamalar, sertifikatlary);

b) işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek, bilim-ukyp işiniň daşary ýurt walýutasyndaky netijelerini bermek hakyndaky şertnamalar (ylalaşyklar), şol sanda işleriň, hyzmatlaryň, ylym-bilim işiniň netijeleriniň eksporty-importy boýunça şertnamalar (ylalaşyklar) hem-de esaslandyryjy resminamalar (işleriň ýerine ýetirilendigi hakyndaky güwänamalar, kabul etmek-tabşyrmak güwänamalary, hasaplaşyk hatlary, nyrh-hasapnamalary);

ç) daşary ýurt walýutasyndaky karz şertnamalary hem-de esaslandyryjy resminamalar;

d) daşary ýurt walýutasyndaky depozit şertnamalary.

Türkmenistanyň dahyllylary bolan telekeçileriň daşary ýurt walýutasyndaky hasaplary Türkmenistanyň banklaryndaky hasaplary Maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda düzülen banklarda buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasynda ýöredilýär.

«Türkmenistanda telekeçilik işi bilen meşgullanýan dahyllylar bolan şahsy adamlaryň gündelik hasaplary» diýen 23208-nji balans hasabynda açylýar.

Türkmenistanyň dahyllylary bolan telekeçileriň daşary ýurt walýutasyndaky gündelik hasaplary aşakdaky resminamalar berlende açylýar:

– hasaby açmak hakyndaky arza;

– sowalnama;

– patent;

– hasaba alyş şahadatnamasy ;

– salgyt gullugyndan güwähat;

– olaryň nusgalary, bellige alyş edarasy tarapyndan güwä geçilen resminama kartoçkasy.

Türkmenistanyň dahyllylary bolan telekeçileriň daşary ýurt walýutasyndaky gündelik hasaplaryna daşary ýurt walýutasyndaky aşakdaky serişdeler geçirilip bilner:

a) harytlar, işler, hyzmatlar, ylym-bilim işiniň netijeleri üçin töleg hökmünde dahylly dällere geçirilen serişdeler;

b) harytlar, işler, hyzmatlar, ylym-bilim işiniň netijeleri üçin töleg hökmünde dahyllylara Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamalaryna laýyklykda geçirilen serişdeler;

ç) degişli ygtyýarnama bar mahaly Türkmenistandaky gündelik hojalyk işinden alnan gazançlar, nagt walýuta serişdeleri;

d) hasabyň eýesiniň şertnamalaryň (ylalaşyklaryň) bahasyny we iş sapary çykdajylaryny tölemek hem-de Türkmenistanyň ulanylýan kanunlaryna laýyklykda beýleki maksatlar üçin ygtyýarly bankyň üsti bilen Türkmenistanyň Bankara daşary ýurt puly biržasynda ýa-da ygtyýarly bankda satyn alan walýuta serişdeleri;

e) hasabyň eýesi bilen bankyň arasynda baglaşylan şertnamalara laýyklykda Türkmenistanyň ygtyýarly banklaryndaky depozitlerde ýerleşdirilen daşary ýurt walýutasyndaky serişdelerden alnan göterimler;

ä) maýalyk serişdelerine gatnaşmakdan alnan girdejiler (göterimler);

f) gymmatly kagyzlary satmakdan gowuşýan serişdeler, şeýle hem gymmatly kagyzlar boýunça gowuşýan girdejiler (göterimler);

g) hasabyň eýesiniň Türkmenistana getiren we Türkmenistanyň Döwlet gümrükhanasy tarapyndan bellenilen tertipde hasaba alnan nagt daşary ýurt walýutasy.

Türkmenistanyň dahyllylary bolan kärhana eýeleriniň hasaplarynda durýan serişdeler hasabynyň eýesiniň ygtyýary boýunça şu görnüşde ulanylyp bilner:

a) hasabyň eýesiniň Türkmenistanda hereket edýän kanunlara laýyklykda baglaşylan şertnamalary (ylalaşyklary) boýunça harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň, ylym-bilim işiniň netijeleriniň bahasyny tölemek üçin halkara bank tejribesinde kabul edilen düzgünleriň esasynda daşary ýurda geçirilip bilner;

b) dahyllylar tarapyndan harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň, ylym-bilim işiniň netijeleriniň bahasyny tölemek Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamalaryna laýyklykda geçirilip bilner;

ç) ygtyýarly banklarda alnan daşary ýurt walýutasyndaky karzlar boýunça bergileri we olar boýunça göterimleri, banklaryň hyz-

mat haklaryny hem-de iş sapary çykdajylaryny tölemek, şeýle hem ygtyýarly banklara satmak üçin peýdalanylyp bilner;

d) Türkmenistanyň kanunlaryna we kadalaşdyryjy hukuknamalaryna laýyklykda iş hakyny tölemek üçin peýdalanylyp bilner.

Türkmenistanyň dahylly däl telekeçileriniň daşary ýurt walýutasyndaky hasaplary Türkmenistanyň banklarynda hasaplaryň buhgalteriýa hasabyny ýöretmegiň maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna laýyklykda düzülen banklarda buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasyna hem-de ony ulanmak boýunça görkezmelere laýyklykda «Telekeçilik işi bilen meşgullanýan Türkmenistanyň dahyllylary däl şahsy adamlaryň gündelik hasaplary» diýen 23202-nji balans hasabynda açylýar. Türkmenistanyň dahyllylary däl telekeçileriň daşary ýurt walýutasyndaky gündelik hasaplary aşakdaky resminamalar berlende açylýar:

– hasaby açmak hakyndaky arza;

– sowalnama;

– dahylly däl şahsy adamyň edara görnüşindäki tarapy döretmedik telekeçi hökmünde hasaba alynmagy hakynda ol öz dahyllylary bolan ýurduň ygtyýarly edarasy tarapyndan berlen resminamadan göçürme. Göçürme Türkmenistanyň daşary ýurtdaky konsullyk edarasynda ýa-da Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan kanunylaşdyrylan bolmalydyr;

– gollaryň nusgalary bolan, notarial taýdan güwä geçilen resminama.

Türkmenistanyň dahyllylary däl telekeçileriň hasaplaryna aşakdaky serişdeler geçirilip bilner:

a) hasabyň eýesiniň adyna ygtyýarly banklaryň üsti bilen daşary ýurtdan geçirilen daşary ýurt walýutalary, şu ýagdaýda geçirilen walýutalaryň möçberi bir iş gününde, 3 aýyň dowamynda bolsa Düzgünnamadaky görkezilen möçberlerden köp bolmaly däl. Ygtyýarly bank serişdeleriň alynmagynyň esaslydygyny tassyklaýan resminamalary müşderiden talap etmäge borçludyr;

b) ygtyýarly banklara hasabyň eýesiniň daşary ýurtdan getiren hem-de Türkmenistana getirilende gümrükhanada hasaba alnan

daşary ýurt walýutasyndaky töleg resminamalary boýunça daşary ýurt walýutasy;

ç) hasabyň eýesi bilen bankyň arasynda baglaşylan şertnamalara laýyklykda Türkmenistanyň ygtyýarly banklarynda depozitlerde daşary ýurt walýutalaryndaky serişdeleri ýerleşdirmekden alnan göterimler;

d) hasabyň eýesine dahyllylar tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamalaryna laýyklykda geçirilýän daşary ýurt walýutalary;

e) daşary ýurt walýutasyndaky aşakdaky serişdeler:

– hasabyň eýesiniň daşary ýurtdan getirilen hem-de Türkmenistana getirilen gümrük jarnamasynda görkezilen ýa-da hasabyň eýesiniň adyna ygtyýarly banklaryň salgysyna gymmatly bukja görnüşinde iberilen, şeýle hem ygtyýarly bankyň degişli resminamasy esasynda hasabyň eýesiniň hasabyndan öň berlen serişdeler;

– degişli ygtyýarnama bar mahaly harytlary ýerlemekden (hyzmatlary etmekden) alnan girdeji görnüşindäki serişdeler;

– serişdeleriň emele gelmegini tassyklaýan resminamalar bar mahaly, kanuny esaslarda Türkmenistanda alnan serişdeler.

Dahylly däl telekeçileriň hasaplarynda durýan serişdeler hasabyň eýesiniň ygtyýary boýunça aşakdaky görnüşde ulanylyp bilner:

a) hasabyň eýesiniň baglaşan şertnamalary (ylalaşyklary) boýunça harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň, ylym-bilim işiniň netijeleriniň bahasyny tölemek görnüşinde halkara bank tejribesinde ulanylýan usulda daşary ýurda geçirilip;

b) harytlaryň, işleriň, hyzmatlaryň, ylym-bilim işiniň netijeleriniň bahasyny tölemek üçin dahylly tarapyndan geçirilip;

ç) ygtyýarly banklarda alnan daşary ýurt pulundaky karzlar boýunça bergini we olar boýunça göterimleri, bank hyzmat haklaryny we iş sapary çykdajylaryny tölemäge peýdalanmak üçin;

d) Türkmenistanyň çäklerinde harytlaryň, işleriniň we hyzmatlaryň bahasyny tölemek üçin dahylsyzlaryň hasabyna geçirilip;

e) iş hakynyň serişdeleri we olar bilen deňleşdirilen tölegler görnüşinde öz adyna açylan goýumlara we plastik kartlarynyň hasaplaryna geçirilip;

ä) nagt daşary ýurt walýutasy görnüşinde iş sapary we wekilçilik çykdajylary görnüşde, şeýle hem bir aýda kesgitlenen çäklerde gündelik çykdajylar üçin tölenilip;

f) hasabyň eýesi bilen bankyň arasynda baglaşylan şertnama laýyklykda depozit hasaplaryna geçirilip;

g) maýalyk goruna gazanç hökmünde peýdalanylyp;

h) ygtyýarly banka manatda satylyp bilner.

Telekeçiler şertnamalar (ylalaşyklar) esasynda daşary ýurt walýutalarynda işleri geçirmek üçin ygtyýarly banka şertnamalar (ylalaşyklar) hakyndaky maglumatlary we esaslandyryjy resminamalary bermäge borçludyr.

## 5.5. Şahsy adamlaryň goýumlary boýunça daşary ýurt walýutasyndaky amallary geçirmegiň tertibi

Şahsy adamlaryň goýum hasaplary Türkmenistanyň banklarynda hasaplaryň buhgalteriýa hasaba alşynyň meýilnamalaryna hem-de ony ulanmak boýunça görkezmelere laýyklykda balans hasaplarynda aşakdaky görnüşlerde açylýar:

- **talap edilýänçä**

– «Türkmenistanyň dahyllylary bolan şahsy adamlaryň talap edilýänçä goýumlary» №23208;

– «Türkmenistanyň dahylsyzlary bolan şahsy adamlaryň talap edilýänçä goýumlary» №23202;

– «Şahsy adamlaryň kredit (plastik) kartoçkalary boýunça hasaplaşyklar üçin serişdeleri» №23203;

- **möhletli**

– «Türkmenistanyň dahyllylary bolan şahsy adamlaryň bir ýyla çenli möhletli goýumlary we depozitleri» №23207;

– «Türkmenistanyň dahyllylary bolan şahsy adamlaryň bir ýyldan uzak möhletli goýumlary we depozitleri» №23208;

– «Türkmenistanyň dahylsyzlary bolan şahsy adamlaryň bir ýyla çenli möhletli goýumlary we depozitleri» №23202;

– «Türkmenistanyň dahylsyzlary bolan şahsy adamlaryň bir ýyldan uzak möhletli goýumlary we depozitleri» №23203;

Türkmenistanyň dahylly we dahylly däl şahsy adamlarynyň goýum hasaplaryna täjirçilik işini ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly hasaplaşyklara degişli däl serişdeler geçirilip bilner.

Şahsy adamlaryň goýum hasaplaryna aşakdakylar geçirilip bilner:

a) edara görnüşindäki taraplaryň we şahsy adamlaryň tabşyrygy boýunça hasabyň eýesine iş hakynyň, galam hakynyň we beýleki tölegleriň, ätiýaçlyk tölegleriň görnüşinde geçirilen daşary ýurt pullary, şeýle hem dahylly dälleriň Türkmenistanyň dahyllylarynyň peýdasyna pensiýalary, güzeran haklary, döwlet hemaýat pullary, goşmaça tölegler we öwezini dolmalar görnüşinde geçirýän serişdeleri, kazylaryň we beýleki hukuk goraýjy edaralaryň hökümleri, çözgütleri we kesgitlemeleri esasynda tölenilýän serişdeler, miraslyk serişdeler hem-de miraslyk emlägi ýerlemekden alnan serişdeler we olar bilen deňeşdirilen tölegler;

b) ygtyýarly banklardaky goýumlar boýunça hasaplanan göterimler, diwidendler, şeýle hem gymmatly kagyzlar bilen geçirilen amallardan alnan göterimler;

ç) daşary ýurtlardan iberilen walýutalar;

d) nagt daşary ýurt walýutasy.

Goýum hasaplarynda durýan serişdeler hasabyň eýesiniň ygtyýary boýunça aşakdaky maksatlar üçin ulanylyp bilner:

**Türkmenistanyň dahyllylary bolan şahsy adamyň serişdeleri:**

a) dahylly bolan başga bir şahsy adama geçirilip;

b) daşary ýurt döwürleýin neşirlere abuna ýazylmagyň tölegi hökmünde dahylsyzlaryň peýdasyna geçirilip;

ç) şahsy adamlaryň okadylmagy we saglygynyň bejerdilmegi üçin töleg hökmünde dahylsyzlaryň peýdasyna geçirilip;

d) güzeran haklary, goşmaça tölegler we öwezini dolmalar görnüşinde, kazylaryň we beýleki hukuk goraýjy edaralaryň hökümleri, çözgütleri we kesgitlemeleri esasynda tölenilýän serişdeler görnüşinde, miraslyk serişdeler hökmünde, miraslyk emlägi ýerlemekden alnan serişdeler hökmünde, şeýle hem kazyýet, araçy kazyýet, notarial we beýleki edaralaryň çykdajylarynyň öwezini dolmak boýunça tölegler görnüşinde dahylsyzlara geçirilip;

e) syýahatçylyk ýollanmasy üçin töleg hökmünde geçirilip;

ä) daşary ýurda iberilen serişdeler boýunça geçirilip,

f) alnan karzlar boýunça bergini we ol boýunça göterimleri tölemek;

g) nagt daşary ýurt walýutasyny tölemek.

**Türkmenistana dahylly däl şahsy adamlaryň serişdeleri:**

a) Türkmenistanyň çäklerinde dahylly däl bolan başga bir şahsy adama geçirilip;

b) tölegiň esaslydygynyň resminamalary berlen mahaly, dahyllylara geçirilip;

ç) daşary ýurda iberilen walýutalar boýunça geçirilip;

d) alnan karzlar boýunça bergini we ol boýunça göterimleri tölemek;

e) nagt daşary ýurt walýutasyny tölemek.

Türkmenistanyň dahyllylary bolan we dahylly däl şahsy adamlaryň atsyz hasaplary 6 aýdan köp bolmadyk möhlete açylyp bilner. Atsyz hasaplara diňe nagt daşary ýurt walýutalary kabul edilýär. Şonda hasapdaky galyndy dollaryň kesgitlenen möçberinden ýa-da başga bir daşary ýurt walýutasyndaky oňa barabar möçberden köp bolmaly däl.

Şahsy adamlaryň hasaplaryndan nagt daşary ýurt walýutalaryny bermek şol adam pasportyny görkezende ýa-da serişdeler wekil tarapyndan alnanda ynanç haty görkezilende hasabyň eýesiniň hasabyndaky serişdeleriniň galyndysynyň çäklerinde amala aşyrylýar.

Nagt daşary ýurt walýutasy goýumçynyň talaby boýunça berlen mahaly ygtyýarly bank güwänama berýär, şol güwänama goýumçynyň özi şol walýutalar goýuma goýlan pursatda olaryň gelip çykyşynyň kanunylygyny tassyklaýan resminamalary görkezen mahaly, daşary ýurt walýutasynyň gelip çykyşyny tassyklaýan resminama bolup durýar.

Şahsy adamlaryň daşary ýurt walýutasyndaky goýumlary boýunça ynanç hatyny dahyllylar ýa-da dahylsyzlar dahylsyz adama resmileşdirip biler. Dahyllynyň dahylly däl adama ynanç hatyny resmileşdirmegi ýa-da dahylly däl adamyň dahylla ynanç hatyny resmileşdirmegi olar ýakyn garyndaş bolanda hem-de bu ýakyn ga-

ryndaşlygy tassyklaýan resminamalar (nika hakyndaky şahadatnama we ş.m.) bar mahaly resmileşdirilip biler.

Dahylly bolan şahsy adamlaryň goýumlary boýunça ynanç haty hasabyň eýesiniň ýa-da öz adyna ynanç haty resmileşdirilýän adamlaryň bolmagynda notarial taýdan ýa-da ygtyýarly bankyň hukuk gullugy tarapyndan resmileşdirilýär.

Dahylly däl şahsy adamlaryň goýumlary boýunça ynanç hatlaryna şol adamyň öz rezidenti bolan degişli Ilçihanasy (konsullygy) tarapyndan güwä geçilýär.

Netijede şu aşakdaky resminamalar öz güýjüni ýitirýärler:

– Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygy tarapyndan 1995-nji ýylyň 22-nji martynda tassyklanan, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 1995-nji ýylyň 12-nji aprelinde 3 belgi bilen hasaba alnan, Türkmenistanda ygtyýarly banklaryň daşary ýurt walýutasyndaky hasaplary açmagynyň we ýöretmeginiň tertibiniň III bölegi;

– Türkmenistanyň Merkezi bankynyň 1998-nji ýylyň 28-nji dekabryndaky № 0121/1586/4055 belgili haty;

– Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2001-nji ýylyň 3-nji maýynda çykaran № 46 buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2001-nji ýylyň 23-nji maýynda № 265 belgi bilen hasaba alnan, ýakyn garyndaşynyň ölmegi sebäpli Türkmenistanyň çäklerinden gidýän adamlara daşary ýurt walýutasyny çalyşmagyň tertibi;

– Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary bilen ylalaşylan 2001-nji ýylyň 12-nji noýabryndaky №13, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň birinji orunbasary tarapyndan 2001-nji ýylyň 12-nji noýabrynda № 182 belgi bilen tassyklanan Türkmenistanyň raýatlaryna daşary ýurt döwletleriniň ýokary okuw mekdeplerinde okamak üçin tölemek maksady bilen manatlardaky serişdelerini çalşyrmagyň tertibi.

# VI BAP. Türkmenistanyň töleg balansynyň esasy häsiýeti we aýratynlyklary

## 6.1. Töleg balansynyň düýp manysy we mazmuny

Ähli ýurtlar häzirki zaman dünýä hojalygynyň gatnaşyjysy bolup durýarlar. Bu gatnaşygyň işjeňligi, aýry-aýry ýurtlaryň dünýä hojalygyna integrasiýasynyň derejesi dürli-dürli, ýöne daşarky dünýä bilen ykdysady gatnaşyklaryň usullary ol ýa-da beýleki derejede baglanyşmaýan ýurt ýok. Ýurduň öz hyzmatdaşlary bilen daşary ykdysady amallary milli ykdysadyýeti dünýä hojalygy bilen baglanyşdyrýan dünýä hojalyk gatnaşyklary bolup durýar. Şonuň üçin «daşary ykdysady we halkara gatnaşyklary ýa-da amallary» we «dünýä hojalyk gatnaşyklary» adalgalaryny manydaş hasaplamaly.

Dünýä hojalyk gatnaşyklary öz ösüşinde söwdadan we hyzmatlardan başlap, maýalary çykarmaga we halkara önümçiligini döretmäge, soňra dünýäniň walýuta, karz, gymmat bahaly kagyzlar bazarynyň döremegine çenli belli bir tapgyrlardan geçýär. Olaryň çalşygy dünýä hojalygynyň bitewüliginiň güýçlenmegini, halkara ykdysady gatnaşyklaryň mazmunynyň baýlaşmagyny häsiýetlendirýär.

Dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň ösüş döwrüniň öňbaşçysy dünýä hojalygynyň özenini düzýän ösen ýurtlar bolup durýar. Bu ýurtlaryň ykdyasdy işiniň bitewüleşmegi bilen düýbünden täze tapgyr häsiýetlendirilýär. Bu tapgyr hojalyk durmuşyny halkaralaşdyrmagyň we globallaşdyrmagyň, milli haryt, hyzmatlar, maýalar, maliýe serişdeleri bazaryny dünýä bazaryna birleşdirmegiň obýektiw meýilleriniň netijesi bolup durýar.

Ýurtlaryň arasynda ykdysady gatnaşyklardan başga-da syýasy, harby, medeni we beýleki gatnaşyklar bar. Olar pul tölegleriniň we girdejileriň döremegine getirýär. Ýurduň halkara gatnaşyklarynyň toplumy onuň töleg balansynda öz beýanyny tapýar.

Şeýlelikde, halkara gatnaşyklar boýunça amallaryň jemi ýörite düzülýän töleg balansynda görkezilýär. *Töleg balansy – bu umumy*

*algylar we tölegler görnüşinde ýurduň dünýä hojalyk aragatnaşyklarynyň jeminiň gymmat ölçegidir.* Başgaça aýdanymyzda töleg balansyna ýurduň halkara amallarynyň balansyna hasapnamasy, statistiki hasabaty hem diýilýär.

Sebäbi her bir ýurtda onuň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň ýagdaýyny görkezýän döwürleýin statistiki maglumat gerek. Şonuň ýaly maglumatlar töleg balansynda görkezilýär. Bu statistiki resminama, ýurduň belli bir döwürdäki daşary ykdysady amallarynyň balansyny şöhlelendirýär. Halkara pul gaznasynyň kesgitlemesine görä töleg balansy, ýagny belli bir döwürdäki statistiki hasabat bolmak bilen şu aşakdakylary görkezýär:

a) haýsy hem bolsa bir döwletiň beýleki döwletler bilen harytlar, hyzmatlar we girdejiler netijesinde ýerine ýetiren amallaryny;

b) bir döwletiň altyn şaýlyklaryna, SDR-lerine, şeýle hem maliýe borçnamalaryna eýeçiliginiň üýtgemegini;

ç) hasap manysynda biri-birini ýapmaýan amallaryň we üýtgeşmeleriň deňagramlylygyny gazanmak üçin birtaraplaýyn geçirimlerini we öwezini dolmak ýazgylaryny görkezýär.

Halkara amallarynyň balans hasaby ýurduň daşary ykdysady amallarynyň geriminiň, düzüminiň we häsiýetiniň, onuň dünýä hojalygyna gatnaşygynyň mukdar we hil taýdan bahalaýyn beýany bolup durýar. Tejribede «töleg balansy» adalgasy ulanylýar, ähli amallar boýunça walýuta akymlarynyň görkezijilerini bolsa tölegler we girdejiler görnüşinde görkezmek ýörgünli hasaplanýar.

Neşir edilýän töleg balanslary diňe belli bir senede hakyky amala aşyrylan ýa-da haýal edilmän ýerine ýetirilmäge degişli bolan tölegleri we girdejileri öz içine alman, eýsem halkara talaplar we borçnamalar boýunça görkezijileri hem öz içine alýar. Şeýle tejribe geleşikleriň, şol sanda söwda amallarynyň esasy bölegi häzirki döwürde karz esasynda amala aşyrylýandygy bilen düşündirilýär. Käbir alymlar hakyky ýerine ýetirilen tölegleri karz borçnamalarynyň ululygyndan aýyrmagyň usulyny tapmaga çalyşýarlar. Emma bu hasaba alyş ulgamynyň häzirki ýagdaýynda mümkin däl. Muňa hiç hili zerurlyk ýok. Töleg balanslarynyň häzirki zaman tablisalary ýurtlaryň arasyndaky ähli görnüşli gymmatlyklaryň hereketi hakynda ýeterlik

maglumatlary özünde saklaýar. Bu ýagdaýda borçnamalaryň dowam edýän döwürde tölenilmeýän bölegi galdyrylmaýar, geljekkä geçirilýär, maýalaryň we karzlaryň hereket ediş maddasyna goşulýar.

Ýurtlaryň arasyndaky gymmatlyklaryň akymynyň hereketi hakyndaky maglumatlary özünde saklaýan töleg balansyna goşmaça ätiýaçlyk derejesinde ýurduň halkara maliýe ýagdaýyny şöhlelendirýän onuň halkara aktiwleriniň we passiwleriniň balansy düzülýär. Onda şol wagt ýurt tarapyndan berlen we alnan karzlaryň, maýa goýumlaryň, beýleki maliýe aktiwleriniň möçberiniň gatnaşygy beýan edilýär. Käbir ýurtlaryň alan serişdeleri artykmaçlyk edýär, daşary ýurt aktiwleri bolsa köp däl. Käbir ýurtlarda ol hem-de beýleki görkezijileri uly hem-de dürli-dürli. ABŞ daşary ýurt maliýe serişdeleriniň durnukly netto-import edijisi boldy, Ýaponiýa bolsa maýalaryň netto-eksport edijisine öwrüldi. Halkara maliýe ornunyň we töleg balansynyň görkezijileri özara baglanyşyklydyr.

Ykdysady mazmuny boýunça belli bir sene we belli bir döwür üçin töleg balanslary tapawutlandyrylýar. Belli bir sene üçin töleg balansyny statistik görkezijiler görnüşinde bellemek mümkin däl; ol gün-günden üýtgeýän tölegleriň we gelimleriň gatnaşygy görnüşinde hereket edýär. Töleg balansynyň ýagdaýy şol wagtda milli we daşary ýurt walýutasyna islegi we teklibi kesgitleýär. Ol walýuta kursuny emele getirmegiň şertleriniň biri bolup durýar.

Belli bir döwür üçin (aý, çärýek, ýyl) töleg balansy şol döwürde amala aşyrylan daşary ykdysady geleşikler hakyndaky statistik görkezijileriň esasynda düzülýär we HYG-de ýurduň, onuň dünýä hojalygyna gatnaşygynyň gerimindäki we häsiýetindäki üýtgemelerini seljermäge mümkinçilik berýär. Döwür üçin töleg balansynyň görkezijileri ykdysady ösüşiň agregat görkezijileri (JIÖ, milli girdejiler we ş.m.) bilen bagly we döwlet düzgünleşdirmesiniň obýekti bolup durýar. Belli bir döwür üçin töleg balansynyň ýagdaýy walýuta kursunyň üýtgeýiş häsiýeti bilen berk baglanyşyklydyr.

Buhgalter hasaby nukdaýnazaryndan töleg balansy mydama deňagramly ýagdaýda bolmaly. Ýöne, gelimler, tölegden ýokary bolsa onuň esasy bölümleri boýunça aktiw galyndy, eger tölegler girdejilerden köp bolsa passiw galyndy emele gelýär. Şonuň üçin töleg ba-

12. Sargyt № 2475

lansyny düzmegiň we galyndyny ölçemegiň usullary ýurduň halkara amallaryny häsiýetlendirýän görkezijileri dogry seljermekde uly orun eýeleýär. Töleg balansynyň görkezijileri köp halatlarda onuň ykdysady mazmunyny düşündirmezden berilýär. Ýöne töleg balansynyň ýetmezçilikleri aýratyn ýyllarda ykdysady mazmuny boýunça düýpli tapawutlanýar we olary ululygy boýunça deňeşdirmek nädogry. Töleg balansyny düzmegiň nazaryýeti we tejribesi dünýä ykdysadyýetindäki üýtgemelere laýyklykda ösdürilýär we kämilleşdirilýär. «Balans» adalgasy halkara töleg gatnaşyklarynda birnäçe düşünjeleri, şol sanda balans hasabyny, galyndyny ýa-da hasap galyndysyny, hasabyň ýagdaýyny, deňagramlylygyny aňlatmak üçin ulanylýar. Şonuň üçin töleg balansy – munuň özi diňe iki tarapy biri-birini deňagramlaşdyrýan ýurduň halkara amallarynyň hasaby bolman, eýsem onuň esasy düzümleriniň hil we düzüm häsiýetnamalaryny öz içine alýan bu amallaryň belli bir ýagdaýydyr.

**Töleg balansynyň bölümleri.** Töleg balansy şu aşakdaky bölümlerden ybaratdyr:

• söwda balansy, ýagny harytlaryň çykarylyşynyň (eksport) we getirilişiniň (import) arasyndaky gatnaşyk;

• hyzmatlaryň we täjirçilik däl tölegleriň balansy («göze görünmeýän» amallaryň balansy);

• öz içine harytlaryň, hyzmatlaryň, maýa goýumlardan gelýän girdejileriň we birtaraplaýyn geçirimleriň hereketini alýan gündelik amallaryň balansy;

• maýalaryň we karzlaryň hereketiniň balansy;

• resmi walýuta ätiýaçlyklary bilen geçirilýän amallar.

**Söwda balansy.** Taryhy taýdan daşarky söwda halkara walýuta, maliýe we karz gatnaşyklarynyň başlangyjy görnüşinde çykyş edýär, ol milli hojalyklary dünýä hojalygy bilen baglanyşdyrýar. Daşarky söwdanyň netijesinde çuňlaşýan we kämilleşýän zähmetiň halkara bölünişigi emele gelýär. Daşarky söwdanyň görkezijileri däp bolşy ýaly töleg balansynda möhüm orny eýeleýär. Harytlaryň eksportynyň we importynyň bahasynyň gatnaşygy söwda balansyny emele getirýär. Daşarky söwdanyň uly bölegi karz boýunça amala aşyrylýandygy üçin degişli döwürde hakyky amala aşyrylan söwdanyň, tölegleriň we

girdejileriň görkezijileriniň arasynda tapawutlar bar. Bu tapawuda görä üzülmegi dürli möhletli degişli talaplary we borçnamalary döredýän umumy söwda balansyndan tapawutlykda töleg balansynyň amala aşyrylan pul töleglериniň we hakyky girdejileriň gatnaşygy hökmündäki düşünjesi döredi. Emma daşary ykdysady amallar hakyndaky maglumatlary ýygnaýan edaralaryň hiç haçan hakyky amala aşyrylan tölegleri we umumy söwda görkezijilerden gelen girdejileri tapawutlandyrmaga mümkinçiligi bolmaýar. Olar söwda balansyna goşulýan daşarky söwda geleşikleri hakyndaky gümrük maglumatlaryndan peýdalanýarlar. Ykdysady syýasatyň nukdaýnazaryndan bu maglumatlara uly üns berilýär. Olaryň we hakyky tölegleriň arasyndaky tapawutlar töleg balansynyň karz amallarynda beýan edilýär.

Ýurduň söwda balansynyň aktiwiniň ýa-da passiwiniň (ýetmezçiliginiň) ykdysady ähmiýeti onuň dünýä hojalygyndaky ýagdaýyna, hyzmatdaşlary bilen gatnaşyklarynyň häsiýetine we ykdysady syýasatyna bagly bolup durýar. Öňdebaryjy döwletlerden ykdysady ösüşiň derejesi boýunça yza galýan birnäçe döwletler üçin ygtyýarnamalaryň importyny tölemek, daşary ýurt maýa goýumlaryndan gelýän girdejiler we beýleki halkara borçnamalar üçin aktiw söwda balansy walýuta serişdeleriniň çeşmesi hökmünde zerur bolup durýar. Birnäçe ösen ýurtlarda (Ýaponiýada, GFR-de we başg.) söwda balansynyň aktiw galyndysy maýalaryň eksporty üçin ulanylýar.

Passiw söwda balansy gowy däl diýlip hasap edilýär we adatça ýurduň dünýä hojalagyndaky ornunyň gowşaklygynyň alamaty hökmünde kesgitlenýär. Bu walýuta gelmeleriniň ýetmezçiligini başdan geçirýän ösýän ýurtlar üçin dogrudyr. Ösen ýurtlar üçin munuň başga manysy bolup biler. Mysal üçin, ABŞ-nyň söwda balansynyň ýetmezçiligi (1971-nji ýyl) olaryň bazaryna has çylşyrymly harytlary öndürmek boýunça halkara bäsdeşleriniň (Günbatar Ýewropanyň, Ýaponiýanyň, Taýwanyň, Günorta Koreýanyň we beýleki ýurtlaryň) işjeň gelmegi bilen düşündirilýär. Dowam edýän zähmetiň halkara bölünişiginiň netijesinde ABŞ-nyň serişdeleri dünýä derejesinde has netijeli ulanylýar. ABŞ-nyň daşarky söwdasynyň ýetmezçiliginiň aýdyň şöhlelenmesi bolup, walýuta girdejilerini daşary ýurtla-

ra, şol sanda ABŞ-a maýa goýumlaryny goýmak üçin ulanýan hyzmatdaşlardaky bu amallar boýunça aktiw galyndysy hyzmat edýär.

**Hyzmatlaryň balansy** öz içine ulag daşamalary, ätiýaçlandyryş, elektron, telekosmiki, telegraf, telefon, poçta we beýleki görnüşli aragatnaşyklary, halkara syýahatçylygy, ylmy-tehniki we önümçilik tejribesini alyşmak, ekspert hyzmatlary, daşary ýurtda diplomatik, söwda we beýleki wekillikleri saklamak, maglumat geçirmek, medeni we ylmy alyş-çalyş, dürli komission ýygymlar, mahabat, ýarmarkalar we ş.m. boýunça tölegleri we girdejileri alýar. Hyzmatlar dünýäniň ykdysady gatnaşyklarynyň çalt depginler bilen ösýän pudagy bolup durýar. Onuň tölegleriň we girdejileriň möçberindäki orny we täsiri mydama ösýär. Adaty hyzmatlar (ulag, ätiýaçlandyryş) halkara korporasiýasynyň we ýöriteleşmesiniň ösmegi bilen bagly söwda getirmeleriniň möçberiniň we köpdürlüliginiň ösmegi, olarda ýarym fabrikatlaryň, halkalaryň we bölekleriň tutýan ornunyň ýokarlanmagy netijesinde iri üýtgedip gurmak hadysasyny başdan geçirýär. Ösýän ýurtlaryň durmuş-hal ýagdaýynyň derejesiniň ösmegi bilen halkara syýahatçylygynyň gerimleri çalt artýar, onuň düzüminde ykdysadyýetiň halkaralaşdyrylmagy we globallaşdyrylmagy bilen bagly iş saparlary esasy orun eýeleýär.

Hojalyk işiniň halkaralaşdyrylmagy ygtyýarlandyrmalaryň, nou-haularyň, ylmy-tehniki we önümçilik tejribesiniň beýleki görnüşleriniň söwdasyny, lizing amallary, işewürlik maslahatlary we önümçilik we özbaşdak häsiýetli hyzmatlaryň beýleki görnüşlerini höweslendirýär. Dünýä statistikasynda kabul edilen düzgünler boýunça «hyzmatlar» bölümine tölegler we maýa goýumlar boýunça girdejileriň we karzlar boýunça göterim haklaryň düşewüntleri girýär, emma ykdysady mazmuny boýunça olar maýalaryň hereketine ýakyndyr. Töleg balansynda olar daşary ýurt döwletine harby kömegi bermek, daşary ýurtdaky harby harajatlar diýen maddalara bölünýär. Olar hyzmatlaryň amallaryna degişli bolýar.

**HPG-niň usulyýeti boýunça töleg balansynda birtaraplaýyn geçirimleri aýratyn orun bilen tapawutlandyrmak gerek.** Olaryň hatarynda: 1) döwlet amallary- ykdysady kömek, pensiýa, halkara guramalaryna gatançlar ugry boýunça beýleki ýurtlara ýeňillikler; 2) hususy

amallar – daşary ýurt işçilerini, hünärmenlerini, garyndaşlary watanyna geçirmek. Amallaryň ikinji görnüşiniň uly ykdysady ähmiýeti bardyr. Italiýa, Türkiýe, Ispaniýa, Gresiýa, Portugaliýa, Pakistan, Müsür we beýleki ýurtlar öz raýatlarynyň daşary ýurtlara pul gazanmak üçin çykmagynyň düzgünleşdirilmegine uly üns berýärler, sebäbi uly walýuta girdejileriniň bu çeşmesini ol döwletler ykdysadyýetini ösdürmek üçin ulanýarlar. Daşary ýurt işçilerini we hünärmenlerini özüne çekýän GFR, Fransiýa, Beýik Britaniýa, Şweýsariýa, ABŞ, GAR we beýleki ýurtlar üçin, tersine, şeýle geçirimler töleg balansynyň şol maddasynyň ýetmezçilginiň çeşmesi bolup hyzmat edýär.

Hyzmatlaryň ýokarda sanalyp geçilen amallary, maýa goýumlardan gelýän girdejileriň hereketleri, harby häsiýetdäki geleşikler we birtaraplaýyn geçirimlere «göze görünmeýän» amallar diýilýär we şeýle etmek bilen olary harytlaryň eksportyna we importyna, ýagny elläp bolýan gymmatlyklara degişli etmeýärler. Olaryň hatarynda geleşikleriň hyzmatlar, maýa goýumlardan gelýän girdejiler, birtaraplaýyn geçirimler diýen üç esasy toparlaryny tapawutlandyrýarlar. «Hyzmatlar we täjirçilik däl tölegler» adalgasy hem ulanylýar. Bu adalga – ýurtlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň esasy düzümi, harytlaryň söwdasy bolan wagtlaryň däplerine hormat goýmagyň nyşanydyr.

Gündelik amallar boýunça töleg balansy söwda balansyny we «göze görünmeýän» amallary öz içine alýar. Töleg balansyny düzmegiň käbir usulyýetleri birtaraplaýyn döwlet geçirimlerini aýratyn maddada görkezýärler we ony gündelik amallaryň galyndysyna goşmaýarlar. Bu amallar gündelik diýlip harytlaryň we hyzmatlaryň dünýä söwdasyny maýalaryň we karzlaryň halkara hereketinden tapawutlandyrmak üçin atlandyrylyp başlanýar.

Maýalaryň we karzlaryň hereketiniň balansy döwlet we hususy maýalaryň çykarylyşyny we getirilişini, berlen we alnan halkara karzlarynyň gatnaşygyny aňladýar. Ykdysady mazmuny boýunça bu amallar telekeçilik we ssuda maýasynyň halkara hereketi diýen iki topara bölünýär.

Telekeçilik maýasy göni daşary ýurt maýa goýumlaryny (daşary ýurtda kärhanalary satyn almak we gurmak) we bukjalaýyn maýa

goýumlaryny (daşary ýurt gymmat kagyzlaryny satyn almak) öz içine alýar. Göni maýa goýumlar uzak möhletleýin maýalary çykarmagyň möhüm görnüşi bolup durýar we töleg balansyna uly täsir edýär. Olar bergi borçnamalaryny döretmeýär, sebäbi ol hususy eýeçiligiň satyn alynmagyny aňladýar. Bu maýa goýumlaryň netijesinde halkara önümçiligi ösýär, ol söwdadan tapawutlykda milli ykdysadyýetleri dünýä hojalygyna has ýokary derejede we pugta integrirleýär. 2014-nji ýylda ähli ýurtlaryň göni daşary ýurt maýa goýumlaryndan ýygnan bahasy 18-22 trln dollara barabar boldy. Telekeçilik maýalaryň çykarylyşy önümçiligiň we daşarky söwdanyň ösüşinden işjeň geçýär. Bu hakynda onuň hojalyk durmuşyny halkaralaşdyrmakda we globallaşdyrmakda öňdebaryjy orny şaýatlyk edýär. Göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň üçden iki böleginiň möçberi ösen ýurtlaryň özara maýa goýumlaryndan ybaratdyr. Bu olaryň arasyndaky hojalyk aragatnaşyklarynyň beýleki dünýä garanyňda has ýokary derejede jebisleşýändigini aňladýar.

Karz maýasynyň halkara hereketi möhletlilik alamaty boýunça toparlara bölünýär.

1. Uzak we orta möhletli amallar bir ýyldan gowrak möhlet bilen berlen döwlet we hususy karzlary öz içine alýar. Döwlet karzlaryny we karzlary alyjy, esasan, liderlerden yza galýan ýurtlar bolup durýar. Şol bir wagtda öňdebaryjy ösen ýurtlar baş karz beriji bolup durýar. Hususy uzak möhletleýin karzlarda ösýän ýurtlar ösen ýurtlaryň hususy karz-maliýe institutlarynyň karzlaryny alýarlar. Ýöne ösen ýurtlarda hem korporasiýalar dünýäniň maliýe bazaryndan çekilen serişdeleri uzakmöhletleýin gymmatly kagyzlary ýa-da bank karzlaryny çykarmak görnüşinde işjeň ulanýarlar.

2. Gysga möhletli amallar bir ýyla çenli möhletli halkara karzlary, milli banklaryň daşary ýurt banklaryndaky gündelik hasaplaryny (awuarlar), banklaryň arasynda pul maýalarynyň hereketini öz içine alýar. Dünýä walýuta bazaryndaky bankara amallar uly gerim aldy. Eger XX asyryň 60-70-nji ýyllarynda hümmetsizlenmäniň we Brettonwud walýuta ulgamynyň çökgünliginiň güýçlenmegine getiren «gyzgyn» pullaryň özakymlaýyn hereketi agdyklyk eden bolsa,

onda 80-90-njy ýyllarda gysga möhletli maýalaryň esasy akymlary ýewrowalýutalaryň bazarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Töleg balansynyň statistik görkezijilerini ýygnamagyň we işlemegiň usulyýetiniň kämilleşýändigine garamazdan uly ýalňyşlyklar az däl. Şonuň üçin töleg balansy «ýalňyşlar we säwlikler» diýen madda bölünýär, oňa statistik ýalňyşlygyň we hasaba alynmadyk amallaryň maglumatlary goşulýar. Gysga möhletli pul maýalarynyň hereketini hasaba almak, aýratyn-da çökgünlik tolgunmalarynyň döwürlerinde hasaba almak has kynçylyk döredýär. Şonuň üçin «ýalňyşlar we säwlikler» maddasy töleg balansynyň maýalaryň we karzlaryň hereketini şöhlelendirýän bölümine goşulýar we onuň görkezijileri çökgünlik ýagdaýlarynda çürt-kesik ýokarlanýar.

Töleg balansynyň jemleýji maddalary likwid walýuta aktiwli amallary şöhlelendirýär. Oňa döwlet edaralary gatnaşýar, netijede resmi altyn-walýuta ätiýaçlyklarynyň ululygynyň we düzüminiň üýtgemesi bolup geçýär.

## 6.2. Töleg balansynyň görkezijileri we onuň maddalaryny toparlara bölmegiň usullary

Ýurduň halkara hasaplaşyklarynyň şöhlelenmesi hökmünde töleg balansyny düzmek özara jebis baglanyşykly hasaba alyş we analitik wezipeleri ýerine ýetirmek üçin niýetlenýär. Halkara amallaryna gatnaşyjylaryň aýratyn ýurtlar we olaryň topary, milli, daşary ýurt we transmilli korporasiýalar, kompaniýalar we banklar, milli we halkara guramalar, edaralar, şahsy taraplar diýen köpdürli toparlary bar. Bu diňe bir milli däl, eýsem daşary ýurt çeşmelerinden gelýän uly möçberli maglumatlary hasaba almak, işlemek zerurlygyny döredýär. Şonda bir kysymly görkezijileri hasaplamagyň mazmunynyň we usullarynyň ýeke-täkligi esasy talap bolup durýar. Ulanylýan görkezijilere umumy häsiýet berýän we olaryň deňeşdirilmegine mümkinçilik berýän şeýle ýeke-täkligi gazanmak üçin Halkara pul gaznasynyň töleg balansyny düzmek boýunça Gollanmasynda saklanýan teklipler hyzmat edýär. HPG-niň agza döwletleri üçin töleg balansynyň düzümleriniň nusgasy hökmünde 1948-nji, 1950-nji, 1961-nji, 1977-nji ýyllarda çapdan çy-

kan we 1993-nji ýylda döwrebaplaşdyrylan «Töleg balansynyň» gollanmasy hödürlenilýär. Bu nusga laýyklykda «Töleg balansynyň» hemme döwletler üçin bir nusgada we ýeke-täk walýutada – dollarda düzülmegini talap edilýär.

Bu teklipler HPG-niň agza ýurtlarynyň töleg balansy düzüm bölekleriniň esasyna goýulýar. Şol bir wagtda aýry-aýry ýurtlar töleg balansynyň düzüliş düzgünlerine özleriniň ykdysady aýratynlyklary, daşary ykdysady ýagdaýy, kabul edilen milli hasap ýöredejilik ulgamy bilen şertlendirilen düzüm böleklerini goşýarlar. Şonuň üçin aýratyn ýurtlaryň töleg balanslarynyň görkezijilerini deňeşdirmek hemişe belli bir derejede şertlilige we nätakyklyga getirýär we ondan gaça durmak mümkin däl. Şonuň üçin hem şeýle deňeşdirmelerden gelip çykýan netijeler ilkinji nobatda derňelýän wakalaryň gerimini, hadysalaryň esasy ugurlaryny we olaryň netijelerini görkezýärler, ýöne bahalandyrmagyň absolýut dolulygyna we takyklygyna dalaş edip bilmeýär.

**Töleg balansynyň dürli kesgitlemeleri.** Töleg balansynyň kesgitlemesini bilmek üçin daşary ýurt ykdysady edebiýatlara ýüzleneliň. Bu kesgitlemeleriň seljerilişi olaryň ýurduň daşary ykdysady işi hakyndaky maglumatlarynyň statistika görnüşde bermek hökmünde töleg balansynyň pragmatiki teswirlemesine syrykýandygyny görkezýär.

Amerikaly ykdysadyýetçiler Wassermanyň we Ueýranyň işlerinde töleg balansynyň meseleleri boýunça şu aşakdaky kesgitlemeler berilýär: «Töleg balansyny belli bir döwrüň içinde şol ýurduň rezidentleriniň we galan dünýäniň wekilleriniň, ýagny beýleki ýurduň, ýurtlar toparynyň ýa-da halkara guramalarynyň arasynda bolup geçen ykdysady amallary statistiki taýdan bermek hökmünde kesgitlemek bolýar». HPG-niň usuly görkezmelerinde şeýle diýilýär: «Töleg balansyny şol döwür üçin statistik görkezijileriň tablisasy bolup durýar we ol şu aşakdakylary görkezýär:

– şol ýurduň we beýleki döwletleriň arasyndaky harytlar, hyzmatlar we girdejiler bilen amallar;

– şol ýurda monetar altyn, ýörite karz alyjylyk hukugynda, şeýle hem galan dünýä babatda maliýe talaplarynyň we borçnamalarynyň esasynda degişli bolan eýeçiligiň çalşygy we beýleki üýtgemeler;

– birtaraplaýyn geçirimler we özara ýapylmaýan amallary we üýtgemeleri hasaphanaçylyk manysynda balansirlemek üçin zerur bolan öwezlik ýazgylary».

Şeýle görkezmelere laýyklykda töleg balansyna diňe bir ýerine ýetirilen amallar hakyndaky maglumatlary däl, eýsem, amallary balansirlemek üçin emeli düzülen görkezijileri hem goşmak teklip edilýär.

**Dahyllylar (rezudent) düşünjesi.** Ýurduň daşary ykdysady amallaryny içerki hojalyk amallaryndan tapawutlandyrmak zerur bolandygy üçin töleg balansy düzülende rezident we hasaba alynmaga degişli bolan geleşik, transaksiýa düşünjeleriň möhüm ähmiýeti bar. Daşary ykdysady amallar anyk guramalar, şereketler ýa-da hususy taraplar tarapyndan amala aşyrylýar. Ol halkara töleg gatnaşyklarynyň nukdaýnazaryndan şol ýurduň rezidentleri ýa-da rezident däli hökmünde çykyş edýär. Göräýmäge bu ýönekeýje mesele häzirki zaman şertlerinde, aktiw maýalaryň internasional ugtaşmasy, TMK, işçi güýjüniň migrasiýasy güýçlenýän wagtynda çylşyrymly meselä öwrülýär.

HPG-niň gollanmasynda oňa şeýle kesgitleme berilýär: «Ýurduň ykdysadyýetine haýsydyr bir gaýry çäkden tapawutlykda şol çäk bilen has ysnyşykly baglanyşykly bolan hojalyk birlikleriniň jemi hökmünde garalýar. Şol ýurduň töleg balansy, eger hojalyk birlikleri şol ýurduň rezidenti hasaplansa, bu hojalyk birlikleriniň galan dünýä bilen amallaryny ýa-da, eger hojalyk birlikleri şol ýurduň rezidenti hasaplanmasa, bu hojalyk birlikleriniň şol ýurt bilen amallaryny şöhlelendirer».

HPG-niň Gollanmasynda ikileýin ýazgy ulgamynyň ulanylmagy netijesinde ýalňyş ýüze çykanda balansyň bozulmagy bolup geçmez, ýöne ýerine ýetirilen amallar hakynda ýoýlan düşünje emele gelmegi mümkin. Ondan gaça durmak üçin rezidentiň köpugurly kesgitlemesi we onuň ähli ýerde dogry ulanylmagy zerur. ABŞ-da rezident diýlip hökümet edaralaryna, milli kompaniýalara we ýurtda hemişelik ýaşaýan raýatlara düşünilýär. Daşary ýurtlarda ýaşaýan amerikaly raýatlary(döwlet gullukçylaryndan başga) babatda olaryň ABŞ-nyň rezidentleriniň düzümine degişli edilmegi olaryň ýurduň çäginden

daşary bolmagynyň dowamlylygyna we beýleki ýagdaýlara bagly bolup durýar. Amerikanyň korporasiýalarynyň daşary ýurt şahamçalary we golçur kärhanalary ABŞ üçin daşary ýurt şereketleri hasap edilýär. Şunuň ýaly tejribe beýleki öňdebaryjy ýurtlarda hem bar.

GFR-de töleg balansy nukdaýnazaryndan rezidentler diýlip «olaryň milli degişliligine garamazdan hojalyk bähbitleriniň merkezi şol ýurtda ýerleşýän şahsy we edara görnüşli taraplara, kärhanalara we ş.m.» düşünilýär. Şonuň netijesinde GFR-iň rezidentlerine diňe german gelip çykyşly taraplar däl, eýsem GFR-de ornaşan daşary ýurt telekeçileri hem degişlidir.

Fransiýada «rezident» adalgasy Fransiýada ýa-da daşary ýurtda iki ýyldan az bolýan milleti fransuz bolan şahsy taraplary, şeýle hem daşary ýurtly gullukçylardan başga Fransiýada iki ýyldan köp bolýan daşary ýurtlulary aňladýar. Şeýle hem Fransiýada işleýän diplomatik we konsullyk wekilliklerinden başga, Fransiýadaky edara görnüşli taraplar rezidentler diýlip hasaplanýar.

Russiýa Federasiýasynda «Walýuta düzgünleşdirmesi we walýuta gözegçiligi hakyndaky» 2003-nji ýylyň 10-njy dekabryndaky № 12-FZ (2004-nji ýylda güýje girýär) federal kanuna laýyklykda rezident diýlip şu aşakdakylar hasaplanýar:

– belli bir ýurduň kanunçylygyna laýyklykda daşary ýurtda hemişelik ýaşaýan diýlip ykrar edilýän Russiýa Federasiýasynyň raýatlaryndan başga, Russiýa Federasiýasynyň raýatlary bolup durýan şahsy taraplar;

– Russiýa Federasiýasynyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýaşamak üçin görnüşiň esasynda Russiýa Federasiýasynda hemişelik ýaşaýan ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk taraplar;

– Russiýa Federasiýasynyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ýuridik taraplar;

– şu bendiň «ç» bölüminde görkezilen rezidentleriň Russiýa Federasiýasynyň çäklerinden daşarda ýerleşýän şahamçalary, wekillikleri we beýleki bölümçeleri;

e) – Russiýa Federasiýasynyň çäklerinden daşarda ýerleşýän Russiýa Federasiýasynyň diplomatik wekilleri, konsullyk edaralary we Russiýa Federasiýasynyň gaýry resmi wekillikleri, şeýle hem

döwletara ýa-da hökümetara guramalarynyň ýanyndaky Russiýa Federasiýasynyň hemişelik wekillikleri;

– Russiýa Federasiýasy, Russiýa Federasiýasynyň subýektleri, ýerli guramalar, olar şu Federal kanun bilen düzgünleşdirilýän we gaýry federal kanunlara we beýleki kadalaşdyryjy-hukuknamalaryna laýyklykda kabul edilen gatnaşyklarda çykyş edýärler.

– Türkmenistanda «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabryndaky № 230-IV belgili Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda dahyllylar diýlip şu aşakdakylar hasaplanylýar:

– Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýaşaýan ýa-da Türkmenistanyň çäginden daşarda wagtlaýyn bolýan Türkmenistanyň raýatlary şahsy taraplar (şol sanda edara görnüşli tarapy döretmezden telekeçiler-şahsy taraplar), muňa daşary ýurt döwletinde ýaşamaga hukuk berýän, şol döwletiň kanunçylygyna laýyklykda berlen resminamasy bolan Türkmenistanyň raýatlary degişli däldir;

– Türkmenistanyň çäginde ýaşamaga hukuk berýän, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berlen resminamasy bolan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar şahsly taraplar (şol sanda – edara görnüşli taraplary döretmezden telekeçiler – şahsy taraplar);

– Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen, Türkmenistanyň çäginde we onuň çäginden daşarda ýerleşýän edara görnüşli taraplary (olaryň şahamçalary, wekilhanalary);

– Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary, konsullyk edaralary we Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşýän Türkmenistanyň başga resmi wekilhanalary, şeýle hem Türkmenistanyň döwletara, hökümetara, halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalary;

Dahyllylaryň milli we daşary ýurt walýutalaryny öz ýurduna gaýtarmagy degişli kanuna laýyklykda aşakdaky tertipde amala aşyrylýar:

1) Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, dahylsyzlar bilen daşary söwda geleşikleri boýunça dahyllylara geçirilmeli milli we daşary ýurt pullary dahyllylaryň ygtyýarly karz edaralaryndaky hasaplaryna geçirilmäge öz ýurduna gaýtarylmaga degişlidir.

2) Dahylsyzlar bilen baglaşylýan daşary söwda geleşikleriniň şertlerinde göz öňünde tutulan möhletlerde dahyllylar şu aşakdakylary üpjün etmäge borçludyrlar:

– eksport geleşiginiň şertlerine laýyklykda dahylla geçirilmeli milli ýa-da daşary ýurt pulunyň dahylsyzdan alynmagyny;

– dahylsyz öz borçlaryny ýerine ýetirmedik we (ýa-da) doly ýerine ýetirmedik halatynda, dahylly tarapyndan import geleşigi boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin dahylsyzyň haýryna geçirilen milli we daşary ýurt pulunyň öz ýurduna gaýtarylmagyny.

3) Dahyllylaryň şu aşakdaky ýagdaýlarda ygtyýarly karz edaralaryndaky öz hasaplaryna milli we daşary ýurt puluny geçirmezlige haky bardyr:

– dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasyndaky borçnamalar boýunça garşylyklaýyn hasaplaşyklar geçirilen halatlarynda;

– Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga halatlarda.

4) Eksport we import geleşikleri boýunça hasaplaşyklar amala aşyrylanda dahyllylaryň ygtyýarly karz edaralaryndaky hasabyna gelip gowuşmadyk milli we daşary ýurt pulunyň möçberleri boýunça, şu Kanuna laýyklykda dahyllynyň haýryna serişdeleri geçirmek boýunça borçnama aşakdaky ýagdaýlarda bölekleýin ýa-da dolulygyna ýerine ýetirilen diýlip hasaplanylýar:

– garşylyklaýyn birmeňzeş talaplaryň hasaplaşygy bilen dahylsyzyň borçlary tamamlananda;

– şol bir taraplaryň arasynda başga zat ýa-da usul bilen ýerine ýetirilmegi göz öňünde tutulýan, ozal bar bolan ilkibaşky borçlaryň beýleki borçlara çalşylmagy bilen dahylsyzyň borçlary tamamlananda;

– dahylsyzdan talap etmek hukugy başga şahsa geçirilende;

– dahylsyz tarapyndan borçnamalaryň ýerine ýetirilmezliginiň töwekgelliginiň ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyrma halaty ýüze çykan halatynda ätiýaçlandyryş tölegi alnanda.

5) Dahyllylar tarapyndan serişdeleri öz ýurduna gaýtarmak talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen, dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda pul şertnamasynyň her biriniň möçberi erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçýän eksport

we import pul geleşikleri boýunça özara hasaplaşyklar, geleşigiň pasportynyň resmileşdirilmegi bilen amala aşyrylýar. Şu ýagdaýda pul şertnamasynyň möçberi eksport edijiniň we import edijiniň şertnamany baglaşan senesine pul şertnamasynyň möçberi erkin aýlanýan puluň çäginden ýokary geçmeýän eksport we import geleşikleri boýunça geleşigiň pasporty resmileşdirilmeýär.

6) Dahyllylar baglaşylýan eksport we import geleşiklerinde dahylsyzlar tarapyndan borçlaryň ýerine ýetirilmeginiň anyk möhletlerini görkezmäge borçludyrlar.

Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň ýeterlik derejesini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Merkezi bankynda Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk gory döredilýär. Dahyllylar-eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplar (olaryň şahamçalary, wekilhanalary) özleriniň alan daşary ýurt pullarynyň möçberinden Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk goruna geçirimleri geçirýärler. Dahyllylaryň eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplaryň (olaryň şahamçalarynyň, wekilhanalarynyň) sanawy we Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk goruna geçirimleriň möçberleri Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýär.

7) Pul düşewündinden Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk goruna amala aşyrylýan geçirimiň möçberi, baglaşylan geleşikler boýunça dahyllylara geçirilmäge degişli, ygtyýarly we daşary ýurt banklaryndaky hasaplaryna gelýän daşary ýurt pullaryny, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýän beýleki gelýän daşary ýurt pullaryny öz içine alýar. Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk goruna geçirimler dahyllynyň özbaşdak ýa-da şertnama boýunça ygtyýarly karz edarasy tarapyndan daşary ýurt pulunda gelen serişdeleriň resminamasy doldurylan gününden soň gelýän bäş bank gününden gijä galman ýerine ýetirilýän gümansyz borçnamasydyr.

8) Dahyllylar-eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň pul ätiýaçlyk goruna geçirimlerden soň öz ygtyýarynda galýan pul düşewündiniň bir bölegini pul interwensiýasyny amala aşyrmagyň maksatlary üçin Türkmenistanyň Merkezi bankyna satýarlar. Pul düşewündiniň bir bölegini hökmany satmagyň möçberleri Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýär.

Pul düşewündini hökmany satmagyň möçberi baglaşylan geleşikler boýunça dahyllylara düşýän, ygtyýarly we daşary ýurt banklarynyň hasaplaryna daşary ýurt pulundaky gelen pullary öz içine alýar, muňa şu aşakdakylar degişli däldir:

– Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, ol tarapyndan ygtyýarlylyk berlen ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde amala aşyrýan amallaryndan we geleşiklerinden alýan daşary ýurt pullarynyň möçberi;

– ygtyýarly banklaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýan bank amallaryndan we başga geleşiklerden alýan daşary ýurt pullarynyň möçberi;

– dahyllylaryň dahylsyzlar-daşary ýurt döwletleriniň hökümetleriniň agentleri bolup durýan guramalar bilen ssuda şertnamalary, zaýom şertnamalary we bank karzy şertnamalary boýunça borçlaryny ýerine ýetirmegi üçin zerur bolan möçberleriň çäklerindäki dahyllylaryň pul düşewüntleri.

9) Dahyllylaryň pul düşewündiniň umumy möçberi onuň bir böleginiň hökmany satylmazyndan öň özleri bilen hasaplaşyklar daşary ýurt pulunda amala aşyrylýan degişli geleşikleriň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly çykdajylara we başga töleglere kemeldilmäge degişlidir. Olara şu aşakdakylar degişlidir:

– ýükleriň daşalmagynyň, ugradylmagynyň we ätiýaçlandyrylmagynyň tölenilmegi;

– alnyp gidilýän ýükler üçin gümrük paçlarynyň, şeýle hem gümrük ýygymlarynyň tölenilmegi;

– karz edaralaryna komission hak-heşdekleriniň tölenilmegi;

– daşary ýurt syýahatçylyk kärhanalaryna syýahatçylyk hyzmatlaryny edeni üçin düşýän pullaryň möçberi;

– sanawy Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen kesgitlenilýän amallar boýunça başga çykdajylar we tölegler.

10) Pul düşewündiniň bir böleginiň hökmany satylmagy dahyllylaryň özbaşdak ýa-da ygtyýarly karz edarasy tarapyndan şertnama boýunça daşary ýurt pulunda gelýän serişdeleriň resminamasy

resmileşdirilen gününden soň gelýän bäş bank gününden gijä galman ýerine ýetirilýän gümansyz borçnamasydyr.

11) Dahyllylaryň pul düşewündiniň bir böleginiň hökmany satylmagy, satylýan gününde Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen puluň resmi hümmeti boýunça amala aşyrylýar.

**Dahylsyzlar düşünjesi:**

a) dahyllylar bölegiň «a» we «b» kiçi bentlerine laýyklykda dahyllylar bolup durmaýan şahsy taraplar;

b) daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda döredilen, Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşýän edara görnüşli taraplar;

ç) daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda döredilen, Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşýän edara görnüşli taraplar bolup durmaýan guramalar;

d) Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän, şu bendiň «b» we «ç» kiçi bentlerinde görkezilen dahylsyzlaryň şahamçalary, wekilhanalary we beýleki aýrybaşgalanan birlikleri;

e) daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistanda akkreditirlenen diplomatik wekilhanalary, konsullyk edaralary we şol döwletleriň döwletara, hökümetara, halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalary;

ä) daşary ýurt döwletleri, olaryň dolandyryş-çäk birlikleri;

f) döwletara, hökümetara, halkara guramalary, olaryň Türkmenistandaky şahamçalary we hemişelik wekilhanalary.

**Dahylsyzlaryň walýuta gymmatlyklaryny alyp gitmäge bolan hukugy:**

1) ozal Türkmenistanyň çägine getirilen pul gymmatlyklaryny alyp gitmäge;

2) dahyllylar bilen hasaplar (goýumlar), depozitler, zaýomlar, bank karzlary, gymmat bahaly kagyzlar hem-de maýanyň hereketiniň başga pul amallary boýunça alnan diwidendleri, hak-heşdekleri we gaýry girdejileri almaga we geçirmäge;

3) dahyllylar bilen amala aşyrylýan pul amallary boýunça girdejileriň çykdajylardan ýokary geçýän möçberini geçirmäge.

Dahylsyzlaryň pul serişdeleriniň geçirimleri pul şertnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar. Pul şertnamasynyň ýa-da onda degişli

düzgünler bolmadyk halatynda, pul geçirimleri milli pulda ýa-da alyş-çalyş amallarynyň düzgünlerine laýyklykda, pul geçiriminiň amala aşyrylýan senesinde ulanylýan bazar hümmeti boýunça islendik beýleki daşary ýurt pulunda amala aşyrylýar.

Pul şertnamasyna laýyklykda, dahylsyzyň pul serişdeleri onuň öz adyna açylan bank hasaplaryna (goýumlaryna) geçirilýär. Pul serişdeleriniň üçünji taraplaryň, pul şertnamasynyň bir tarapy bolup durmaýan şahsy, şonuň ýaly-da edara görnüşli taraplaryň bank hasaplaryna (goýumlaryna) geçirilmegine ýol berilmeýär. Görkezilenler geçirilýän (transferabel) güwälendiriş hasaplaryň açylmagyny göz öňünde tutýan pul şertnamalaryna degişlidir.

**Geleşigiň kesgitlemesi.** Halkara geleşikler, adatça çalşygy aňladýar diýlip hasaplanylýar. Emele gelen däbiň çäklerinde geleşikleriň ýa-da amallaryň maliýe aktiwlerine derek harytlary we hyzmatlary satmak satyn almak; barter, ýagny şol ýurduň harytlaryny we hyzmatlaryny gönünden-göni beýleki ýurtlaryň harytlaryna we hyzmatlaryna natural çalyşmak; gymmatly kagyzlary pullara satmak, täjirçilik bergilerini tölemek we ş.m.; birtaraplaýyn geçirimler, ýagny harytlary we hyzmatlary ýa-da satyn almak ýa-da muzdsuz maliýe aktiwleri birtaraplaýyn esasda bermek diýen üç görnüşi tapawutlandyrylýar:

Şeýle kesgitleme daşary ykdysady amallaryň uly bölegine hem degişli bolsa, şol bir wagtda birnäçe meseleleri döredýär. Harytlar, hyzmatlar we girdejiler ulgamynda geleşikleriň milli hasaplaryny düzmegiň usulyýeti boýunça bir tarapyň serişdeleri beýleki tarapa geçirilmegi hasap edilýär. Emma geleşige gatnaşýan taraplaryň ikisi hem şol bir edara görnüşli tarapa wekilçilik edýän bolsa, hakyky serişdeleriň geçirişi edara görnüşli tarapyň hakyky çalşygy bolmazdan ýerine ýetirilýär. Şeýle amallary iri möçberlerde TMK-lar öz daşary ýurt şahamçalary bilen amala aşyrýar. Geleşik bolup durýan haýsydyr bir üýtgetmeler geleşige mahsus bolan ykdysady netijäni döredýär. Mysal üçin, walýuta kurslarynyň üýtgemegi bilen bagly walýuta ätiýaçlyklaryny gaýtadan bahalandyrmak ösüşe ýa-da ýurduň daşarky dünýä talaplarynyň gysgalmagyna getirýär. HPG-niň bilermenleri tarapyndan töleg balansynyň düzülmegi babatda geleşik

(amal) düşünjesiniň «sözüň giň manysynda, adaty tejribä laýyklykda» teswirlenmegi teklip edilýär.

Birnäçe amallary kesgitlemegiň kämil däldiginde we maglumatlaryň nätakyklygynda töleg balansynyň karz we debet taraplaryndaky görkezijilerde anyk çaprazlyklaryň boljagy ikuçsuz. Muňa ýol bermezlik üçin töleg balansynyň tablisasyny düzmegiň esasyna iki hasaphana ýazgysy ýörelgesi goýuldy. Bu töleg balansynda bellige alynýan her bir amal boýunça şol resminama iki birmeňzeş görkezijiler girizilýär: biri položitel belgili karz tarapynda, ikinjisi otrisatel belgili debet tarapynda. Birinji görkeziji şol ýurduň dahyllylary tarapyndan satyn alnan ýa-da satylan harytlaryň, hyzmatlaryň ýa-da gymmatly kagyzlaryň bahasyny, ikinjisi bu amalyň walýuta, maliýe aktiwleri geçirmek ýa-da (seýrek ýagdaýda) barter esasynda tölenilýändigini şöhlelendirýär, Harytlayň we hyzmatlaryň eskporty daşary ýurtdan gelen girdejiler hökmünde belgilenýär we karz amallarynyň bölümine ýazylýar; harytlaryň we hyzmatlaryň importy – tölegler hökmünde debet amallarynyň bölümine ýazylýar. Bu amallaryň her biri üçin ikinji ýazgy bu amaly maliýeleşdirýän nagt pullaryň ýa-da maliýe aktiwleriniň hereketini açyp görkezýär.

Taýýarlyk hasaplamalarynyň uly mukdaryny işlemegiň esasynda jemleýji töleg balansyna girdejileri we tölegleri ýa-da ýurduň halkara amallaryndaky talaplarynyň we borçnamalarynyň üýtgemelerini şöhlelendirýän jemi görkezijiler goşulýar. Şeýlelikde, töleg balansyny düzmegiň ýörelgesiniň esasynda onuň položitel görkezijileriniň jemleýji möçberi otrisatel görkezijileriň möçberine deň gelmeli, bu bolsa onuň hakyky deňagramlylygyny üpjün etmeli. Emma şunda hem usulyýet we hasaba alyş häsiýetli nätakyklyklar we säwlikler galýar.

**Bahalary hasaba almak.** Daşary ykdysady häsiýetli geleşikleriň amal edilýän bahalaryny hasaba almak uly kynçylyk döredýär. Töleg balansyny düzmek bilen meşgullanýan edaralar şeýle häsiýetdäki ygtybarly maglumatlary hemişe alyp bilmeýärler. Tersine, geleşige gatnaşyjylaryň täjirçilik syrynyň berjaý edilmegine gyzyklanma bildirýändigi üçin bu maglumatlary köp halatlarda almak başartmaýar. Her bir harydyň dürli geografik bazarlarda dürli bahalary – esasynda gümrük we beýleki salgyt ýygymlary alynýan baha-

13. Sargyt № 2475

lar; harydyň eýesiniň ony öz resminamalarynda hasaba alýan bahalar; içerki şereket ýa-da transfert bahalar we ş.m. bar. Töleg balansyna geleşik hakyndaky maglumatlary salmak üçin bahalaryň köplüginden karz we debet ýazgylary üçin ýeke-täk ýörelge boýunça bellenilýän baha ulanylmaly, şeýle edilmese amallary balansirlemegiň düzgüni berjaý edilmez. Bahany saýlap almak diňe gürrüňi edilýän ýurda degişli bolman, eýsem onuň kontragentlere degişli bolany üçin birlik saklamak we statistik talaplary üpjün etmek maksady bilen amallary bazar bahalary ýa-da olaryň ekwiwalenti boýunça bahalandyrmagyň ýörelgesini ulanmak teklip edilýär. HPG-niň Gollanmasynda we milli usulyýet işläp taýýarlamalarynda degişli görkezijileri töleg balansynda şöhlelendirmek üçin bahalary nädip saýlap almagyň takyk beýany bar.

**Geleşik wagtyny bellemek.** Amalyň ýerine ýetirilen wagtyny bellige almak hakyndaky mesele hem möhümdir. Bahalaryňky ýaly geleşigiň amala aşyrylan wagty bilen bagly ýagdaýlarda birnäçe alternatiwalar bar. Amalyň amala aşyrylan senesini görkezýän görkeziji hökmünde şertnamanyň baglaşylan ýa-da ylalaşygyň gazanylan, harydyň ýüklenip ugradylan, onuň eltilen, gümrük amallaryndan geçen, hyzmatlaryň ýerine ýetirilen, girdejileriň hasaplanyp goşulan ýa-da tölegleriň senesi çykyş edip biler: HPG-niň Gollanmasynda eýeçiligiň hereket ediş tölenilen milli hasapçylygynda şöhlelenme tapmagy üçin geleşigiň amala aşyrylan senesini şeýle saýlap almak teklip edilýär.

HPG tarapyndan hödürlenýän töleg balansynyň tablisasynyň düzüminde ýokarda iri maddalarda bellenilen toparlanan amallaryň 100-den gowrak görnüşi bar. Anyk teklipler töleg balanslaryny düzmekde, olary deňeşdirmekde bitewüligi gazanmaga gönükdirilýär. Emma iş ýüzünde milli neşirler bir nusga getirilmeklikden daşdadyr. Daşary ykdysady amallara degişli bolan maglumatlary ýygnamagyň çylşyrymlylygy, olaryň doly dälligi, usulyýet tapawutlary we beýleki ýagdaýlar döwlet edaralaryna töleg balanslaryny düzmekde, olaryň möçberini, düzümini, ýerine ýetirilen wagtyny we daşarky ykdysady amallaryň beýleki häsiýetnamalaryny degişli derejede şöhlelendirmekde kynçylyk döredýär.

Dürli görnüşli ýalňyşlaryň we ýoýulmalaryň bolmagy töleg balansyna «Ýalňyşlar we säwlikler» ýa-da «Statistik säwlikler» atly maddalaryň girizilmegine getirýär. Ýalan töleg balansy mydama deňagramly bolmalydygy üçin hakyky maglumatlar bilen deň gelmezlikler şu madda goşulýar. Birnäçe ýagdaýlarda oňa töleg balansynyň bar bolan toparlanmasyna haýsydyr bir sebäbe görä laýyk gelmeýändigi üçin ýa-da olary gizlemek maksady bilen amallar goşulýar. Ol diňe usulyýet ýalňyşlary şöhlelendirmän, eýsem hasaba alynmadyk, şol sanda bikanun amallary hem şöhlelendirýär. Bu maddalar boýunça görkezijiler, adatça ýeterlik derejede durnukly, çökgünlikler, sosial we syýasy tolgunmalar döwründe ulanylýar. Bu hünärmenlere şeýle döwürlerde onuň aňyrsynda maýalaryň amatly goýumynyň ýa-da howpsuz gaçybatalganyň gözleginde «çykmagy» durýar diýip hasap etmäge esas berýär.

**Töleg balansynyň maddalaryny toparlamagyň usullary.** Töleg balansynyň düzüliş we onuň galyndysyny ölçemegiň usullaryny öwrenmegiň halkara hasaplaşyklarynyň görkezijilerini dogry teswirlemek üçin uly ähmiýeti bar. Ykdysady edebiýatda töleg balansynyň galyndysyny görkezijileriň olaryň ykdysady mazmunyny düşündirilmän gelýändigi az däl. Mysal üçin, ABŞ-nyň 1958-nji ýylda töleg balansynyň ýetmeziniň görkezijisiniň bir, 1978-nji ýylda bolsa beýleki ykdysady mazmuny görkezilýär; olar dürlüçe ölçelýär we olaryň neşir edilmegi dürli netijelere getirdi. Şonuň üçin töleg balansynyň görkezijileriniň seljermek we deňeşdirmek üçin ulanylmagy olaryň ölçeniş ýörelgelerini we ykdysady mazmunyny bilmegini aňladýar, ol ykdysady ýagdaýdaky we halkara walýuta-karz we maliýe gatnaşyklarynda üýtgemeler bilen bagly birnäçe düzedişlere sezewar bolýar.

Halkara ykdysady amallaryň gerimini we netijeleriniň bahasyny hasaba almagyň ilkinji synanyşyklary XIV asyryň ahyrynda Angliýada döreýär. Milli baýlyk hökmünde göz öňüne getirilýän altynyň ýurtdan çykarylmagynyň öňüni almak niýeti daşarky söwdanyň, soňra bolsa beýleki daşary ykdysady amallaryň tebigatyna düşünilmek we gerimine baha berilmek zerurlygynyň ýüze çykmagyna getirdi. «Töleg balansy» diýen ykdysady taglymat 1767-nji ýylda J. Stýuart

tarapyndan girizildi, ýöne töleg balansyny düzmek we oňa girýän amallaryň gerimi XX asyryň başyna çenli dürli ýurtlarda dürlüçe düşünilýär.

Erkin bäşdeşlik kapitalizm döwründe halkara ykdysady amallary hasaba almagyň we olaryň töleg balansynda degişli ýagdaýda şöhlelendirmegiň meselesine bolan gyzyklanma, esasan, aýry-aýry ýurtlaryň ykdysady we karz çökgünlikleri döwründe altynyň äkidilmeginiň öňüni almak, ykdysadyýetçiler tarapyndan bolsa umumy ykdysady deňagramlylyk nazaryýetiniň çäklerinde töleg balansynyň deňagramlylygynyň bozulmagynyň we dikelmeginiň sebäplerini düşündirmek niýeti bilen şertlendirilendir. Emma şol döwürde olar hakyndaky maglumatlary ýygnamak ulgamynyň kämil däldigi, olaryň düşünilmegine nazary çemeleşmäniň ýetmezçilik etmegi sebäpli halkara hasaplaşyklar hakyndaky ýeterlik derejede doly we ygtybarly maglumatlar heniz bolmandyr. A. Smitden we D. Rikardodan başlap, ykdysady ylmyň ähli görnükli wekilleri töleg balanslarynyň düzüliş hadysalaryna täze düzümleri we göz öňüne getirmeleri girizmek bilen töleg balansynyň deňagramlylyk meselesine goşant goşýar. Maýalaryň çykarylyşynyň artmagy beýleki HYG-niň çalt ösmegi bilen şöhratlanýan kapitalizmiň häzirki tapgyryna geçmegi töleg balansynyň mazmunynyň giňelmegine getirdi. Şol bir wagtda töleg balansyny emele getirmekde we düzgünleşdirmekde, halkara hasaplaşyklary hakyndaky maglumatlary ýygnamakda we seljermekde döwletiň ornuny güýçlendirmegiň netijese hökmünde halkara hasaplaşyklaryny hasaba almagyň zerurlygy we tejribesini kämilleşdirmek zerurlygy ýüze çykýar.

XX asyryň başlarynda töleg balansyny düzmegiň usullary ABŞ-da we Beýik Britaniýada has doly ösdürilýär. ABŞ-nyň töleg balansynyň ilkinji resmi neşiri 1922-nji ýylyň görkezijileri boýunça 1923-nji ýylda Söwda ministrligi tarapyndan taýýarlanylýar. Deslapky neşirler aýratyn barlagçylara degişli bolup, resmi häsiýetli däldi. Birinji Jahan urşundan soň ABŞ-nyň karz beriji ýurda we dünýäniň maliýe merkezine öwrülmeginiň netijeleriniň biri halkara ykdysady amallaryň balansynyň düzülmegine ýokary gyzyklanma bolup durýar. Ol degişli ýagdaýdaky ykdysady syýasaty işläp düzmäge çelgilik hyzmatyny

ýerine ýetirmek üçin ýeterlik derejede takyk we anyk bolmaly. Şu maksat bilen ABŞ-nyň söwda ministrligi ilkinji resmi neşiriň maglumatlaryny we usulyýetini düzedýär we 1923-nji ýyl üçin ABŞ-nyň töleg balansyny neşir edýär. Töleg balansynyň maglumatlary seljermek maksady bilen amallary gündelik amallar, maýalaryň hereketi, altyn we kümüş bilen geçirilýän amallar diýen üç topara bölýärler:

Gündelik amallara şol ýylda tamamlandy diýlip hasaplanýan we soňra tölegleri ýa-da girdejileri getirmejek amallar degişli bolýar. Bu ugra söwda we hyzmatlar amallaryny degişli edipdirler. Maýalaryň hereketine degişli amallar netijesinde geljekde girdejileriň ýa-da göterimleriň gelmegine garaşylýan amallar hasap edilýär. Altyn we kümüş bilen ýerine ýetirilýän amallara uly ähmiýet berilýär we olar aýratyn bölümde görkezilýär. Maýalaryň hereketi bölüminde diňe uzak möhletleýin maýa goýumlar şöhlelendirilýär. Sebäbi, gysga möhletliler hakynda maglumatlar ýok diýen ýalydy. Bu ýagdaýda uzak möhletleýin maýa goýumlar hökmünde ýurduň çäklerinden daşarda ýerleşýän ABŞ-nyň dollary çykyş edýär. Bu görnüş düýpli üýtgeşmesiz Ikinji Jahan urşunyň başyna çenli saklanyp galýar.

1913-nji ýylda amerikaly ykdysadyýetçi H. Leri 1919–1939-njy ýyllar üçin ABŞ-nyň töleg balansyny düzýär. Onuň görnüşi Ikinji Jahan urşundan soň ABŞ-nyň töleg balansyny düzmek üçin esas bolup hyzmat edýär. 1946-njy ýyldan töleg balansy hakyndaky çärýeklik we ýyllyk hasabatlar ABŞ-nyň Söwda ministrligi tarapyndan «Survey of Current Business» žurnalynda çap edilip başlanýar. Töleg balansynyň görkezijilerini işläp düzmek we seljermek işi Beýik Britaniýada we birnäçe beýleki ýurtlarda edil şunuň ýaly geçýär. Leri tarapyndan 1919–1939-njy ýyllar üçin düzülen töleg balansy we ABŞ-nyň we birnäçe beýleki ýurtlaryň soňra resmi taýdan neşir edilen töleg balanslary öňkülerden görnüşi we mazmuny boýunça tapawutlanýar. Töleg balansy ýurduň daşary dünýä babatdaky maliýe ornuny seljermek üçin statistik tablisa hökmünde düzülýär. Şondan ugur alyp töleg balansyna diňe nagt tölegler bilen tamamlanan geleşikler goşulýar. Halkara söwda ýurduň içerki ykdysadyýetine täsir edýär, eksportyň importdan geçmegi we tersine, esasan, pul dolanyşyk we baha ul-

gamynda üýtgeşmelere getirýär. Olar halkara hasaplaşyklarynda deňagramlylygyň dikeldilmegine ýardam berýär diýlip hasap edilýär.

Ykdysadyýete döwletiň goşulmagynyň güýçlenmegi nazaryýetçileri ykdysadyýeti awtomatiki, hususan-da töleg balansy, bazaryň tebigy güýçleri bilen düzgünleşdirmek ýörelgesinden el çekmäge mejbur edýär. Töleg balansynyň düşünjelerine gaýtadan seretmäge milli girdejini we JIÖ-ni hasaplamagyň usullarynyň ösmegi hem ýardam berýär. Häzirki zaman ykdysadyýetçileri töleg balansynda beýleki ýurtlarda harytlary we hyzmatlar görnüşinde çykarylan milli önümiň paýyny, ýurda gelýän harytlaryň we hyzmatlaryň möçberini we eksportyň hem-de importyň arasyndaky tapawudy ýapmagyň usullaryny şöhlelendirmegi möhüm hasaplaýarlar. Häzirki zaman töleg balansynyň gündelik amallarynyň galyndysy, adatça milli girdejiniň hasaplamalarynyň tablisasyna, «harajatlar-çykarylyş» hasaplaryna girýär.

Dünýä hojalygynyň emele gelşi aýratyn ýurtlaryň halkara hasaplaşyklarynyň görkezijileriniň deňeşdirmesini talap edýärdi. Şonuň üçin töleg balansyny düzmegiň ýörelgeleri has güýçli unifikasiýa sezewar edilýär. Halkara hasaplaşyklarynyň maglumatlaryny bermekde belli bir umumylygy gazanmaga Milletler Ligasynyň we HPG-niň işi ýardam berýär.

Milletler Ligasynyň bilermenleri töleg balansyny düzmegiň usulyýetiniň standartlaşdyrylmagyny geçirýärler. Milletler Ligasy tarapyndan 1924-nji ýylda 13 ýurduň 1922-nji ýyl üçin töleg balanslarynyň maglumatlarynyň neşir edilmegi bu görkezijileriň halkara taýdan deňeşdirilmeginiň esasyny goýýar. 1927-nji ýylda Milletler Ligasy tarapyndan çyzgy we birnäçe hödürnamalar berilýär, onda nusga hökmünde, esasan, ABŞ-nyň we Angliýanyň töleg balanslary görkezilýär.

Milletler Ligasynyň bilermenleri tarapyndan girizilen takyklamalaryň netijesinde töleg balansyny düzmegiň çyzgysy döredilýär, ol boýunça 1947-nji ýylda BMG-niň resminamasy çap edilýär. Bu Milletler Ligasynyň görkezilen pudakdaky işiniň netijesi bolýar hem-de HPG tarapyndan töleg balansyny düzmegiň görnüşleriniň we ýörelgeleriniň işlenip düzülmegi üçin esas bolup hyzmat edýär.

HPG töleg balansynyň çyzgysyny bir nusga getirilmeginiň usulyýetini işläp düzmekligi dowam edýär. Onuň netijeleri töleg balansy boýunça yzygiderli ýagdaýda gaýtadan çap edilýän Gollanmada öz beýanyny tapýar (soňky neşir 1993-nji ýylda). HPG tarapyndan teklip edilen çyzgy umumy suratda öňdebaryjy ýurtlaryň töleg balansynyň maddalaryny düzmegiň kabul edilen ulgamyny gaýtalaýar. Ýöne käbir üýtgeşmeleri hem bar, olar bu çyzgyny köptaraply edýär we diňe bir ösen ýurtlaryň däl, eýsem ösýän ýurtlaryň, şeýle hem bazar ykdysadyýetine geçýän döwletleriň hem töleg balanslaryny deňeşdirmäge we seljermäge mümkinçilik berýär.

**Halkara pul gaznasynyň ýeke-täk usulyýeti boýunça töleg balansynyň maddalarynyň toparlanylyşy.**

**A. Gündelik amallar**

1. Harytlar.
2. Hyzmatlar.
3. Maýa goýumlardan gelýän girdejiler.
4. Gaýry hyzmatlar we girdejiler.
5. Birtaraplaýyn hususy geçirimler.
6. Birtaraplaýyn döwlet geçirimleri.

**Jemi:** A. Gündelik amallaryň balansy.

**B. Göni maýa goýumlar we uzak möhletli maýalar**

1. Göni maýa goýumlar.
2. Bukjalaýyn maýa goýumlar.
3. Gaýry uzak möhletli maýalar.

**Jemi:** A+B. (ABŞ-nyň binýatlaýyn balansynyň taglymatyna laýyk gelýär)

1976-njy ýyldan başlap resmi taýdan töleg balansyny diňe gündelik amallar boýunça çap etmeklik kabul edildi.

**Ç. Gaýry uzak möhletli maýalar**

**D. Ýalňyşlyklar we säwlikler**

**Jemi:** A+B+Ç+D (ABŞ-daky likwidlilik taglymatyna laýyk gelýär).

**E. Sazlaşdyryjy maddalar**

Altyn walýuta ätiýaçlyklaryny gaýtadan bahalandyrmak, SDR-i paýlamak we ulanmak.

Altyn walýuta ätiýaçlygynyň hereketi.

**Ä. Galyndyny ýapmaklygyň adatdan daşary çeşmeleri**

**F. Daşary ýurt resmi guramalarynyň walýuta ätiýaçlyklaryny emele getirýän borçnamalary.**

**Jemi**: A+B+Ç+D+E+Ä+F(ABŞ-daky resmi hasaplaşyklaryň taglymatyna laýyk gelýär)

**H. Ätiýaçlyklaryň jemleýji üýtgemeleri:**

1. Altyn.
2. SDR.
3. Halkara pul gaznasynyň ätiýaçlyk nukdaýnazary.
4. Daşary ýurt walýutasy.
5. Gaýry talaplar.
6. HPG-niň karzlary.

HPG-niň hödürleýän töleg balansynyň düzüminiň doly sanawy 110 maddadan ybaratdyr.

Türkmenistan 1992-nji ýylda HPG-niň agzasy boldy we 1996-njy ýylda HPG-y tarapyndan neşir edilen ýygyndyda biziň töleg balansymyz barada maglumatlar hem bar.

**HPG ulanýan usylyýeti boýunça ulanylýan töleg balansy şu toparlardan (düzümlerden) ybarat:**

| | **Maddalaryň ady** | Karz | Debet |
|---|---|---|---|
| **A** | **Gündelik amallar** | | |
| | a) harytlar. | | |
| | b) hyzmatlar. | | |
| | ç) maýa goýumlar boýunça girdejiler. | | |
| | d) gaýry girdejiler we hyzmatlar. | | |
| | e) hususy bir taraplaýyn geçirmeler. | | |
| | f) resmi bir taraplaýyn geçirmeleri. | | |
| | Jemi gündeki amallaryň deňagramlylygy. | | |
| **B** | **Göni, uzak möhletli maýa goýumlar:** | | |
| | a) Göni maýa goýumlar. | | |
| | b) Bukjalaýyn maýa goýumlar. | | |
| | ç) Gaýry uzak möhletli maýa goýumlar. | | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Ç** | **Gysga möhletli maýa goýumlar** | | |
| **D** | **Ýalňyşlyklar we goşulmalar** | | |
| | **Jemi: A+B+Ç+D** | | |
| **E** | **Öwezini dolýan düzümler:** | | |
| | a) altyn walýuta ätiýaçlyk serişdeleriniň täzeden bahalanmagy. | | |
| | b) SDR-iň peýdalanylmagy we ulanylmagy. | | |
| **F** | **Adaty bolmadyk maliýeleşdirme** | | |
| **G** | Daşary ýurt resmi guramalarynyň ätiýaçlyk walýuta serişdelerini döredýän borçnamalar. | | |
| | **Jemi A+B+Ç+DE+F+G** | | |
| **H** | Resmi ätiýaçlyk serişdeleriniň jemi üýtgemegi. | | |
| | a) SDR. | | |
| | b) HPG-däki ätiýaçlyk orny. | | |
| | c) Daşary ýurt walýutasy | | |
| | d) Gaýry taraplar. | | |
| | e) HPG karzlary. | | |
| **HPG-niň ulanýan usulyýeti boýunça ulanylýan töleg balansy şu toparlardan (düzümlerden) ybarat:** | | | |
| | **Maddalaryň ady** | **Karz** | **Debet** |
| **A** | **Gündelik amallaryň hasaby** | | |
| | **a) harytlar:** | | |
| | 1. Eksport we import harytlary | | |
| | 2. Täzeden işlemeklige niýetlenen harytlar | | |
| | 3. Harytlaryň bejerilmegi | | |
| | 4. Demir ýol kärhanalarynyň portlaryndan alnan harytlar | | |
| | 5. Şaýlyk däl altynlar: | | |
| | a) altyn maýa toplaýyş görnüşinde | | |
| | b) gaýry görnüşlerde | | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | **b) Hyzmatlar:** | | |
| | 1. Ulag hyzmatlary | | |
| | 1.1. Deňiz ýol ulaglary | | |
| | 1.1.1. Raýatlary gatnadýan | | |
| | 1.1.2. Ýük daşaýan | | |
| | 1.1.3. Gaýry | | |
| | 1.2. Howa ýol ulaglary | | |
| | 1.2.1. Raýatlary gatnadýan | | |
| | 1.2.2. Ýük daşaýan | | |
| | 1.2.3. Gaýry | | |
| | 1.3. Ulaglar hyzmatlarynyň gaýry görnüşleri: | | |
| | 1.31. Raýatlary gatnadýan | | |
| | 1.3.2. Ýük daşaýan | | |
| | 1.3.3. Gaýry | | |
| | **2. Saparlar:** | | |
| | 2.1. Iş saparlary | | |
| | 2.2. Şahsy saparlar | | |
| | **3. Aragatnaşyk hyzmatlary** | | |
| | **4. Gurluşyk hyzmatlary** | | |
| | **5. Ätiýaçlandyryş hyzmatlary** | | |
| | **6. Kompýuter we maglumatlar hyzmatlary** | | |
| | **7. Ygtyýarnama (lisenziýa) tölegleri** | | |
| | **8. Maliýe hyzmatlary** | | |
| | **9. Gaýry iş saparlar:** | | |
| | 9.1. Harytlaryň serhetden daşarda satyn alynmagy we satylmagy hem-de başga daşary haryt hyzmatlar | | |
| | 9.2. Lizing amallary | | |
| | 9.3. Dürli iş we tehniki hyzmatlar | | |
| | **10. Şahsy taraplara hyzmat edilýän medeni çäreler we dynç alyş hyzmatlary** | | |
| | **11. Döwlet hyzmatlary** | | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **B** | **Girdejiler** | | |
| | 1. Zähmet haky | | |
| | 2. Maýa goýum girdejileri: | | |
| | 2.1. Göni maýa goýumlar; | | |
| | 2.2. Bukjalaýyn maýa goýumlar; | | |
| | 2.3. Gaýry maýa goýumlar | | |
| **Ç** | **Gündelik transfertler** | | |
| | 1. Döwlet dolandyryş bölümleri | | |
| | 1.1. Emläge salynýan salgytlar we zähmet hakyna salynýan girdeji salgytlary | | |
| | 1.2. Önümçilik gaýry salgytlar | | |
| | 1.3. Önümçilik gaýry subsidiýeler | | |
| | 1.4. Ätiýaçlandyrma geçirmeleri | | |
| | 1.5. Maddy kömekler | | |
| | 1.6. Gaýry gündelik transfertler | | |
| | Döwlet dolandyryş bölümleri | | |
| | 2. Gaýry bölümler | | |
| | 2.1. Işgärler üçin pul geçirmeler | | |
| | 2.2. Gaýry transfertler | | |
| **D** | **Maliýe we maýalaryň amallarynyň hasaby** | | |
| **Ä** | **Maýalaryň amallarynyň hasaby**<br>Döwlet dolandyryş bölümleri | | |
| **E** | **Öwezini dolýan düzümler:** | | |
| | a) altyn walýuta ätiýaçlyk serişdeleriniň täzeden bahalanmagy. | | |
| | b) SDR-iň peýdalanylmagy we ulanylmagy. | | |
| **F** | **Adaty bolmadyk maliýeleşdirme** | | |
| **G** | **Daşary ýurt resmi guramalarynyň ätiýaçlyk walýuta serişdelerini döredýän borçnamalar.** | | |
| | **Jemi A+B+Ç+D+E+F+G** | | |

| H | **Ätiýaçlyk aktiwler** | | |
|---|---|---|---|
| | 1. Altyn şaýlyklar | | |
| | 2. SDR | | |
| | 3. HPG-niň ätiýaçlyk orunlary | | |
| | 4. Daşary ýurt walýutalary | | |
| | 5. Gymmat bahaly kagyzlar | | |
| | 6. Başga aktiwler | | |

HPG tarapyndan kabul edilen töleg balansynyň maddalaryny toparlamagyň ulgamy Gazna agza ýurtlar, şol sanda HPG-e girenden soň yzygiderli ýagdaýda öz töleg balansyny neşir edýän döwletler tarapyndan toparlamagyň milli usullarynyň esasy hökmünde ulanylýar. Şonda aýratyn ýurtlaryň halkara hasaplaşyklarynyň häsiýeti olara töleg balanslaryny düzmegiň aýratynlyklaryny hem görkezýär. Ösen we ösýän ýurtlaryň töleg balanslary mazmuny boýunça düýpli tapawutlanýar. Käbir ýurtlaryň hasaplaşyklarynda tapawutlar hem bar, olar töleg balanslarynda öz beýanyny tapýar. YHÖG (Ykdysady hyzmatdaşlyk ösüş guramasy) girýän ýurtlar üçin ABŞ-da we beýleki öňdebaryjy ýurtlarda kabul edilen usullaryň esasynda töleg balansyny düzmegiň ulgamy häsiýetli bolup durýar, ol HPG tarapyndan hödürlenen çyzgydan käbir jähtlerde tapawutlanýar.

Töleg balanslarynyň HPG-de we YHÖG-de kabul edilen çyzgylary ösen ýurtlara mahsus bolan umumy taraplary hasaba alýar we olaryň her birine aýratyn maliýe amallary nazarda tutup, öz aýratynlyklaryny girizmäge mümkinçilik berýär. Adatça, şeýle aýratynlyklar töleg balansynyň galyndysyny ölçemegiň we ony ýapmagyň usullary bilen baglanyşykly.

## 6.3. Töleg balansynyň galyndysyny ölçemegiň usullary

Töleg balansyny düzmegiň iň esasy wezipeleriniň biri onuň saldosyny (galyndysyny) hasaplamaklykdyr. Bu möhüm analtiki mesele. Ol meseleleriň giň toplumyny aýratyn halkara geleşikler hakyndaky

maglumatlaryň takyklygyndan başlap, tablisalary düzmegiň düzümine çenli meseleleri öz içine alýar we töleg balansynyň nazaryýetiniň we tejribesiniň iň bir möhüm bölegi bolup durýar. Töleg balansynyň ýetmezçiligini ýa-da altiw galyndysyny kesgitlemegiň umumy kabul edilen usuly ony esasy we balansirleýji maddalara bölmekdir. Esasy maddalaryň galyndysyna «töleg balansynyň galyndysy» diýilýär, bu ululygyň položiteldigine ýa-da otrisateldigine baglylykda töleg balansynyň aktiwi ýa-da ýetmezçiligi diýilýär. Ol balansirleýji maddalaryň kömegi bilen ýapylýar. Töleg balansynyň galyndysy möhüm görkeziji bolup durýar. Onuň ululygy JIÖ we milli girdeji hasaplananda nazara alynýar, walýutanyň kursuna, daşarky we içerki ykdysady syýasatyň serişdeleriniň saýlanyp alynmagyna täsir edýär. Töleg balansynyň galyndysy hasaplanylanda ýüze çykýan möhüm mesele maddalary esasylara ýa-da balansirleýjilere toparlamak bolup durýar.

Töleg balansynyň galyndysy düşünjesi amallaryň belli bir ýygyndysynyň jemine degişli. Bu düzgüniň aýratyn häsiýeti bar. Töleg balansynyň aktiwiniň ýa-da ýetmezçiliginiň görkezijisine mydama deňagramlylykda saklanýan tutuş töleg balansynyň häsiýetnamasy hökmünde, hasaphanaçylyk babatdaky umumy netijäni bolsa onuň kabul edilen guralyş ulgamyna baglylykda – nullaýyn düşünilmegi däl. Töleg balansynyň galyndysynyň görkezijisi düzümleýin bolup durýar. Onuň ululygy ilkinji nobatda munuň netijesini görkezýän maddalaryň saýlanyp alnyşyna bagly bolýar. Şeýle saýlaw özbaşdak bolup bilmeýär. Ol belli bir maksada gulluk edýär we özünde degişli analitik çemeleşmäniň yzyny saklaýar.

HPG-niň usulyýeti boýunça töleg balansynyň maddalaryny toparlamak onuň galyndysynyň kesgitleniş usullarynyň ösüş döwrüni açyp görkezmäge mümkinçilik berýär. Bu çyzgydan peýdalanyp, amallaryň belli bir toparynyň aşagyndan çyzyk çekmek ýeterlik. Çyzykdan ýokarda ýerleşýän ähli maddalaryň jemleýji görkezijileri belli bir taglymat boýunça töleg balansynyň galyndysyna laýyk gelýär. Bu görkeziji otrisatel alamat bilen alnan çyzykdan aşakdaky ähli maddalaryň pul möçberleriniň jemi bilen deňagramlaşýar. Bu toparlamanyň düzümi belli bir derejede halkara ykdysady amallaryň taryhy ösüşini yzarlaýar.

**Gündelik amallaryň balansynyň taglymaty.** Taryhy taýdan halkara çalşygynyň has ösen görnüşi daşarky söwda bolup durýar. Daşarky söwda boýunça hasaplaşyklar ilkinji töleg balanslarynyň esasy maddalarynyň baş mazmunyny düzýär. Zähmetiň halkara bölünişigi çuňlaşdygyça halkara çalşygynda hyzmatlar uly ähmiýete eýe bolýarlar. Häzirki zaman töleg balansynda söwda we hyzmat amallary esasy maddalaryň hatarynda möhüm orun tutýar. Söwda balansy we hyzmatlaryň balansy ýurduň ykdysadyýetiniň ýagdaýy we onuň dünýä hojalygyndaky orny bilen jebis baglanyşykly. Daşarky söwdanyň ýetmezçigi ýa-da aktiwi ýurduň harytlarynyň dünýä bazarynda bäsleşlige ukyplylygyny şöhlelendirýär we uly ykdysady çäreleriň sebäbi bolup bilýär. Şol ýurduň daşarky dünýä bilen ykdysady gatnaşyklaryny töleg balansynyň gündelik amallarynyň balansy has giň şöhlelendirýär. Ýurt, mysal üçin, söwda balansynyň ýetmezçiligini ygtyýarnamalary satmakdan, syýahatçylykdan ýa-da daşary ýurt işçi güýjüni getirmekden gelýän girdejileriň hasabyna ýapyp bilýär. Töleg balansynyň gündelik amallarynyň galyndysy ýurduň daşary ykdysady ýagdaýyny häsiýetlendirmek üçin köp ulanylýar. Gündelik amallaryň balansy hakyky gymmatlyklaryň ululygyny şöhlelendirýär diýip hasap edilýär. Olary ýurt daşary ýurda berýär ýa-da ondan JIÖ-ni goşmaça alýar.

Analitik nukdaýnazardan gündelik amallaryň balansy, esasan, iki aýratynlyk bilen tapawutlanýar. Birinjiden, gündelik amallar gutarnykly we maýalaryň hereketi boýunça amallaryňky ýaly jogap tölegleré getirmeýär. Ikinjiden, gysga möhletlilik babatda gündelik amallar has durnukly, olaryň netijesi bolsa hereketinden, aýratyn-da diňe bir ykdysady däl, eýsem, syýasy sebäpleriň täsirine uly derejede sezewar bolýan gysga möhletli maýalaryň hereketinden tapawutlylykda has çuňňur ykdysady meýilleriň täsirini şöhlelendirýär. Şonuň netijesinde gündelik amallaryň balansyna has möhüm ykdysady mazmuny bolan görkeziji hökmünde garalýar. Ol ýurduň daşary ykdysady işiniň we onuň içerki ykdysady hadysalar bilen özara gatnaşygynyň netijelerini kesgitlemek üçin milli hasaplara, «harajatlar-çykarylyş» hasaplaryna, beýleki makroykdysady görkezijilere goşulýar. Bu görkeziji döwletiň

ykdysady syýasatynyň seljerişinde we onuň uzak möhletleýin maksatlary işlenip düzülinde esasylaryň hatarynda durýar.

Maýalaryň çykarylyşynyň ösmegi bilen gündelik amallaryň galyndysy uzak möhletleýin maýalaryň hereketiniň balansyny deňagramlaşdyrýan töleg balansynyň konsepsiýasy emele gelýär. HPG-niň çyzgysy boýunça diýen aňlatma *A* topary (gündelik amallar) boýunça amallaryň galyndysy *B* toparynyň (uzak möhletleýin maýalar) amallarynyň galyndysyna otrisatel alamat bilen deň bolmalydygyny aňladýar. Bu taglymata laýyklykda gündelik amallaryň balansynyň akwitiniň hasabyna uzak möhletleýin maýalaryň çykarylyşynyň maliýeleşdirilmesini amala aşyrylmaly bolýar.

HPG-niň walýuta kadalaşdyrmasy boýunça jemleýji seljermesinde agza döwletlerini bahalandyrmak üçin ulanýan 21 sany ugrunyň 6-sy gündelik amallara degişlidir. Muňa garamazdan, bu gözegçilik ugurlarynyň her biri daşary ykdysady gatnaşyklara we walýuta amallaryna ýokary täsiri bilen tapawutlanýandyklaryny bellemek gerek.

HPG-niň Tertipnamasynyň 8-nji maddasy agza döwletlere çäklendirmesiz we diskriminasiýasyz walýutalary çalyşmak we walýuta düzgünini saklamak borjuny ýükleýär, agza döwletler Gazna bilen ylalaşmazdan gündelik halkara amallar boýunça çäklendirmeleri girizmezlige borçlanýarlar. Şunuň bilen birlikde, Tertipnamanyň 14-nji maddasyna laýyklykda, Gaznany habardar etmek bilen, Gazna agza bolan döwründe hereket eden, gündelik amallar boýunça geçirimlere we töleglere çäklendirmeleri saklap we üýtgeýän ýagdaýlara görä uýgunlaşdyryp bilerler. Bu ýagdaýda döwletler öz walýuta syýasatlarynda Gaznanyň maksatlaryny üns merkezinde saklaýarlar. Şertler mümkinçilik berende halkara tölegleri geçirmegi ýeňilleşdirjek we alyş-çalyş hümmeti ulgamynyň durnuklylygyna ýardam berjek täjirçilik we maliýe mehanizmlerini girizmek boýunça mümkin bolan çäreleri görýärler. Hususan-da, agza-döwletler şeýle çäklendirmeler bolmadyk halatynda öz töleg balanslaryny kadalaşdyrmaga ýagdaýynyň bardygyna göz ýetirenlerinde, gündelik amallara çäklendirmeleri aradan aýyrýarlar.

Görnüşi ýaly, HPG gündelik amallara çäklendirmeler boýunça berk talaplary belleýär. Şol bir wagtyň özünde, birnäçe döwlet-

ler häzirki wagta çenli gündelik amallarda walýuta çäklendirmelerini ulanýarlar. Olar, köplenç halatda Gaznanyň Tertipnamasynyň 14-nji maddasyna salgylanýarlar. 2015-nji ýylyň maglumatlaryna laýyklykda, agza döwletleriň 48%-i Tertipnamanyň 8-nji maddasy, galanlary, şol sanda Türkmenistan hem 14-nji maddasy boýunça hereket edýär.

Gündelik we maýanyň hereketi bilen bagly amallarda walýuta gözegçiligi biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Kähalatlarda gündelik amallara girizilen gözegçilik maýanyň hereketini çäklendirmäge gönükdirilendir. Bu ýagdaýda, eger gözegçilik giindelik amallary bökdemeýän bolsa we diňe maýanyň hereketine gözegçilik etmek üçin ulanylýan bolsa, onda ony gündelik amallara girizilen çäklendirme hökmünde kabul edip bolmaýar.

Mysal üçin, HPG-niň bahalandyrmasynda şahsy maksatly tölegler boýunça çäklendirmeler ýa-da nagt walýuta hereketine girizilen çäklendirmeler gündelik amallaryň sanawynda görkezilýär, emma bu çäklendirmeler ulanylyş derejesine baglylykda maýanyň akymynyň çäklendirmek maksady bilen ulanylýar.

Şeýle hem, repatriasiýa (dahyllynyň milli we daşary ýurt walýutalaryny ýurda gaýtarmagy) talaby gündelik amallar (eksport we import) babatda girizilýän-de bolsa, köplenç halatda (gündelik amallara päsgel bermeýän derejede) onuň maksady maýanyň ýurtdan çykmagynyň öňüni almakdan ybaratdyr. Emma, örän gysga möhletli ýa-da aşa agyr şertli repatriasiýa talabynyň gündelik amallaryň çäklenmegine-de öz täsirini ýetirýändigi ikuçsuzdyr.

Daşary söwdada (eksportda we importda) walýuta çäklendirmeleri söwda çäklendirmeleri bilen garyşdyrylmaly däldir. Daşary söwdada walýuta gözegçiligi eýýäm amala aşyrylan ýa-da indi amala aşyryljak daşary söwda amallary boýunça töleglere degişlidir. Muňa garamazdan, onuň daşary söwdany çäklendirmekdäki täsiri, görnüşine baglylykda, göni söwda çäklendirmelerinden pes bolman biler.

Gündelik amallara gözegçiligiň we çäklendirmeleriň oňaýsyz ykdysady täsirleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– daşary söwdany çäklendirýär;

– bikanun walýuta alyş-çalyş bazarynyň (gara bazaryň) döremegine getirýär;

– hasaplaşyklaryň rugsat edilmeýän (bikanun) ýa-da oňlanylmaýan (nagt, üçünji taraplaryň üsti bilen we ş.m.) görnüşleriniň artmagyna getirýär.

Gelnen netijelere görä, gündelik amallara gözegçiligiň zerurlygy we onuň haýsy görnüşleriniň ulanylmalydygy her bir ýurduň maliýe-ykdysady ýagdaýyna, daşary ykdysady gatnaşyklarynyň düzümine, töleg balansynyň ýagdaýyna we ýetilmek islenilýän netijä baglydyr. Hususan-da ösüp barýan döwletlerde, has hem geçiş ykdysadyýetli döwletlerde milli ykdysadyýeti we milli walýuta birligini ösen ykdysadyýetleriň hem-de ýörgünli, berk walýutalaryň oňaýsyz täsirinden goramak maksady bilen, gündelik amallara walýuta gözegçiliginiň ol ýa-da beýleki görnüşlerini belli derejede ulanmak mümkindir. Hut şoňa görä-de HPG hem öz Tertipnamasynyň 14-nji maddasynda geçiş ykdysadyýetleri üçin gündelik amallara walýuta gözegçiligini alyp barmaga mümkinçiligini açýar.

**Binýatlaýyn balansyň taglymaty.** Uzak möhletleýin maýalaryň hereketini hasaba almagyň ösmegi we onuň töleg balansynda has doly şöhlelendirilmegi bilen binýatlaýyn balansyň taglymaty öňe sürülýär. Ol Ikinji Jahan urşundan soň ABŞ-da, Beýik Britaniýada we beýleki döwletlerde ýaýraýar we töleg balansyň ýagdaýyny kesgitlemek üçin esas ýa-da beýlekiler bilen bir hatarda ulanylýar. Bu taglymatynyň düýp mazmuny esasy maddalara goşulýan, awtorlaryň pikiriçe wagtlaýyn durnuklylygy we ykdysady konýunkturanyň üýtgemelerine durnuklylygy häsiýetlendirýän binýatlaýyn durnukly geleşikleri çykarmakdan ybarat bolup durýar. Şeýle amallar hökmünde diňe gündelik amallary däl, eýsem, uzak möhletleýin maýalaryň hereketini hem hasap edip başlaýarlar. Balansirleýji amallar hökmünde gysga möhletli maýalaryň we walýuta ätiýaçlyklarynyň hereketini hasap edip başlaýarlar. HPG-niň toparlamasy boýunça binýatlaýyn balansyň galyndysy *A* we *B* topar boýunça amallaryň galyndysynyň möçberi hökmünde kesgitlenýär. Bu möçber *B* toparyndan aşakda ýerleşýän amallaryň balansy bilen deňagramlaşmaly.

Binýatlaýyn balansyň ýörelgesine laýyklykda gündelik amallaryň aktiwi maýalaryň hereketini munuň üçin walýutanyň akymyny üpjün edişi ýaly deňagramlaşdyrmaýar. Töleg balansynyň gutarnyk-

ly deň gelmegi gysga möhletli maýalaryň hereketini üpjün etmeli, onda belli bir çäklerde walýuta kurslaryny, göterim goýumlaryny we ykdysady syýasatyň beýleki serişdelerini üýtgetmek arkaly manipulirläp bolardy. Şeýle çemeleşmäni belli bir wagta çenli gysga möhletli maýalaryň hereketine özbaşdak iş hökmünde uly ähmiýet berilmeýändigi bilen düşündirmek bolýar. Uzak möhetleýin maýalaryň çykarylyşynyň durnukly ösüşini üpjün etmek, daşary ýurt maýa goýumlaryny artdyrmak, netijede bolsa dünýä bazarynda öz orunlaryny giňetlemek has möhüm hasaplanylýardy.

Binýatlaýyn balansyň taglymatynyň ýaýramagy XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrynda we 60-njy ýyllaryň başynda gysga möhetli maýalaryň uly halkara migrasiýasynyň nazaryýetini we tejribesini hasaba almak hem-de düşünmek zerurlygyny şöhlelendirýär. Ol Günbatar Ýewropa ýurtlary tarapyndan walýutalaryň konwertirlenmeginiň, ykdysady çökgünligiň we şol döwürde dollar çökgünliginiň girizilmeginiň netijesi boldy. Bu «göçüp-gonýan» maýalar («gyzgyn» pullar) 1960-njy ýylyň töleg balansynyň durnuklylygyny bozmakda uly orun tutýar.

Binýatlaýyn balansyň taglymatynyň aýratyn ýurtlar tarapyndan teswirlemesinde aýratynlyklar bardy. ABŞ-da bu taglymat XX asyryň 40-njy ýyllarynyň ahyryndan 50-nji ýyllaryň başyna çenli resmi hasap edilýär, şonda onuň ýerine likwidlilik taglymaty gelýär we 1962-nji ýyldan 1965-nji ýyla çenli gaýtadan dikeldilýär we töleg balansynyň seljerişinde goşmaça gural hökmünde ulanylýar.

GFR-de binýatlaýyn balansynyň taglymaty 1962-nji ýylda ulanylyp başlanýar. Şonda diňe bir gysga möhletli maýalaryň däl, eýsem uzak möhletli maýalaryň hereketiniň beýleki amallaryň esasynda durýan meýilleri haýalladýan üýtgemeler gerimine ýetendigi anyklanýar.

Beýik Britaniýa binýatlaýyn balansyň taglymatyny XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrynda we 60-njy ýyllaryň başlarynda ulanýar. Ol özüniň dünýäniň maliýe merkezleriniň biri hökmündäki ornuny nazara alyp, bu taglymat esasy, binýat we ikinji derejeli daşary ykdysady amallaryň arasyndaky has anyk tapawudy üpjün etmäge mümkinçilik berer diýip hasap edýärdi. Munuň döwlet syýasatynyň töleg balansy

babatda çelgilerini işläp düzmek üçin uly ähmiýeti bardy. Onuň ýagdaýy ýurduň ykdysadyýetine, ony düzgünleşdirmegiň maksatlaryna we usullaryna uly täsir edýär.

Beýik Britaniýada binýatlaýyn balansyň taglymaty ulanmagyň tejribesi maýalaryň hereketini toparlamak, ony uzak möhletli we gysga möhletli amallara bölmek we olaryň töleg balansynyň maddalary boýunça düşündirmek boýunça kynçylyklara duş gelýär. Bu kynçylyklar XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ikinji ýarymynda has-da çuňlaşýar, 1967-nji ýylda ýurduň töleg balansynyň ýaramazlaşmagy we funt strerlingiň dewalwasiýas, dünýä walýuta ulgamyny gurşap alan çökgünligiň ýüze çykmasy bolup geçýär. Birnäçe ýylyň dowamynda maýalaryň hereketi tertipsiz üýtgemeler görnüşinde bolup geçýär we uzak möhletleýin meýilleri beýan etmek üçin çelgi bolup hyzmat edip bilmeýär. Bu kynçylyklar 1970-nji ýylda Angliýanyň binýatlaýyn balans taglymatyndan ýüz döndermegine getirýär.

**Likwidlilik (tölege ukyplylyk) taglymaty.** Indiki ädim ABŞ tarapyndan 1958-nji ýylda öňe sürlen likwidlik taglymatynyň işlenip düzülmegi bolup durýar. Şol döwürde ABŞ-nyň töleg balansynyň çürt-kesik ýaramazlaşmagy we dollaryň çökgünligi söwda ministrligini töleg balanasynyň düzülişini we onuň ýetmezçiligini ölçemegiň usullaryna tankydy garamagyna iterýär. Gysga möhletli maýalaryň hereketine bolan gatnaşyga gaýtadan seredilýär, şonda dollar aktiwleriniň daşary ýurtly hususy taraplaryň we resmi adamlaryň elinde likwidliligine aýratyn üns berilýär. Bu bolsa täze çemeleşmäniň mazmunyny we adyny kesgitleýär.

**Likwidlilik taglymaty** ABŞ-nyň dollary ätiýaçlyk walýutasy bolup durmagyndan we halkara töleg we ätiýaçlyk serişdesi hökmünde giňden ulanylýandygyndan ugur alýar. ABŞ hemişe dollaryň spekulýasiýasy bilen göreşmek üçin taýýar bolmaly, munuň üçin bolsa rezident dällerde likwid dollar aktiwleriniň möçberini bilmek zerur diýlip hasaplaýar. Bu pul möbçeriniň ösüşiniň ululygyny, töleg balansynyň galyndysyny görkezmelidi. Şonuň üçin likwidlilik taglymaty boýunça binýatlaýyn maddalardan başga esasy maddalara geleşikleriň ýene üç görnüşi (hususy gysga möhletli milli maýalaryň, daşary ýurt täjirçilik karzlarynyň we «Ýalňyşlar we säwlikler» maddasy boýunça galyndynyň hereketi) girýär.

Balansirleýji maddalara, ýagny Amerikanyň walýuta ätiýaçlyklarynyň (şol sanda HPG-e gatanç), ABŞ-nyň daşary ýurt resmi edaralaryň we şahsy taraplaryň öňündäki likwidlilik borçnamalaryna üýtgetmeler girizilýär. Bu taglymatyň aýratynlyklary ABŞ-nyň döwlet walýuta ätiýaçlyklaryny we Amerikanyň hususy saklaýjylaryň elindäki walýuta aktiwlerini tapawutlandyrmak bolup durýar.

HPG tarapyndan kabul edilen toparlanyşa laýyklykda likwidlik taglymaty boýunça galyndy (*Ç* toparyna degişli) käbir şertler bilen esasy diýlip hasap ediljek $A + B + Ç + D$ toparlary boýunça amallaryň galyndysynyň möbçerine laýyk gelýär. Ol tersleýin belgi bilen alnan $E + F + G + H$ toparlary boýunça galyndynyň möçber ululygy bilen balansirlenýär. YHÖG tarapyndan kabul edilen toparlanmada likwidlilik taglymaty anyk beýan edilen. Gysga möhletli maýaly amallaryň birnäçesini töleg balansynyň esasy maddalarynyň hataryna degişli edilmegi ýeterlik derejede esaslandyrylmadykdyr. Hususan-da, amerikaly hususy saklaýjylaryň elindäki daşary ýurt walýutasynyň aktiwleriniň goşulmagynyň esasy sebäbi ABŞ-nyň kanunçylygynyň döwlet maliýe edaralaryna resmi ätiýaçlyklara goşmaça dollaryň goragy üçin olary ulanmagyny kynlaşdyrýandygy bilen bagly «Ýalňyşlar we säwlikler» maddasy boýunça galyndy gysga möhletli maýalaryň hereketi bilen baglanyşdyrylmaýar we halkara hasaplaşyklarynyň hasaba alşynyň kämil däldigi bilen düşündirilýär.

Balansirleýji maddalaryň hataryna ABŞ-nyň borçnamalarynyň gysga möhletli maýalara goşulmagy, bu borçnamalarda dollara kuwwatly howp hökmünde garaýyşy beýan edýär. Hakykatda, daşary ýurtly hususy dollar saklaýjylar ony ABŞ-nyň gaznasynda altyna çalşyp bilmeýärdiler. Ýöne dollara bolan ynam gaçan şertlerinde daşary ýurtly hususy banklar öz dollar aktiwlerini merkezi banklara geçirip bilýärler, olar bolsa, öz nobatynda olary ABŞ-nyň gaznasyna altyna çalşylmagy üçin berip bilýärler (1971-nji ýyla çenli).

1958-nji ýylda ABŞ-nyň töleg balansynyň uly gytçylygy hökümetde we maliýe toparlarynda ynjalyksyzlyk döredýär. Bu, hususan-da, gytçylygy ölçemegiň usullaryna bolan ynamsyzlykda ýüze çykýar. Döreýän badyna likwidlilik taglymaty ýiti tankyda sezewar bolýar. Emma ABŞ-nyň Söwda ministrligine ony goramak başardýar.

Likwidlilik taglymaty resmi taýdan dollaryň ätiýaçlyk walýutasy hökmündäki derejesi üçin diňe ABŞ-nyň töleg balansynda ulanylýar. ABŞ-nyň töleg balansynyň uly ýetmezçilikleri ilkibaşdan bu taglymaty şübhe astynda goýýar.

**Resmi hasaplaşyklaryň balansy taglymaty.** Töleg balansynyň saldosyny hasaplamagyň ýolundaky nobatdaky ädim ABŞ tarapyndan 1965-nji ýylda öňe sürlen we soňra HPG-niň hem-de YHÖG-iň bilermenleri tarapyndan esas hökmünde kabul edilen resmi hasaplaşyklaryň taglymaty bolýar. ABŞ-nyň we beýleki ýurtlaryň bu usulyýetiniň özüne çekijiligi, ilki bilen, onuň ýetmezçiliginiň görkezijilerini peseldýändiginden, ikinjiden, töleg balansyny gowulandyrmak üçin daşary ýurtly hususy gysga möhletli we bukjalaýyn maýa goýumlaryny giňden çekilmeginiň nazaryýet esasyny goýýandygyndan ybaratdyr.

Resmi hasaplaşyklaryň taglymaty ABŞ-nyň töleg balansynyň galyndysynyň ölçeniş usullarynyň komitet tarapyndan maliýe meseleleri boýunça E. Bernşteýniň ýolbaşçylygynda amala aşyrylan tankydy seljerişiň netijesinde ýüze çykýar.

Resmi hasaplaşyklaryň balansynyň ýa-da soňra atlandyryşlary ýaly jemleýji balansyň (overall balance) taglymaty 1965-nji ýylda ABŞ-da, soňra bolsa beýleki ýurtlar tarapyndan ulanylyp başlanýar we HPG-niň hem-de YHÖG-iň bilermenleri tarapyndan makullanýar. Bu taglymatyň maksady ýurtlaryň resmi walýuta edaralarynyň walýuta interwensiýasyny öz walýutalarynyň kursuny dollarda bellenilen paritetiň ± 1% çäklerinde saklamak maksady bilen geçirýändiginden ybaratdyr. 1973-nji ýyldan bu goşulyşma yzygiderli ýagdaýda bolmaýar; ol üýtgeýän kurs walýuta paritetinden çalt üýtgände amala aşyrylyp başlanýar. Resmi hasaplaşyklaryň taglymatyna geçilmegi bilen ABŞ-nyň daşary ýurtlularyň öňündäki gysga möhletli borçnamalary töleg balansyna we dollara howp hökmünde garaman, eýeleri onuň goýulmagy üçin ýurtda amatly meýdan tapýan maýalaryň gelmegi hökmünde garap başlaýar. Sazlaýjy maddalar hökmündäki taglymatyň awtorlary resmi ätiýaçlyklara we ýörite hökümetara amallara garalmagy teklip edýärler.

Resmi hasaplaşyklaryň balansynyň standart kesgitlemesi balansirleýjileriň hataryna şu aşakdaky maddalaryň goşulmagyny

(resmi walýuta edaralarynyň walýuta ätiýaçlyklary bilen amallary (altyn, daşary ýurt walýutasy, HPG-niň ätiýaçlyk orny we SDR-iň aktiwleri); resmi walýuta edaralarynyň daşary ýurtly resmi edaralaryň öňündäki borçnamalaryny, şol sanda halkara guramalaryny, SDR-iň paýlanyşyny üýtgetmek) göz öňünde tutýar. HPG-niň toparlanmasy boýunça resmi hasaplaşyklaryň konsepsiýasy boýunça töleg balansynyň galyndysy esasy maddalar hökmünde toparlara bölünýär we $A + B + Ç + D + E + F + G$ toparlar boýunça netije hökmünde çykyş edýär. Ol $H$ topary boýunça amallaryň, ýagny resmi walýuta amallarynyň jemi möçberi bilen deňagramlaşýar.

Käbir ýurtlarda resmi hasaplaşyklaryň taglymatynyň ulanylmagynyň aýratynlyklary bar we ol HPG-niň tekliplerinden hem-de YHÖG-niň çyzgysyndan tapawutlanýardy. Hususan-da, ABŞ-da sanalyp geçilen amallardan başga şu aşakdaky amallar boýunça şol döwrüň dowamyndaky üýtgemeler hem girýär: milli edaralaryň daşary ýurtly resmi edaralar babatdaky likwidlilik borçnamalary; daşary ýurtly resmi edaralar babatdaky beýleki bazar borçnamalary (şol sanda olara degişli bolan olaryň maglumatlary boýunça amerikan banklaryň likwidlilik däl borçnamalary, şeýle hem amerikan döwlet edaralarynyň we korporasiýalarynyň, hususy korporasiýalaryň, ştatlaryň hökümetleriniň we munisipalitetleriň obligasiýalary); ABŞ-nyň hökümetiniň resmi daşary ýurtly ätiýaçlyk edaralaryna bolan likwidlilik däl borçnamalary.

Ätiýaçlyk walýutasy bolmadyk ýurtlar üçin resmi hasaplaşyklaryň usulyýeti boýunça sazlaýjy (balansirleýji) maddalarynyň ABŞ-nyň töleg balansynyňkydan başga mazmuny bardyr. GFR-de olar Bundesbankyň daşary ýurtly aktiwler boýunça netto-eýeleýän ornunyň üýgtemesini şöhlelendirýär. Bundesbankyň hasaplaryna daşary ýurt walýutasynyň gelmegi GFR-iň töleg balansynyň aktiwini şöhlelendirýär. Onuň ýetmezçiligi ýüze çykan ýagdaýynda bolsa bankyň ätiýaçlyklarynda daşary ýurt walýutasynyň möçberi azalýar. GFR-de ulanylýan taglymata sazlaýjylaryň düzümine Bundesbankyň ätiýaçlyk däl, döwlet maýalarynyň daşary ýurtdaky uzak möhletleýin goýumy bolup durýan amallaryň goşulmagyna getirýär.

Bundesbankyň HAÖB-nyň obligasiýalaryny satyn almagy muňa mysal bolup bilýär.

Beýik Britaniýada resmi hasaplaşyklaryň taglymaty 1970-nji ýyldan ulanylyp başlanýar. Amerikan usulyýetinden tapawutlykda resmi ätiýaçlyklardaky üýtgeşmelere girýän balansirlenji amallaryň düzüminde käbir amallar bu ýerde az beýan edilýär. Bu ýere resmi ätiýaçlyklary saklamak üçin aýratyn ýurtlaryň merkezi banklarynyň karzlaryna meňzeş HPG-niň serişdeleriniň resmi gysga möhletli we orta möhletli karzlary goşulýar. Emma Beýik Britaniýanyň resmi daşary ýurt walýuta edaralary babatdaky borçnamalarynyň üýtgemelerini şöhlelendirýän amallaryň birnäçesi sazlaşdyryjylaryň hataryna goşulmaýar. Bu bolsa onuň töleg balansynyň galyndysynyň asimmetriýasyna getirýär. Bu usulyýet boýunça töleg balansynyň düzülişinde ýurtlaryň arasynda birnäçe tapawutlyklar bar.

Görkezilen tapawutlyklaryň netijesinde ýurtlaryň töleg balanslarynyň galyndysyny doly derejede deňeşdirip bolmaýar. Resmi hasaplaşyklaryň balansynyň galyndysynyň görkezijilerini, YHÖG-iň usulyýeti boýunça amerikanyň görkezijilerine deňeşdirilerçe görnüşe getirmek üçin SDR-iň paýlanyş we amerikanyň hökümetiniň uzak möhletleýin karzlary boýunça daşary ýurtlulara möhletinden öňki tölegleriniň görkezijilerini goşmak gerek. Beýik Britaniýanyň ätiýaçlyklary saklamak ugry boýunça emele gelenden başga daşary ýurt walýuta edaralaryna borçnamalaryny goşmak we iňlis hökümeti tarapyndan daşary ýurt walýutasynyň karzlaryny aýyrmak gerek. GFR-iň görkezijisi boýunça Bundesbank tarapyndan satyn alnan HAÖB-niň obligasiýalarynyň bahalaryny aýyrmak gerek. Emma bellenilen düzedişler uly däl, aýratyn ýagdaýlarda bolsa bu amaly maksatlar üçin ýurt görkezijilerini deňeşdirmäge mümkinçilik berýär.

Bilermenler resmi hasaplaşyklar taglymatynyň uruşdan soňky döwürde ulanylan resmi maliýeleşdirmäniň taglymatynyň gaznasy bilen formal meňzeşliginiň bardygyny belleýärler.

Ol sazlaşdyryjy amallaryň düzümine ätiýaçlyklardaky üýtgeşmelerden başga Günbatar Ýewropa ýurtlaryna we käbir ösýän ýurtlara ähli resmi subsidiýalary, uzak möhletleýin döwlet karzlaryny (hususan-da, ABŞ-nyň Eksport-import bankynyň we Marşallyň meýilna-

masy boýunça, HAÖB-niň) goşýar. Şeýle hem oňa resmi edaralaryň gözegçilik etmegine degişli bolan hususy banklaryň bukjalaryndaky daşary ýurt aktiwleri we daşary ýurt resmi hem-de hususy edaralar babatdaky ähli borçnamalar girýär. Resmi maliýeleşdirme taglymaty mazmun taýdan hem, statistik hasaba alyş nukdaýnazaryndan hem tankyda sezewar bolýar, bu bolsa onuň 1954-nji ýylda ýatyrylmagyna getirýär.

Bellenilen walýuta kurslarynyň şertlerinde resmi hasaplaşyklaryň balansy şol ýurduň walýutasynyň walýuta bazaryndaky ýagdaýyny şöhlelendirýär. Sebäbi, onuň kursunyň üýtgemegi resmi ätiýaçlyklaryň we daşary ýurt resmi walýuta edaralary babatdaky borçnamalarynyň möçberiniň üýtgemeginde öz beýanyny tapýar. Bu maddalaryň aktiwi (walýuta ätiýaçlyklarynyň ösmegi ýa-da borçnamalaryň azalmagy) şol ýurduň waýutasynyň eýeleýän ornunyň güýçlenmegini, ýetmezçiligi bolsa gowşamagyny aňladýar. Üýtgeýän walýuta kurslarynyň tertibiniň girizilmegi bilen balansirleýji maddalaryň seljerilmegi milli walýutanyň ýagdaýy hakyndaky soraga jogap bermeýär. Ýurduň walýutasynyň kursy üýtgäp bilýär, ýöne eger döwletiň walýuta edaralary ony saklamak boýunça amallary amala aşyrmaýan bolsa, resmi hasaplaşyklaryň balansynyň sazlaşdyryjy maddalary üýtgemän galar. Şu ýagdaýda walýuta kursunyň üýtgemeleriniň täsiri astynda töleg balansynyň esasy maddalarynda üýtgeşmeler bolup geçýär. Walýuta kurslarynyň uzak wagtlap üýtgemelerini gündelik amallar boýunça balansyň galyndysynyň we maýalaryň hem-de karzlaryň hereketiniň balansynyň arasyndaky gatnaşygyň üýtgemegi bilen baglanyşdyrýarlar; walýuta kurslarynyň gysga möhletleýin üýtgemelerini, esasan, gysga möhletli maýalaryň hereketi bilen baglanyşdyrýarlar.

XX asyryň 70-nji ýyllarynda maýalaryň halkara hereketiniň geriminiň giňelmegi bellenilen kurslaryň tertibiniň ýatyrylmagynyň esasy sebäpleriniň biri bolýar; ol üýtgeýän kurslarda hem dowam edýär. Walýuta sertleri bilen bilelikde maýalaryň hereketi ilkinji nobatda TMK-nyň syýasaty, döwlet ykdysady syýasaty, şol sanda göterim goýumlaryny düzgünleşdirmek bilen kesgitlenýär. Maýalaryň hereketiniň möhüm serleri nebti eksport ediji ýurtlarda

iri dollar aktiwleriniň emele gelmegi bolýar. XX asyryň 80-nji ýyllarynda maýalaryň iri hereketleri ABŞ-nyň maliýe serişdeleriniň ýetmezçiliginiň we bank göterim goýumlarynyň ýokarlanmagynyň täsiri astynda bolup geçýär. Şeýle ýagdaýda resmi ätiýaçlyk amallary eýýäm töleg balansyndaky iri üýtgeşmeleri öwezini dolup bilmeýär.

**Töleg balansynyň galyndysyny diňe gündelik amallar boýunça ölçenilmegine gaýdyp gelinmegi.** Halkara töleg gatnaşyklarynyň düzümindäki iri özgerişler we XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalarynda ykdysadyýetiň we dünýäniň walýuta ulgamyndaky çökgünlik tolgunmalarynyň şertlerinde maýalaryň hereketiniň durnuksyzlygy töleg balansynyň galyndysyny kesgitlemegiň usullaryna gaýtadan seredilmegine getirýär. 1976-njy ýyldan ABŞ-nyň töleg balansynyň galyndysyny resmi taýdan diňe gündelik amallaryň galyndysy hökmünde ölçäp we beýleki amallar hakyndaky maglumatlary maglumat görkezijileri hökmünde neşir edip başlaýarlar. Olaryň göreldesine birnäçe ýurtlar eýerýärler.

Töleg balansynyň galyndysyny gündelik amallar boýunça hasaplamak ýurtlaryň maýalarynyň ähli hereketini walýuta kurslarynyň üýtgeýän şertlerinde töleg balansyny özakymlaýyn deňagramlaşdyrýan sazlaşdyryjy maddalar bilen hasaplaýandygyny aňladýar. Şeýlelikde, gündelik amallaryň çokgünligine ýüzlenilmegini geçmişe adaty gaýdyp gelmek hökmünde garamaly däl: ol nazaryýetiň tejribeden yza galýandygyny görkezýär. Döwlet edaralary maýalaryň hereketinde internasionallaşma we globallaşma şertleri hökmündäki ornuny hasaba almaýarlar we oňa diňe bergi gatnaşyklarynyň jähetinden garamagy dowam edýärler. Häzirki zaman şertlerinde gündelik amallaryň galyndysynyň depgini halkara töleg gatnaşyklarynda bergidarlaryň we algydarlaryň ornunyň üýtgemegi bilen baglydyr.

1993-nji ýylda HPG-niň töleg balansyny düzmek boýunça gollanmasynyň 5-nji neşiri çap edilenden soň, dünýäde gündelik amallar boýunça galyndy taglymaty umumy kabul edilýär. Onuň artykmaçlyklary gündelik amallaryň galyndynyň walýuta ätiýaçlyklarynyň möçberlerindäki üýtgemeler bilen umumylykda maýalaryň hereketiniň maddalarynyň jemine deňligi bolup durýar. Töleg balansynyň

şeýle berilmegi ýurduň beýleki döwletler bilen ähli geleşikler boýunça özara gatnaşygynyň netijelerini görkezýär.

Töleg balansyndaky amallary şöhlelendirmekdäki şu wagta çenli gazanylan takyklygyna baha berip, onuň häzirki zaman ykdysadyýeti üçin saldosynyň görkezijileriniň teswirlemesi bilen ylalaşman bolmaýar. ABŞ-nyň töleg balansynyň uly ýetmezçiligi ýurduň ykdysadyýetiniň gowşaklygyna şaýatlyk etmeýär. Bu oňa diňe bir howp salman, eýsem tersine, onuň güýçlüliginiň alamaty bolup durýar. Beýleki ýurtlaryň has netijeli ulanmaklygy üçin ABŞ-ny amerikan zähmet serişdelerini we maýalaryny boşadýan harytlar hem-de hyzmatlar bilen üpjün etmek boýunça tagallalarynyň gerimini görkezýär. Walýuta akymyny üpjün edýän käbir bergidar ýurtlaryň töleg balansynyň aktiw galyndysy hem Ýaponiýadaky we beýleki ösen ýurtlardaky şeýle galyndynyň ähmiýeti bilen deň däldir.

Töleg balansyndaky maýalaryň hereketi görkezijileriniň ähmiýetine gaýtadan seredilmegi talap edýär. Olaryň gündelik amallar bilen baglanyşygy köp ýurtlarda şertlidir. Maýalaryň häzirki zaman halkara hereketi globallaşmanyň baş hereketlendiriji güýçleriniň biri bolan otnositellikde özbaşdak hadysa bolup durýar. Ykdysady ösüşiň depginleri, göterim goýumynyň derejesi, hümmetsizlenmäniň, gymmatly kagyzlaryň bazarynyň girdejiliginiň we ygtybarlylygynyň görkezijileri, şeýle hem beýleki ýagdaýlar häzirki zaman şertlerinde maýalaryň halkara hereketiniň gerimini kesgitleýär.

Töleg balansy hakyndaky doly maglumatlar HPG-de halkara deňeşdirmeleri maksady bilen neşir edilýär. Olaryň birnäçe aýratynlyklary bar, bu bolsa olary milli statistikadan tapawutlandyrýar. Ýurtlar tarapyndan berlen başlangyja görkezijileri işläp, HPG-niň bilermenleri olara düşündiriş girizýärler. Resmi däl neşirleri ulanýarlar, maddalary gaýtadan toparlaýarlar we beýleki amallary ýerine ýetirýärler. Gazna tarapyndan neşir edilen töleg balanslarynyň esasy tapawudy deňeşdirilmegi üpjün etmek üçin olaryň SDR-de sanalýandygyndan ybaratdyr. Bu bolsa belli bir ýoýulmalara getirýär.

Gaznanyň bilermenleri töleg balansynyň öz içine alýan döwründe onuň ähli görkezijilerini hasaplamak üçin SDR-e ýurduň walýutasynyň orta kursuny ulanýarlar. Şonuň bilen birlikde her bir aýratyn ama-

la degişlilikde bu kurs aýratyn harytlara, hyzmatlara we ş.m. milli hem-de dünýä banklaryň gatnaşygynyň tapawutly bolandygy üçin orta kursdan tapawutlanmaly. Şeýlelikde, SDR-de hasaplananda milli maglumatlaryň belli kotirowkasy, orta kursdan üýtgemeleriň düzlenmegi bolup geçýär. Olar milli walýutada aýratyn maddalar boýunça geçýär ýa-da hakyky gatnaşyklary nazara alyp SDR-de geçýär.

Şeýlelikde, HPG tarapyndan agza ýurtlaryň töleg balansynyň edilen neşiri deňeşdirmäni üpjün etmegiň hasabyna takyklygyny ýitirýär. Bu maglumatlaryň seljerilmegi, esasan, öwrenilýän hadysalaryň gerimi hakynda pikir ýöretmäge mümkinçilik berýär, ýöne olara ýeterlik derejede mukdarlaýyn takyk baha bermekde kynçylyk döredýär.

## 6.4. Töleg balansyna täsir edýän ýagdaýlar

Töleg balansynyň gaýtadan döretmek bilen göni we garşylyklaýyn baglanyşygy bar. Bir tarapdan, ol gaýtadan döredişde bolup geçýän hadysalaryň täsiri astynda döreýär, beýleki tarapdan bolsa oňa täsir edýär. Sebäbi walýutalaryň kursuna, altyn-walýuta ätiýaçlyklaryna, walýuta ýagdaýyna, daşarky bergä, ykdysady, şol sanda walýuta we daşarky karz syýasatynyň ugruna, dünýäniň walýuta ulgamynyň ýagdaýyna täsir edýär. Töleg balansy ýurduň dünýä hojalygyna gatnaşygy, onuň daşarky ykdysady aragatnaşyklarynyň gerimi, düzümi we häsiýeti hakynda düşünje berýär.

Töleg balansynyň netijesine şu aşakdaky ýagdaýlar täsir edýär:

**1. Ykdysadyýeti globallaşdyrma we liberallaşdyrma ýagdaýy.** Milli ykdysadyýetiň açyklyk derejesiniň tapgyrlaýyn ýokarlanmagynyň, GATT/BSG-da gepleşikleriň netijesinde ösen ýurtlaryň import paçlary 1990-njy ýylda 10 esse, 2000-nji ýylyň başynda 3-4%-e çenli peselýär. Bu soňky ýarym asyrda dünýäniň haryt eksportynyň 22 esse, gaýtadan işleýän senagat önümleriniň 42 esse, oba hojalyk önümleriniň 6 esse, mineral çig malynyň 8 esse artmagyna ýardam berýär. Harytlaryň we maýalaryň hereketiniň obýektiw zerur bolan liberallaşmagy esasynda ykdysadyýetiň önümçiliginiň we düzümleýin üýtgedip gurulmagynyň ösüşi güýçlenýär.

**2. Ýurtlaryň ykdysady we syýasy ösüşiniň deňsizligi, halkara bäsleşligi.** Töleg balansynyň esasy maddalarynyň ösüş döwri dünýä ykdysadyýetindäki bäsleşlik merkezleriniň güýç gatnaşygynyň üýtgemelerini şöhlelendirýär. Ikinji Jahan urşundan soň Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň we Ýaponiýanyň ykdysadyýetiniň kuwwatynyň yza galmagy sebäpli olaryň töleg balansynda emele gelen uly ýetmezçiligi şertlerinde ABŞ-nyň aktiw töleg balansy emele gelýär. Şonda XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyryna çenli häsiýetli bolan ABŞ-nyň ýolbaşçylygyndaky monosentristik ulgam öz beýanyny tapýar.

Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinden we Ýaponiýadan tapawutlykda ABŞ-nyň söwda balansy şol ýyllarda amerika monopoliýasynyň dünýä bazaryndaky ornunyň güýçlenmegi, dollaryň durnuklylygy sebäpli ägirt uly aktiw galynda syrykýardy (1947-nji ýylda 10 mlrd doll.). ABŞ-nyň halkara maýa goýuja we karz berijä öwrülmegi daşary ýurtdan ägirt uly girdeji paýlarynyň we göterim haklarynyň akymyny şertlendirýär.

ABŞ-nyň dünýäniň senagat önümçiligindäki, harytlaryň eksportyndaky, maýalaryň eksportyndaky paýynyň harby harajatlaryň, şol sanda daşary ýurtlardaky harby harajatlaryň artmagynda gaçmagy XX asyryň 70-80-nji ýyllarynda olaryň töleg balansynyň gündelik amallarynyň galyndylarynda ýetmezçiligine getirýär. 90-njy ýyllardaky ABŞ-nyň 10 ýyllyk ykdysady ösüşi olaryň dünýä ykdysadyýetindäki we halkara maliýesindäki öňdebaryjy orunlarynyň dikeldilmegine ýardam berýär. Emma 2008-nji ýylyň başyndaky ykdysady çökgünlik söwda balansynyň ägirt uly deňleşmezligi bilen bagly (111,0 mlrd dollar we 549,9 mlrd doll. degişlilikde) olaryň töleg balansynyň gündelik amallarynyň hasaplarynyň ýetmezçiliginiň artmagy (2008-nji ýylda 74 mlrd doll, 2010-njy ýyla çenli 541,8 mlrd doll. çenli) bilen ugurdaş gidýär. ABŞ-nyň, Günbatar Ýewropanyň, Ýaponiýanyň arasyndaky gapma-garşylyklar olaryň töleg balansynda şöhlelenýär.

**3. Ykdysadyýetiň tapgyrlaýyn tolgunmalary.** Töleg balanslarynda ýurtdaky hojalyk işjeňliginiň tolgunmalary, ýokarlanmalary we çökgünlikleri öz beýanyny tapýar. Sebäbi onuň daşarky ykdy-

sady amallary içerki ykdysadyýetiň ýagdaýyna bagly bolýar. Senagat döwürleriniň depgini bilen şertlendirilen töleg balansynyň tolgunmalary ykdysady siklleýin hadysalaryň bir ýurtdan beýleki ýurda geçirilmegine ýardam berýär. Önümçiligiň ösüşi ýangyjyň, çig malyň, enjamlaryň importynyň artmagyna getirýär. Ykdysady ösüşiň depginleri haýallanda bolsa harytlaryň getirilişi azalýar. Harytlaryň, maýalaryň, hyzmatlaryň eksporty dünýä bazarynyň şertleriniň üýtgemegine uly täsir edýär. Haýal hojalyk ösüşde maýalaryň çykarylyşy adatça artýar. Ykdysadyýet çalt depginler bilen ösende, girdejileri artanda ýurtda karz ekspansiýasy güýçlenýär. Göterim haklary ýokarlanýar, maýalaryň çykarylyş depgini pese gaçýar. Dünýäniň ykdysady çökgünligi ol ýa-da beýleki ýurtlaryň töleg balansynyň iri möçberli ýetmezçiliklerine getirýär.

**4. Döwletiň daşary ýurt harajatlarynyň ösmegi.** Daşarky hökümet bergileri töleg balansy üçin agyr ýük bolup durýar, olaryň dürli ykdysady we syýasy maksatlary bardyr.

ABŞ-nyň daşary ýurtdaky töleg balansynda şöhlelendirilýän döwlet harajatlarynyň esasy bölegi harby maksatlar üçin niýetlenýär (olaryň hatarynda daşary ýurtda harby bazalary saklamak we enjamlaşdyrmak, harby kömek, lokal uruşlar bar). Harby harajatlaryň töleg balansyna edýän gytaklaýyn täsiri olaryň önümçiligiň şertlerine, ykdysady ösüşiň depginlerine edýän täsiri bilen kesgitlenýär.

**5. Maliýe globalizasiýasy.** Häzirki zaman şertlerinde maliýe akymlarynyň hereketi HYG-niň esasy görnüşine öwrülýär. Bu maýalaryň çykarylyş gerimleriniň artmagy, dünýä maliýe bazarlarynyň ösmegi, geleşikleriň şertleriniň liberallaşmagy bilen şertlendirilendir. Ýurtda ykdysady we syýasy ýagdaýyň ýaramazlaşmagy maýa goýujylaryň daşary ýurt aktiwlerine ýa-da walýutasyna goýumlarynyň haýryna çürt-kesik üýtgemegine getirýär. Şonda maýalaryň eýeleri köp halatlarda ony uzak möhletleýin geljekde goramak maksady bilen gysga möhletli ýitgileri çekýärler.

Eksport ediji ýurduň töleg balansyna maýalaryň çykarylyşynyň iki taraplaýyn täsiri ilkibaşda onuň passiwini artdyrýandygyndan, ýöne belli bir döwürden soň ýurtda göterim haklaryň we paý peýdalaryň akymy üçin binýat bolup hyzmat edýändiginden ybaratdyr. Emma

maýalaryň goýlan ýurdunda girdejileriň bölegi reinwestirlenende göterim haklaryň we paý peýdalaryň akymy azalýar.

Netijede maliýe globallaşmasy ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryndaky globallaşmasyndan öňe geçýär. Soňky on ýylda maýalaryň halkara migrasiýasynyň her ýylky ösüş depgini (17%) haryt eksportynyň (7%) we dünýä JIÖ-niň (2,3%) ýokarlanyş depgininden öňe geçýär.

Maýalaryň çendenaşa çykarylmagy milli ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak üçin ulanylyp bilinjek serişdeleriň sowlup geçmegine getirýär. Töleg balansyna maýalaryň «gaçmagy» ýaramaz täsir edýär:

1) dar manyda – gysga möhletli maýalaryň ýurtdan daşary ýurda çalt we birden geçmegi;

2) giň manyda – maýalaryň bir ýurtdan beýleki ýurtlara dürli görnüşlerde we dürli möhletlerde onuň has girdejili we ygtybarly ulanyş giňişliginde gözeleginde köpçülikleýin geçirilmegi.

Maýalaryň «gaçmagynyň» esasy sebäbi – ýurtdaky ykdysady we syýasy durnuksyzlyk, hümmetsizlenme, milli walýuta ynamsyzlyk, netijesiz ykdysady syýasat, çökgünlik tolgunmalary, töwekgelçilikleriň artmagy, ýokary salgytlardyr. Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşmasy bilen şertlendirilen maýalaryň «gaçmagy» onuň güýçlenmegine ýardam berýär.

Maýalaryň gaçmagynyň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1. Legal däl – daşary ýurtda goýlan daşary ýurt walýutasyndaky girdejiniň bölekleri;

2. Daşary ykdysady geleşiklerde goýberilen peýda, mysal üçin, barter geleşiklerinde harytlaryň ekwiwalent däl çalşygy, galp şertnamalar boýunça hakujy tölegler, maýalaryň we harytlaryň gaçgak ýol bilen çykarylyşy we ş.m.;

3. Legal ýollar boýunça (kärhananyň, bankyň daşary ýurt aktiwleriniň artmagy, daşary ýurtda gozgalmaýan emlägi satyn almak, daşary ýurt walýutasynyň deklarirlenmeýän çykarylyşy we başg.);

4. Edara görnüşli we şahsy taraplaryň bikanun hereketleri bilen bagly jenaýatçylyk ýol arkaly gazanylýan pullaryň ýuwulmagy we olaryň legallaşdyrylmagy;

5. Milli walýutadan ykdysadyýetiň dollarlaşdyrylmagy görnüşine içerki «gaçyş».

Maýalaryň «gaçyş» ölçeglerine baha bermek kyn. Dünýä tejribesinde olara baha bermek üçin şu aşakdaky usullar ulanylýar:

1) umumy usul – daşary ýurt aktiwleriniň ösüş möçberi (resmi ätiýaçlyklardan başga) we töleg balansynyň «Ýalňyşlar we säwlikler» maddasy;

2) hususy eýeçiligiň bergisi boýunça – banklaryň we banka degişli däl edaralaryň geçirimleriniň hasabyna daşarky berginiň artmagy we töleg balansynyň «Ýalňyşlar we säwlikler» maddasy;

3) çuňlaşdyrylan seljeriş usuly – bank däl hususy sektordan maýalaryň gysga möhletli geçirimleriniň möçberi we töleg balansynyň ýokarda ýatlanan maddasy;

4) gytaklaýyn usul – salgyt salmak üçin deklarirlenmeýän daşary ýurt aktiwleriniň paýy. HPG-niň baha bermegine görä, gytaklaýyn usul boýunça maýalaryň çykarylyşynyň 2/3 çenlisine maýalaryň «gaçmagy» hökmünde garamak bolar.

Maýalaryň gaçmagy düýpli hadysa, ol yzygiderli ýagdaýda ol ýa-da beýleki ýurtlary gurşap alýar. Maýalaryň «gaçmagy» ýurduň ykdysady, aýratyn-da, maliýe-inwestision kuwwatyny gowşadýar, maýalaryň adaty çykarylyşyndan (göterim haklary, paý peýdalary) giderilen peýda görnüşinde ýitgilere getirýär, içerki maýa goýumlaryň mümkinçiliklerini çäklendirýär, milli howpsuzlygy bozýar.

Daşary ýurt maýalarynyň akymy import ediji ýurduň töleg balansyna hem iki taraplaýyn täsir edýär: ilkibaşda gelimler ýokarlanýar, ýöne töleg möhletiniň gelmegi bilen bergidar ýurtlar berginiň pul möçberini, şeýle hem göterimleri we paý peýdalaryny tölemäge mejbur bolýarlar. Netijeli ulanylmak şerti bilen daşary ýurt maýalary bergidar ýurduň töleg balansyna oňyn täsir edýär. Olar harytlaryň importynyň azalmagyna ýardam edip bilýär. Mysal üçin, Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň öň ABŞ-dan getiren harytlarynyň köp görnüşi (ulaglar, oba hojalyk enjamlary, nebit önümleri, elektrik harytlar) häzir bu ýurtlardaky amerikan kärhanalarynda öndürilýär.

Ýurduň maýasy import edijiniň töleg balansyna göni maýa goýumlarynyň ýaramaz täsiri getirilýän giderjileriň möçberi ýurduň

maýasynyň maýa goýujynyň täze maýa goýumlarynyň akymyndan geçende ýüze çykýar. Daşary ýurt kärhanalarynyň öz-özüni ödeýjilik möhleti tamamlanandan soň ilkibaşdaky maýa goýumlar toplanylan maýa öwrülýär. Daşary ýurt kärhanalarynyň maliýeleşdirmesiniň daşarky çeşmeleriniň paýy azalýar. Şol bir wagtda ýerli maýalaryň karz görnüşinde ulanylmagynyň, paýnamalaryň we obligasiýalaryň ýerleşdirilmeginiň hasabyna daşary ýurt maýa goýumlary ösýär. TMK-da bu maksatlar üçin dünýäniň maliýe bazary giňden ulanylýar. Daşary ýurt maýadarlarynyň maýa goýumlary ýerli we halkara çeşmeleriniň hasabyna ýapyldygysaýyn baş kompaniýalardan maýalaryň akymy, olaryň girdejileriniň reinwestirlenmesi azalýar we degişlilikde girdejiniň çykarylyşy artýar.

Maýalaryň goýlan ýurdunyň töleg balansy üçin bukjalaýyn maýa goýumlaryň ýaramaz netijeleri olaryň öz ýurdunda maýa goýulmalaryň şertleri gowlanan döwründe repatriasiýasy (latynça repatriate – watanyna gaýdyp gelmek) bilen bagly. Mundan başga-da bukjalaýyn maýa goýumlar boýunça girdejileriň geçirilmegi köp halatlarda daşary ýurt maýalarynyň täze akymyndan geçýär.

Töleg balansyna daşary ýurt maýalarynyň ýaramaz täsiri olary girizýän ýurduň ykdysadyýetiniň üstünden iri daşary ýurt monopoliýalarynyň gözegçiliginiň goýulmagy, şol sanda harytlaryň eksportynyň düzümi we geografik ugry baglanyşykly bolup biler. Mysal üçin, daşary ýurt şereketleri maýalary eksport ediji ýurtdan harytlaryň we hyzmatlaryň importyny baş kompaniýalaryň öz şahamçalaryna getirmeler ýoly boýunça höweslendirýärler. Şunda TMK ABŞ-nyň eksportynyň we importynyň ýarysyny tutýan içerki getirimler boýunça transfert bahalaryň kömegi bilen gözboýagçylyklara ýüz urýar. Maýalaryň häzirki zaman halkara hereketiniň aýratynlygy ösen ýurtlarda dünýädäki daşary ýurt maýa goýumlarynyň 2/3 böleginiň jemlenmesinden ybarat bolup durýar. Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşma şertlerinde ABŞ-nyň, Ýaponiýanyň, Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň maýalarynyň özara geçişi artýar. Bu bolsa olaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy we bäsleşligi güýçlendirýär.

**6. Halkara söwdasyndaky özgerişler.** YTÖ-niň (Ylym-tehnikanyň ösmegi), hojalygyň işjeňleşmeginiň ösmegi, täze energetik

binýada geçmek HYG-de düzümleýin üýtgemelere getirýär. Taýýar önümleriň, şol sanda ylmy harytlar, energiýa serişdeleri bilen bagly söwda has işjeňleşýär. 2014-nji ýylyň başynda ýokary tehnologiýaly önümleriň paýy dünýä eksportynda 20%-e çenli ýokarlandy. Senagat çig malynyň tutýan orny, tersine, 13%-e çenli, oba hojalyk önümleriniň dünýä eksportyndaky paýy 9%-e çenli azaldy. Interneti ulanmak bilen bagly elektron söwda ösýär.

Ykdysadyýetiň sebitleýin häsiýete geçmek meýilleri globallaşma hadysasy bilen bilelikde dowam edýär. Ol häzirlikçe şol görnüşde has doly ýüze çykýar we töleg balansyna, hususan-da, sebitleýin toparlaryň söwdasyna täsir edýär (*5.4.1-nji tablisa*).

*5.4.1-nji tablisa*

**Ykdysady toparlar: sebit içindäki söwda we onuň dünýä eksportyndaky paýy**

| | Sebit içindäki söwda | Dünýä eksportyndaky paýy |
|---|---|---|
| ATES | 73 | 46 |
| ÝB | 62 | 35 |
| NAFTA | 56 | 19 |
| ASEAN | 24 | 7 |

Haryt akymlarynyň geografiýasynda olaryň daşarky söwdasynda ösýän ýurtlaryň tutýan ornunyň azalmagynda ösen ýurtlaryň arasynda çalşygyň giňemegine tarap üýtgeşmeler bolup geçýär. Ösen ýurtlaryň özara söwdasy eksportyň 80%-ini öz içine alýar (ÝB ýurtlary 62%), ösýän ýurtlaryň arasyndaky söwda bolsa olaryň eksportynyň diňe 1/4-ine barabar.

TMK statistikada dünýä söwdasynyň umumy netijesine goşulýan içerki şereket haryt çalşygyny ösdürýär. Bu bahalaryň derejesine, HYG-niň düzümine, MRT-de amatly gatnaşmagyň paýlanyşygyna täsir edýär. Töleg balansynyň ýagdaýyna TMK-nyň açyk we gizlin halkara amallary täsir edýär. Töleg balansyna bäsleşligiň täsiri güýçlenýär, gazyp alýan senagatyň önümleriniň söwdasyndaky baha bäsleşligi we taýýar önümleriň bazarynda baha däl bäsleşlik güýçlenýär.

15. Sargyt № 2475

**7. Walýuta-maliýe galyndysynyň töleg balansyna täsiri.** Dewalwasiýa, adatça, eksporty höweslendirýär, rewalwasiýa bolsa beýleki deň şertlerde importy höweslendirýär. Milli walýutanyň kursunyň peselmegine garaşylanda eksport we import boýunça tölegleriň möhletleriniň üýtgemesi bolup geçýär: import edijiler tölegleri çaltlandyrmaga, eksport edijiler bolsa, tersine, alnan daşary ýurt walýutasynyň alynmagyny saklamaga («lidz end legz» syýasaty) çalyşýarlar. Halkara hasaplaşyklarynyň möhletinde ýurtdan uly maýalaryň akyp gitmegine getirmek üçin tapawudy uly däl. Üýtgeýän kurslaryň girizilmegi bilen walýuta ýitgileriniň howpy ýokarlanýar.

**8. Hümmetsizlenmäniň töleg balansyna ýaramaz täsiri.** Bu ýagdaý bahalaryň ýokarlanmagy milli harytlaryň eksportyny kynlaşdyryp, olaryň bäsleşlige ukyplylygyny peseldende, harytlaryň importyny höweslendirende we maýalaryň daşary ýurda «gaçmagyna» ýardam berende bolup geçýär.

**9. Adatdan daşary ýagdaýlar** – hasylsyzlyk, tebigy betbagtçylyklar, heläkçilikli ýagdaýlar we ş.m. töleg balansyna ýaramaz täsir edýär.

Töleg balanslary aýratyn ýurtlaryň emeli päsgelçilikleri döredýän we özara bähbitli gatnaşykalaryň ösmegine päsgelçilik berýän söwdasynyň diskriminasiýasyna duýgur bolýar. Töleg balanslaryna, şeýle hem ýurtlaryň ykdysady syýasatyndaky liberalizmiň we proteksionizmiň gatnaşygy täsir edýär.

## 6.5. Töleg balansyny düzgünleşdirmegiň esasy usullary

Töleg balansy gadymdan bäri döwlet düzgünleşdirmesiniň obýekti bolup durýar, ol bazar düzgünleşdirmesini düzedýär. Bu aşakdaky sebäpler bilen şertlendirilendir.

*Birinjiden*, töleg balansylary deňagramsyzlyk häsiýetine eýe bolup, ol bir ýurtdaky uzak we uly ýetmezçilikde hem-de beýleki ýurtlarda çendenaşa aktiw galyndyda ýüze çykýar. Halkara hasaplaşyklarynyň balansynyň durnuksyzlygy walýuta kursunyň depginine, maýalaryň migrasiýasyna, ykdysadyýetiň ýagdaýyna täsir edýär. Mysal üçin,

töleg balansynyň gündelik amallarynyň ýetmezçiligini milli walýuta bilen ýapyp, ABŞ hümmetsizlenmäniň beýleki ýurtlara eksport edilmegine, halkara dolanyşygynda dollaryň artykmaçlygynyň döremegine ýardam berýär. Bu bolsa Bretton-Wuds ulgamynyň dargamagyna getirýär we häzirki zaman dünýä walýuta ulgamyna ýaramaz täsir edýär.

*Ikinjiden,* 1930-njy ýylda altyn standart ýatyrylandan soň töleg balansyny bahalaýyn düzgünleşdirmek arkaly özakymlaýyn düzlemek mehanizmi örän gowşak täsir edýär. Şonuň üçin töleg balansynyň düzedilmegi maksada gönükdirilen döwlet çäreleriniň görülmegini talap edýär.

*Üçünjiden,* globallaşma şertlerinde döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirmeginiň ulgamynda töleg balansynyň ähmiýeti ýokarlanýar. Ony deňagramlaşdyrmagyň wezipesi ykdysady ösüşi üpjün etmek, hümmetsizlenmäni we işsizligi saklamak bilen bir hatarda döwletiň syýasatynyň esasy wezipelerine girýär.

Töleg balansyny düzgünleşdirmegiň maddy esaslary bolup şu aşakdakylar hyzmat edýär:

1) resmi altyn-walýuta ätiýaçlyklary;

2) döwlet býujeti;

3) maýalaryň eksport edijisi, karz beriji, kepil, karz beriji hökmünde ýurduň HYG gönünden-göni gatnaşmagy;

4) kanun çykaryjylyk we kadalaşdyryjy namalaryň kömegi bilen daşary ykdysady amallary çäklendirmek.

Töleg balansyny deňlemek meselesi uzak we iri ýetmezçiligi bolan ýurtlaryň öňünde has ýiti ýüze çykýar. Halkara hasaplaşyklarynda işjeň balansly ýurtlar hümmetsizlenmäni çäklendirmegi, deflýasion syýasaty geçirmegi, eksporty höweslendirmegi, harytlaryň importyny saklamagy we ş.m. tertibe salmaga çagyrýarlar. Şeýle talaplary Ikinji Jahan urşundan soň ABŞ töleg balansynyň birsyhly ýetmezçiligi bolan Günbatar Ýewropa ýurtlaryna bildirýär. 1980, 2000-nji ýyllarda we 2010-njy ýylyň başynda ýagdaý üýtgeýär: Günbatar Ýewropa ýurtlary şeýle talaby ABŞ-a bildirýärler. Töleg balansynyň ýetmezçiligi bolan ýurtlar, adatça olaryň aktiw balansly hyzmatdaşlary importyň

çäklendirmelerini gowşatmagy, maýalaryň çykarylyşyny giňeltmegi hakynda talap edýärler.

Töleg balansynyň döwlet düzgünleşdirmesi bu döwletiň töleg balansynyň esasy maddalaryny emele getirmäge, şeýle hem emele gelen galyndyny ýapmaga gönükdirilen ykdysady, şol sanda walýuta, maliýe, pul-karz çäreleriniň jemidir. Töleg balansynyň ýagdaýyna we ýurduň syýasatyna baglylykda ony düzgünleşdirmek üçin usullaryň dürli toplumy ulanylýar.

Töleg balansynyň ýetmezçiligi bolan ýurtlar tarapyndan eksporty höweslendirmek, harytlaryň importyny saklamak, daşary ýurt maýadarlaryny çekmek, maýalaryň çykarylyşyny çäklendirmek maksady bilen adatça şu aşakdaky çäreler görülýär.

**1. Deflýasion syýasat.** Içerki islegiň peseldilmegine gönükdirilen şeýle syýasat býujet harajatlarynyň çäklendirmesini, bahalaryň we zähmet hakynyň doňdurylmagyny öz içine alýar. Töleg balansyny düzgünleşdirmek maksady bilen deflýasion syýasat harytlaryň we hyzmatlaryň bahasyny peseltmäge we bäsdeşlige ukyplygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir (deflýasiýa – bahalaryň umumy derejesiniň durnukly peselmegi).

Onuň gurallary bolup maliýe we pul-karz çäreleri – býujet ýetmezçiliginiň azaldylmagy, merkezi bankyň hasaba alyş goýumynyň üýtgedilmegi (diskont syýasat), karz çäklendirmeleri, pul toplumynyň we hümmetsizlenmäniň ösüşiniň maksatlaýyn çelgilerini bellemek (targetirlemk) hyzmat edýär. Ykdysady çökgünlik şertlerinde işsizligiň we ulanylmadyk önümçilik kuwwatlyklarynyň ätiýaçlyklary uly möbçeri ýüze çykanda deflýasiýa syýasaty önümçiligiň we işliligiň mundan beýläk peselmegine getirýär.

**2. Dewalwasiýa.** Töleg balansyny düzgünleşdirmekde dewalwasiýanyň ähmiýeti ony geçirmegiň anyk şertlerine we ugurdaş gidýän umumy ykdysady hem-de maliýe syýasatyna bagly bolýar. Dewalwasiýa harytlaryň eksportyny diňe harytlaryň we hyzmatlaryň bäsleşlige ukyply eksport kuwwaty we dünýä bazarynda amatly şertler bolanda höweslendirýär. Dewalwasiýanyň importy saklamak täsiri babatda, onda gaýtadan öndürijiligiň hadysalarynyň halkaralaşmagynyň we halkara ýöriteleşmesiniň ösmeginiň şertlerinde ýurt köp halatlarda

harytlaryň getirilişini birden azaldyp bilmeýär. Üstesine-de, ähli ýurt importyň ornuny tutmak boýunça syýasaty üstünlikli geçirip bilmeýär.

Dewalwasiýa importy gymmatladyp, milli harytlaryň önümçilik harajatlarynyň artmagyna, hümmetsizlenme we daşarky bazarlarda bäsleşlik artykmaçlyklarynyň ýitirilmegine getirip bilýär. Şonuň üçin ol ýurda wagtlaýyn artykmaçlyklary hem berýän hem bolsa, köp halatlarda töleg balansynyň ýetmezçiliginiň sebäplerini aradan aýyrmaýar. Garaşylýan netijäni almak üçin dewalwasiýa möçberi boýunça ýeterlik bolmaly. Ýogsa, ol walýuta bazarlaryndaky spekulýasiýalary güýçlendirýär. Sebäbi, walýuta kursuna gaýtadan seretmek mümkinçiligi saklanyp galýar. Mysal üçin, 1967-nji ýylyň noýabrynda funt sterlingiň 14,3% dewalwasiýasy we 1971-nji ýylyň dekabrynda dollaryň 7,89% dewalwasiýasy bu walýutalara spekulýatiw basyşy aradan aýyrmaýar. Şol bir wagtda dewalwasiýanyň çendenaşa möbçeri beýleki walýutalaryň kursuny peseldýän zynjyrlaýyn reaksiýa getirýär. Şonda öz walýutasyny dewalwirlän ýurt garaşýan bäsleşlik artykmaçlyklaryndan mahrum bolýar. Käbir ýurtlar walýuta kursunyň köplügini yzygiderli ýagdaýda, kähalatlarda gizlin dewalwasiýa hökmünde iki walýuta bazary görnüşinde geçirýärler. Üýtgeýän walýuta kurslarynyň tertibiniň girizilmegi töleg balanslarynyň deňleşmegine getirmeýär. Böküş görnüşli dewalwasiýalaryň bes edilmegi belli bir derejede töleg balansyna spekuýatiw maýalaryň basyşyny aýyrýar; emma üýtgeýän walýuta kurslarynyň şertlerinde olaryň bazarda düşmeginiň import we eksport edilýän harytlaryň bahalarynyň gatnaşygyna täsiri aňsatlyk bilen ýok bolýar. Şonuň üçin dewalwasiýanyň netijeliligini üpjün etmek üçin köp ýurtlar, aýratynda ösýän ýurtlar eksporta we importa differensirlenen paçlary we ýeňillikleri girizýärler.

**3. Içerki bazarda haryt öndürijileri goramak (Proteksionistik) çäreleri.** Walýuta çäklendirmeleri – eksport edijileriň daşary ýurt walýutasyndaky girdejisini blokirlemek, import edijilere daşary ýurt walýutasynyň satuwyny tizleşdirmek, walýuta amallaryny ygtyýarlylandyrylan banklarda jemlemek, töleg balansynyň ýetmezçiligini maýalaryň eksportyny çäklendirmek we onuň gelmegini höweslendirmek, harytlaryň importyny saklamak arkaly azaltmaga gönükdirilýär.

Töleg balansynyň gündelik amallarynyň liberallamasyna garamazdan, takmynan konwertirlenýän walýutaly ýurtlaryň 90%-i maýalaryň halkara hereketi boýunça çäklendirmeleri ulanýarlar (1980-nji ýyla çenli Ýaponiýa, 1992-nji ýyla çenli ÝB ýurtlary). Ösýän ýurtlar walýuta çäklendirmelerini bölekleýin ulanmagy dowam edýärler.

**4. Maliýe we pul-karz syýasaty.** Töleg balansynyň ýetmezçiligini azaltmak üçin eksport edijilere býujet ýeňillikleri, import paçlarynyň proteksionistik ýokarlandyrmasy, daşary ýurtly gymmatly kagyzlary saklaýjylara ýurda maýalaryň akymyny höweslendirmek maksady bilen tölenilýän göterimden salgydyň ýatyrylmagy, pul-karz syýasaty, aýratyn-da hasaba alyş syýasaty we pul toplumyny hem-de hümmetsizlenmäni targetirlemek ulanylýar.

**5. Töleg balansynyň, söwda balansynyň, «göze görünmeýän» amallaryň, maýalaryň hereketiniň esasy maddalary emele getirilende oňa döwlet täsiriniň ýörite çäreleri.** Düzgünleşdirmäniň esasy obýekti söwda balansy bolup durýar.

Döwlet düzgünleşdirmesi diňe bir dolanyşyk giňişligini öz içine alman, eýsem, eksport harytlarynyň önümçilik giňişligini hem öz içine alýar. Eksportyň höweslendirilmesi yzygiderli ýagdaýda bahalara täsir etmek arkaly amala aşyrylýar (eksport edijilere salgyt, karz ýeňilliklerini bermek, walýuta kursuny üýtgetmek we ş.m.). Eksport edijileriň daşarky bazarlary özleşdirmegine gyzyklanmalaryny döretmek üçin döwlet karz berýär. Olary ykdysady we syýasy howplardan ätiýaçlandyrýar, esasy maýalaryň amortizirlemeginiň ýeňillikli tertibini girizýär. Olara belli bir eksport maksatnamasyny ýerine ýetirmek borçnamasynyň ýerine beýleki maliýe-karz ýeňilliklerini berýär.

Dünýä bazarlarynda bäsleşligiň ýitileşýän şertlerinde esasy üns eksport önümçiligini pudak içindäki ýöriteleşmäni çuňlaşdyrmak we milli şereketleriň daşary ýurt şereketleri bilen kooperirlenmegi arkaly düzgünleşdirmäge berilýär. Döwlet kiçi we orta şereketleriň eksport işini höweslendirýär. «Ýaşyl nebit» hökmünde garalýan oba hojalyk önümleriniň eksportyny ýokarlandyrmak boýunça çäreler görülýär. Oba hojalyk önümleriniň eksportyny höweslendirmek üçin YHÖG-niň ýurtlary ýeňillikleri berýärler (ýylda 350 mlrd doll.), maşynlaryň we enjamlaryň ýerleşdirilmeginiň giňeldilmegi höweslendirilýär.

Eksportyň döwlet düzgünleşdirmesi daşary ýurt bazaryny öwrenmekden we daşary ýurtda satuwdan soňky hyzmat edişe çenli harydyň hereketiniň ähli tapgyrlaryna degişli bolýar. Eksporty höweslendirmek usullary gitdigiçe has toplumlaýyn ulanylýar. Olar öz içine eksport edijilere walýuta, karz, maliýe, guramaçylyk görnüşdäki, şol sanda mahabat, maglumat, işgärleri taýýarlamak goldawyny alýar. Maýalaryň çykarylmagy gadymdan bäri harytlaryň eksportyny höweslendirmek üçin ulanylýar. Passiw töleg balansynda importyň düzgünleşdirmesi ony azaltmak we importyň ýerini tutmak maksady bilen milli önümçiligi ösdürmek arkaly amala aşyrylýar. Tarif ýaragsyzlanmasy meýliniň bar şertlerinde bäsleşýän importyň tarif däl çäklendirmeleri artýar. 2005–2014-nji ýyllarda antidemping çäreleriniň ulanylan ýagdaýy 156-dan 348-e çenli artýar; öwezini dolýan çäreleriň ulanylyşy 10-dan 16-a çenli, tehniki päsgelçilikleriň ulanylyşy 365-den 672-ä çenli artýar.

Töleg balansynyň «göze görünmeýän» amallary boýunça tölegleri we girdejileri düzgünleşdirmek maksady bilen şu aşakdaky çäreler ulanylýar:

• daşary ýurt jahankeşdelerini çekmek maksady bilen döwletiň syýahatçylyk infrastrukturasyny döretmäge gatnaşmagy;

• «ulag» maddasy boýunça harajatlary azaltmak maksady bilen býujet serişdeleriniň hasabyna deňiz gämileriniň gurluşygyna ýardam bermek;

• söwdadan gelýän girdejileri artdyrmak maksady bilen döwletiň ylmy-barlag işlerine harajatlaryny giňeltmek;

• işçi güýjüniň migrasiýasyny düzgünleşdirmek, daşary ýurtly işgärleriň geçirilmegini azaltmak üçin immigrantlaryň gelmegini döwürleýin çäklendirmek.

Türkmenistanyň walýuta kanunçylygynda «göze görünmeýän» amallar boýunça kadalaşdyrmalaryň şu aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrmak bolýar:

– walýuta amallarynyň beýleki görnüşlerine bildirilýän talaplary bellemezlik;

– belli-belli görnüşlerine erkinleşdiriji çäreleri bellemek;

– tölegi anyklaşdyrmak talaby.

Türkmenistanyň walýuta kanunçylygynda görünmeýän amallar boýunça repatriasiýa (ýurda gaýtarmak) talaby bellenen däldir. Repatriasiýa talaby, belläp geçişimiz ýaly, diňe eksport we import amallary babatda ulanylýar.

«Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 15-nji maddasynyň 2-nji bölümine laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde dahyllylaryň arasynda walýuta amallarynyň amala aşyrylmagyna ýol berilmeýär. Mundan başga-da, ýokarda bellenilen kanunyň 3-nji bölümine laýyklykda Türkmenistanyň çäginde dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda emlägiň berilmegi we işleriň ýerine ýetirilmegi (hyzmatlaryň edilmegi) bilen baglanyşykly walýuta amallary diňe milli walýutada amala aşyrylýandygy, Türkmenistanyň walýuta kanunçylygynda, «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldigi bellenilýär.

Maýalaryň hereketini düzgünleşdirmek, bir tarapdan, milli şereketleriň daşary ykdysady ekspansiýasyny höweslendirmäge, beýleki tarapdan daşary ýurt maýalarynyň akymyny we milli maýalaryň repatriasyýasyny höweslendirmek arkaly töleg balansyny deňagramlaşdyrmaga gönükdirilýär. Bu zynjyra döwletiň hususy daşary ýurt maýa goýumlary we harytlaryň çykarylmagy üçin amatly şertleri döredýän maýalary eksport ediji hökmündäki işe bagly bolup durýar. Maýa goýumlar boýunça hökümet kepillendirmeleri täjirçilik we syýasy töwekgelçiligiň ätiýaçlandyrylmagyny üpjün edýär.

Şeýle hem döwlet maýalarynyň «gaçmagyny» saklamak boýunça çäreleri görýär. Olaryň hatarynda ýurtdaky ykdysady we syýasy durnuklylyk, hökümete we milli walýuta ynamy ýokarlandyrmak, döwletliligi berkitmek, milli howpsuzlygy üpjün etmek, korrupsiýa we «kölegeleýin» ykdysadyýet bilen göreşmek bardyr. Maýalaryň «gaçmagyny» saklamagyň, möhüm usuly maýalaryň halkara hereketine netijeli döwlet gözegçiligi, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň «ýuwulmagy» bilen göreşmek bolup durýar.

Dünýä tejribesinde maýalaryň gaçmagyny saklamak kanunçylyk kadalarynyň pul maýasy bilen amallara we daşary ýurtdaky

maýa goýumlara administratiw we maliýe gözegçiliginiň çäreleri bilen utgaşykly ulanylýar. Banklar ýalan daşary ykdysady şertnamalar boýunça hakujy töleglere gözegçilik edýärler we döwlet edaralaryna daşary ýurtdaky bank hasaplaryna nagt pullaryň şübheli geçirimleri hakynda habar berýärler. Eksport geleşiginiň subýektlerine gözegçilik hasaba alşyň ýeke-täk zynjyryny döretmek (eksport ediji – gümrük-bank), hasabatlylygyň görnüşlerini bir nusga getirmek (hususan-da eksport ýükleriniň barlagy we olaryň gelendigi hakyndaky) maýalaryň «gaçmagynyň» gerimlerini çäklendirmäge ýardam berýär. Maýalaryň «akyp» gitmegini saklamagyň serişdeleriniň biri netijeli walýuta we eksport gözegçiligi bolup durýar. Maýalaryň «gaçmagyny» saklamagyň möhüm faktory – halkara hyzmatdaşlygy, «gaçan» maýalaryň baran ýurtlary bilen walýuta we eksport gözegçiliginiň ulgamynda bilelikdäki çäreler hakyndaky ylalaşykdyr. Kähalatlarda «gaçan» maýalaryň repatriasiýasyny höweslendirmek maksady bilen onuň eýesiniň saýlaw günä geçişligi ulanylýar. Maýalaryň «gaçmagyny» saklamak daşary ýurtda jenaýatçylykly girdejileriň legallaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy göreşmegiň bir bölegi bolup durýar. Aktiw töleg balansynda döwlet düzgünleşdirmesi çendenaşa aktiw galyndynyň gerekmejek netijelerini aradan aýyrmaga gönükdirilýär. Şu maksat bilen ýokarda sanalyp geçilen maliýe- karz, walýuta we beýleki usullar, şeýle hem walýutalaryň rewalwasiýasy importy giňeltmek we harytlaryň eksportyny saklamak, maýalaryň eksportyny artdyrmak we olaryň importyny çäklendirmek üçin ulanylýar.

Adatça, töleg balansynyň öwezini dolma düzgünleşdirmesi ulanylýar. Ol çäreler iki garşylyklaýyn toplumyň, ýagny restriksion (karz çäklendirmeleri, göterim haklarynyň ýokarlandyrylmagy, hümmetsizlenmäni, harytlaryň importyny, maýalaryň gaçmagyny saklamak we başg.) we ekspansionistik (harytlaryň, hyzmatlaryň eksportyny, maýalaryň hereketini höweslendirmek, dewalwasiýa we ş.m.) toplumlaryň utgaşdyrylmagyna esaslanýar. Döwlet diňe bir aýry-aýry maddalary düzgünleşdirmän, eýsem töleg balansynyň galyndysyny hem düzgünleşdirýär.

**Töleg balansyny deňleşdirmegiň usullary.** Töleg balansy her bir balansda bolşy ýaly deňagramlylykda bolmaly, sebäbi, esasy we

deňleşdiriji maddalaryň netijeleýin görkezijileri biri-birini ýapmaly. Eger tölegler gündelik maddalar boýunça girdejilerden geçýän bolsa, onda ýetmezçiligi deňleşdiriji maddalaryň hasabyna ýapmak meselesi ýüze çykýar. Ol töleg balansynyň galyndysyny düzgünleşdirmegiň çeşmelerini we usullaryny häsiýetlendirýär. Munuň üçin daşary ýurt karzlarynyň we maýalarynyň getirilişi ulanylýar. Gürrüň töleg balansyny deňleşdirmegiň wagtlaýyn usullary hakynda barýar. Sebäbi, bergidar ýurtlar göterim haklaryny we paý peýdalaryny, şeýle hem karzyň pul möçberini tölemäge borçly. Töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmak üçin HPG ätiýaçlyk (şertsiz) karzlary berýär. Olaryň möçberi uly däl we ýurtlar boýunça deň derejesiz, olaryň kwotasynyň (gatanjynyň) 25%-i çäklerinde paýlanýar. Bu ätiýaçlyk ornundan ýokary geçýän karzlar HPG-niň durnuklaşdyryş maksatnamalaryny geçirmek babatdaky berk talaplar bilen şertlendirilendir.

Töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmagyň gözleginde ýurtlar bank konsorsiumlarynyň karzlary, obligasion karzlar görnüşinde dünýäniň maýalarynyň bazarynda serişdelerini herekete getirýärler. Bank karzlarynyň halkara maliýe guramalarynyň karzlaryndan artykmaçlygy olaryň durnuklaşdyryş maksatnamalary bilen şertlendirilmezligindedir. Emma, bank karzlary uly daşarky bergisi bolan ýurtlar üçin gymmat we almasy kyndyr.

Balansyň passiw galyndysyny ýapmak üçin kähalatlarda merkezi banklar tarapyndan milli walýutada özara berilýän swop ylalaşygy boýunça gysga möhletli karzlar ulanylýar.

XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortasyndan 80-nji ýyllaryň ortalaryna çenli ösen ýurtlar öz töleg balanslarynyň ýetmezçiligini ýapmak üçin nebit çykarýan ýurtlaryň nebit eksport etmeginden gelýän walýuta girdejisini öz peýdasyna gaýtadan paýlamak arkaly nebitdollarlaryny çekýärler

Töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmagyň wagtlaýyn usullaryna ýurt tarapyndan daşary ýurt ugry boýunça alnan ýeňillikli karzlar hem degişli bolup durýar.

Töleg balansyny deňleşdirmegiň jemleýji usuly resmi walýuta we altyn ätiýaçlyklaryny ulanmak bolup durýar.

Altyn standart ýatyrylandan soň töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmak üçin altynyň ulanylmagy azalýar. Altynyň resmi demoneti-

zasiýasy şertlerinde ol ähلumumy töleg serişdesi hökmünde şu ýagdaýlarda: birinjiden, çäkli möçberlerde we ähli beýleki mümkinçilikler gutaranda iň soňky nobatda; ikinjiden, ony deslapan altynyň dünýä bazarlarynda zerur bolan walýuta derek ýerlemek arkaly gytaklaýyn görnüşde ulanylýar.

Altyny çykarmagyň hasabyna ABŞ XX asyryň 50–70-nji ýyllarynda töleg balansynyň ýetmezçiliginiň 1/5-den 1/3 çenli ýapýar. Emma ABŞ-nyň tejribesi iň uly altyn ätiýaçlykly ýurduň hem töleg balansyny ýapmagyň şol usulyny uzak wagtlap ulanyp bilmeýändigini görkezdi (bu olaryň altyn ätiýaçlyklarynyň azalmagyna getirýär).

Käbir ýurtlar (Italiýa, Portugaliýa, Urugwaý we başg.) öz altyn ätiýaçlyklaryna eýeçilik hukugyny saklamaga ymtylyp, XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalarynda we 80-nji ýyllaryň başynda töleg balanslarynyň ýetmezçiligini ýapmak üçin daşary ýurt karzlaryny üpjün etmek maksady bilen altyny ulanmagy makul bilýärler.

1974-nji ýylda altyn ätiýaçlygy 3,5 mlrd dollar bolan Italiýa töleg balansyny deňleşdirmek üçin GFR-den altynyň ortaça bazar bahasyndan (şol döwürde unsiýa üçin 120 doll.) ugur alyp, altyn üpjün ediş şertinde iki ýyllyk möhlet bilen 2 mlrd dollar karz alýar. GFR-iň talaby boýunça bu altyn ABŞ-nyň saklaýjylaryndan alynýar we Bundesbankda deponirlenýär. Portugaliýanyň banky 1976-njy ýylda GFR-iň we Şweýsariýanyň birnäçe banklaryndan öz altyn ätiýaçlygynyň 20% girewi astynda karz (580 mln doll.) alýar; 1983-nji ýylda Portugaliýa Halkara hasaplaşyklarynyň bankyndan (HHB) 3 aý möhlet bilen 30 t altyn girew astynda 300 mln dollar karz alýar.

Töleg balansyny gutarnykly deňagramlaşdyrmagyň esasy serişdesi erkin konwertirlenýän daşary ýurt walýutasynyň ätiýaçlyklary bolup durýar. Ikinji Jahan urşundan soň ABŞ we Beýik Britaniýa öz töleg balanslarynyň ýetmezçiligini milli walýutalary bilen ýapýarlar. Sebäbi, Bretton-Wuds ylalaşygy dollar we funt sterlinge ätiýaçlyk walýutasynyň derejesini berýär. Bu artykmaçlyk sebäpli ABŞ uruş ýyllarynda we ondan soň toplanan ägirt uly altyn ätiýaçlyklarynyň ýarysyny saklap bilýär. XX asyryň 50-60-njy ýyllarynda ABŞ töleg balansynyň passiw galyndysynyň 70-80%-e çenlisini, 1971-nji ýylda dollaryň altyna konwertasiýasy ýatyrylandan soň 100%-e çenlisini milli walýutasy bilen ýapýar. Bu bolsa ahyrky netijede halkara

dolanyşygynda dollaryň artykmaçlyk etmegine we onuň yzygiderli hümmetsizlenmegine getirýär. ABŞ-dan tapawutlylykda beýleki ýurtlar töleg balansynyň ýetmezçiligini konwertirlenýän walýuta bilen ýapmak üçin milli baýlygyň bölegini eksport etmek arkaly ony «gazanmaly».

XX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmak üçin zerur bolan daşary ýurt walýutasyny satyn almak üçin SDR-i HPG-i bir ýurduň hasabyndan başga ýurduň hasabyna geçirmek arkaly ulanylyp başlaýar. Emma SDR-iň emissiýasy hem-de onuň halkara likwidlililik ätiýaçlyklardaky paýy uly däl. Olar HPG-niň agza ýurtlarynyň arasynda deň derejesiz, onuň maýalaryna döwletleriň gatanjyna baglylykda paýlanýar. Ilkibaşky niýetlenmesine garamazdan çykarylan SDR-iň diňe 20%-i töleg balansynyň passiw galyndysyny ýapmak üçin ulanylýar. 1979-1998-nji ýyllarda ÝWU-nyň agza ýurtlary töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmak üçin 1999-njy ýyldan ýewro bilen çalşylan ekýuny ulanýarlar. Töleg balansyny deňagramlylyga getirmegiň kömekçi serişdesi daşary ýurt walýutasyna daşary ýurt we milli gymmatly kagyzlary satmak bolup durýar. Mysal üçin, ABŞ beýleki ýurtlaryň merkezi banklarynda gaznanyň obligasiýalaryny ýerlemek arkaly öz töleg balansynyň gündelik amallarynyň passiw galyndysyny bölekleýin ýapýar.

Töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmagyň gutarnykly serişdesi hökmünde subsidiýalar we sowgatlar görnüşdäki daşary ýurt kömegi hem hyzmat edýär. Mysal üçin, 1947-nji ýylda Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň töleg balansynyň ýetmezçiliginiň jemi 75%-i ABŞ-nyň kömeginiň hasabyna ykdysady we syýasy eglişikleriň üsti bilen ýapylýar. Häzirki zaman şertlerinde kömegi çekmek töleg balanslary ýetmezçiligi ösýän ýurtlar üçin häsiýetli bolup durýar.

Töleg balansynyň aktiw galyndysy döwlet tarapyndan ýurduň daşarky bergisini (şol sanda möhletinden öň) üzmek, daşary ýurt döwletlerine karz bermek, altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny artdyrmak, maýalary çykarmak üçin ulanylýar.

XX asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalaryndan töleg balansyny döwletara düzgünleşdirmek täze hadysa bolýar. Ol dünýä hojalygynyň globallaşmasynyň we milli düzgünleşdirmäni netijeliliginiň pesligi

sebäpli ýüze çykýar. Gaýtadan öndürijiligiň halkaralaşdyrylmagynyň ösmegi bilen töleg balansynyň deňagramsyzlygy aýry-aýry ýurtlaryň ykdysadyýetindäki we dünýä hojalygyndaky deňsizligi güýçlendirýär. TMK-nyň, TMB-niň, halkara guramalarynyň işini milli döwletleriň özygtyýarlylygy we olaryň töleg balansyny düzgünleşdirmek mümkinçiligini bozýar. Döwletara düzgünleşdirmesini halkara ykdysady guramalar (GATT/WTO, ÝUNKTAD, YHÖG, HSE, Halkara maliýe institutlary we başg.) amala aşyrýar. Olar daşarky ykdysady işiň kadalaýyn hukuk esasyny birmeňzeş nusga getirýär – unifisirleýär (unifisirlenen düzgünler harytlaryň we täjirçilik hyzmatlarynyň dünýä söwdasynyň 9/10 bölegini gurşap alýar). Internet ulgamyny ulanmak bilen elektron söwdasynyň şertlerini düzgünleşdirýär. Töleg balansyny düzgünleşdirmegiň döwletara serişdelerine halkara hasaplaşyklarynyň esasy görnüşleriniň düzgünlerini bir nusga getirmek, eksportyň döwlet karzlaşdyrmasynyň şertlerini ylalaşmak, ikitaraplaýyn hökümet karzlary, halkara maliýe institutlarynyň karzlary degişli.

Daşary ýurt maýalaryň işjeň çekilmegi, hususan-da, töleg balansynyň gündelik amallarynyň ýetmezçiligini ýapmak üçin çekilmegi bilen bagly daşarky berginiň döwletara düzgünleşdirmesi amala aşyrylýar. Şeýlelikde, töleg balansyny düzgünleşdirmek has çylşyrymlaşdy. Onuň gurallary köpeldi, ulanylmagy bolsa ulgamlaýyn häsiýete eýe boldy. Töleg balansyny durnuklaşdyrmak maksatnamalary, adatça, ykdysadyýeti sagdynlaşdyrmak, hümmetsizlenmäni saklamak, býujet ýetmezçiligini azaltmak we ş.m. boýunça çäreler bilen utgaşýar.

Emma töleg balansynyň ýetmezçiligini azaltmak wezipesi köp halatlarda ykdysady syýasatyň beýleki maksatlary hojalyk işjeňliginiň giňeldilmegini, býujet harajatlarynyň artdyrylmagyny, göterim haklarynyň peseldilmegini talap edýän ykdysady ösüşi saklamak we işliligi üpjün etmek bilen gapma-garşylyga girýär.

Töleg balansyny düzgünleşdirmegiň dünýä tejribesi milli ykdysadyýetiň içerki we daşarky deňagramlylygyna bir wagtda ýetmegiň kynçylyklary hakynda şaýatlyk edýär. Bu işjeň we passiw töleg ba-

lansly ýurtlaryň özara gatnaşyklarynda iki meýli hyzmatdaşlygy we agzalalygy güýçlendirýär. Maliýe hyzmatlarynyň we telekommunikasiýa bazarlarynyň liberallaşdyrylmagy, awtorlyk we patent hukuklarynyň düzgünleşdirilmegi, arassaçylyk talaplarynyň, önümleri, ösen ýurtlaryň, şol sanda olaryň we ösýän ýurtlaryň arasynda tehniki ülňüleri sertifisirlemek meseleleri boýunça ýiti gapma-garşylyklar ýüze çykýar.

## 6.6.Türkmenistanyň töleg balansy we onuň düzüm bölekleri

Her bir ýurtda, şol sanda Türkmenistanda, onuň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň ýagdaýyny görkezýän döwürleýin statistiki maglumat gerek. Şunuň ýaly maglumatlar töleg balansynda görkezilýär. Bu statistiki resminama, ýurduň belli bir döwürdäki daşary ykdysady amallarynyň balansyny şöhlelendirýär. Halkara Pul Gaznasynyň kesgitlemesine görä töleg balansy, ýagny belli bir döwürdäki statistiki hasabat bolmak bilen şu aşakdakylary görkezýär:

a) haýsy hem bolsa bir döwletiň beýleki döwletler bilen harytlar, hyzmatlar we girdejiler babatynda ýerine ýetiren amallaryny;

b) bir döwletiň altyn şaýlyklaryna, SDR-lerine, şeýle hem maliýe borçnamalaryna eýeçiliginiň üýtgemegini;

ç) hasap manysynda biri-birini ýapmaýan amallaryň we üýtgeşmeleriň deňagramlylygyny gazanmak üçin birtaraplaýyn geçirimleri we öwezini dolmak ýazgylaryny görkezýär.

Töleg balansyny düzmeklik 2 ýörelgä esaslanýar.

Töleg balansyny düzmekligiň **birinji ýörelgesi** – bu ýurduň kesgitli döwürde (aý, çärýek, ýyl) ähli daşary ykdysady amallaryny gurşap almaklykdyr. Daşary ykdysady gatnaşyklardan içerki ykdysady gatnaşyklary tapawutlandyrmak üçin Halkara Pul Gaznasy birinji agzalan gatnaşyklara ýurduň dahyllylarynyň we dahylsyzlarynyň arasyndaky amallar diýip düşünmegi teklip edýär.

**Ikinji ýörelge** – amallaryň ikitaraplaýyn buhgalterçilik ýazgysy (kredit ahyrky netijede debete deň gelmeli). Onuň netijesin-

de bir madda boýunça emele gelýän deňsizlik beýleki madda bilen deňlenilýär.

Töleg balansy diňe tölegleri öz içine alýar diýen düşünje ýalňyşdyr. Hakykatda bolsa bu resminama, özüniň adyna garamazdan dürli, şol sanda tölegler bilen bagly bolmadyk amallary öz içine alýar. Tölegler bilen bagly bolmadyk amallara: birtaraplaýyn geçirimler (ýagny birtaraplaýyn esasda öwezini dolmazlyk); Halkara pul gaznasyndan aýry-aýry döwletlere SDR-iň berilmegi; altynyň demonetizasiýasy (ýurduň altynynyň bir bölegini onuň altyn ätiýaçlygyna geçirmeklik ýa-da tersine degişlidir). Altynyň dünýä nyrhynyň we walýuta kurslarynyň üýtgemekligi sebäpli altyn we walýuta ätiýaçlyklarynyň gaýtadan bahalandyrylmagy tölegleri däl-de (şol sanda tölegler bilen baglanyşykly) amallary öz içine alýar.

Töleg balansy üznüksiz önümçilik, umumy öndürilen milli önüm, milli girdeji, sarp edijilik ýaly makroykdysady görkezijiler bilen baglydyr.

Mysal üçin:

*Y* – ýurtda öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň umumy möçberi.

*S* – ýurtda sarp edilýän önümleriň göwrümi.

$Y > S$ – netto eksporter.

$Y < S$ – netto importer – bu ýagdaý döwletiň özüni ekläp bilmeýändigini görkezýär.

Töleg balansy düzülende esasy 2 ýörelge ulanylýar:

töleg balansda şol döwletiň dahyllylarynyň we dahylsyzlaryň arasynda ýerine ýetirilen hemme ykdysady çalyşmalary utgaşdyrylyp görkezilýär; çalyşmalar 2 taraplaýyn hasaba alnyp, ýazgylar berjaý edilýär.

Dahyllylar bolup edara we şahsy görnüşli taraplaryň uzak wagtlap döwletiň çäginde bolmaklygydyr.

Ykdysady çalyşma – bu gymmaty öz ygtyýarly çalyşmakdyr, ýagny harytlaryň, hyzmatlaryň eýeçilik hukugyny bir döwletiň dahyllylaryndan beýleki bir döwletiň dahyllylaryna geçirmekdir.

Bir tarapynda, ýagny karzda (kreditde), döwletiň çäginden gymmatlyklaryň çykyp, walýutanyň döwlete gelmegi, bu ýagdaý «+» bel-

ligi bilen ýazylýar. Mysal üçin, daşary döwletlere tebigy gazy, nebit we nebit önümleri, pagtany satmak, daşary döwletleriň syýahatçylaryna hyzmatlar etmek, daşary döwletlerden pensiýa almak, daşary döwletleriň maýadarlarynyň kompaniýalarymyzyň gymmat bahaly kagyzlaryny satyn almagy – bu ýagdaýlar töleg balansynda karza ýazylýar, sebäbi bu ýagdaý walýutanyň döwlete gelýänligini görkezýär.

Debet döwletiň walýuta gorlaryny belli bir gymmatlyklar üçin harç etmegi, ýagny bu ýagdaý «–» belligi bilen ýazylýar. Mysal üçin, awtomobilleriň importy, daşary döwletleriň kärhanalarynyň peýdalaryny geçirmek, uzak möhletli karzlar we beýlekiler debetde alnyp ýazylýar.

Bu ýagdaýyň bolup geçýändigininiň sebäbi islendik çalyşmanyň iki tarapynyň bardygydyr. Eger siz daşary ýurt kärhanalaryndan haryt alsaňyz, oňa haryt üçin pul tölemeli, ol bolsa öz gezeginde alan puluny bir zada ulanmaly ýa-da bankda hasapnamada goýmaly.

Nähili ýagdaýda amalyýetde 2 taraplaýyn hasaba almak ýörelgesi hereket edýär? Mysal üçin, «Obahyzmat» paýdarlar jemgyýetimiz Amerikanyň «Keýs» kärhanasyndan hojalyk tehnikasyny 90 mln dollar möçberde satyn alýar. Bu ýagdaý töleg balansymyzyň debetinde (–). Başga tarapdan bolsa «Keýs» kärhanasy 90 mln dollar kreditde hasaba ýazylýar. Eger Daşary Ykdysady iş bankymyz (DYB) deponirläp goýsa, bu ýagdaý töleg balansymyzda kreditde (+), olaryňkyda bolsa debetde (–) aňladylýar.

Eger «Keýs» kärhanasy walýutany Amerikanyň bankynda goýsa, onda olar tarapyndan bu walýutalar türkmen harytlaryny import edýän kärhanalara karz beriler we islendik ýagdaýda bu çalyşmanyň ilkibaşdaky möçberi töleg balansynyň kreditinde (+) görkeziler.

Töleg balanslary hökümetler tarapyndan düzülýän iň gadymy resminamalaryň biridir. Töleg balansyny alamatlandyrýan ilkinji resminamalar Gadymy Angliýada XIV asyrdan düzülip başlanypdyr. Altynyň ýurtdan artyk çykarylmagyny çäklendirmek maksady bilen daşary ýurt söwdasynyň tebigaty we göwrümleri örenilip başlanypdyr.

Töleg balansy diýen düşünjäni XVIII asyrda Şotlandiýanyň ykdysadyýetçisi Jeýms Stýuart ilkinji bolup ulanypdyr diýip hasap edilýär. XX asyryň başynda töleg balansyny düzmek bilen bagly ilkinji usullar Beýik Britaniýada we ABŞ-da peýda bolupdyr. Olaryň tejribesi esasynda (milletler ligasy) HPG töleg balansynyň usuly boýunça maddalaryň toparlanyşyny hemme ýurtlar üçin birmeňzeş tertibe getirýär.

**Töleg balanslary** belli bir döwür (aý, çärýek, ýyl) we kesgitlenen sene üçin düzülýär. Belli bir döwürdäki töleg balansy şol döwürdäki tölegleriň we gelimleriň gatnaşygyny görkezýär hem-de ýurduň halkara ykdysady gatnaşyklaryndaky üýtgeşmelerini, onuň ykdysadyýetiniň ýagdaýyny we ösüşini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Eger walýuta gelimleri töleglerden ýokary bolsa, onda töleg balansy aktiwdir, tersine bolan ýagdaýynda töleg balansy passiwdir.

**Töleg balansy hasaplaşyk balansyndan tapawutlydyr, ýagny**

▪ hasaplaşyk balansy ýurduň daşary ýurda bolan talaplaryny we borçnamalaryny, şol sanda üzülmediklerini öz içine alýar. Töleg balansy bolsa diňe hakyky amala aşyrylan gelimleri we tölegleri görkezýär;

▪ hasaplaşyk balansyna alnan we berlen karzlaryň ählisi, şol sanda üzülmedikleri hem goşulýar, töleg balansy soňkulary öz içine almaýar;

▪ töleg we hasaplaşyk balanslarynyň ahyrky galyndysy aktiw bolsa-da, passiw bolsa-da gabat gelmeýär we olar adatça biri-birine garşy gelýärler. Sebäbi karz beriji ýurtlar (ABŞ, GFR, Ýaponiýa we beýlekiler), adatça aktiwdirler, olaryň töleg balanslary bolsa, esasan hem gündelik amallary boýunça döwürleýin passiwdirler. Bergidar ýurtlaryň passiw hasaplaşyk balanslary kähalatlarda aktiw töleg balansy bilen utgaşýarlar.

▪ töleg balansyna eksportyň we importyň diňe tölenilen bölegi goşulýar, hasaplaşyk balansynda bolsa haryt dolanyşygynyň tölenilmedik karzyna satylan bölegi hem görkezilýär.

Şeýlelik bilen, töleg we hasaplaşyk balanslarynyň aratapawudy, esasan, halkara karz gatnaşyklarynyň ösüşi bilen kesgitlenilýär. Amal-

16. Sargyt № 2475

laryň häsiýetine baglylykda çap edilýän töleg balanslary, esasan, iki bölümden ybaratdyr:

**I bölüm.** Gündelik amallar boýunça töleg balansy: a) daşary söwda amallary boýunça tölegler we gelimler ýa-da söwda balansy; b) hyzmatlaryň (halkara ýük daşamaklyk, gämide daşalýan ýük üçin berilýän kireý, ätiýaçlandyrma we beýlekiler) we täjirçilik däl amallaryň (patentler boýunça hasaplaşyklar, tehniki kömekler) balansy, maýa goýumlar boýunça girdejiler we tölegler.

**II bölüm.** Maýalaryň hereketiniň (gysga we uzak möhletli amallar) we karzlaryň balansy. Maýalaryň hereketiniň we karzlaryň balansyna «ýalňyşlyklar we goýbermeler» maddasy goşulýar. Ol madda gysga möhletli maýalaryň hasaba alynmadyk hereketini görkezýär. Walýuta ätiýaçlyklarynyň üýtgemegi töleg balansyny deňeşdirmek we milli walýuta ýardam bermek bilen baglanyşykly Merkezi banklaryň halkara walýuta amallaryny aňladýar.

Töleg balansynyň galyndysy (saldo) kesgitlenende onuň maddalary *esasylara we sazlaşdyryjylara* bölünýär. **Esasy maddalara** töleg balansynyň galyndysyna täsir edýän we degişli özbaşdaklygy bar bolan maddalar, ýagny gündelik amallar we maýalaryň uzak möhletli hereketi goşulýar. **Sazlaşdyryjy maddalara** özbaşdak bolmadyk ýa-da özbaşdaklygy çäklendirilen amallar degişlidir. Bu maddalar töleg balansynyň galyndysyny üzmekligiň usullaryny we çeşmelerini häsiýetlendirmek bilen walýuta ätiýaçlyklarynyň hereketini, gysga möhletli aktiwleriň üýtgemegini, daşary ýurt kömeginiň aýratyn görnüşlerini, daşary döwlet bergilerini, halkara walýuta karz guramalarynyň karzlaryny we ş.m. öz içine alýar. Esasy we sazlaşdyryjy maddalaryň jemleýji görkezijileri özara biri-birini ýapýarlar, ýagny töleg balansy resmi taýdan deňleşýär. Eger tölegler esasy maddalar boýunça gelýän gelimlerden ýokary bolsa, onda sazlaşdyryjy maddalaryň hasabyna ýetmezçiligi üzmeklik meselesi ýüze çykýar. Däp bolşy ýaly bu ýerde karzlar we telekeçilik maýalary ulanylýar. Bu usul töleg balansyny karzlaşdyrmagyň **wagtlaýyn usulydyr.** Sebäbi bergidar ýurtlar karzy gaýtarmaga, şeýle hem göterimleri we diwidentleri tölemäge borçly bolýarlar.

Balansyň passiw galyndysyny ýapmaklygyň täze usuly Merkezi banklaryň milli walýutada, SWOP geleşigi boýunça özara berilýän gysga möhletli karzlarydyr.

Töleg balansynyň wagtlaýyn ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin Halkara Pul Gaznasy özüniň agza ýurtlaryna ätiýaçlyk (şertsiz) karzlary (kwotanyň 25%-iniň çäginde) berýär.

Senagat taýdan ösen ýurtlar töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmak üçin karz maýalarynyň dünýä bazarynyň serişdelerini ýygnaýarlar (bank konsorsiumlarynyň karzlary, obligasiýa karzlary).

Töleg balansynyň wagtlaýyn ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin daşary ýurt «kömegi» görnüşinde ýeňillikli karzlar hem ulanylýar.

Töleg balansyny sazlaşdyrmagyň gutarnykly usuly hökmünde ýurduň altyn walýuta ätiýaçlyklarynyň ulanylmagy çykyş edýär. Töleg balansyny gutarnykly sazlaşdyrmagyň esasy serişdesi bolup, konwertirlenýän daşary ýurt walýutasynyň ätiýaçlyklary hyzmat edýär.

Töleg balansyny sazlaşdyrmagyň kömekçi serişdesi bolup, daşary ýurt we milli gymmatly kagyzlaryň daşary ýurt walýutasyna çalşylmagy çykyş edýär.

**Milli we döwletara töleg balansynyň kadalaşdyrylyşy.** Töleg balansyny döwlet kadalaşdyrmasy esasy obýekt bolup çykyş edýär. Töleg balanslary öz häsiýeti boýunça hemişe aktiw ýa-da passiw bolup bilmeýärler. Olaryň bu ýagdaýy walýuta kurslarynyň we maýalaryň hereketiniň durnuksyzlygyny güýçlendirýär. Pul dolanyşygyna oňaýsyz täsir edýär we ahyrky netijede ykdysadyýete zyýan ýetirýär. Şunlukda, töleg balansyny deňleşdirmegiň özakymlaýyn mehanizmi (baha sazlaşdyrmasyny ulanmak bilen) örän gowşak hereket edýär. Şonuň üçin halkara hasaplaşyklarynyň deňagramlylygyny dikeltmeklik maksadalaýyk döwlet çärelerini talap edýär. Ykdysady ösüş depginlerini üpjün etmeklik, milli walýutanyň hümmetsizlenmegine we işsizlige garşy göreş çäreleri bilen bir hatarda halkara hasaplaşyklarynyň balansyny deňagramlaşdyrmak meselesi döwletiň ykdysady syýasatynyň biridir.

Töleg balansynyň döwlet kadalaşdyrmasy töleg balansynyň esasy maddalaryny emele getirmeklige gönükdirilen ykdysady, şol

sanda walýuta, maliýe, pul-karz çäreleriniň jemidir. Ýurduň walýuta-ykdysady we halkara hasaplaşyklarynyň ýagdaýyna baglylykda, daşary-ykdysady amallary höweslendirmeklige ýa-da çäklendirmeklige gönükdirilen töleg balansyny kadalaşdyrmaklygyň usulynyň köpdürli görnüşleri bar.

Töleg balansynyň ýetmezçiligi bar bolan ýurtlarda eksporty höweslendirmek, harytlaryň importyny saklamak, daşary ýurt maýalaryny çekmek, maýalaryň daşary ýurtlara çykarylmagyny çäklendirmek üçin:

- hümmetsizlenmeklige garşy syýasat;
- dewolwasiýa;
- walýuta çäklendirmeleri;
- maliýe we pul-karz syýasaty;
- töleg balansynyň maddalarynyň emele gelýän döwründe ýörite täsir ediş çäreleri ulanylýar.

Aktiw töleg balansynda ony kadalaşdyrmaklyk has artykmaç aktiw galyndyny aradan aýyrmaklyga gönükdirilýär. Şu maksat bilen ýokarda görkezilen maliýe, karz, walýuta, şeýle hem walýutanyň rewolwasiýasynyň usullary importy giňeltmek we harytlaryň eksportyny saklamak, maýalaryň eksportyny artdyrmak (şol sanda karzlary we kömekleri we olaryň importyny çäklendirmeklik üçin) ulanylýar. Töleg balansynyň aktiw galyndysy ýurduň daşary ýurt bergilerini üzmeklik, daşary döwletlere karz bermeklik hem-de altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny artdyrmaklyk üçin ulanylýar.

Töleg balansyny kadalaşdyrmagyň döwletara serişdelerine:

- eksport karzlarynyň şertlerini ylalaşmak;
- SWOP ylalaşygy boýunça milli walýutada Merkezi banklaryň özara gysga möhletli karzlaşdyrmalary we ikitaraplaýyn hökümet karzlary;
- halkara karz, öňi bilen Halkara Pul Gaznasynyň walýuta-karz we maliýe guramalarynyň karzlary degişlidir.

Şeýlelik bilen töleg balansyny kadalaşdyrmaklyk örän çylşyrymlaşdy, onuň gurallary bolsa giňeldi. Ol ykdysady syýasatyň beýleki ugurlary bilen utgaşýar we yzygiderli häsiýete eýe bolmaýar.

SSSR döwründe töleg balansynyň ýagdaýy hakyndaky maglumat ýönekeý hasaplanylýardy. Türkmenistanyň Döwlet banky her ýyl ýurduň walýuta meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat taýýarlaýardy, ýöne ony töleg balansy diýip dolandyrmak kyndy.

Türkmenistan Halkara Pul Gaznasynyň agzalalygyna 1992-nji ýylda kabul edildi. Şol sebäpli biziň döwletimiz töleg balansy baradaky statistiki maglumatlaryny HPG bermeklige borçludyr. Bu maglumatlar esasynda söwda däl amallarynyň bergiler baradaky tölegleriň we walýuta ätiýaçlyklarynyň ösüşiniň balansyny düzmäge mümkinçilik gazanyldy.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň töleg balansy aktiwdir. Ýagny ýurdumyzyň eksporty importdan ýokarydyr. Diňe 2015-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýynda eksport 19 mlrd.781,9 mln amerikan dollaryna deň boldy, önümleriň import edilişi bolsa 16 mlrd. 637,7 mln amerikan dollaryna barabardyr. Şeýlelikde, onuň oňyn tapawudy 3 mlrd. 144,2 min dollara deňdir. Bu öz gezeginde Türkmenistan döwletiniň halkara ykdysady-söwda gatnaşyklarynyň amatly guralandygyny, töleg balansynyň bolsa aktiwdigini görkezýär (*6.6.1-nji tablisa*).

*6.6.1-nji tablisa*

**01.01. 2014 – 01.01. 2015-nji ýyllarda Türkmenistanyň söwda balansy million amerikan dollarynda**

| | **01.01.2014ý.** | **01.01.2015ý** |
|---|---|---|
| Daşary söwda dolanyşygy. Jemi | 34344,2 | 36419,6 |
| Eksport | 18854,2 | 19781,9 |
| Import | 16090,0 | 16637,7 |
| Tapawudy | 2764,2 | 3144,2 |

Türkmenistanyň Garaşsyzlyga eýe bolmagy we GDA döwletleriniň emele gelmegi ýurduň töleg balansyny hasaplamakda mesele ýüze çykardy. Sebäbi Türkmenistan GDA-nyň agza ýurtlary we beýleki ozalky soýuz respublikalary bilen ykdysady gatnaşykalaryny hasaba almalydy. Ol maglumatlary hasaba almazdan Türkmenistanyň töleg balansyny doly hasaplap bolmaýar. Ýöne Türkmenistanyň töleg

balansyna GDA döwletleri we gaýry daşary ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklaryny goşmak üçin köp sanly usuly, nazary we guramaçylyk meseleleriniň çözgüdi talap edilýär (*6.6.1-nji beýan*).

*6.6.1-nji beýan*

**TÜRKMENISTANYŇ TÖLEG BALANSYNYŇ MADDALARY**

***Analitik garaýyş***

*(ABŞ-nyň mln. dollary)*

**A.Gündelik amallaryň hasaby**
**Harytlar**
**1.1 Eksport f.o.b.**
Tebigy gaz
Nebit we nebit önümleri
Pagta süými
Dokma önümler
Elektrik energiýasy
Beýleki harytlar

**Hyzmatlar**
**1.2 Import f.o.b.**
**Kredit**
Ulaglar
Beýlekiler

**Debet**
Ulaglar
Gatnawlar
Beýlekiler

**Girdeji**
*Karz*
Alynmaga degişli we alnan göterimler
Alynmaga degişli we alynmadyk göterimler
Beýlekiler
*Debet*
Tölenmäge degişli we tölenilen göterimler
Göterimler boýunça berlen göterimler
Beýlekiler

**Gündelik transfertler**

**B. Maýa goýum amallarynyň hasaby**

Maýa goýum transfertleri

Beýlekiler

**Ç. Maliýe amallarynyň hasaby**

Daşary ýurtlara göni maýa goýumlary

Türkmenistana göni maýa goýumlary

Gurluşyk

Beýlekiler

Bukjalaýyn maýa goýumlary – aktiwler

Bukjalaýyn maýa goýumlary – borçlar

**Beýleki maýa goýumlar**

**Aktiwler**

**Söwda karzlary**

Mejbury söwda karzlary

Mejbury söwda karzlary üzmeklik

Beýleki söwda karzlary

Karzlar

Üzmeklik

Tölenilmeli, emma tölenilmedik karzlar

Tölenilmänligi üçin ýüze çykýan şikaýatlar

Karzlara täzeden seretmeklik

Beýleki aktiwler

**Passiwler**

Peýdalanylan söwda karzlary

Tölenilen söwda karzlary

Peýdalanylan karzlar

Tölenilen karzlar

Beýleki borçlar

Jemi A-dan Ç-e çenli

**D. Ýalňyşlyklar we hatalar**

Jemi A-dan D çenli

Jemi E + F

**E.Aýratyn maýa goýumlar**
**Göterimler**
Bergiler (arassa)
Düzümini üýtgetmeklik

**Söwda karzlary**
Bergiler
Düzümini üýtgetmeklik

**Möhleti geçen bergileriň tölegi**
**Töleg balansyny sazlamak maksady bilen alnan karzlar**

**F. Ätiýaçlyk aktiwleri**
Altyn
Kabul edip almaklygyň ýörite hukuklary (SDR)
HPG-niň ätiýaçlyk orny
Merkezi bankyň daşary ýurt walýutalary
Beýleki talaplar

Türkmenistanyň Prezidentini 1993-nji ýylyň 18-nji awgustyndaky 1452 belgili Karary bilen töleg balansyny düzmeklik Türkmenistanyň Merkezi bankyna tabşyryldy we Türkmenistanyň ministrlikleri, edaralary we guramalary onuň üçin gerek maglumatlaryny bermeli. HPG-niň töleg balansy boýunça Düzgünnamasy 5-nji goýberiş (TBR 5) esasynda düzülýär. Türkmenistanyň töleg balansy 1993-nji ýyl üçin bütewi görnüşde, soňky ýyllar üçin bolsa her bir degişli ýylyň üç aýy boýunça düzüldi.

Töleg balansyndan (TB) seljermek maksady bilen peýdalanmak üçin ony toparlara bölmek gerek bolýar. Garaşsyz (awtonom) amallar – harytlar we hyzmatlar arkaly ýerine ýetirilýän amallar, döwlete girýän gündelik pul geçirimleri we gelimleri gündelik amallaryň hasabynda şöhlelendirilýär. Garaşsyz (awtonom) amallary, ýagny şu döwletiň maliýe talapnamalary we borçnamalary bilen bagly bolan amallary maliýeleşdirmek arkaly emele gelýän akymlar maýaly amallaryň we maliýe amallarynyň hasabyny kesgitleýär. Şeýlelik bilen, töleg balansy düzgünleşdirilen görnüşde belli bir wagt aralygynda ýurdumyzyň dünýäniň beýleki ýurtlary bilen geçirilen daşary ykdy-

sady amallary hakyndaky maglumatlary jemlenen görnüşinde görkezýän maglumat beriji hasabatlary özünde jemleýär.

Türkmenistanyň töleg balansy – bu Türkmenistanyň dahyllylary bilen dahylsyzlarynyň arasyndaky geçirilen daşary ykdysady amallar hakyndaky hasabatdyr. Dahyllylyk taglymaty amallara gatnaşyjynyň ykdysady bähbidine esaslanýar, emma onuň haýsy millete degişliligi muňa esas edilip alynmaýar. Ýurtda ýaşaýan şahsy taraplar şu ýurtda bir ýyldan köp ýaşan bolsalar dahyllylar hasaplanylýarlar.

Töleg balansy düzülende ulanylýan esasy düzgün goşalaýyn ýazgy ýörelgesidir, ýagny her bir amal iki gezek: kredit boýunça bir madda we debet boýunça başga bir maddada şöhlelendirilýär. Sebäbi ykdysady amallaryň köpüsi ykdysady gymmatlyklaryň ekwiwalentinde baglaşylýar. Gymmatlyklar gaýtargysyz berlen ýagdaýynda, olary iki gezek şöhlelendirmek üçin «transfertler» maddasy goşulýar.

Görnüşi ýaly, debet we kredit geçirimleriniň jemi biri-birine gabat gelmelidir hem-de «0» deň bolmalydyr. Ýöne iş ýüzünde beýle bolmaýar. Munuň hem sebäbi maglumat alynýan çeşmelerde aratapawudyň barlygydyr. Şeýle ýagdaýlarda «ýalňyşlyklar we säwlikler» maddasy goşulýar.

Amallar bazar bahalary boýunça nazara alynmalydyr. Töleg üçin islendik walýuta ulanylyp bilner, şoňa görä-de degişli hasaplaşyk birligi gerek. Daşary ýurt walýutasynyň hümmetiniň edip biljek täsirinden daşda durmak maksady bilen TB durnukly daşary ýurt walýutasynda (ABŞ-nyň dollarynda ýa-da SDR-de) alnyp barylýar. Bu bolsa ýurduň töleg balansynyň ýagdaýyndaky üýtgeşmeleriň seljerilişini we onuň dürli-dürli döwürdäki ýagdaýlary bilen deňeşdirilişini ýeňilleşdirýär. Gündelik amallaryň hasabyndaky oňaýly galyndy ýurduň arassa halkara aktiwleri toplaýandygyny aňladýar. Bu hasapdaky defisit bolsa döwletde daşary ýurt aktiwleriniň azalyp, onuň ýerine daşary ýurda borçlarynyň köpelýändigini aňladýar.

**Maglumatlaryň çeşmeleri.** Türkmenistanyň töleg balansy banklardan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň içerki çeşmelerinden, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetinden, Türkme-

nistanyň Döwlet gümrük gullugyndan, Türkmenistanyň ministrlik-lerinden, edaralaryndan we kärhanalaryndan, şeýle hem daşary ýurt kärhanalaryndan we gurluşyk kompaniýalaryndan alynýan maglumatlar esasynda düzülýär.

**Gündelik amallaryň hasaby**

**Harytlar.** Harytlar bilen geçirilýän amallar baradaky maglumatlaryň ilkinji çeşmeleri hökmünde gümrük maglumatlarynyň ulgamy hyzmat edýär. Ministrlikler we edaralar harytlaryň aýratyn görnüşleri (meselem, tebigy gaz, pagta, elektrik energiýasy we ş. m.) hem-de ýurtlar boýunça goşmaça maglumatlary berýärler. Uzakdaky daşary ýurtlaryň importy hakyndaky maglumatlar CIF şertindäki baha boýunça şöhlelendirilýär. Ahyrky agzalan bahany FOB şertindäki baha geçirmek üçin 10% hasaplaşyk koeffisiýenti peýdalanylýar. Gümrükhana tarapyndan hasaba alnan eksport-import hakyndaky maglumatlar harytlara düzediş girizmek arkaly düzedilýär. Çünki birnäçe sebäplere görä olaryň ençemesi gümrük maglumatlarynda görkezilmeýär. Ýük gämileri arkaly portlarda alynýan harytlar hakyndaky maglumatlary Türkmenistanyň ministrlikleri we edaralary berýär.

Şahsy adamlar tarapyndan harytlaryň importy boýunça hasabat maglumatlary 1998-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugyndan alynýar.

**Hyzmatlar.** *Ulaglar*

Ulaglar arkaly ýerine ýetirilýän hyzmatlar hakyndaky maglumatlar bank ulgamynyň üsti arkaly ulaglar bilen işleşýän kompaniýalaryň we kärhanalaryň hasabatlaryndan, şonuň ýaly-da beýleki çeşmelerden gelýär. Olar ýolagçy we ýük daşamak hem-de hyzmatlaryň beýleki görnüşleri boýunça bölünendir. Ulag hyzmatlary hakyndaky anyk maglumatlar daşary ýurtly ulag kompaniýalaryndan we beýleki çeşmelerden alynýar.

Fraht-gämi bilen ýük daşalyşy hakynda maglumatlaryň ýoklugyna görä, CIF şertindäki bahalar harytlaryň importy jeminden 9% kesilýär.

**Gatnawlar.** Gatnawlar bölümi gurnalan hem şahsy syýahat boýunça milli we daşary ýurtly syýahat kompaniýalaryň arasyndaky bank

ulgamynyň üsti bilen geçirilýän özara hasaplaşyklar hakyndaky maglumatlary, iş, okuw we kesel bejeriş üçin amala aşyrylýan gatnawlar boýunça tölegleri özünde jemleýär. Olara okuw üçin gatnawlar barada maglumat hem goşulýar (TMB-niň hasaplary). Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, myhmanhanalardan we syýahat kompaniýalaryndan alynýan maglumatlary-da öz içine alýar.

**Beýleki hyzmatlar.** Poçta we telekommunikasiýalar boýunça dahylsyzlardan gelýän maglumatlar banklar tarapyndan berilýär. Mundan daşgary goşmaça, töleg balansy düzülýän wagtynda şulara meňzeş hyzmatlary amala aşyrýan kärhanalaryň maglumatlaryndan hem peýdalanylýar. Gurluşyk hyzmatlary hakyndaky maglumatlar Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, kärhanalar we daşary ýurt gurluşyk kompaniýalary tarapyndan berilýär. Döwlet hyzmatlary, esasan, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň çykdajylaryny, daşary ýurtly diplomatik guramalara gelýän we olaryň harç edýän serişdelerini hem-de Türkmenistanyň DIM-inden alynýan we bank ulgamlarynyň üsti bilen gelýän maglumatlaryna laýyklykda, beýleki daşary ýurtly wekilhanalarynyň harajatlaryny-da öz içine alýar.

**Girdeji.** Maýa goýumlaryndan alynýan girdejiler boýunça gelýän we tölenýän serişdeler hakyndaky maglumatlar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, Türkmenistanyň Daşary ykdysady iş bankynyň we beýleki täjirçilik banklaryň maglumatlary boýunça kesgitlenilýär. Göni maýa goýumlaryndan alynýan girdejiler boýunça hasaplaşygy Türkmenistanyň Merkezi banky kärhanalaryň berýän hasabatlary esasynda geçirýär. Döwlet dolandyrylyşy sektoryna degişli göterimler boýunça gelýän we tölenilýän serişdeler, esasan, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan berlen we alnan karzlar göterimleri öz içine alýar. Hususy sektora degişli göterimler boýunça gelýän we tölenýän serişdeler hakyndaky maglumatlar täjirçilik banklary we Türkmenistanyň ykdysadyýetine maýa goýumlaryny goýan halkara guramalarynyň gaznalary tarapyndan berilýär.

### Maýa goýum we maliýe amallaryň hasaby

### Maýalaryň transfertleri

Maýalaryň transfertleri hakyndaky maglumatlar, esasan, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan ýatyrylan bergileri, daşary ýurtlardan alynýan grantlary (belli bir iş etmek üçin berlen dolanuwsyz pul) we ynsanperwerlik tölegleri öz içine alýar.

### Maliýe amallarynyň hasaby

### Göni maýa goýumlary

Göni maýa goýumyny goýýan kärhanalaryň düşündirilişi 5 belgili Töleg balansy boýunça gollanmanyň (TBG5) kesgitlemesine laýyk gelýär. Türkmenistana goýulýan göni maýa goýumlaryna degişli maglumatlar, esasan, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan berilýän maliýe däl kärhanalaryň hasabatlary boýunça hasaplanylyp çykarylýar. Goşmaça maglumatlar Türkmenistanyň Merkezi bankyna berilýän beýleki banklaryň we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak Müdirliginiň hasabatlary esasynda jemlenýär.

### Beýleki maýa goýumlary

*Türkmenistan tarapyndan berilýän karzlar*

Bu, esasan, GDA ýurtlarynyň birnäçesiniň Türkmenistandan alan harytlary üçin möhleti geçirilen tölegleri öz içine alýar.

*Türkmenistanyň alan söwda karzlary*

Bu, esasan, pagta süýümini, nebit önümlerini we beýleki harytlaryň eksporty boýunça gelen deslapky tölegleriň jemini hem-de söwda karzynyň eksport amala aşyrylandan soňraky jemini özünde jemleýär.

*Türkmenistanyň alan karzlary*

Bu belli bir taslamalary maliýeleşdirmek boýunça maksatlaýyn karzlary we Türkmenistanyň Hökümetiniň uzakdaky daşary ýurtlardan alan walýuta karzlaryny özünde jemleýär. Maglumatlar Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet iş banky tarapyndan ber-

lipdir. Beýleki sektorlara degişli karzlar hakyndaky maglumatlar Türkmenistanyň banklary we Türkmenistanyň ministrlikleri, dolandyryş edaralary tarapyndan berilýär.

**Nagt pullar we depozitler**

**Aktiwler.** Karz-pul sazlaşygy sektory boýunça geçirimler Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we karz edaralarynyň daşary ýurt banklaryna öwrülýän hem öwrülmeýän daşary ýurt walýutasyndaky talapnamalaryndaky üýtgeşmeleri öz içine alýar.

**Passiwler.** Bu madda boýunça amala aşyrylýan geçirimler, esasan, uzakdaky daşary ýurtlaryň Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky depozitlerinde bolup geçýän üýtgeşmeleri görkezýär. Bank ulgamlaryna degişli maglumatlar banklarynyň hasabatlary esasynda Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan düzülýär.

***Gor aktiwleri***

Ätiýaçlyk aktiwleri boýunça amallar Türkmenistanyň Merkezi bankynda bar bolan resminamalar esasynda hasaplanyp çykarylýar. Aktiwleriň gorlarynyň walýuta bölümi dahylly banklardaky depozitlerini, şonuň ýaly-da döwletiň daşary ýurt walýutasyndaky ätiýaçlyk serişdelerini özünde jemleýär.

*6.6.2-nji tablisa*

**Döwletiň töleg balansyny düzmek üçin ulanylýan we Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanylýan hasabatlaryň görnüşi barada maglumat**

| Hasabatyň görnüşiniň belgisi | Hasabatyň görnüşiniň ady | Hasabaty tabşyrýan jogapkär edaranyň ady | Hasabatyň tabşyrylýan döwri |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| № 1 | Türkmenistanyň töleg balansy | Türkmenistanyň Merkezi banky | Çärýekleýin |
| № 2-TB | Türkmenistanyň gümrük nokatlaryna dahylsyzlardan gelýän daşary ýurt pulundaky serişdeleriň ýygymy barada maglumat | Türkmenistanyň banklary | Aýma-aý |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| № 3-TB | Töleg balansy boýunça hasabat | TMB, Türkmenistanyň banklary | Aýma-aý |
| Goşundy | Türkmenistanyň çäginde iş alyp barýan daşary ýurt kärhanalarynyň gelip gowşan we geçirilen tölegleri hakynda hasabat | | |
| № 4-TB | Maliýe edaralaryna dolandyrmaga gönükdirilen serişdelerden alynýan girdejileriň hasaby | TMB-niň bölümleri | Çärýekleýin |
| № 5-TB | Türkmenistanyň banklarynyň esaslyk maýalarynda daşary ýurt maýalarynyň paýly gatnaşygy barada maglumat | TMB-niň bölümleri | Çärýekleýin |
| № 6-TB | Import we eksport ýükleri-ni, ýolagçylary gatnatmak boýunça derýa ulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat | TMB-niň Lebap welaýat dolandyrmasy | Çärýekleýin |
| № 7-TB | Baglaşylan şertnamalar boýunça dahylsyzlar tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlar barada hasabat | Türkmenistanyň ministrlikleri, dolandyryş edaralary, kärhanalary we guramalary | Çärýekleýin |
| № 8-TB | Daşary ýurtlaryň öňündäki döwlet karzlary we kepilnamalary boýunça bergi barada umumylaşdyryjy maglumatlar | Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet iş banky, Türkmenistanyň ministrlikleri, dolandyryş edaralary, kärhanalary we guramalary | Çärýekleýin |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| № 9-TB | Şertnama baglaşan tarapyň eden tehniki kömegi boýunça çykdajylary | Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň Halkara tehniki kömegi utgaşdyryjy býurosy | Çärýekleýin |
| № 10-TB | Türkmenistanyň Merkezi bankynda we täjirçilik banklarynda harytlaryň (hyzmatlaryň) importy we eksporty üçin açylan akkreditiwler hakynda maglumatlar | Türkmenistanyň banklary, TMB-niň bölümleri | Çärýekleýin |
| № 11-TB | Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň we wekilhanalarynyň girdejileri we çykdajylary barada hasabat | Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi | Çärýekleýin |
| № 12-TB | Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ilçihanalary, halkara guramalary boýunça we Türkmenistanda edilen hyzmatlar barada hasabat | Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi | Çärýekleýin |
| № 13-TB | Import we eksport ýüklerini, ýolagçylary gatnatmak boýunça awtoulaglar hyzmatlary barada hasabat | Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary we awtomobil ýollar ministrligi | Çärýekleýin |
| № 14-TB | Tebigy gazyň eksporty we tölegleri barada hasabat | «Türkmengaz» DK | Aýma-aý |
| № 15-TB | Önümi bölmek barada Şertnamalaýyn çäklerde nebit işlerini alyp barýan daşary ýurt kompaniýalary barada maglumat | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentligi | Çärýekleýin |

*6.6.2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| № 16-TB | Nebit önümleriniň eksporty barada hasabat | «Türkmennebit» DK | Çärýekleýin |
| № 17-TB | Içerki we halkara ugurlary boýunça import we eksport ýükleri, ýolagçylary gatnatmak boýunça demir ýol ulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat | Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi | Çärýekleýin |
| № 18-TB | Içerki we halkara ugurlary boýunça import we eksport ýükleri, ýolagçylary gatnatmak boýunça howa ulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat | «Türkmenhowaýollary» Döwlet milli gullugy | Çärýekleýin |
| № 19-TB | «Türkmenhowaýollary» milli döwlet gullugynyň daşary ýurtlardaky wekilhanalarynyň girdejileri we çykdajylary barada hasabaty | «Türkmenhowaýollary» Döwlet milli gullugy | Çärýekleýin |
| № 19a-TB | Türkmenistandaky daşary ýurt awiakompaniýalarynyň wekilhanalarynyň girdejileri we çykdajylary hakyndaky hasabat | Türkmenistandaky Daşary ýurt awiakompaniýalary | Çärýekleýin |
| № 20-TB | Töleg balansyny düzmek üçin kärhanalara iberilýän soragnama | Türkmenistandaky daşary ýurt kärhanalarynyň şahamçalary, wekilhanalary, bilelikdäki we golçur kärhanalary, Türkmenistanyň myhmanhanalary | Çärýekleýin |
| Goşundy | Dolandyryş we ulanyş boýunça çykdajylaryň hasabaty | | |

*6.6.2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| № 21-TB | Gündelik düýpli girdejiler we çykdajylar barada hasabat | Türkmenistanyň çäginde maýa goýum işini amala aşyrýan gurluşyk kompaniýalary we önümi bölmek barada şertnamalaýyn çäklerde nebit işlerini alyp barýan daşary ýurt kompaniýalary | Çärýekleýin |
| № 22-TB | Gurluşyk möhleti bir ýyldan geçmeýän desgalaryň maliýeleşdirilişi we gurluşygyň gidişi hakynda maglumat | Türkmenistanyň ministrlikleri, dolandyryş edaralary, kärhanalary we guramalary | Çärýekleýin |
| № 23-TB | Elektrik energiýasynyň eksporty barada maglumat | Türkmenistanyň Energetika ministrligi | Aýma-aý |
| Goşundy | Eksport edilen elektrik energiýasy üçin özara hasaplaşyklar barada maglumat | | |
| № 24-TB | Import we eksport ýüklerini, ýolagçylary gatnatmak boýunça deňiz ulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat | «Türkmendeňizderýaýollary» müdirligi | Çärýekleýin |
| № 25-TB | Rezident dällere edilýän myhmanhana hyzmatlary barada hasabat | Türkmenistanyň myhmanhanalary, TMB-niň welaýat dolandyrmasy | Çärýekleýin |

17. Sargyt № 2475

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| № 26-TB | Hyzmatlaryň importy we eksporty boýunça hasabat | Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi | Çärýekleýin |
| | Halkara ätiýaçlandyryş işleri we gaýtadan ätiýaçlandyryş hakynda hasabat | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti | Çärýekleýin |
| | Syýahatçylara hyzmat etmek barada hasabat | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti | Çärýekleýin |
| Statistiki ýygyndy | Türkmenistanyň daşarky söwdasynyň gümrük hasabaty | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti | Çärýekleýin |
| Statistiki ýygyndy | Daşary ýurt kärhanalarynyň gatnaşmagynda desgalaryň gurluşygynyň gidişi | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti | Çärýekleýin |
| | Şahsy adamlar tarapyndan daşary ýurt pulunyň getirilişi we çykarylyşy barada maglumat | Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy | Aýma-aý |
| | Türkmenistana edilen ynsanperwerlik kömegi barada maglumat | Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy | Çärýekleýin |
| | Şahsy adamlar tarapyndan ýerine ýetirilen eksport we import ammallar boýunça maglumat | Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy | Çärýekleýin |

**Töleg balansynyň döwlet kadalaşdyrylyşy**

Daşary ykdysady işiň döwlet kadalaşdyrylyşy ýurduň daşary ykdysady syýasaty bolup durýar. Beýleki ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmagyna we ösdürilmegine **daşary ykdysady syýasat** diýilýär.

Daşary ykdysady syýasat döwletiň içerki ykdysady syýasaty bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şonuň üçin onuň mazmuny, bir tarapdan döwletiň geçirýän durmuş-ykdysady syýasatyny, beýleki tarapdan ykdysady ösüşiň wezipelerini aňladýar. Bu ýerden daşary ykdysady syýasatyň aşaky maksatlary gelip çykýar:

– beýleki ýurtlar bilen özara peýdaly hyzmatdaşlygy üpjün etmek;

– dünýä bazarynda ýurduň haryt öndürijileriniň bäsleşige ukyplylygyny goldamak;

– ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek;

– ýurduň söwda we töleg balansynyň deňagramlylygyny üpjün etmek.

Daşary ykdysady syýasatyň işjeňleşdirilmegi hojalyk gatnaşyklarynyň we ylmy-tehniki ösüşiň internasionallaşdyrylmagy bilen şertlendirilýär. Bu syýasat aşakdaky ýagdaýlara baglydyr:

– dünýä bazarynda bäsleşmeli göreşiň ýitileşmegine;

– töleg balanslarynda artýan deňagramsyzlygynyň walýuta hümmetiniň durnuksyzlaşmagyna;

– daşary bergilere, aýratyn hem ösüp barýan ýurtlardaky belgilere.

Ýokarda görkezilen ýagdaýlaryň hereketi häzirki zaman daşary ykdysady syýasatda hemişe özara hereket edýän iki meýli: liberallaşmany we proteksionizmi ýüze çykarýar. Integrasiýa prosesiniň ýaýramagy integrasiýa bölekleriniň üçünji bir ýurda gatnaşygynda geçirilýän toparlaýyn proteksionizmiň ýüze çykmagyna getirdi. Bu ilkinji nobatda Ýewropa bileleşigi (ÝB) üçin häsiýetlidir.

Ahyrky hasapda, proteksionizm milli hojalyklaryň dünýä bazaryndaky bäsleşikli göreşine aşa päsgelçiligi getirýär. Şonuň üçin proteksionizm bilen liberalizmiň arasyndaky meseläni saýlap almak daşary ykdysady syýasatyň baky meselesi bolup durýar.

Geçen asyryň 50-60-njy ýyllary üçin şol bir wagtda eksporty höweslendirmek bilen halkara söwdasyna esasy gatnaşyjylaryň proteksionizmden daşlaşmagy häsiýetli ýagdaýdy. Emma 70-80-nji ýyllarda ýurtlaryň arasynda ylalaşmazlygyň ýitileşen şertlerinde proteksionizme bolan meýil güýçlendi. Muňa diňe bir halkara hasaplaşyklaryndaky deňagramsyzlygyň ösüşi däl-de, eýsem içer-

ki bazary goramakda jogap täsirini ýüze çykaran eksportyň mundan beýläk-de höweslendirilmegi ýardam berdi. Netijede proteksionizm ýene-de halkara söwdasynyň esasy meseleleriniň birine öwrüldi.

Daşary ykdysady gatnaşyklaryň döwlet kadalaşdyrylyşy çäreleriniň giň toplumynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Olaryň sany mydama artýar. Bu ol ýa-da beýleki ýurt bilen halkara ykdysady gatnaşyklaryň giňeldilmeginiň, onuň halkara zähmet bölünişigine gatnaşmagyny amatlylaşdyrmagyň, dünýä bazaryndaky ýaramaz hadysalaryň (tapgyrlaýyn pese düşüşinden, walýuta hümmetiniň çendenaşa üýtgäp durmagyndan) täsirinden milli ykdysadyýetiň goralmagynyň, dünýä bazarynda milli haryt öndürijileriň ornuny pugtalandyrmaga ýardam bermegiň täze gurallary talap edýändigi bilen düşündirilýär.

Daşary ykdysady syýasat ulgamynda maýanyň gelmegini we ýurtdan çykarylmagyny kadalaşdyrmak döwlet işiniň möhüm ugry bolup durýar. Häzir maýanyň ondan-oňa geçmegi döwlet tarapyndan guramaçylykly, gözegçilikli we höweslendiriji ýagdaýda alnyp barylýar. Daşary ýurt hususy we döwlet maýa goýumlary ýurtlaryň aglaba köpüsiniň ösmeginiň sebäpleriniň birine öwrüldi.

Daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymyny kadalaşdyrmak, däp bolşy ýaly, iki häsiýete eýedir. Bir tarapdan, daşary ýurt eýeçiliginiň millileşdirilmeginiň, maýanyň tölenmeginiň, girdeji babatda dürli hili salgyt ýeňillikleriniň we gümrük ýeňillikleriniň we ş.m. kömegi arkaly ýurtlarda amatly maýa goýumynyň ýagdaýyny döretmek boýunça çäreler amala aşyrylýar. Beýleki tarapdan, döwletler kabul edýän ýurtlaryň, ýagny özleriniň bähbitleriniň berjaý edilmegine gönükdirilen syýasaty geçirýär. Şu maksat bilen daşary ýurt maýa goýumlary belli bir gözegçilik astyna alynýar. Daşary ýurtly maýadarlar üçin elýeterli bolan ykdysadyýetiň pudaklary we pudagyň önümçiliginde olaryň iň ýokary paýy kesgitlenilýär. Bilelikdäki kärhanalarda daşary ýurt maýasynyň iň ýokary paýy bellenilýär, bilelikdäki kärhanalary dolandyrmaga milli işgärleriň gatnaşmagy, milli önümçiligiň düzümlerini peýdalanmagyň şertleri barada ylalaşylýar. Şahamçalary döretmek, maýalary we girdejileri tölemek çäklendirilýär.

Aýry-aýry ýurtlarda daşary ýurt maýasynyň pudaklaryň we ulgamlaryň birnäçesine gatnaşmagy gadagan edilendir (goranmak senagatyna, daşary söwda işine we käbir beýlekilere).

Döwlet kadalaşdyrylyşynyň möhüm binýady we daşary ykdysady syýasatyny geçirmegiň möhüm guraly bolup söwda syýasaty durýar. Döwletiň söwda syýasaty daşary ýurt döwletleri bilen söwda gatnaşyklaryny ösdürmegiň täsir ediş çäreleriniň ulgamydyr. Daşary söwda milli ykdysadyýeti ösdürmek üçin goşmaça serişdeleri almagy üpjün edýär we ýurduň haryt öndürijileriniň bäsleşige ukyplylygyny ösdürmäge ýardam berýär. Harytlaryň eksporty we importy (söwda balansy) milli girdejiniň we JIÖ-niň ösmegine ýardam berýär. Çykdajylaryň umumy jemini düzýän beýlekiler ýaly olar täsir edijilikli hereket edýärler.

Daşary söwda gatnaşyklary administratiw we ykdysady usullar bilen kadalaşdyrylýar. Administratiw usullar hukuk kadalarynyň we kanunlaryň esasynda çäklendiriji we rugsat beriji çäreleri göz öňünde tutýar, oňa söwda gatnaşyklarynyň hukuk taýdan kadalaşdyrylyşynyň namalary, gümrük kodeksleri, kararlary, düzgünleri we beýlekiler mysal bolup biler.

Daşary ykdysady işi döwlet kadalaşdyrylyşynyň degerli zerurlygy ähli ösen ýurtlaryň hojalygy ýörediş tejribesi bilen tassyklanyldy.

Daşary ykdysady işi (DYI) döwlet kadalaşdyrylyşy – bu milli ykdysadyýetiň bähbitlerine DYI-ni kämilleşdirmäge ýardam berýän kanunçylyk, ýerine ýetirijilik we gözegçilik häsiýetli çäreleriň ulgamydyr. DYI-niň döwlet kadalaşdyryşynyň maksady ähli derejelerde daşary ykdysady işiň netijeliligini üpjün edýän hukuk, ykdysady we guramaçylyk şertlerini döretmekden ybaratdyr.

Daşary ykdysady işiň döwlet kadalaşdyrylyşy milli ykdysadyýetiň beýleki ulgamlarynyň kadalaşdyrylyşy bilen deňeşdirilende özüniň özboluşlylygyna eýedir. Ol her bir döwletiň dünýä söwdasynyň halkara kadalaryny we ýörelgelerini hasaba almagynyň zerurlygy bilen şertlendirilýär. Döwlet kadalaşdyrylyşynyň çäreleri, bir tarapdan, milli eksporty giňeltmegiň we halkara kooperasiýalarynyň görnüşlerini

ösdürmegiň islegi, beýleki tarapdan, halkara maliýe institutlarynyň düzgünleri bilen kesgitlenilýär.

Türkmenistanda DYI-ni kadalaşdyrmagyň predmeti aşakdakylardyr:

– milli bähbitleriň goragy;

– milli eksport edijileri höweslendirmek;

– dünýä bazarlarynda milli eksport edijileriň ornuny pugtalandyrmak üçin guramaçylyk çärelerini amala aşyrmak;

– milli ykdysadyýete daşary ýurt maýasyny çekmek, milli ykdysadyýete daşary ýurt maýa goýumlarynyň artyşyna ýardam bermek üçin şertleri döretmek.

Umumy görnüşde daşary ykdysady işleri kadalaşdyrmagyň usullaryny iki topara bölmek bolar:

– amala aşyrylýan halkara amallary üçin pul ýygymlaryny kesgitlemäge esaslanýan tarifler; importa we eksporta gümrük paçlary;

– mukdar görnüşini kabul edýän tarif däl ýa-da gymmatlyklarynyň hereketiniň baha çäklendirmesi – kwotasyny kesgitlemek, eksport çäklendirmeleri, eksport subsidiýalary, demping, halkara kartelleri, ykdysady jerime.

Milli döwlet daşary söwda syýasaty daşary söwda işiniň gümrük tarif (import we eksport gümrük tarifleriniň ulanylmagy) we tarif däl kadalaşdyrylyşynyň (hususan-da ygtyýarlaşdyrmak) kömegi arkaly amala aşyrylýar.

**Kadalaşdyryşyň tarif usullary**

Söwda syýasatynyň we içerki bazaryň harytlarynyň dünýä bazary bilen özara gatnaşygynda döwlet kadalaşdyrylyşynyň guraly bolup gümrük tarifi çykyş edýär.

Gümrük tarifi – bu gümrük serhediniň üstünden geçirilýän harytlaryň we dünýä tejribesinde kabul edilen harytlaryň klassifikasiýanyň ulgamy esasynda DYI-niň nomenklaturasyna laýyklykda ulgamlaşdyrylan harytlaryň ulanylýan gümrük ýygymlarynyň möçberleriniň umumy jemi. Gümrük tarifini ulanmagyň maksatlary şu aşakylardan ybaratdyr:

– importyň haryt gurluşyny kadalaşdyrmak;

– eksport bilen importyň, walýuta girdejileri bilen çykdajylaryň kadaly gatnaşygyny saklamak;

– strategik ösüşe laýyklykda önümçiligiň we sarp edilýän harytlaryň gurluşyny üýtgetmek üçin şertleri döretmek;

– daşary ýurt bäsleşiginiň ýaramaz täsirinden ykdysadyýeti goramak;

– Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetine netijeli goşulyşmagy üçin şertleri üpjün etmek.

Täsir usullary daşary ykdysady işe täsir etmäge hem, býujeti emele getirmegiň goşmaça çeşmesi bolmaga hem mümkinçilik berýär. Eksport we import amallarynyň tarif kadalaşdyrylyşynyň manysy 6.6.3-nji tablisada berlendir.

*6.6.3-nji tablisa*

**Eksport we import amallarynyň tarif kadalaşdyrylyşy**

| Ady | Manysy | Ýöretmegiň maksady | Içerki bazara täsiri |
|---|---|---|---|
| Importa gümrük pajy | Gümrük gullugynyň gözegçiligi bilen getirilýän gymmatlyklardan alynýan döwlet pul ýygymy | Içerki bazary daşary ýurtly önüm iberijileriň bäsleşiginden goramak | Harydyň içerki bahasy galýar we dünýä bahasyndan ýokary bolmagy mümkin |
| Eksporta gümrük tarifi | Gümrük gullugynyň gözegçiligi bilen äkidilýän gymmatlyklardan alynýan döwlet pul ýygymy | Eksportyň köplüginiň, býujetiň üstüniň ýetirilmeginiň hasabyna içerki bazarda sarp edilişi belli bir derejede saklamak, ýetmezçiligiň öňüni almak | Dünýä derejesinde önümiň içerki bahasyny saklamak, ýetmezçilikden başga |

Gümrük tarifleri gümrük pajy salynýan harytlaryň we paçlaryň ululygynyň sanawyny özünde jemleýär. **Gümrük paçlary – bu ýurduň serhedinden geçirilýän harytlardan, gymmatlyklardan,**

**emläkden gümrük edaralary tarapyndan alynýan döwlet pul ýygymlary (salgytlar).** Gümrük paçlary kadalaşdyryjy, hasaba alyş we höweslendiriş wezipeleri ýerine ýetirýärler.

Gümrük tarifleri, adatça, milli derejede ulanylýar. Ýöne käbir halatlarda, birnäçe ýurt söwda-ykdysady topara birleşenlerinde we özleriniň gümrük birleşigini döredenlerinde tarif daşary söwdany kadalaşdyrmagyň umumy guralyna öwrülýär, ähli gatnaşyjy ýurtlar üçin olaryň üçünji ýurtlar bilen söwda gatnaşyklarynda bitewi bolup durýar.

XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrynda ösen ýurtlarda gümrük tarifiniň möçberi diýseň pes bolup, harydyň bahasynyň 6%-ine deň boldy. Tarif möçberler çig mal harytlaryna pesdir we ol milli senagaty goramak maksady bilen harytlaryň gaýtadan işleniş derejesiniň ýokarlanmagy bilen artýar.

Daşary ykdysady işi kadalaşdyrmagyň administratiw çäreleriniň hatarynda ygtyýarlylandyrmak giňden ulanylýar. Bu eksport we import harytlaryna döwlet edaralary tarapyndan berilýän ýazmaça rugsatlaryň ulgamydyr. Ygtyýarlylandyrmagyň ýoly bilen daşary söwda dolanyşygynyň mukdar kadalaşdyrylyşy amala aşyrylýar. Ygtyýarlylandyrma harytlarynyň iberilişiniň we töleg balanslarynyň deňagramlylygy, içerki bazarda islegi we teklibi kadalaşdyrmak, söwda gepleşiklerinde özara peýdalylygyň şertleşigini gazanmak maksatlarynda, şeýle hem daşary ýurtlaryň kemsidiji hereketlerine jogap çärelerini geçmek maksady bilen ulanylýar.

Daşary ykdysady, hususan-da, söwda gatnaşyklarynyň döwlet kadalaşdyrylyşynda ykdysady usullar möhüm ähmiýete eýedir. Daşary söwdany ösdürmegiň we milli häkimiýetiň durnuklylygyny pugtalandyrmagyň esaslary hökmünde eksporty höweslendirmäge esasy üns berilýär.

Olar kepillendirilen girdejini almak maksady bilen önümçilik bahalary bilen eksport bahalarynyň arasyndaky tapawudy ýapmaga býujetden berilýän goşmaça puly kompaniýalara töleg görnüşinde eksport önümçiligini gös-göni maliýeleşdirmegiň ýoly bilen amala aşyrylýar.

Eksport önümçiligini gytaklaýyn maliýeleşdirmek ýeňillikli salgyt salmagyň we karzlaşdyrmagyň ýoly bilen geçirilýär. Eksport edijilere salgydy peseltmek dürli usullar arkaly amala aşyrylýar. Kompaniýalardan, aýratyn hem ABŞ-da eksportyň we olaryň önümçiliginiň paýyna baglylykda salgytlary gös-göni peseltmek giňden ulanylýar. Ýurtlaryň köpüsinde salgyt salynmakdan alnan girdejini eksport önümçiligini ösdürmegiň ätiýaçlyk gaznasyna geçirmäge kompaniýalaryň hukugy göz öňünde tutulandyr. Ýeňillikleriň dürli görnüşliliginiň biri bolup, salgyt karzy – eksportdan alynýan peýdanyň salgytlarynyň töleginiň möhletini uzaltmak hyzmat edýär.

Eksporty karzlaşdyrmak – höweslendirmegiň giňden ýaýran görnüşleriniň biridir. Döwlet banklary kompaniýalara eksport önümçiligini ösdürmäge milli we erkin konwertirlenilýän walýutada ortaça möhletli (5 ýyla çenli) we uzak möhletli (25-30 ýyla çenli) karzlary berýär. Karzlar durnukly möçberler boýunça amatly şertlerde berilýär. Eksport edijileriň karz möçberlerini peseltmek üçin hökümet hususy banklara ýörite, goşmaça pullary (dotasiýalary) berýär.

Gytaklaýyn maliýeleşdirmegiň şeýle usullary, çig mal import edilende tölenilen eksport paçlaryny gaýtaryp bermek, şeýle hem eksport kompaniýalaryna ýokarlandyrylan bahalar boýunça döwlet buýurmalaryny bermek ýaly usullar ulanylýar.

Eksporty ätiýaçlandyrmak ugry boýunça eksport edijileri goldamak işi alnyp barylýar. Içerki ätiýaçlandyrma hökümet tarapyndan amala aşyrylýar. Ol bank serişdeleriniň hasabyna eksport önümçiligini ösdürmäge iri maýa goýumlary goýlanda töwekgelçiligiň belli bir bölegini ýapýar. Mysal üçin, geljegi bar bolan eksport işläp taýýarlamalary özleşdirýän «töwekgelçilikli kärhanalara» düýpli maýa goýumlar ätiýaçlandyrylýar. Daşary ätiýaçlandyryş halatynda döwlet ekport bilen baglanyşykly syýasy we täjirçilik töwekgelçilikleriniň belli bir bölegini öz üstüne alýar.

Karz töwekgelçiliginiň ätiýaçlandyrmasynyň milli ulgamy häzirki wagtda senagat taýdan ösen ýurtlaryň ählisinde we ösüp barýan ýurtlaryň birnäçesinde döredildi. Olarda döwlet ätiýaçlandyryş edaralary uly ähmiýete eýedir. Hususy edaralar kömekçi wezipeleri ýerine ýetirýärler.

Eksport karzlarynyň döwlet ätiýaçlandyrmasy eksporty karzlaşdyrmagyň möçberlerini we geografiýasyny kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýän daşary söwda syýasatynyň gurallarynyň biri hökmünde peýdalanylýar. Şunuň bilen birlikde birnäçe döwletiň daşary bergilerinde emele gelen çökgünlik özi bilen ätiýaçlandyryjylaryň ep-esli ýitgi çekmegine getirmegi, olary amallaryny has töwekgelçilikli bazarlara öwürmäge we şol guralyň çäkliligini görkezmäge mejbur etdi.

Daşary söwda işiniň gümrük-tarif kadalaşdyrylyşy Türkmenistanda ileri tutulýan gural bolmagynda galýar. Häzirki wagtda daşary söwdanyň kadalaşdyrylyşyny üpjün edýän belli bir kanunçylyk binýady emele geldi, munuň üçin köp sanly tarifler bar (Türkmenistanyň DYI TN 9 belgili kodlaýyn gurluşy, Gümrük kodeksi (1993 ý.), «Gümrük gullugy hakynda» Kanun (2008 ý.). Şeýle hem daşary ykdysady işi bilen meşgullanýan edara görnüşli we şahsy taraplary hasaba almagyň tertibi hakyndaky Düzgünnama kabul edildi, gümrük paçlarynyň möçberine yzygiderli gaýtadan garalyp durulýar we ş.m.

Gümrük serhediniň üstünden harytlaryň we ulag serişdeleriniň geçmeginiň bellenilen degişli gümrük düzgüni arkaly daşary söwda alyş-çalşyny (eksportyň we importyň möçberi, gurluşy we şertleri) kadalaşdyrmak boýunça maksada gönükdirilen döwlet işini Türkmenistanyň gümrük syýasaty özünde jemleýär. Onuň maksady gümrük gözegçiliginiň we gümrük çäginde haryt alyş-çalşy kadalaşdyrmagyň gurallarynyň has netijeli peýdalanylmagyny, milli bazary goramak boýunça söwda-syýasy wezipeleri durmuşa geçirmäge gatnaşmagy, ykdysadyýetiň ösüşi höweslendirmegi, Türkmenistanyň ykdysady syýasatynyň esasy wezipeleriniň durmuşa geçirilmegine ýardam bermegi üpjün etmekde jemlenýär.

Bu ýagdaýda gümrük syýasatynyň döwletiň umumy strategiýasy bilen, ýagny esasy uzak möhletleýin maksatlary we durmuş-ykdysady wezipeleri kesgitlemek, öňde goýlan wezipelere ýetmek üçin hereketiň ugruny we zerur bolan serişdeleri paýlamagy tassyklamak bilen jebis baglanyşyklydygyny bellemek gerek. Şol bir wagtda strategiki wezipeleri durmuşa geçirmegiň düzümleýin bölegi we taktiki guraly bolup durmak bilen gümrük syýasaty ykdysady strategiýa öz täsirini

ýetirýär. Şeýlelik bilen, gümrük syýasaty milli ykdysadyýeti goramak üçin, şeýle hem global ykdysadyýete goşulyşmagy mundan beýläk-de artdyrmak we çuňlaşdyrmak maksady bilen onuň gurluşynda özgertmeleriň geçirilmegine ýardam bermelidir.

Türkmenistanyň gümrük ulgamy döwletiň ykdysady özbaşdaklylygyny we howpsuzlygyny, içerki bazary, ýurtda söwdany we senagaty goramagyň baý tejribesine eýedir. Bu strategiki çäreleriň amala aşyrylmagy ýurtda geçirilýän gümrük syýasaty bilen mydama aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr.

Gümrük syýasatyny durmuşa geçirmegiň esasy serişdeleri (gurallary) bolup gümrük paçlary, ýygymlary (tarif ýa-da ykdysady kadalaşdyryş), gümrük resmileşdirilmegi we gümrük gözegçiligi, daşary söwdanyň ygtyýarlandyrylmagynyň we kwotalaşdyrylmagynyň tejribesi bilen baglanyşykly dürli görnüşli gümrük çäklendirmeleri we ýönekeýleşdirmeleri (tarif däl ýa-da administratiw kadalaşdyryş) durýar.

Häzirki wagtda gümrük işlerini resmileşdirmegiň we gümrük gözegçiliginiň kadalaşdyrylmagynyň tertibi, esasan, Türkmenistanyň Gümrük kodeksi, şeýle hem gümrük paçlaryny tölemek boýunça Düzgünnama bilen kadalaşdyrylýar. Bu Düzgünnama laýyklykda, gümrük paçlarynyň adwalor, ýörite we kombinirlenen görnüşleri ulanylýar:

– adwalor paçlar – salgyt salnan harydyň gümrük bahasyna göterimlerde hasaplanylýar;

– ýörite – salgyt salynýan harydyň birligi üçin bellenilen möçberde hasaplanylýar;

– kombinirlenilen – gümrük salgydynyň iki görnüşini hem utgaşdyrýar.

Özünde gümrük resmileşdirilişini we gümrük tölegleriniň tölenmegini jemleýän gümrük arassalaýşy Türkmenistanyň Gümrük kodeksine we gümrük paçlarynyň tölegi boýunça Düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar. Ýurtdan çykarylanda tikin önümleri, trikataž önümleri, köwüş, mata, alkogolly we alkogolsyz içgiler, tele-wideo-audio we radio enjamlary, ýeňil awtomobiller, mineral suwlar, halylar we haly önümleri, gök we bakja önümleri gümrük paçlaryny tölemekden

boşadylýar. Ýurda getirilende özleriniň sanyna garamazdan etleriň ähli görnüşi, ösümlik ýagy, günebakar ýagy, şeker, ýumurtga, otluçöp, un we däne gümrük paçlaryny tölemekden boşadylýarlar. Mundan başga hem, 2009-njy ýylyň awgustynda kabul edilen «Kiçi we orta telekeçilige döwlet goldawy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kiçi we orta telekeçilige degişli hojalygy ýörediji subýektler gümrük ýygymlarynyň töleginden boşadylýarlar.

Häzirki wagtda gümrük paçlaryndan alynýan döwlet girdejisi o diýen uly däldir. Döwlet býujetiniň girdejilerinde olaryň paýy 5%-e golaýdyr. «Kiçi we orta telekeçilige döwlet goldawy hakyndaky» Kanunyň herekete girizilmegi bilen baglanyşyklylykda kiçi we orta telekeçilige degişli hojalygy ýörediji subýektlere gümrük ýeňillikleri berilýär. Türkmenistanyň çägine girmäge rugsat berilýändigi we onuň çägi boýunça tranzit bilen geçýändigi üçin ulagyň görnüşine we onuň ýük göterijiligine baglylykda ABŞ-nyň 15 dollaryndan 150 dollaryna çenli ýygymlar alynýar. Türkmenistanyň çäginde bolmak möhletiniň 15 gününe çenli ulag serişdeleriniň eýelerinden üçünji tarapyň öňünde raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrmasy üçin ulagyň görnüşlerine baglylykda ABŞ-nyň 20 dollaryndan 150 dollaryna çenli ýygym alynýar. Tranzit ýükleriň gümrük resmileşdirmesi üçin, Türkmenistan ilkinji girilýän ýurt bolan halatynda ABŞ-nyň 10-15 dollary möçberinde ýygymlar alynýar. Ulag serişdeleriniň dezinfeksiýasy boýunça işler geçirilende ulaglaryň görnüşlerine baglylykda ABŞ-nyň 1 dollaryndan 5 dollaryna çenli ýygymlar alynýar. Türkmenistanyň çäginden geçýän we karantin astynda durýan ýükleriň gözden geçirilendigi üçin her ulagdan ABŞ-nyň 5 dollary alynýar. Ulag serişdelerini ponton köprülerinden geçirmek boýunça hyzmat üçin ulag serişdeleriniň görnüşine baglylykda ABŞ-nyň 10 dollaryndan 80 dollaryna çenli ýygym alynýar.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanda daşary ykdysady işiň döwlet kadalaşdyrylyşy eksport-import amallarynyň deňagramlylygynyň, şeýle hem eksport edijileri höweslendirmegiň we milli bähbitleri goramagyň amatly şertlerini döretmäge gönükdirilendir.

# GOŞUNDYLAR

**1-nji goşundy**

Bankar tarapyndan Türkmenistanyň
çäklerinde daşary ýurt pulunda käbir
amallary geçirmekligiň tertibi hakynda
Gözükdirijä

Ygtyýarly bankyň müşderiniň ady

______________________________________________________________

20__ýylyň «___»_______________№________hasabat

| T/B | Iş saparyna iberilýän adamyň F.A.A. | Resminamalaryň berlen senesi | Sarp edildi | | Tabşyryldy | | Artyk sarp edileni | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | |
| | | hakujy hasabatynyň belgisi we senesi | daşary ýurt pulunyň ady | möçberi | daşary ýurt pulunyň ady | möçberi | daşary ýurt pulunyň ady | möçberi |

Guramanyň ýolbaşçysynyň goly

Baş hasapçynyň goly

Möhür ýeri

**2-nji goşundy**
Banklar tarapyndan Türkmenistanyň
çäklerinde daşary ýurt pulunda käbir
amallary geçirmekligiň tertibi hakynda
Gözükdirijä

*(Güwänamanyň ýüz tarapy)*

№____________**GÜWÄNAMA**

20__ «___»__________________

Berildi__________________________________________
*(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Görkezildi________seriýasy_______belgisi _________________
Rezident däl *(gereginiň aşagyny çyzmaly)*

Müşderi tarapyndan alyndy:

Daşary ýurt pulunyň görnüşi______________________________
Möçberi (sanlar bilen)___________________________________
Möçberi (ýazuw bilen)___________________________________

---

Müşderiden alyndy:

Daşary ýurt pulunyň görnüşi______________________________
Möçberi (sanlar bilen)___________________________________
Möçberi (ýazuw bilen)___________________________________

Bankyň işgäriniň goly______ (___________________________)
*(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

2 ýylyň dowamynda hakyky.

Galplaşdyrylmagy kanun boýunça yzarlanylýar.

Başga adama bermek hukuksyz

Düzetmelere ýol berilmeýär

*(Güwänamanyň arka tarapy)*

**Güwänamanyň eýesiniň dykgatyna!**

Şu güwänama güwänamanyň ýüz tarapynda görkezilen eýesiniň Türkmenistandan ygtyýarly bankda alnan daşary ýurt puluny bellenen tertipde alyp gitmek üçin hukugyny tassyklaýan resmi nama bolup durýar.

Güwänama ygtyýarly bankdan daşary ýurt pulunyň kanuny esasda satyn alnandygyny tassyklamak üçin hyzmat edýär.

---

**Güwänamanyň pugta hasabatlylyk kagyzyny doldurmagyň tertibi**

Güwänama ygtyýarly bank tarapyndan iki nusgada (bankyň nusgasy – (güwänamanyň göçürme nusgasy) we müşderiniň nusgasy) resmileşdirilýär.

Güwänamanyň ýokarky sag burçunda ygtyýarly bankyň möhürçesi goýulýar.

Güwänamanyň pugta hasabatlylyk kagyzyny doldurmak nusga alyjy kagyz ulanylyp amala aşyrylýar.

Pulhanaçynyň goly Güwänamanyň göçürme nusgasynda syýa galam bilen aýratyn goýulýar.

Güwänamadaky we güwänamanyň göçürme nusgasyndaky ýazgylar birmeňzeş bolmalydyr.

**3-nji goşundy**
Banklar tarapyndan Türkmenistanyň
çäklerinde daşary ýurt pulunda käbir
amallary geçirmekligiň tertibi hakynda
Gözükdirijä

**Daşary ýurt pulundaky gündelik hasaby açmazdan, daşary ýurt pulunda geçirilýän serişdeleri hasaba almagyň**
**20__ «__»________üçin**
**KITABY**

| T/B | Puly geçiren ýa-da özüne pul geçirilen adam hakynda maglumatlar | | | Geçirmäniň iberilmeginiň kody | Daşary ýurt pulunyň kody | Jemi |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | F.A.Aa. | Şahsyýetine güwä geçýän resminama | Rezident/ rezident däl | | | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |

**Bellikler:**

1. 3-nji sütünde görkezilen resminama hakynda maglumatlar: onuň ady, belgisi, kim tarapyndan we haçan berlendigi görkezilýär.

2. 4-nji sütünde şahsy adamyň Türkmenistana degişliligi – rezidentligi, rezident däldigi görkezilýär.

3. 5-nji sütünde:

– daşary ýurt pulunyň daşary ýurtdan Türkmenistandaky adamyň peýdasyna geçirilýändigi;

– daşary ýurt pulunyň Türkmenistandan onuň çäklerinden daşardaky adamyň peýdasyna geçirilýändigi görkezilýär.

4. 6-njy sütünde daşary ýurt pulunyň kody Türkmenistanyň daşary ýurt pullaryny derejelendirme sanawyna laýyklykda görkezilýär.

5. 7-nji sütünde geçirilýän möçber degişli puluň bütewi birliklerde görkezilýär.

6. Gündelik daşary ýurt hasabyny açmazdan daşary ýurt pulunyň geçirilmegini hasaba almagyň kitaby ýüp bilen tikilen, sahypalary belgilenen, bankyň möhüri bilen güwä geçilen hem-de degişli adam tarapyndan gol çekilen bolmaly.

**4-nji goşundy**
Banklar tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde daşary ýurt pulunda käbir amallary geçirmekligiň tertibi hakynda Gözükdirijä

**Daşary ýurt pulundaky gündelik hasaby açmazdan, daşary ýurt pulunda geçirilýän serişdeleri hasaba almagyň 20__ «__»________üçin**

**HASABATY**

______________________________________________

**(ygtyýarly banklaryň ady)**

| Daşary ýurt pulunyň ady | Rezident bolan şahsy adamlaryň peýdasyna ýa-da tabşyrygy boýunça daşary ýurt pulunda geçirilýän amallar | | Rezident däl şahsy adamlaryň peýdasyna ýa-da tabşyrygy boýunça daşary ýurt pulunda geçirilýän amallar | |
|---|---|---|---|---|
| | geçirildi | alyndy | geçirildi | alyndy |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |

Ýolbaşçy________________(F.A.A.)
*(gol)*
Baş buhgalter________________(F.A.A.)
*(gol)*
M.Ý.
Ýerine ýetiriji________________telefony:________________
*(gol)*

**Maglumat üçin:**

Hasabat ygtyýarly banklar tarapyndan hasabat döwründen soň 10 günden gijä galman her aýda berilýär.

**5-nji goşundy**
Türkmenistanyň şäherlerinde we ilatly
ýerlerine hem-de onuň çäklerinden
daşary gulluk iş saparlary
hakynda Düzgünnama

## Türkmenistanyň çäklerinde gulluk iş saparyna ugradylýan işgärler üçin iş saparlarynyň çykdajylarynyň möçberleri

| **Çykdajylaryň görnüşleri** | **Türkmenistanyň çäklerinde** | |
|---|---|---|
| Ýaşaýyş jaýyny kireýne almak üçin çykdajylar | Aşgabat şäherinde | Hakyky çykdajylar boýunça, ýöne bir gije-gündize |
| Türkmenistanyň beýleki şäherlerinde we ilatly ýerlerinde | Hakyky çykdajylar boýunça, ýöne bir gije-gündize | |
| Gije-gündizlik | Bir gije-gündize | |

**6-njy goşundy**
Türkmenistanyň şäherlerine we ilatly
ýerlerine hem-de onuň çäklerinden daşary
gulluk iş saparlary hakynda Düzgünnama

**Türkmenistanyň çäklerinden daşary iş saparyna ugradylýan işgärlere iş saparlarynyň çykdajylarynyň** (amerikan dollary) **möçberleri**

| **№** | **Döwletler** | **Harajatlaryň öwezini dolmagyň çäkleri** | |
|---|---|---|---|
| | | bir gije-gündize jaýy kireýne almak | gije-gündizlik |
| 1 | ABŞ | 250-ä çenli | 60 |
| 2 | Albaniýa | 200-e çenli | 60 |
| 3 | Alžir | 200-e çenli | 60 |
| 4 | Andorra | 250-ä çenli | 80 |
| 5 | Angola | 200-e çenli | 60 |
| 6 | Antigua we Barbuda | 200-e çenli | 60 |
| 7 | Argentina | 200-e çenli | 60 |
| 8 | Awstraliýa | 200-e çenli | 60 |
| 9 | Awstriýa | 250-ä çenli | 80 |
| 10 | Azerbaýjan | Baku şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 11 | Bagam adalary | 200-e çenli | 60 |
| 12 | Bahreýn | 200-e çenli | 60 |
| 13 | Bangladeş | 200-e çenli | 60 |
| 14 | Bardados | 200-e çenli | 60 |
| 15 | Belgiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 16 | Beliz | 200-e çenli | 60 |
| 17 | Belarus Respublikasy | Minsk şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 18 | Benin | 200-e çenli | 60 |
| 19 | Bermud adalary | 200-e çenli | 60 |
| 20 | Beýik Britaniýa | London şäherinde 350-ä çenli, galan ýerlerde 250-ä çenli | 80 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 21 | Birleşen Arap Emirlikleri | 200-e çenli | 60 |
| 22 | Bolgariýa | 250-ä çenli | 80 |
| 23 | Boliwiýa | 200-e çenli | 60 |
| 24 | Bosniýa we Gersegowina | 200-e çenli | 60 |
| 25 | Botswana | 200-e çenli | 60 |
| 26 | Braziliýa | 200-e çenli | 60 |
| 27 | Bruneý | 200-e çenli | 60 |
| 28 | Burkina Faso | 200-e çenli | 60 |
| 29 | Burundi | 200-e çenli | 60 |
| 30 | Çad | 200-e çenli | 60 |
| 31 | Çehiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 32 | Çili | 200-e çenli | 60 |
| 33 | Daniýa | 250-ä çenli | 80 |
| 34 | Dominika Arkalaşygy | 200-e çenli | 60 |
| 35 | Dominikan Respublikasy | 200-e çenli | 60 |
| 36 | Efiopiýa | 200-e çenli | 60 |
| 37 | Ekwador | 200-e çenli | 60 |
| 38 | Ekwator Gwineýasy | 200-e çenli | 60 |
| 39 | Eritreýa | 200-e çenli | 60 |
| 40 | Ermenistan | Ýerewan şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 41 | Estoniýa | 250-ä çenli | 80 |
| 42 | Eýran | 200-e çenli | 60 |
| 43 | Fiji | 200-e çenli | 60 |
| 44 | Filippinler | 200-e çenli | 60 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 45 | Finlýandiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 46 | Fransiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 47 | Fransiýanyň deňizarka çäkleri | 200-e çenli | 60 |
| 48 | Gabon | 200-e çenli | 60 |
| 49 | Gaiti | 200-e çenli | 60 |
| 50 | Gambiýa | 200-e çenli | 60 |
| 51 | Gana | 200-e çenli | 60 |
| 52 | Gaýana | 200-e çenli | 60 |
| 53 | Gazagystan | Almaaty we Astana şäherlerinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 54 | Germaniýa | 250-ä çenli | 80 |
| 55 | Gibraltar | 200-e çenli | 60 |
| 56 | Gonduras | 200-e çenli | 60 |
| 57 | Grenada | 200-e çenli | 60 |
| 58 | Gresiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 59 | Gruziýa | Tbilisi şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 60 | Günorta Afrika Respublikasy (GAR) | 200-e çenli | 60 |
| 61 | Gwatemala | 200-e çenli | 60 |
| 62 | Gwineýa | 200-e çenli | 60 |
| 63 | Gwineýa-Bisau | 200-e çenli | 60 |
| 64 | Gyrgyzystan | Bişkek şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 65 | Hindistan | 200-e çenli | 60 |
| 66 | Horwatiýa | 200-e çenli | 60 |
| 67 | Hytaý | 200-e çenli | 60 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 68 | Hytaý (Gonkong) | 200-e çenli | 60 |
| 69 | Hytaý (Taýwan) | 200-e çenli | 60 |
| 70 | Indoneziýa | 200-e çenli | 60 |
| 71 | Iordaniýa | 200-e çenli | 60 |
| 72 | Irlandiýa | 250- ä çenli | 80 |
| 73 | Islandiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 74 | Ispaniýa | 250-ä çenli | 80 |
| 75 | Italiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 76 | Jibuti | 200-e çenli | 60 |
| 77 | Kabo-Werde | 200-e çenli | 60 |
| 78 | Kamboja | 200-e çenli | 60 |
| 79 | Kamerun | 200-e çenli | 60 |
| 80 | Kanada | 200-e çenli | 60 |
| 81 | Katar | 200-e çenli | 60 |
| 82 | Kaýman adalary | 200-e çenli | 60 |
| 83 | Keniýa | 200-e çenli | 60 |
| 84 | Kipr | 250-ä çenli | 80 |
| 85 | Kiribati Respub-likasy | 200-e çenli | 60 |
| 86 | Kolumbiýa | 200-e çenli | 60 |
| 87 | Komor adalary | 200-e çenli | 60 |
| 88 | Kongo | 200-e çenli | 60 |
| 89 | Kongo Demokra-tik Respublikasy | 200-e çenli | 60 |
| 90 | Koreýa Halk De-mokratik Respub-likasy (KHDR) | 200-e çenli | 60 |
| 91 | Koreýa Respubli-kasy | 200-e çenli | 60 |
| 92 | Kosta-Rika | 200-e çenli | 60 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 93 | Kot-d’Iwuar | 200-e çenli | 60 |
| 94 | Kuba | 200-e çenli | 60 |
| 95 | Kuweýt | 200-e çenli | 60 |
| 96 | Laos | 200-e çenli | 60 |
| 97 | Latwiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 98 | Lesoto | 200-e çenli | 60 |
| 99 | Liberiýa | 200-e çenli | 60 |
| 100 | Lihtenşteýn | 250-ä çenli | 80 |
| 101 | Litwa | 250-ä çenli | 80 |
| 102 | Liwan | 200-e çenli | 60 |
| 103 | Liwiýa | 200-e çenli | 60 |
| 104 | Lýuksemburg | 250-ä çenli | 80 |
| 105 | Madagaskar | 200-e çenli | 60 |
| 106 | Makao | 200-e çenli | 60 |
| 107 | Makedoniýa | 200-e çenli | 60 |
| 108 | Malawi | 200-e çenli | 60 |
| 109 | Malaýziýa | 200-e çenli | 60 |
| 110 | Maldiwler | 200-e çenli | 60 |
| 111 | Mali | 200-e çenli | 60 |
| 112 | Malta | 200-e çenli | 60 |
| 113 | Marokko | 200-e çenli | 60 |
| 114 | Mawrikiý | 200-e çenli | 60 |
| 115 | Mawritaniýa | 200-e çenli | 60 |
| 116 | Meksika | 200-e çenli | 60 |
| 117 | Merkezi Afrika Respublikasy | 200-e çenli | 60 |
| 118 | Moldowa | Kişinýow şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 119 | Monako | 250-ä çenli | 80 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 120 | Mongoliýa | 200-e çenli | 60 |
| 121 | Mozambik | 200-e çenli | 60 |
| 122 | Müsür | 200-e çenli | 60 |
| 123 | Mýanma | 200-e çenli | 60 |
| 124 | Namibiýa | 200-e çenli | 60 |
| 125 | Nauru | 200-e çenli | 60 |
| 126 | Niderlandlar | 250-ä çenli | 80 |
| 127 | Nepal | 200-e çenli | 60 |
| 128 | Niger | 200-e çenli | 60 |
| 129 | Nigeriýa | 200-e çenli | 60 |
| 130 | Nikaragua | 200-e çenli | 60 |
| 131 | Norwegiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 132 | Oman | 200-e çenli | 60 |
| 133 | Owganystan | 200-e çenli | 60 |
| 134 | Özbegistan | Daşkent şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 135 | Pakistan | 200-e çenli | 60 |
| 136 | Palau adasy | 200-e çenli | 60 |
| 137 | Palestina | 200-e çenli | 60 |
| 138 | Panama | 200-e çenli | 60 |
| 139 | Papua Täze Gwineýa | 200-e çenli | 60 |
| 140 | Paragwaý | 200-e çenli | 60 |
| 141 | Peru | 200-e çenli | 60 |
| 142 | Polşa | 250-ä çenli | 80 |
| 143 | Portugaliýa | 250-ä çenli | 80 |
| 144 | Puerto-Rika | 200-e çenli | 60 |
| 145 | Ruanda | 200-e çenli | 60 |
| 146 | Rumyniýa | 250-ä çenli | 80 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 147 | Russiýa Federa-siýasy | Moskwa we Sank-Peterburg şäherlerinde 200-e çenli, galan ýerlerde 150-ä çenli | 80 |
| 148 | Salwador | 200-e çenli | 60 |
| 149 | Samoa | 200-e çenli | 60 |
| 150 | San-Marino | 250-ä çenli | 80 |
| 151 | San-Tome we Prinsipi | 200-e çenli | 60 |
| 152 | Saud Arabystany | 200-e çenli | 60 |
| 153 | Senagal | 200-e çenli | 60 |
| 154 | Sent-Lýusiýa | 200-e çenli | 60 |
| 155 | Serbiýa we Çer-nogoriýa | 200-e çenli | 60 |
| 156 | Sýerra-Leone | 200-e çenli | 60 |
| 157 | Seýşel adalary | 200-e çenli | 60 |
| 158 | Singapur | 200-e çenli | 60 |
| 159 | Siriýa | 200-e çenli | 60 |
| 160 | Slowakiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 161 | Sloweniýa | 250-ä çenli | 80 |
| 162 | Solomon adalary | 200-e çenli | 60 |
| 163 | Somali | 200-e çenli | 60 |
| 164 | Şri Lanka | 200-e çenli | 60 |
| 165 | Sudan | 200-e çenli | 60 |
| 166 | Surinam | 200-e çenli | 60 |
| 167 | Swazelend | 200-e çenli | 60 |
| 168 | Şwesiýa | 250-ä çenli | 80 |
| 169 | Şweýsariýa | 250-ä çenli | 80 |
| 170 | Taýland | 200-e çenli | 60 |
| 171 | Täjigistan | Duşanbe şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 172 | Tanzaniýa | 200-e çenli | 60 |
| 173 | Täze Kaledoniýa | 200-e çenli | 60 |
| 174 | Täze Zelandiýa | 200-e çenli | 60 |
| 175 | Togo | 200-e çenli | 60 |
| 176 | Tongo | 200-e çenli | 60 |
| 177 | Trinidad we Tobago | 200-e çenli | 60 |
| 178 | Tunis | 200-e çenli | 60 |
| 179 | Türkiýe | 150-ä çenli | 60 |
| 180 | Uganda | 200-e çenli | 60 |
| 181 | Ukraina | Kiýew şäherinde 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |
| 182 | Urugwaý | 200-e çenli | 60 |
| 183 | Wanuatu | 250-ä çenli | 80 |
| 184 | Wenesuela | 200-e çenli | 60 |
| 185 | Wengriýa | 250-ä çenli | 80 |
| 186 | Wýetnam | 200-e çenli | 60 |
| 187 | Yrak | 200-e çenli | 60 |
| 188 | Ysraýyl | 200-e çenli | 60 |
| 189 | Ýamaýka | 200-e çenli | 60 |
| 190 | Ýaponiýa | Tokio şäherinde 350-ä çenli, galan ýerlerde 250-ä çenli | 80 |
| 191 | Ýemen | 200-e çenli | 60 |
| 192 | Zambiýa | 200-e çenli | 60 |
| 193 | Zimbabwe | 200-e çenli | 60 |
| | Sanawda görkezilmedik beýleki döwletler | Paýtagtlarda 150-ä çenli, galan ýerlerde 100-e çenli | 60 |

**7-nji goşundy**

## Nagt walýutalary we ýol çeklerini almak üçin arza Заявление на получение наличной валюты и дорожных чеков

Müşderiniň ady/*Наименование клиента* ______________________

belgili hasapdan almak/*Получение со счета №* [ ][ ][ ][ ][ ][ ][ ][ ][ ][ ][ ][ ]

Alyjy (familiýasy, ady, atasynyň ady)/ *Получатель(фамилия имя отчество)* ______________________

Pasport maglumatlary : tapgyry/ *Паспортные данные: серия* _______belgisi/№____
berlen senesi / дата выдачи ____________berlen ýeri/*место выдачи*____________
kim tarapyndan berildi / *кем выдан*________________________

Walýutanyň şertli belgisi(gerek dälini çyzmaly)
*Код валюты (ненужное зачеркнуть )*

| TMM | RUR | JPY | USD | GBP | CHF | EUR |
|---|---|---|---|---|---|---|

Başga walýuta /*Другая валюта* ____

Alynmaga degişli puluň jemi (ýazmaça)/сумма к получению прописью

Alynmaga degişli pullaryň jemi san bilen/
*Сумма к получению цифрами:*

| Çykdajylaryň maddalary/ *Статья Расхода* | çykdajynyň maksatlary/ *Цели расхода* | jemleri/*суммы* |
|---|---|---|
| ...................... | ...................... | ...................... |
| ...................... | ...................... | ...................... |
| ...................... | ...................... | ...................... |
| ...................... | ...................... | ...................... |
| ...................... | ...................... | ...................... |
| ...................... | ...................... | ...................... |
| ...................... | ...................... | ...................... |
| ...................... | ...................... | ...................... |
| ...................... | ...................... | ...................... |
| Jemi/*Итоги* | | |
| Goşmaça resminamalary/*Документы в приложении* | | |

M.Ýe./*М.П.*

B.G/*П.П.*

Müşderiniň goly/
*Подписи клиента*

I.G/*В.П.*

Alyjynyň goly
*Подпись получателя*

Amallar işgäriniň goly
*Подпись операциониста*

Barlagçynyň goly
*Подпись*

Pulhanaçynyň goly/

**8-nji goşundy**
Türkmenistanyň şäherlerine we ilaty
ýerlerine hem-de onuň çäklerinden
daşary gulluk iş saparlary hakynda
Düzgünnama

## IŞ SAPARYNYŇ ŞAHADATNAMASY

| | |
|---|---|
| Burç möhürçesi<br><br>№__________<br>“__” ______20_ý<br><br>M.Ý. | ____________________________________________<br>*(şahadatnamany beren guramanyň ady)*<br>_______________________________üçin<br>*(iş saparynyň maksady)*<br><br>gulluk iş saparyna ugradylan_____________________________<br>*(iş saparyna ugradylýan işgäriň wezipesi, A.,A.a.F.)*<br>Iş saparynyň möhleti “_______” gün.<br>Esas: 20_ý. _______aýynyň “____” __-nji _____buýruk<br><br>Iş saparynyň şahadatnamasy: ______№__________,<br>____________________________________________<br>*(pasporty beren guramanyň ady)*<br>tarapyndan berlen pasportyny görkezende hakykydyr.<br>“_______” _______________20 _ý.<br>Guramanyň, kärhananyň<br>ýolbaşçysynyň goly |

*Iş saparynyň şahadatnamasynyň arka tarapy*

**Iş saparyna gitmek, iş ýerine gelmek, bolmaly wagt we möhletler barada bellikler**

| | |
|---|---|
| ________________________ gitdi<br>“_____” ________________20 ý.<br><br>möhür gol | ________________________ gitdi<br>“_____” ________________20 ý.<br><br>möhür gol |
| ________________________ gitdi<br>“_____” ________________20 ý.<br><br>möhür gol | ________________________ gitdi<br>“_____” ________________20 ý.<br><br>möhür gol |
| ________________________ gitdi<br>“_____” ________________20 ý.<br><br>möhür gol | ________________________ gitdi<br>“_____” ________________20 ý.<br><br>möhür gol |
| ________________________ gitdi<br>“_____” ________________ 20 ý.<br><br>möhür gol | ________________________ gitdi<br>“_____” ________________ 20 ý.<br><br>möhür gol |

**Bellik:** Iş sapary bilen birnäçe ýere barylanda, baran we gaýdan ýerleriniň her birinde aýratyn bellikler edilýär.

**9-njy goşundy**

Türkmenistanyň şäherlerinde we ilatly
ýerlerine hem-de onuň çäklerinden
daşary gulluk iş saparlary
hakynda Düzgünnama

**Iş saparyna gidýän işgärleriň hasaba alynýan kitaby**

| Ýazgynyň belgisi we senesi | Iş saparyna iberilen adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady | Iş saparyna iberilen adamyň wezipesi | Iş saparyna ibermek hakyndaky buýrugyň belgisi we senesi | Iş saparynyň şahadatnamasynyň belgisi we senesi | Iş saparyna giden senesi | Iş saparynyň möhleti | Gelen senesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |

**10-njy goşundy**

Türkmenistanyň şäherlerine we ilatly
ýerlerine hem-de onuň çäklerinden
daşary gulluk iş saparlary
hakynda Düzgünnama

**Iş saparyna gelýän işgärleriň hasaba alynýan kitaby**

| Ýazgynyň belgisi we senesi | Iş saparyna iberilen adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady | Iş saparyna iberilen adamyň wezipesi | Iş saparyna ibermek hakyndaky buýrugyň belgisi we senesi | Iş saparynyň şahadatnamasynyň belgisi we senesi | Iş saparyna giden senesi | Iş saparynyň möhleti | Gelen senesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |

**11-nji goşundy**
Türkmenistanyň şäherlerine
we ilaty ýerlerine hem-de
onuň çäklerinden daşary
gulluk iş saparlary hakynda
Düzgünnama

Gurama____________________________
Bölüm_____________Wezipesi___________ №____________
Seh__________________Käri______________ 20___nj___ý____aýynyň_____
F.A.A.______________________________________
20__nj___ýylyň_________aýynyň___________hakujy hasabaty

Hakujunyň niýetlenişi____________________________________

| | Puluň möçberi | Hasabat barlandy<br>Bölüm_____§____madda______ |
|---|---|---|
| Öňki hakujyndan galyndy | | Tassyklanmaga<br>_________manat______teňňe |
| Artyk harçlanany | | |
| Alyndy (kimden) | | Hasapçy |
| 1. | | 20__nj_ ýylyň_____aýynyň____ |
| 2. | | Aşakdaky möçberdäki hasabaty tassyklaýaryn |
| 3. | | |
| Jemi alnany<br>Harçlanany<br>Galyndy<br>Artyk harçlanany | | |
| Goşundy___resminama | | Gol<br>20__nj___ýylyň____aýynyň____ |

| Debet | | |
|---|---|---|
| hasap | kart | pul möçberi |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| Kredit | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| Hasapçy<br>Resminamalaryň sanawy<br>(arka tarapyna seret) | | |

Hakujy hasabatynyň arka tarapy

| Senesi | Resminamanyň tertip belgisi | Kime, näme üçin we haýsy resminama boýunça | Pul möçberi | | Debet | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | hasap | kart |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | Hemmesi | | | | |

Hasabat berýän işgäriň goly_________________________________

# ADALGALAR

**Awal** – bankyň zamunçylygy, kepil geçmegi netijesinde, zamunçy bolan tarapyň wekseli tölemek boýunça onuň eýesiniň öňündäki jogapkärçiligi.

**Awizo** – belli bir görnüşli tabşyryklaryň amala aşyrylandygyny tassyklaýan (amallaryň geçirilendigi, özara hasaplaşyklaryň ýagdaýlary üýtgänligi barada) poçta ýa-da telegraf arkaly resmi habarnama (mälim etmeklik).

**Awizo** – pul serişdelerini kabul etmek ýa-da aýyrmak boýunça hasaplaşyk amalynyň ýerine ýetirilişini mälim edýän bank haty.

**Awuarlar** – döwletiň daşary ýurtlaryň hasaplarynda saklaýan gyzyl pul serişdeleri (daşary ýurtlaryň aragatnaşykçy banklarynda)

**Akkredetiw** – resminamada görkezilen şertlere laýyklykda (belli bir edara görnüşdäki ýa-da şahsy adam tarapyndan) kesgitli möçberde puly tölemeklik barada tabşyrygy öz içine alyp görkezýän maliýe resminamasy.

**Akkredetiw** – resminamada görkezilen şertlere laýyklykda kesgitli möçberde puly tölemeklik barada tabşyrygy öz içine alyp görkezýän maliýe resminamasy.

**Aksept. Tölege razyçylyk** (*lat. acceptus – kabul edilen*) – töleýjiniň kesgitlenen möhletde töleg üçin çykarylan hasaby, geçirilýän wekseli, töleg boýunça beýleki talaplary kanagatlandyrmak barada borçnamasy (razyçylygy hakynda subutnamasy). Aksept töleg tabşyrygynda «akseptlenen» ýazgy görnüşinde we gol bilen resmileşdirilýär. Resminama akseptlenen diýlende töleýjiniň (bankyň) ony tölemäge razydygyny aňladýar.

**Akseptden boýun gaçyrmak** – töleýjiniň dykgatyna, esasan hem töleg talapnamalary boýunça, doly ýa-da bölekleýin tölegleri geçirmek üçin, berlen hasaplara, hasaplaşyk resminamalara onuň ýazuw üsti bilen resminama arkaly närazylygyny bildirmekligi.

**Aksept karzy** – razylaşylan ýa-da importýoryň bankynyň eksportýoryň trattasyny tölemeklige razylyk beren ýagdaýynda ulanylýan karz. Bu ýagdaýda tölegiň möhleti dolmazdan öň importýor berginiň jemini banka

töleýär, bank bolsa öz möhletinden öň importýoryň eksportýoryň öňündäki borçnamalaryny üzýär.

**Aksept karzy** – razylaşylan ýa-da importýoryň bankynyň eksportýoryň trattasyny tölemeklige razylyk beren ýagdaýynda ulanylýan karz. Bu ýagdaýda tölegiň möhleti dolmazdan öň importýor berginiň jemini banka töleýär, bank bolsa öz möhletinden öň importýoryň eksportýoryň öňündäki borçnamalaryny üzýär.

**Akseptant/Asseptor** – islendik söwda we hyzmat ediş edara, ol öz adyndan ýa-da öz ulgamynyň adyndan pul resminamalary boýunça haryt ýa-da hyzmatlar üçin elektron pullaryň üsti bilen pul tölemekligi tassyklaýar (akseptlemek).

**Auditukyplylyk/ Auditabiliti** – ulgamyň talaba laýyk işlemegini kesgitlemek mümkinçiligi. Auditukyplylygyň aspektleriniň biri bolup, dolandyrmagyň ulgamy we onuň düzümi, alnyp barylýan işleri, dolandyrmagyň serişdeleri baradaky gerekli bilimi degişli resminama arkaly üpjün etmekden ybaratdyr. Auditukyplylygyň beýleki wajyp aspektleriniň biri, ulgamyň bitewüligini we olar barada maglumatlary öz içine alýan ähli üýtgeşmeleri ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Ýygnalan maglumatlar: «kim?» «nirede?» we «haçan?» diýen soraglara jogap bermeli.

**Auksion** – haýsydyr bir haryt, karzlar, gyzyl pul we gymmatly kagyzlar bilen söwdalaşyk geçirmeklik usuly. Ýokarlanyp (Iňlis) we aşaklanyp bilýän (Golland) hem-de kesgitli nyrh esasynda geçirilýän söwda.

**Amortizasiýa** – esasy gaznalaryň gymmatlyklaryny öndürilen önümleriň nyrhyna kem-kemden geçirmek iş hereketi.

**Ätiýaçlyk pul** – Türkmenistanyň daşary söwda işinde ulanýan erkin ýörgünli pulunyň (halkara amallarynda çäklendirilmesiz çalşylýan) esasy görnüşleri.

**Altyn standarty** – pul ulgamy bolmak bilen, ol altynyň esasy pul metaly bolmagyna esaslanýar. Bu ulgam erkin bäsleşikli kapitalizm döwrüne häsiýetlidir. XIX asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap altyn dünýä pulunyň ýeke-täk görnüşi hökmünde ykrar edilýär.

**Altyn-walýuta ätiýaçlyklary, gorlary** – döwlete degişli bolan daşary ýurt walýutasynyň we altynyň ätiýaçlyklary. Olar resmi altyn-walýuta ätiýaçlyklary diýlip atlandyrylýar we ýurduň merkezi bankynda, beýleki maliýe edaralarynda, halkara walýuta gaznasynda saklanylýar. Resmi altyn-walýuta ätiýaçlyklary ýurduň halkara maliýe borçnamalary boýunça tölege ukyp-

lylygyny üpjün etmek üçin niýetlenendir. Altyn-walýuta ätiýaçlyklarynyň beýleki wezipesi ýurduň makroykdysady ýagdaýyna täsir etmekden ybaratdyr. Munuň üçin döwlet ýurduň içerki walýuta bazarynda daşary ýurt walýutasynyň satylmagyny we satyn alynmagyny amala aşyrýar.

**Alyş-çalyş amallary** – bir puluň başga bir pula çalşylmagy, ýagny daşary ýurt pulunyň milli pula (konwertirlenmegi) we özleri babatda alyş-çalşyň deňeçerligini bahalandyrmagyň ýa-da puluň hümmetiniň üsti bilen bellenilýän başga daşary ýurt pullaryna (konwersiýa) satyn alynmagy we satylmagy.

**Alyş-çalyş nokady** – daşary ýurt nagt puly bilen alyş-çalyş amallaryny geçirmek üçin ýörite enjamlaşdyrylan ýer.

**Açyk gysga pul ýagdaýy** – satylan we (ýa-da) harç edilen pul boýunça passiwleriň we borçlaryň aktiwlerden we oňa bolan talaplardan ýokarlanmagy (şol pul boýunça ýetmezçiligiň emele gelmegi).

**Açyk uzyn pul ýagdaýy** – satyn alnan we (ýa-da) gazanylan pul boýunça aktiwleriň we talaplaryň passiwlerden we borçlardan ýokarlanmagy (puluň gelýän akymynyň onuň gidýän akymyndan ýokarlanmagy, puluň satyn alnyşynyň we (ýa-da) gazanylyşynyň onuň satylyşyndan we (ýa-da) harç edilişinden ýokarlanmagy).

**Baha** – harydyň gymmatynyň pul bilen aňladylmagy. Gymmaty pul bilen ölçemek üçin puluň nagt bolmagy hökman däldir. Biržada walýuta, gymmat bahaly kagyzlara goýlan kurs.

**Bahalaryň masştaby** – döwlet tarapyndan pul birliginde bellenen (hasaba alnan) pul metalynyň agram mukdaryna esaslanýan pul birlikleriniň gymmatyny aňlatmak derejesi.

**Bank** (*ital. banco – oturgyç*) – edara görnüşli we şahsy taraplaryň wagtlaýyn boş duran pul serişdelerini toplaýan, pul serişdelerini möhletlilik, yzyna gaýtarmaklyk we töleglilik şertleri bilen karzyna berýän, dolanyşyga pullaryň goýberilişini, hasaplaşyk amallary we gymmatly kagyzlar bilen amallary alyp barýan aýratyn institutlar. Haryt-pul gatnaşyklarynyň ösüşiniň esasynda emele gelýär we dürli jemgyýetçilik-ykdysady görnüşlerinde hereket edýär.

**Bank amallary** – pul serişdelerini çekmek (passiw amallary) hem-de olary ýerleşdirmek (aktiw amallary) boýunça, dolanyşyga pullary goýbermek we çykaryp almak, hasaplary amala aşyrmak we ş.m. boýunça bankyň amallary.

**Bank depozitleri** – goýum görnüşinde banka goýulýan goýumlar, pul serişdeleri, olar boýunça bank göterim töleýär.

**Bank emitenti** – eksportýora akkreditiw açylan tarap.

**Bank goýumlary** – bank serişdelerini uzak möhlete goýmak.

**Bank göterimi** – bir tarapdan, bank işgäri tarapyndan karzyna alnan pullar, beýleki tarapdan karz alyjy müşderiniň bankdan alan pullary üçin tölegleri.

**Bank karzlary** – bank tarapyndan belli bir möhletde, yzyna gaýtarmak we karz göterimini tölemek şerti bilen berilýän karz pul.

**Bank kepili** – pul ýa-da beýleki borçnamalary ýerine ýetirmek üçin müşderä ýa-da başga bir tarapa kepil geçiji bank tarapyndan arka durulmagy, kepil geçmegi.

**Bank konsorsiumy** – bu banklaryň topary, ol wagtlaýynça has iri banklaryň biri konsorsiumyň başy bilen bilelikdäki karz amallaryny geçirmek we karz alyjynyň tölege ukypsyzlygy netijesinde bolaýjak ýitgilerini peseltmek maksady bilen döredilen. Karz alyjy üçin bank konsorsium bilen hyzmatdaşlyk, köplenç, karzyň möhletini uzaltmaklygy ýönekeýleşdirýär.

**Bank maýasy** – 1) banka çekilen pul maýasynyň jemi, ýagny bank serişdeleri; 2) bankyň maýasynyň az bölegini tutýan banklaryň hususy maýasy (ustaw, ätiýaçlyk we ş.m.)

**Bank öýleri** – çäklendirilmedik jogapkärçilik bilen şereketlere birikdirýän aýry bankçylara ýa-da bankçylaryň toparyna degişli bolan hususy banklar. Häzirki wagtda käbir bank öýleri maliýe-senagat toparlarynyň ştab-kwartiralary bolup çykyş edýärler, iri bank konsernlerine we halkara bank birleşiklerine girýärlerdir.

**Bank serişdeleri** – bankyň ygtyýaryndaky we olar tarapyndan karz we bankyň beýleki aktiw amallarynda ulanylýan serişdeleriň jemi. Serişdeleriň düzümi banklaryň aýratynlyklaryna bagly hususy we çekilen serişdelerdir.

**Bank syry** – 1) müşderiniň hasaplarynyň ýagdaýy we olar boýunça geçirilýän amallar barada aýdylmaga rugsat edilmeýän maglumatlar; 2) täjirçilik syryň bir görnüşi, bäsdeşlerden goranmak maksady bilen geçirilýän amallar barada maglumatlary beýleki banklardan ýaşyrmak.

**Bank ulgamy** – bitewi maliýe-karz mehanizminiň çäginde hereket edýän özara baglanyşykly banklaryň dürli görnüşleriniň we beýleki karz

edaralarynyň toplumy. Iki derejeli bank ulgamynda birinji derejede Merkezi bank (ABŞ-da – federal karz ulgamy), ikinji derejede täjirçilik banklaryň we beýleki hasaplaşyk-karz guramalaryň tory çykyş edýär.

**Bankdaky gaýry hasaplar** – bankdaky gündelik, daşary ýurt walýutasynyň hasapnamalaryndan beýleki hasaplar. Mysal üçin, akkreditiw hasapnamasy.

**Bankdaky maýa goýum serişdeleri üçin hasaplar** – hasaplar meýilnamasynyň V bölümine degişli buhgalter hasapnamasy.

**Banklaryň banky** – Merkezi bank – beýleki banklaryň we maliýe-karz institutlarynyň işine gözegçilik edýän we olara garanda karz berýän we depozitleri, ätiýaçlyklary saklaýan bankyň ornuny ýerine ýetirýär.

**Banknotlar** (*iňl. bank – note*) – ýurtda dolanyşyga goýberilýän bank biletleri, dürli gymmatlykdaky pul belgileri.

**Banko** (*ital. – banco*) – bankyň gymmatly kagyzlary satyn alýan we satýan kursy.

**Bankomat** – goýumçynyň öz hasabyndan pul almaga mümkinçilik berýän maşyn.

**Bankyň aksepti** – bankyň razylygy bilen töleg resminamalaryna kepil geçip ýazgy görnüşinde resmileşdirip tölemeklik amaly.

**Bankyň düýpli maýasy** – 1) banka çekilen pul maýasynyň jemi, ýagny bank serişdeleri; 2) bankyň maýasynyň az bölegini tutýan banklaryň hususy maýasy (ustaw, ätiýaçlyk we ş.m.)

**Bek-Ofis/ Bask Offis** – şereketleriň bir bölegi, geçirilen geleşiklere degişlilikde jogapkärçilik çekmek. Bek-ofis kärhanasynyň guramaçylyk düzümine görä, ol müdirlikden ýa-da köpdürli düzümleýin böleklerden ybarat bolup bilýär (resminama bilen baglylykda, töwekgelçiligi dolandyrmak, hasaba almak we hasaplaşyk bilen baglylykda). Käbir şereketler bek-ofise degişli bu borçlary birikdirýärler.

**Balans ulgamy/Balanse-based system** – elektron pullaryň ulgamy, bu ýerde elektron pul serişdeleri san bilen aňladylýan hasap kitapçasy bolan guralda saklanylýar, şol ýerde amallaryň debet we kredit galyndylary ýazgysy görnüşde görkezilýär.

**Benefisiar eýeçiligi** – gymmat bahaly kagyzlara ýa-da beýleki maliýe guralyna eýeçiliginden käbir ýa-da ähli artykmaçlyklara hukuga eýe bolmak (mysal üçin, girdejä, ses bermek hukugyna, geçirme hukugyna). Benefisiar

eýeçiligini, adatça gymmat bahaly kagyzlara ýa-da maliýe guralyna kanuny eýeçiliginden bölüp aýyrýarlar.

**Barrel** (*iňl. barrel – çelek*) – ABŞ-da, Beýik Britaniýada we käbir beýleki ýurtlarda suwuk maddalaryň gymmatynyň hem-de göwrüminiň ölçeg birligi; akýan maddalar üçin iňlis barreli 163,65 litr, ABŞ-da nebitiň bir barreliniň göwrümi 159, l litre deňdir. Dünýä bazarynda nebitiň bahasy barrelde kesgitlenilýär.

**Barter** (*iňl. barter – walýutasyz alyş-çalyş*) – harytlaryň walýutasyz alyş-çalyş edilmegi. Haryt alyş-çalşygynyň bu görnüşinde haýsy hem bolsa belli harytlar başga bir harytlara çalşylýar. Bu ýagdaýda walýuta diňe şol harytlaryň bahasyny kesgitlemek we deňeşdirmek üçin zerur bolýar.

**Barter alyş-çalşygy** (*iňl. barter – walýutasyz alyş-çalyş*) – harytlary walýutasyz alyş-çalyş etmek. Harytlaryň pula däl-de, başga harytlara alyş-çalyş edilmegi dürli sebäplere görä amala aşyrylyp bilner. Olaryň esasylarynyň biri walýuta ýetmezçiligi bolup biler.

**Barter amallary** (*iňl. barter – walýutasyz alyş-çalyş; lat. operation – hereket, ädim*) – harytlaryň belli bir görnüşleriniň başga görnüşdäki harytlara çalşylmagy bilen baglanyşykly ýüze çykýan hereketler.

**Batmak** (*ital. banko-oturgyç we rotto-döwlen*) – bergidaryň öz borçlary boýunça tölemäge, töleg üçin onda pul serişdeleriniň ýoklugy sebäpli bergileri gaýtarmaga ukypsyzlygy. Kärhanalaryň batmagy, köplenç uzak wagtyň dowamynda olaryň çykdajylary ýitgileri ýapmaga çeşmeleriniň ýoklugy sebäpli girdejilerinden artan ýagdaýynda ýüze çykýar. Kärhana bergidar hökmünde ýagdaýsyz we karz berijiler bilen hasaplaşmaga kazyýetiň çözgüdinden soň resmi taýdan ukypsyz diýip hasaplanylýar. Eger öz ýagdaýsyzlygy barada kazyýete arza bilen bergidar ýüz tutsa, onda batmak meýletin diýlip hasaplanýar. Eger kazyýete bergileri yzyna gaýtarylmadyk ýagdaýda karz berijiler arza bilen ýüz tutsalar, onda batmaklyk mejbur diýlip hasaplanýar. Kazyýetiň çözgüdi boýunça ýagdaýsyz kärhana gaýtadan dikeldilip bilinýär, ýagny batan ýagdaýyndan çykmaga oňa möhlet berilýär.

**Batyp galmak** (*ital. bancorotto*) – maliýe amallaryny ýerine ýetirmäge ýagdaýy bolmadyk bergidar. Edara görnüşli ýa-da şahsy tarap tölemäge talap edilen we möhletinde tölenmedik berginiň jemi gozgalýan we gozgalmaýan emlägiň resmileşdirilen gymmatyndan artan ýagdaýynda bankrot diýlip yglan edilýär.

**Benefisiar** (*fr. benefice – girdeji, peýda*) – puly, girdejini, peýdany, pul tölegini almaga hukugy bolan tarap.

**Brutto** – 1) harydyň gaby bilen agramy; 2) çykdajylary tutup alynmadyk jemi girdeji.

**Bank multiplikatory** – täjirçilik banklarynynyň goýum hasabyndaky pullaryň, bir täjirçilik bankyndan, beýleki banka tarap hereket edýän döwründe olaryň köpelmek (multiplikasiýa) hadysasy.

**Bank güni** – bankda müşderileri kabul etmek we olara hyzmat etmek, bank amallaryny ýerine ýetirmek üçin bölünip berilýän döwür.

**Çek** – gymmatly kagyzlaryň bir görnüşi. Belli bir ülňi boýunça kesgitlenen pul resminamasy bolup, töleýjiniň öz bankyna ýazmaça beren buýrugydyr, onuň hasabyndan buýruga eýe çykana pul jemini tölemek.

**Çek** – töleýjiniň özüne hyzmat edýän bankyna ýazmaça görkezmesi bolup, onda özüniň hasabyndan çeki saklaýana kesgitlenen puluň jemini tölemeklige görkezme berýär.

**Çagyrylýan akkreditiw** – emitentden – bank tarapyndan, üpjün edijiniň öňünden razyçylygyny almazdan üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilinýär.

**Dahyllylar:**

a) Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýaşaýan ýa-da Türkmenistanyň çäginden daşarda wagtlaýyn bolýan Türkmenistanyň raýatlary şahsy taraplar (şol sanda edara görnüşli taraplary döretmezden telekeçiler-şahsy taraplar), muňa daşary ýurtda ýaşamaga hukuk berýän, şol döwletiň kanunçylygyna laýyklykda berlen resminamasy bolan Türkmenistanyň raýatlary degişli däldir;

b) Türkmenistanyň çäginde ýaşamaga hukuk berýän, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda berlen resminamasy bolan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar-şahsy taraplar (şol sanda edara görnüşli taraplary döretmezden telekeçiler-şahsy taraplar);

ç) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen, Türkmenistanyň çäginde we onuň çäginden daşarda ýerleşýän edara görnüşli taraplar (olaryň şahamçalary, wekilhanalary);

d) Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary, konsullyk edaralary we Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşýän Türkmenistanyň başga resmi wekilhanalary, şeýle hem Türkmenistanyň döwletara, hökümetara, halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalary.

**Dahylsyzlar:**

a) daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda döredilen, Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşýän edara görnüşli taraplar;

b) daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda döredilen, Türkmenistanyň çäginden daşarda ýerleşýän edara görnüşli taraplar bolup durmaýan guramalar;

ç) Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän, şu bendiň «b» we «ç» kiçi bentlerinde görkezilen dahylsyzlaryň şahamçalary, wekilhanalary we beýleki aýrybaşgalanan birlikleri;

d) daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistanda akkreditirlenen diplomatik wekilhanalary, konsullyk edaralary we şol döwletleriň döwletara, hökümetara, halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalary;

e) daşary ýurt döwletleri, olaryň dolandyryş-çäk birlikleri;

ä) döwletara, hökümetara, halkara guramalary, olaryň Türkmenistandaky şahamçalary we hemişelik wekilhanalary.

**Daşary ýurt karz edaralary:**

a) Türkmenistanyň çäginden daşarda döredilen we olaryň bellige alnan döwletleriniň kanunçylygy boýunça bank amallaryny ýerine ýetirmäge hukugy bolan banklar, şeýle hem başga maliýe institutlary;

b) daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň çäginden daşarda bellige alnan we hereket edýän, bank amallarynyň islendik ýa-da aýry-aýry görnüşlerini ýerine ýetirmäge hukugy bolan, Türkmenistanyň ygtyýarly karz edaralarynyň şahamçalary, wekilhanalary.

**Daşarky resminamalar** – beýleki edaralar ýa-da kärhanalar tarapyndan düzülen resminama we beýleki kärhana gelen (hasap fakturasy, hasaplaşyk hasapnamasyndan göçürme, töleg talaby).

**Daşary berginiň restuktirizasiýalaşdyrylmagy** – ýurtlaryň daşary bergileriniň resmileşdirilen görnüşde has anyk möhletlere süýşürilmegi. Dürli sebäplere görä aýry-aýry ýurtlaryň daşary bergilerini üzmek mümkinçiligi kynlaşýar. Şeýle ýagdaýlarda özara ylalaşyk esasynda ol bergileri üzmekligiň möhletlerine gaýtadan seretmek zerurlygy ýüze çykýar.

**De-fakto** – halkara hukugynda bir döwleti ýa-da hökümeti ykrar etmegiň bir görnüşi, entek gutarnykly ykrar etmezlik.

**Defisit** – 1) çykdajynyň girdejiden artyk bolmagy; 2) ýetmezçilik.

**Deflýasiýa** (*lat. deflatio – çişi ýatyrmaklyk*) – hümmetsizlenme döwründe çykarylan artykmaç pul toplumynyň bir böleginiň dolanyşykdan aýrylmagy. Deflýasiýa, esasan, salgytlaryň ýokarlanmagy netijesinde, zähmet hakynyň ösdürilmegini aradan aýyrmak ýa-da doňdurylmagyny, döwlet gymmat bahaly kagyzlarynyň satuwynyň ýokarlanmagynyň hasabyna karz restriksiýasy ýoly bilen döwlet býujetiniň çykdajylarynyň peselmegi bilen alnyp barylýar.

**Demonetizasiýa** – altyn-kümüşiň puluň wezipesini ýerine ýetirmekden aýrylmagy. Kümüş XIX asyrda, altyn XX asyryň ortalarynda halkara dolanyşygyndan karz pullar bilen çalşyryldy. 1978-nji ýylyň 1-nji aprelinde Halkara Pul Gaznasy tarapyndan altynyň resmi bahasy ýatyryldy.

**Demping** (*iňl. demping – taşlamak, zyňmak*) – harytlaryň bazarlarda kadaly diýlip hasap edilýän bahalardan pes, kähalatlarda bolsa önümçilik harajatlaryndan hem pes, ýagny deger-degmez bahalardan hem pes bahadan satylmagy. Demping bahalary ýerlemegiň daşary bazarlaryny eýelemek we bäsdeşleri aradan aýyrmak maksady bilen peýdalanylýar. Halkara tejribesinde demping ynsapsyzlyk hereketi hökmünde kabul edilýär we halkara giňişliginde oňlanylýan çäre däldir. Şonuň üçin hem käbir ýurtlar dempinge garşy paçlary peýdalanýarlar.

**Denominasiýa** (*lat. denominatio – at çalyşma*) – bahalaryň möçberiniň üýtgemegine we köne pul belgileriniň täze görnüşlerine çalşyrylmagy arkaly milli walýutany berkitmek üçin görülýän çäreler. Şeýle hem puluň belgilenen ululygynyň kiçeldilmegidir. Türkmenistanda denominasiýa boýunça alnyp barlan işler muňa mysaldyr.

**Denonsasiýa** (*fr. denonciation, lat. denuntiatio – habar bermek*) – – şertnamadan resmi taýdan ýüz döndürmeklik, şertnamany bes etmeklik. Taraplaryň biri resmi taýdan şertnamadan ýüz döndermäge şertnamanyň möhleti dolandan soň ýüz tutup bilýär.

**Departament** – ministrligiň, ýokary döwlet edarasynyň bölümi; Fransiýada – administratiw-çäk okrugy; Amerikada – Daşary işler ministrliginiň ady.

**Deponent** *(saklamaga goýmak) (lat. deponentus – süýşürip, soňa goýmak)* – edara görnüşli ýa-da şahsy tarap; özüniň pul serişdelerini ýa-da gymmat bahaly kagyzlaryny bankda saklamaga berýän tarap. Deponirlenen möçberler bolup, köplenç, kazyýetiň ýerine ýetiriş resminamalarynyň esasynda işgärleriň zähmet hakyndan tutulyp alnan we işgärleriň wagtynda

almadyk zähmet haklary çykyş edýär. Deponirlenen möçberler, degişlilikde yzyna gaýtarylmaly, talap ediş möhleti geçenden soň döwlet býujetine geçirilmeli.

**Deponirlemek** – karz we beýleki guramalara saklamak üçin pullaryň we gymmat bahaly kagyzlaryň berilmegi, geçirilmegi.

**Depozit** (*lat. depositum – saklamaga berlen zat, emläk*) – müşderiniň serişdesini banka wagtlaýynça ulanmak üçin bermek baradaky ykdysady gatnaşyk. Depozit goýlanda göterim hakyny töleýji bolup bank çykyş edýär.

**Depozit amallary** – goýum görnüşinde pul serişdeleriniň çekilmegi we şol goýumlaryň ýerleşdirilmegi bilen bagly banklaryň, karz guramalarynyň amallary, ýagny çekilen depozitleriň hasabyna pul serişdeleriniň karzlaşdyrylmagy.

**Depozit banklary** – esasan, depozitleriň (goýumlaryň) çekilmeginiň hasabyna bank amallaryny ýerine ýetirýän (geçirýän) banklar.

**Deslapky töleg** (*fr. – avance*) – salgyt töleýji tarapyndan gelejekde hasaplanyljak salgytlaryň möhletinden öň belli bir möçberiniň tölegi.

**Dewalwasiýa** (*lat. de – peselme; valeo – hümmetlilik*) – döwletiň walýutasynyň berk, ätiýaçlyk walýutalara bolan kursunyň peselmegi, halkara hasaplaşyk birliklerine pul birliginiň altyn düzüminiň peselmegi. Dewalwasiýa döwletiň hökümeti tarapyndan kanuny taýdan açyk yglan edilip bilner. Şolar ýaly açyk dewalwasiýada hökümet ony dolanyşykdan pul toplumynyň bölegini aýyrmak ýa-da hümmeti peselen pullaryň çalşylmasy bilen milli walýutanyň hümmetini galdyrmagyň guralyna öwürýär. Gizlin dewalwasiýada kagyz pullaryň hümmetsizlenmegi bolup, altyn üpjünçiligi peselýär, emma dolanyşykdan pul toplumynyň aýrylmagy bolup geçmeýär.

**Diwersifikasiýa** (*lat. diversifikatio – dürli-dürlülik, dürli ugurly ösüş*) – önümçiligiň bir-birine bagly bolmadyk köp görnüşleriniň bir wagtdaky ösüşi, öndürilýän önümleriň görnüşini giňeltmek. Häzirki zaman ykdysady ösüşinde önümçiligiň, onuň aýry-aýry pudaklarynyň köpugurly ösüşini üpjün etmek.

**Diwident** – paýdarlaryň eýeçiliginde bolan paýnamalaryň sanyna (%) görä, paýdarlar jemgyýetiniň (ýa-da bankyň) sap girdejini paýdarlaryň aralarynda deň ölçegde paýlamaklygy.

**Dollar** – ABŞ-nyň pul birligi (ABŞ-nyň dollary), Kanadanyň (Kanadanyň dollary, Awstraliýanyň (Awstraliýanyň dollary) we beýleki

käbir ýurtlaryň pul birligi. Ol 100 sente bölünýär. ABŞ-da 1786-njy ýylda arassa 24,34 g kümüş düzümli edilip dolanyşyga goýberildi. Başda altyn düzümli 1,6 g. arassa altyn, soňra 1900-nji ýylda 1,5 g-e çenli aşaklady, ondan soňra bolsa 1934-nji ýylda 0,8886 g-e çenli aşaklady. Ondan soň altyn dollar şaýlary dolanyşykdan aýryldy we 1; 5; 10; 20; 50 we 100 dollar pul belgileri görnüşindäki banknotlara çalşyryldy.

**Dollaryň gytçylygy** – töleg balansynyň we altyn walýuta ätiýaçlyklarynyň ýetmezçiligi sebäpli dollaryň – daşary ýurt walýutasynyň ýiti ýetmezçiligi.

**Dollaryň hereket edýän giňişligi** – ABŞ-nyň dollaryny milli walýutasy bilen bir hatarda kanuny taýdan ýöredýän döwletleriň topary.

**Dünýä maliýe bazary** – aralykçylar hökmünde karz berijileriň we karz alyjylaryň, maliýe serişdelerini satyjylaryň we alyjylaryň arasynda maliýe aktiwlerini gaýtadan paýlaýan maliýe-karz edaralarynyň toplumy. Dünýä maliýe bazaryna dürli nukdaýnazardan seretmek bolar. Mysal üçin, wezipeleýin nukdaýnazardan ol walýuta, deriwatiwler, ätiýaçlandyryş hyzmaty, karz, paýnamalar bazarlaryna bölünýär. Dünýä maliýe bazarynyň aktiwleriniň esasy bölegi dünýäniň maliýe merkezlerinde jemlenendir. Bu merkezler dünýäniň dürli ýurtlarynyň rezidentleriniň arasynda maliýe aktiwleriniň söwdasynyň has giň gerime eýe bolan ýerlerdir. Amerikada – Nýu-Ýorky we Çikagony, Ýewropada – Londony, Frankfurty, Pariži, Sýurihi, Ženewany, Lýuksemburgy, Aziýada – Tokiony, Singapury, Gonkongy, Bahreýni görkezmek bolar.

**Dünýä pullary** – 1) tölegleriň ählumumy uniwersal serişdesi hökmünde yglan edilen pullar. Halkara hasaplaşygynda ulanylýan pullar; 2) puluň wezipesi.

**Dünýä walýuta bazary** – daşary ýurt walýutasynyň satyn alnyşynyň, satylyşynyň, çekleriň, weksellеriň, akkredetiwleriň, beýleki gymmat bahaly kagyzlaryň alyş-çalşygyny amala aşyrylýan biržalar. Köplenç ýagdaýlarda bu hasaplaşyklar bir walýutanyň başga walýuta çalşylmagy arkaly amala aşyrylýar. Şol sebäpden bu hasaplaşyklara walýuta-hasaplaşyk gatnaşyklary diýilýär. Şeýle alyş-çalyş, adatça walýuta bazalarynda bolup geçýär. Walýuta bazarlarynda esasy hereket edýän taraplar hökmünde täjirçilik banklary çykyş edýärler.

**Eksport** (*lat. exporto – çykarmak*) – daşary ýurda çykarylýan haryt ýa-da maýalar.

**Eksport** – dahylsyza dahylly tarapyndan harytlar (işler, hyzmatlar) ýerlenende, gümrük çäginden serhediň daşyna harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), intellektual işiň netijeleriniň, şol sanda olara bolan aýratyn hukuklaryň yzyna getirilmäge borçlanman alnyp gidilmegi. Eksportyň amal edilendigi harydyň Türkmenistanyň gümrük serhedini geçen, hyzmatlaryň we intellektual işiň netijelerine hukuklaryň berlen pursadynda bellenilýär.

**Eksport kwotasy** (*lat. eksportare – çykarmak, lat. quota – her kime düşýän paý*) – ýurduň eksportynyň göwrüminiň onuň jemi içerki önümine bolan gatnaşygy. Ol görkeziji ýurduň milli ykdysadyýetiniň açyklygyny we onuň dünýä bazary bilen aragatnaşygynyň derejesini görkezýär. Eger eksport kwotasy 10 göterime deň bolsa ykdysadyýetiň açyklyk derejesi talaba laýyk diýlip hasap edilýär. Eksport kwotasy eksportyň jemi içerki önümdäki paýyny görkezýär.

**Embargo** (*isp. embargo – gadagan etmek, tussaga almak*) – harytlaryň, altynyň, gymmat bahaly kagyzlaryň haýsy hem bolsa bir ýurtdan geçirilmegini ýa-da haýsy hem bolsa bir ýurda çykarylmagyny gadagan etmek. Embargo harby ýagdaý döwri hem, parahatçylykly döwürde hem girizilip bilner. Uruş wagtlary embargo hakykat ýüzünde ykdysady gabawyň bir görnüşi bolup çykyş edýär. Parahatçylyk döwürde embargo beýleki döwletlere ykdysady we syýasy basyş etmegiň serişdesi hökmünde ulanylýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasy (ustawy) embargo hereketleri halkara howpsuzlygyna wehim salýan ýurtlaryň garşysyna köpçülikleýin zor salyş çäresi hökmünde peýdalanmaga ygtyýar berýär.

**Emissiýa** – gymmatly kagyzlary dolanyşyga goýberip, birinji maýa goýujylara satmak.

**Emissiýa** – bu dolanyşykda pul toplumynyň mukdar taýdan köpelmegidir.

**Emitent** – pul nyşanlaryny, gymmatly kagyzlary, töleg-hasaplaşyk resminamalary dolanyşyga goýberýän şahs.

**Erkin aýlanýan puluň çägi** – Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ätiýaçlyk pulda (ýa-da oňa barabar derejede milli ýa-da daşary ýurt pulunda) bellenilýän ululyk, onuň çäklerinde dahyllylaryň we dahylsyzlaryň şu Kanunda bellenilen birwagtlaýyn pul amallary çäklendiriji çäreler ulanylmazdan amala aşyrylýar.

**Faktoring** – söwda komission amallarynyň bir görnüşi bolup, ol müşderiniň aýlanyşyk maýalaryny karzlaşdyrmak bilen utgaşýar. Haryt

ugradyjy bank-faktora alnan işlere edilen hyzmatlar üçin öz hukugyny geçirýär. Faktoring hyzmatynyň maksady tölegiň möhletini tizleşdirmekdir. Ony amala aşyrmak üçin ýörite faktoring bölümler döredilýär.

**Faktoring** – bank tarapyndan bergileri üzdürmeklik ygtyýaryny satyn almak ýa-da başgaça aýdanyňda üpjün edijiniň satyn alyja bolan pul talapnamalaryny bankyň satyn almaklygy we belli bir muzd üçin olary inkassirlemeklik.

**Forffeýting** – köplenç daşary söwda amallarynda ulanylýan eksport edijilere karz bermekligiň özboluşly ülňüsi. Wekselleri hasaba alyp söwdany maliýeleşdirmek, şonuň bilen birlikde wekseli satyn alyjy import edijiniň töwekgelçiliklerini töläp bilmejek halatynda-da öz üstüne alýar.

**Forward kurslar** – möhletli geleşiklerde ulanylýar we kesgitlenen döwürden soň walýutanyň hakyky tabşyrylmagy amala aşyrylýar. Forward kursy walýuta geleşigine gatnaşyjy tarapyndan bellenilýär. Ol kesgitli wagt geçenden soň bellenilen senede amala aşyrylýar.

**Funksiýa** (*wezipe*) latyn sözi (*functio*) bolup *ýerine ýetirmek* diýmekdir.

**Girew** – karzy gaýdyp bermek barada bergidaryň öz üstüne alan borçnamalarynyň amallaryny berjaý etmekligiň giňden ýaýran usulynyň biri.

**Goýum** – bankda saklamak üçin goýlan pul serişdeleri.

**Güwä geçýän adam** – kepilnamaça ygtyýar berýän adam we zamun bolýan şahs.

**Göni maýa goýumlary:**

a) döredilen ýa-da täzeden döredilýän edara görnüşli taraplar esaslyk maýasyndaky paýnamalarynyň (paýyň, goýumyň) azyndan on göterimine maýa goýujynyň eýelik etmegi, edinmegi;

b) edara görnüşli tarapyň döredilýän şahamçasynyň esasy gaznalaryna maýanyň goýulmagy.

**Halkara hasaplaşyklary** – edara görnüşli taraplaryň (döwletiň, guramalaryň) we dürli ýurtlaryň raýatlarynyň arasynda ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklar boýunça pul talaplarynyň, borçnamalarynyň tölegleriniň kadalaşdyrmasy.

**Halkara hasaplaşyklaryň banky** – 1930-njy ýylda Bazelde (Şweýsariýa) Ýunga meýilnamasyna laýyklykda Belgiýanyň, Beýik Britaniýanyň, Germaniýanyň, Italiýanyň, Fransiýanyň, Ýaponiýanyň we ABŞ-nyň hu-

susy banklary tarapyndan döredilen halkara walýuta – karz guramasy. Ol halkara walýuta hyzmatdaşlygy guramakda uly orun eýeleýär. Halkara Pul Gaznasynyň guramalarynyň dünýä walýuta ulgamynyň hereket etmegi boýunça meselelerine gatnaşýar, çökgünlik döwründe aýratyn ýurtlaryň walýutasyny halkara goldamak boýunça çäreleri sazlaşdyrýar, «Swop» amallarynda we walýuta interwensiýasyna gatnaşýar. Halkara Abatlaýyş we ösüş banky bilen hyzmatdaşlyk edýär.

**Hasaplaşyk çekler** – nagt däl hasaplaşyklar üçin ulanylýan çekler. Hasaplaşyk çeki kesgitlenen görnüşdäki resminama bolup, çek berijiniň öz bankyna ýazuw (hat) üsti bilen özüniň hasapnamasyndan çek saklaýjynyň hasapnamasyna kesgitlenen puluň jemini geçirmäge berýän buýrugydyr. Hasaplaşyk çeki hem edil töleg tabşyrygy ýaly, töleýji tarapyndan doldurylýar, ýöne töleg tabşyrygyndan tapawutlylykda çek tölegi alyjy-kärhana hojalyk amallarynyň amala aşyrylan wagtynda geçirilýär, ol hem çeki öz bankyna töleg üçin tabşyrýar.

**Halkara, internasional gymmaty** (*lat. inter – arasynda, nation – halk*) – dünýä möçberinde harydyň şol görnüşini öndürmek üçin zähmetiň zerur jemgyýetçilik harajatlaryny aňladýan we dünýä bahalarynyň esasyny emele getirýän dünýä bazarynyň adalgasy. Harytlar dünýä bazarynda ýerleşdirilýän mahalynda aýry-aýry ýurtlaryň milli zähmeti jemgyýetçilik häsiýete eýe bolmak bilen, dünýä hojalygyndaky umumy zähmetiň bir bölegine öwrülýär.

**Halkara karzy** (*lat. creditum – ssuda, bergi*) – halkara ykdysady gatnaşyklaryň aýratyn görnüşi bolmak bilen, karzyň bir görnüşini aňladýar. Halkara karzy yzyna gaýdyp bermek, möhletlilik we karz göterimini tölemek şertlerinde walýuta we haryt serişdeleriniň berilmegini göz öňünde tutýar. Karz berijiler we karz alyjylar hökmünde banklar, monopoliýalar, hususy telekeçiler, döwlet edaralary, hökümetler hem-de halkara we sebit boýunça guramalar çykyş edýärler.

**Halkara abatlaýyş we ösüş banky** – bütindünýä maýalaryň halkara hereketini düzgünleşdirýän iň möhüm institutlaryň biridir. Ol dünýä banky ady bilen hem bellidir. Bank 1945-nji ýylda döredildi. Diňe Halkara Pul Gaznasyna giren ýurtlar bankyň agzasy bolup bilýärler. Dünýä banky formal taýdan Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen maliýe guramasy bolup hyzmat edýär. Emma bankyň düzgünnamasyna laýyklykda ol öz işinde BMG-niň kararlaryndan garaşsyzdyr. Halkara Abatlaýyş we

ösüş banky hökümetara gurama bolup, ol Waşington şäherinde ýerleşýär. Bankyň öňünde duran esasy wezipe, berilýän uzak möhletleýin karz arkaly agza ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň ösmegine ýardam bermekden ybaratdyr. Bankyň serişdeleri oňa girýän ýurtlaryň tölegleriniň möçberinden we obligasiýalaryň goýberilmeginden emele gelýär.

**Halkara pul gaznasy** – halkara derejede hereket edýän möhüm halkara maliýe guramalarynyň biri. Halkara Pul Gaznasy 1944-nji ýylda ABŞ-nyň Bretton-Wuds şäherinde bolup geçen halkara konferensiýanyň kararlaryna laýyklykda döredildi. Eger 1944-nji ýylda 44 ýurt onuň agzasy bolan bolsa, häzir olaryň sany 200-e golaýdyr. Bu guramanyň ştab-kwartirasy Waşingtonda ýerleşýär. Gaznanyň maýalary her ýurt üçin kesgitlenilen kwota boýunça agza ýurtlaryň tölieglerinden emele gelýär. Iň köp kwota ABŞ we Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlaryna degişlidir. Gaznanyň ýerine ýetirýän möhüm wezipeleriniň biri – dürli ýurtlarda özgertmeleri amala aşyrmak üçin karz görnüşinde maliýe kömegini bermekden ybaratdyr we walýuta çäklendirmelerini aradan aýyrmakdyr.

**Halkara pul ulgamy** – döwletleriň halkara walýuta (pul) gatnaşyklaryny guramagyň döwlet-hukuk görnüşidir. Walýuta gatnaşyklary – puluň dünýä hojalygynda hereket etmegi we onuň ýurtlaryň arasynda ýüze çykýan dürli görnüşdäki hojalyk aragatnaşyklaryna hyzmat etmegi bilen baglanyşykly emele gelýän ykdysady gatnaşyklardyr. Walýuta gatnaşyklary milli we halkara derejesinde amala aşyrylýar. Şoňa laýyklykda milli we halkara (dünýä) walýuta ulgamy tapawutlandyrylýar. Milli walýuta ulgamy diýlip aýry-aýry döwletleriň beýleki ýurtlar bilen amala aşyrýan pul hasaplaşyklarynyň kesgitli düzgünine düşünilýär. Bu ulgamda ýurduň walýuta gatnaşyklaryny guramagyň görnüşi hereket edýän milli kanunçylyk esasynda amala aşyrylýar. Bütindünýä hojalygynyň we milli walýuta ulgamynyň ösüşiniň esasynda halkara walýuta ulgamy emele gelýär. Ol ulgam halkara pul aragatnaşyklaryny durmuşa geçirmegiň döwletler tarapyndan bilelikde işlenip düzülen görnüşidir. Başgaça aýdylanda, halkara pul ulgamy – munuň özi döwletara ylalaşygy esasynda hereket edýän halkara walýuta gatnaşyklaryny guramagyň görnüşidir. Halkara walýuta ulgamyny milli we köpçülikleýin ätiýaçlyk walýuta birlikleri; halkara pul likwidliliginiň düzümi (walýuta düzümi we altyn ätiýaçlyklary); walýuta deňeçerliginiň we walýuta hümmetiniň mehanizmi; walýutalary özara öwürmegiň şertleri; walýuta çäklendirmeleriň möçberi; altynyň ähmiýeti; halkara hasaplaşygyň

görnüşleri häsiýetlendirýär. Halkara walýuta ulgamy üýtgäp durýan, ösýän ulgamdyr. Ol özüniň ösüşiniň dowamynda dört döwri geçdi. *Birinji*, dünýä walýuta ulgamy altyn monometallizmiň esasynda altyn-şaýy görnüşinde XIX asyryň ahyrynda özakymlaýyn emele geldi. Hukuk taýdan bu ulgam 1867-nji ýylda Pariž konferensiýasynda döwletara ylalaşygy arkaly tassyklanyldy. Şol ylalaşyk esasynda altyn dünýä pulunyň ýeke-täk görnüşi diýlip ykrar edildi. *Ikinji*, dünýä walýuta ulgamy 1922-nji ýylda bolup geçen Genuýa konferensiýasynda tassyklanyldy. Bu ulgam altyn-dewiz standartyna esaslanandyr. *Üçünji,* dünýä walýuta ulgamy altyn-walýuta standarty esasynda emele geldi. Onuň emele gelmegi XX asyryň 30-njy ýyllarynda başlandy we 50–60-njy ýyllarda tamamlandy. Bu ulgam 1944-nji ýylda Bretton- – Wuds (ABŞ) konferensiýasynda tassyklanyldy. 1971–1973-nji ýyllarda Bretton-Wuds walýuta ulgamy gutarnykly bozuldy. Netijede Halkara Pul Gaznasynyň agzalarynyň 1976-njy ýyldaky Ýamaýka (Kingston ş.) ylalaşygy täze dünýä walýuta ulgamynyň ýörelgelerini hukuk taýdan kesgitledi. Onuň ýörelgelerine laýyklykda altyn paritet we altynyň resmi bahasy ýatyryldy, halkara walýuta gaznasynyň agzalaryna walýuta hümmetiniň islendik görnüşini saýlap almaga hukuk berildi. Ýamaýka walýuta ulgamy altynyň doly demonetizasiýa edilmegini we dünýä puly hökmünde milli walýutalaryň hem-de halkara hasaplaşyk pul birliginiň ulanylmagyny göz öňünde tutýar.

**Halkara ykdysady integrasiýa** (*lat. integration, integer – bütewi*) – dünýäde integrasiýa hadysasynyň, ýagny goşulyşma hadysalarynyň güýçlenmegi. Halkara ykdysady integrasiýa häzirki halkara ykdysady gatnaşyklaryň möhüm görnüşleriniň biridir. Ykdysady integrasiýa – bu häzirki ykdysady durmuşy halkaralaşdyrmagyň ýokary basgançagydyr. Bu hadysa gatnaşyjylaryň arasynda has çuň halkara zähmet bölünişigi amala aşyrylýar, harytlaryň, hyzmatlaryň, maýalaryň, işçi güýjüniň has ýokary derejedäki alyş-çalşygy alnyp barylýar. Integrasiýa kanunalaýyk ýagdaý bolmak bilen döwletleriň arasyndaky baglanyşygy has güýçlendirýär. Integrasiýa ýörite ylalaşyk esasynda hereket edýän köptaraply döwletara birleşigidir. Birleşigiň çäklerinde beýlekileriňkiden tapawutlanýan şertlerde hojalyk işleriniň belli bir görnüşleri amala aşyrylýar. Halkara ykdysady integrasiýa umumy görnüşde berk baglanyşykly hojalyk gurluşyny aňladýar. Häzirki zaman dünýä ykdysadyýetinde halkara ykdysady integrasiýanyň: 1) erkin söwdanyň giňişlikleri; 2) gümrük birleşmeleri; 3) umumy bazar; 4) ykdysady we walýuta birleşmesi görnüşleri hereket edýär.

**Hasap-spesifkasiýa** – maliýe resminamasy, ol hasabyň we spesifikasiýanyň wezipelerini birikdirýär. Hasap-spesifikasiýada haryt birliginiň bahasy onuň görnüşi we hili boýunça, ähli harytlar toplumynyň umumy bahasyny görkezýär. Haryt-spesifikasiýasy toplumdaky harytlaryň görnüşleri boýunça dürli bolan wagty ýazyp berilýär.

**Import** (*iňl. import, lat. importare – getirmek, girizmek*) – 1) saklamak ýa-da peýdalanmak maksady bilen daşary ýurt harytlarynyň ýurda getirilmegi; 2) maýalaryň importy – daşary ýurt maýalarynyň ýurduň içine getirilmegi; 3) daşary ýurtlardan getirilen harytlaryň umumy mukdary ýa-da gymmaty; 4) daşary ýurtlardan hyzmatlaryň we işçi güýjüniň ýurda getirilmegi.

**Import harydy** – daşary ýurtdan getirilýän haryt.

**Import kwotasy** (*iňl. import, lat. importare – getirmek, lat. guota – her kime düşýän paý*) – importyň gymmatynyň ýurduň jemi içerki önümindäki paýy. Import kwotasy importyň ýurduň jemi içerki önümine bolan gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär. Bu görkeziji milli ykdysadyýetiň halkaralaşmagynyň derejesini häsiýetlendirýän görkezijileriň biridir.

**Importy çalyşmak** (*iňl. import, lat, importare – getirmek*) – import boýunça gelýän harytlaryň mukdaryny azaltmak maksady bilen ýurduň milli ykdysadyýetiniň çäklerinde çalymdaş önümleriň öndürilişini ýola goýmak we höweslendirmek.

**Indeks** (*lat. index–görkeziji*) – çylşyrymly durmuş ykdysady hadysalarynyň wagtda, meýilnama bilen deňeşdirmek boýunça we giňişlikde derejeleriniň gatnaşygyny häsiýetlendirýän otnositel görkeziji.

**Indeksirlemek** – pullaryň doly ýa-da bölekleýin hümmetsizlenmeginiň netijesinde emele gelen ýitgileriň öwezini dolmaklyk.

**Indossament** – adatça orderli gymmatly kagyzlaryň (wekseliň, çegiň, konosamentiň) arka tarapynda bir şahsyýetden başga bir şahsyýete bu resminama laýyklykda ygtyýarlygyny gowşurýandygy barada güwä geçýän tabşyryş ýazgysy.

**Industrial** (*lat. industria – iş*) – senagatlaşmak.

**Industrial jemgyýet** – jemgyýetçilik durmuşynyň ähli taraplaryna ylmy-tehniki ösüşiň gönüden-göni täsir etmäge bolan ukyplylygy. Bu taglymatyň wekilleriniň pikiri boýunça «industrial jemgyýet» diýilýän tehnikanyň we önümçiligi guramagyň häzirki ýagdaýy bilen kesgitlenilýän jemgyýetçilik ösüşiniň aýratyn basgançagydyr.

**Inflýasiýa** – nyrhlaryň ýokarlanmagy, haryt gytçylygy we harytlaryň, hyzmatlaryň hiliniň peselmegi bilen ýüze çykýan, pullaryň hümmetsizlenmegi hem-de olaryň satyn alyjylyk ukybynyň peselmegidir.

**Infrastruktura** (*lat. infra – aşak, aşakdan we struktura – gurluş, düzüm*) – jemgyýetçilik önümçiligini amala aşyrmak üçin zerur şertleri döredýän pudaklaryň toplumy. Mysal üçin, oba hojalyk infrastrukturasy, senagat infrastrukturasy we ş.m. Ol öz gezeginde iki sany iri bölege bölünýär. *Birinjisi*, önümçilik infrastrukturasyna (demir, awtomobil, deňiz, howa ýollary, ulag serişdeleri, köprüler, önümleri saklamak üçin desgalar, geçiriji abzallar, turba geçirijiler, irrigasion desgalar, önümçilige tehniki hyzmatlaryny edýän kärhanalar, aragatnaşyk kommunikasiýasy we ş.m). *Ikinjisi*, sosial infrastrukturasyna (ylym, bilim we mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralary, söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary, ilata durmuş we jemagat hyzmaty kärhanalary, dini we beýleki ruhy gymmatlyklary döredýän edaralar).

**Inkassator** (*pul ýygnaýjy*) – edaranyň, kärhananyň daşynda pul ýygnaýjy.

**Inkasso** – pul serişdelerini bir müşderiden başga bir müşderä, töleýjiden alyja bolan bank amalynyň bir görnüşi.

**Inkasso hasaplaşygy** – inkasso amallarynyň düýp manysy, harytlar ugradylandan we hyzmatlar ýerine ýetirilenden soň müşderileriň (eksportýoryň ýa-da karz berijiniň) tabşyrygy boýunça importýordan töleg alýanlygy bilen düşündirilýär. Alnan serişdeler müşderiniň bankdaky hasabyna geçirilýär.

**Inkoterms** – söwda adalgalaryny düşindirmek boýunça halkara düzgünler.

**Institusional birlikler** – bu edara görnüşli taraplar bolan, ýagny kararlary özbaşdak kabul edip bilýän, öz maliýe we maddy serişdelerine özbaşdak ygtyýarlyga mümkinçiligi bolan hojalyk birlikleri.

**Integrasion birleşmeler** (*lat. integration, integer – bütewi*) – gatnaşyjy ýurtlaryň arasyndaky integrasion hadysalary sazlamak, düzgünleşdirmek maksady bilen döredilen hojalyk toparlaşygy. Integrasion birleşmä gatnaşyjy ýurtlaryň, hojalyk birlikleriniň arasynda çuň we durnukly özara arabaglanyşyk ýola goýulýar. Häzirki wagtda dünýäde onlarça integrasion birleşmeler hereket edýär. Ösen ýurtlaryň içinde ozaly bilen bu Ýewropa Bileleşigi we NAFTA-dyr. Ösüp gelýän ýurtlaryň arasynda Latyn Amerikasynda hereket edýän

MERKOSUR-y we Günorta-Gündogar Aziýada ACEAN-y görkezmek bolar. Şeýle hem GDA, ATEC hem integrasion birleşmeleriň mysalydyr.

**Interwensiýa** – milli pul birliginiň kursuna täsir etmek üçin Merkezi bankyň walýuta bazarynyň işine gös-göni aralaşmagy; Walýuta interwensiýasy ätiýaçlyklaryň hasabyna, halkara pul gaznasyndan karz alnan, Merkezi banklardan karz alnan, daşary ýurt walýutasynda çykarylan obligasiýalaryň, pul emissiýasynyň hasabyna maliýeleşdirilýär.

**Inwestisiýa** – maýa goýum.

**Ipoteka** – karz almak maksady bilen gozgalmaýan emlägi, esasan hem ýeri, binalary we ýaşaýyş jaýlaryny girewe goýmak.

**Ipoteka banky** – ipoteka karzlary, ýagny gozgalmaýan emlägi girewine goýmak ýa-da gozgalmaýan emlägi almak üçin karzlary bermek bilen meşgullanýan ýöriteleşdirilen täjirçilik banky. Ipoteka bankynyň karzlary uzak möhletli häsiýete eýedirler. Bankyň pul serişdeleriniň çeşmeleri bolup müşderileriň goýumlary çykyş edýär. Karzlaşdyrmanyň ugurlaryna baglylykda ipoteka banklary aşakdakylara bölünýär. Ýer banklaryna karzlary diňe ýeri girewine goýmak, melioratiw banklara karzlary melioratiw işlere berýän; nominal banklara, karzlary şäherdäki gozgalmaýan emlägi girewine goýmaklygy bilen berilýär.

**Ikitaraplaýyn netto-hasaplaşygyň ulgamy** – hasaplaşyk merkezi, bu ýerde gatnaşyjylaryň ikitaraplaýyn netto-pozisiýasy boýunça hasaplaşyk jübüt gatnaşyjylaryň arasynda geçirilýär.

**Ikitaraplaýyn netting** – iki tarapyň arasyndaky ikitaraplaýyn borçlaryň nettingini amala aşyrmak boýunça ylalaşyk. Ylalaşyk boýunça borçnamalar maliýe şertnamasy, geçirimler ýa-da beýlekiler boýunça bolup bilýär.

**Karz** – ykdysady geleşigiň bir görnüşi bolup, şahsy we edara görnüşli taraplaryň arasyndaky karz (nesýe) şertnamasydyr. Hyzmatdaşlaryň biri (karz beriji) beýlekisine (karz alyja) pul serişdelerini, käbir ýagdaýlarda emlägi kesgitlenen möhletde, yzyna gaýtaryp bermek şertlerinde berýär hem-de düzgün bolşy ýaly göterim görnüşinde hyzmatyň tölegini talap edýär. Möhletlilik, yzyna gaýtarylmak we töleglilik karzyň tapawutly häsiýetleridir.

**Karz göterimi** – ykdysady adalga bolmak bilen, wagtlaýyn karzyna berlen gymmatyň özboluşly bahasydyr.

**Karz ýagdaýynyň ukyplylygy** – karz alyjynyň alan karzyny gaýtaryp bermek mümkinçiligi we onuň borçnamalarynyň guratlygy nukdaýnazaryndan tölemeklik ukyplylygyna baha bermeklik.

20. Sargyt № 2475

**Karz töwekgelçiligi** – meselem, karz alyjynyň tozmagy zerarly, berlen karzy we göterimlerini gaýdyp bermezlik töwekgelçiligi.

**Karzy tölemäge ukyplylyk** – karz alyja öňünden döreýän şertiň esasynda karzy almak we jaý möhletinde gaýtaryp bermek mümkinçilikleri.

**Kliring** – kompaniýalar, kärhanalar we aýry-aýry döwletlere getirilen haryt, eýelenen hyzmatlar üçin nagt bolmadyk hasaplaşyklar, balansyň töleg şertlerinden ugur alyp, özara amal hasaplaşyklaryny geçirmeklik.

**Kredit** – karz, nesýe.

**Kupon** – dwidentleri ýa-da göterimleri tölemek üçin berilýän, göterimleri hem dwidentleri almaga ygtyýary bar bolan gymmatly kagyzyň bölünip aýrylan talon görnüşdäki bölegi.

**Kupýura** – pul nyşanynyň ýa-da gymmatly kagyzyň ýeke-täk nusgasynyň umumy ady.

**Katirowka** – walýuta kursuny kesgitleýän adalga.

**Kliring** – iberilen harytlar, edilen hyzmatlar üçin nagt däl hasaplaşyklary, özara amal hasaplaşyklary geçirmek.

**Lombard** – karzy bermek üçin gozgalýan emlägi, gymmat bahaly zatlary, girewine alyp, saklap berýän edara.

**Lombard karzy** – täjirçilik banklarynda karz serişdelerine bolan wagtlaýyn zerurlygy kanagatlandyrmak üçin Merkezi bank tarapyndan gymmatly kagyzlary girewine almak bilen berilýän gysga möhletli karzlar.

**Lizing** – kärende amallarynyň bir görnüşi. Kärende amallarynda harydy sarp edijä hukuk eýeçiligi geçmeýär. Serişdeleri tapgyrlaýyn kärendä berijä geçirmek bilen, sarp ediji harydy ulanmaklyga bolan wagtlaýyn hukugynyň bahasyny töleýär.

**Lisenziýa (ygtyýarnama)** – haýsydyr bir hojalyk işi bilen, patentler bilen hem harytlary getirmäge we äkitmäge we ş.m. amallary bilen meşgullanmak üçin berilýän rugsatnama.

**Likwidlik** – aktiwleriň, gymmatly zatlaryň nagt pula öwrülmeklik ukyplylygy; karzdaryň öz bergidarlyk borçnamalaryny öz wagtynda üpjün etmäge ukyplylygy.

**Likwid aktiwler** – bergidarlyk borçnamalaryny üzmeklik we gönüden-göni amal edip hem-de aňsatlyk bilen pula öwrülip bolaýjak serişdeler.

**Lora hasaby** – belli bir bank tarapyndan onuň tabşyrygy boýunça geçiriljek amallaryň barşyny şöhlelendirmek üçin, aragatnaşykçy bankda açyp berilýän hasap.

**M0** – dolanyşykdaky nagt pullar – bu ilatyň elinde bar bolan, şeýle-de banklaryň, kärhanalaryň we guramalaryň kassalaryndaky nagt pullaryň jemidir.

**M1 – M0**+talap edilýänçe goýumlar, kärhanalaryň we guramalaryň hasaplaşyk we gündelik hasapnamalaryndaky serişdeleri, döwlet býujetiniň serişdeleri we beýleki aktiwler ýa-da **M0**+ «Beýleki depozit guramalarynyň likwid goýumlary we depozitleri»,

**M2** – dolanyşykda nagt pullaryň jemi we nagt däl serişdesi hökmünde hasaplanýan esasy pul serişdesi.

**M3** – bu gündelik hasaplardaky puluň şahsy hem-da edara görnüşli taraplaryň daşary ýurt walýutasyndaky depozitleriniň umumy jemi.

**Menejment** – önümçiligi gurnamak, dolandyrmak, ýolbaşçylyk etmek.

**Milli girdeji** – diňe içerki ulanyşyga we ýygnamaklyga ýaýradylýan arassa içki önüm.

**Milli pul** – hasaplaşyklarda we töleglerde ulanylmagy üçin Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan dolanyşyga goýberilýän Türkmenistanyň puly.

**Nostro hasaby** – belli bir bank tarapyndan özara töleglerini amala aşyrmak üçin aragatnaşykçy banklarda açýan hasap, ol başgaça biziň hasabymyz sizde» diýen manyny berýär.

**Nulifikasiýa** – has güýçli hümmetsizlenen pul birliginiň aradan aýrylmagynyň we täze walýutanyň girizilmeginiň yglan edilmegi.

**Opsion** – belli bir töleg üçin seçip alma ygtyýary.

**Obligasiýa** – emmitentiň dolanyşyga goýberen gymmatly kagyzynda onuň eýesine belli bahasy boýunça kesgitli göterimini, bellenen möhletinde öwezini dolup tölenjekdigi barada borçnamanyň tassyklanmagy.

**Owerdraft** – bankyň müşderisiniň hasabyndaky töleginiň möçberi, galan pulundan artyk bolan halatynda, onda oňa ýörite görnüşinde gysga möhletli karzy bermeklik mümkin. Karz birinji klasly müşderilere berilýär.

**Özara hasaplaşyklar –** töleg usullarynyň bir görnüşi bolup, özara hasaplaşyk talaby çykyş edýär. Özara hasaplaşykda bergidarlaryň we

algydarlaryň özara talaplary we borçnamalary deňululykdaky jemde üzülýär. Diňe olaryň arasyndaky tapawut üçin töleg geçirilýär. Özara hasaplaşyklar diňe bir kärhanalaryň garşylyklaýyn hasaplaşygynda däl-de, eýsem yzygiderli hasaplaşyklarynda hem ulanylýar.

**Paýnama** – jemgyýetiň maýalyk gorunyň eýeçiliginde ygtyýarynyň bardygyna güwä geçýän gymmat bahaly kagyzlar.

**Penýa** – pul borçnamalarynyň möhletini geçirendigi we wagtly-wagtynda amallary geçirmänligi üçin pul jerimesi salnyp, çäre görülýän hereket.

**Plastik karty** – ilat üçin tölegleriň nagt däl görnüşi.

**Pul** – ählumumy ekwiwalent bolup, beýleki harytlardan aýratyn tapawutlanan harytdyr. Onuň kömegi bilen önümiň özüne düşýän gymmaty we gymmaty kesgitlenilip haryt öndürijiler bilen sarp edijileriň arasynda alyş-çalyş ýola goýulýar.

**Pul:**

a) döwletde (döwletler toparynda) kanuny töleg serişdesi hökmünde kabul edilen we dolanyşykda duran banknotlar, gazna biletleri we şaý pul görnüşindäki, şol sanda gymmat bahaly metallardan ýasalan pul belgileri (dolanyşykdan aýrylan ýa-da aýrylýan, ýöne dolanyşykda duran pul belgilerine çalşylmaga degişlilerini hem goşmak bilen);

b) döwletde (döwletler toparynda) kabul edilen pul birliklerindäki, şeýle hem halkara pul ýa-da hasaplaşyk birliklerindäki bank hasaplarynda (goýumlarynda) duran serişdeler.

**Pul ulgamy** – ýurtda döwlet tarapyndan kesgitlenen pul dolanyşygyny guramaklygyň görnüşi.

Pul gymmatlyklary:

a) milli pul, özleri bilen dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasyndaky, şeýle hem dahylsyzlaryň arasyndaky amallar ýerine ýetirilen ýagdaýynda bellenilen gymmaty milli pulda aňladylan gymmat bahaly kagyzlar we töleg resminamalary.

b) daşary ýurt puly;

ç) daşary ýurt pulundaky gymmat bahaly kagyzlar (paýnamalar, obligasiýalar we beýlekiler), şeýle hem töleg resminamalary (çekler, wekseller, güwälendiriş hasaplar we beýlekiler).

**Pul hasaby** – pul gymmatlyklaryny hasaba almak we saklamak hemde pul amallaryny amala aşyrmak üçin niýetlenilen, ygtyýarly karz edarasynda şahsy tarapa (şol sanda edara görnüşli tarapy döretmezden, telekeçä

– şahsy tarapa) ýa-da edara görnüşli tarapa (şahamçasyna, wekilhanasyna) açylýan hasap (goýum);

**Pul amallary:**

a) eýeçilik hukugynyň we beýleki hukuklaryň pul gymmatlyklaryna geçmegi bilen baglanyşykly amallar, şeýle hem pul gymmatlyklarynyň töleg serişdesi hökmünde ulanylmagy;

b) pul gymmatlyklarynyň Türkmenistanyň gümrük çägine getirilmegi we Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilmegi;

ç) pul gymmatlyklarynyň şol bir şahsyň Türkmenistanyň çäginden daşarda açylan hasabyndan (goýumyndan) Türkmenistanyň çäginde açylan hasabyna (goýumyna) we Türkmenistanyň çäginde açylan hasabyndan (goýumyndan) Türkmenistanyň çäginden daşarda açylan hasabyna (goýumyna) geçirilmegi.

**Puluň hümmeti** – bir döwletiň (döwletler toparynyň) pul birliginiň başga döwletiň (döwletler toparynyň) pul birliklerinde aňladylýan bahasy, şol sanda:

a) Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilýän puluň resmi hümmeti;

b) islegiň we teklibiň esasynda pul bazarynyň gatnaşyjylary tarapyndan bellenilýän puluň bazar hümmeti.

**Puluň kadalaşdyrylmagy** – puly kadalaşdyrýan edaralaryň pul gymmatlyklarynyň dolanyşygynyň tertibini, şol sanda olara eýelik etmegiň, peýdalanmagyň we ygtyýarlyk etmegiň kadalaryny bellemek boýunça işi.

**Pula gözegçilik etmek** – pula gözegçilik edýän edaralaryň we agentleriň dahyllylar we dahylsyzlar tarapyndan Türkmenistanyň puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek babatdaky kanunçylygynyň (mundan beýläk – Türkmenistanyň pul kanunçylygy) talaplarynyň berjaý edilmegine gönükdirilen iş.

**Pul şertnamasy** – şertnama esasynda we (ýa-da) ýerine ýetirilmegi üçin hasaplar (goýumlar) açylýan, pul amallary amala aşyrylýan geleşikler, ylalaşyk, kontrakt, esaslandyryş şertnamasy, şol sanda olara girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar, şeýle hem beýleki resminamalar.

**Pul biržasy** – işiniň esasy görnüşi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilýän tertipde we şertlerde daşary ýurt puly bilen birža söwdalaryny

guramak bolup durýan, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen edara görnüşli tarap ýa-da onuň aýrybaşgalanan birligi.

**Pul ýagdaýy** – dileriň belli bir pul boýunça talaplarynyň we borçlarynyň deňliginde – ýapyk, olaryň deň gelmezliginde bolsa – açyk hasaplanylýan, balansdan daşary amallaryny goşmak bilen, daşary ýurt pulundaky talaplarynyň (satyn alnan we (ýa-da) gazanylan puluň möçberi) we borçlarynyň (satylan we (ýa-da) harç edilen puluň jemi) gatnaşygy.

**Pul ýagdaýynyň çägi** – ygtyýarly dilerleriň bank gününiň ahyryna çäkli açyk gysga ýa-da uzyn pul ýagdaýynyň kadalaşdyryjysy.

**Rewolwasiýa** – milli gyzyl puluň hümmetiniň çet ýurtlaryň gyzyl puluna görä ýokarlanmasy.

**Salgyt jarnamasy** – salgyt töleýjiniň geçen döwür üçin girdejiler barada resmi beýannamasy.

**Salgyt ýeňillikleri** – edara görnüşli we şahsy taraplary bölekleýin ýa-da doly salgyt tölemekden boşatmak.

**Salgyt** – döwlet we ýerli býujetlere edara görnüşli we şahsy taraplaryň hökmany tölegleri.

**Subsidiýa** – kärhanalara, şereketlere döwlet tarapyndan (köplenç, pul görnüşinde) berilýän hemaýat.

**Swop** – söwda-maliýe çalyşma amalyny, gymmatly kagyzlary, gyzyl pullary almak (satmak) ylalaşygy. Ol belli bir möhletden soň ýa-da başga şertler bilen agzalan harydy yzyna almak (satmak) barada garşylyklaýyn amal ylalaşygyny berjaý etmek bilen geçýär.

**Spot** – biržanyň diňe içerki däl-de eýsem daşky amaly, ýagny gyssagly suratda üpjün etmekligi we töläp üzmekligi nazarda tutup, nagt gyzyl puly ýa-da harydy satmaklyk.

**Spot kurslar** – nagt (kassa) geleşiklerde ulanylýar we walýuta haýal edilmän (iki iş gününiň dowamynda) tabşyrylýar. Spot kursy walýuta bazarynyň binýatlaýyn kursudyr. Bu kurs boýunça gündelik söwda we söwda däl amallary maddalaşdyrylýar.

**Saldo** – giren girdeji bilen çykdajynyň (töleglerіň) aratapawudy.

**Söwda karzlary** – harytlary (işleri, hyzmatlary) iberijiler (satyjylar) bilen alyjylaryň (satyn alyjylaryň) arasynda amallar gönüden-göni amala aşyrylanda, alyşyk şertnamasy boýunça özara ibermeler mahalynda eksport boýunça tölegiň yza süýşürilmegi, import boýunça deslapky töleg (hakujy töleg) ýa-da eksportyň importdan öňe düşmegi (ýokarlanmagy).

**Trast** – eýeçiligi ynamly dolandyrmak boýunça amal hereketi.

**Targetirlemek** – Merkezi banklar tarapyndan, artyk berilýän pul köplügini düzgüne salmaklyk syýasatyna eýerip, pul ulgamynyň çelgilerini maksatly amala aşyrmak.

**Täjirçilik banklarynyň ätiýaçlyk gorlary** – bankyň goýumçylary tarapyndan, duýdansyz töleg talapnamalar peýda bolan halatynda, tizden-tiz peýdalanyp bolýan aktiwler.

**Tratta** – daşary söwdada esasy hasaplaşyk resminamasy bolup, pul iberýän weksel.

**Tezawrasiýa** – puluň nagt görnüşinde toplanmagy.

**Töleg balanslary** – belli bir döwür (aý, çärýek, ýyl) we kesgitlenen sene üçin düzülýär. Belli bir döwürdäki töleg balansy şol döwürdäki tölegleriň we gelimleriň gatnaşygyny görkezýär hem-de ýurduň halkara ykdysady gatnaşyklaryndaky üýtgeşmelerini, onuň ykdysadyýetiniň ýagdaýyny we ösüşini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

**Täjirçilik karzy** – haryt görnüşinde satyjylar tarapyndan haryt alyjylara harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň tölegini gijikdirmek esasynda berilýär.

**Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklary:**

a) affinirlenen guýma altyn, banknotlar ýa-da şaý görnüşindäki daşary ýurt puly, şeýle hem Türkmenistanyň çäginden daşardaky bank hasaplaryndaky (goýumlaryndaky) daşary ýurt pulunyň galyndylary;

b) Halkara pul gaznasyndan onuň ätiýaçlyklarynyň bölegini satyn almaga hukuk, Halkara pul gaznasynyň maliýe karzyny almaga ýörite hukuklar;

ç) daşary ýurt pullarynda tölenilýän, daşary ýurt döwletleri ýa-da daşary ýurt döwletleriniň merkezi banklary, ýa-da halkara maliýe guramalary tarapyndan goýberilen, ýa-da kepillendirilen bergidarlyk borçnamalary;

d) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşmak arkaly Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýeti tarapyndan kesgitlenilýän başga aktiwler.

**Walwasiýa** (*fr. evaluation – bahalandyrma*) – milli pul birliginde daşary ýurt walýutasynyň kursunyň (bahasynyň) bellenilmegi.

**Walýuta** (*ital. valuta, sözme – söz – baha, gymmat*) – 1) ýurduň pul birligi (dollar, funt-sterling we ş.m.); 2) pul ulgamynyň görnüşi (altyn, kümüş, kagyz); 3) daşary ýurt döwletleriniň pul birlikleri, şeýle hem halka-

ra hasaplaşyklarynda ulanylýan daşary ýurt pul birliklerindäki karz we töleg resminamalary (wekseller, çekler we beýlekiler).

**Walýuta amallary** (*geleşikleri*) – daşary ýurt walýutasyny satyş – – satyn alyş bilen bagly bank işleri, geleşikleri.

**Walýuta pozisiýasy** – täjirçilik banklarynyň daşary ýurt walýutasyna talaplarynyň we borçlarynyň biri-birine bolan gatnaşygy.

**Walýuta kursy** – dürli ýurtlaryň pul birlikleriniň (walýutalarynyň) arasyndaky gatnaşygy bolup, esasan, olaryň satyn alyjylyk ukyby bilen kesgitlenilýär.

**Walýutanyň nominal kursy** – milli walýutanyň daşary ýurt walýutasyna çalşylanda ýa-da daşary ýurt walýutasynyň milli walýuta çalşylanda emele gelýän kesgitli bahasy.

**Walýuta amallary** (*geleşikleri*) – daşary ýurt walýutasyny satyş– – satyn alyş bilen bagly bank işleri, geleşikleri.

**Walýuta biržalary** – dürli walýutalar bazarlarynda (giňişlikleýin) we (ýa-da) belli bir döwrüň dowamynda girdeji almak niýet bilen walýutalaryň soňra garşylyklaýyn geleşikler alnyp barylýan kurslarynyň aratapawudynyň hasabyna walýutalaryň aratapawudynyň hasabyna geçirilýän satyş ýa-da satyn alyş geleşigi.

**Walýuta balansy** – buhgalter balansynyň pul möçberi (jemi). Bu pul möçberi balansyň aktiwinde we passiwinde deň bolmalydyr.

**Walýuta ätiýaçlygy** – döwlete degişli guýma altyn we metal pul, daşary ýurt walýutasy, şeýle hem daşary ýurt banklarynyň hasaplaryndaky daşary ýurt walýutasynyň serişdeleri.

**Walýuta ätiýaçlyklary** – ýurduň merkezi bankynda we maliýe edaralarynda ýa-da halkara walýuta – karz edaralarynda saklanýan, esasan, halkara hasaplaşyklaryna, öňünden bilnip bolmajak ýagdaýlara, şeýle hem girdeji almak maksatlara we walýuta bazasyny sazlaşdyrmaga niýetlenen döwletiň (resmi ätiýaçlyklara gorlar) daşary ýurt walýutasyndaky ätiýaçlyklary.

**Walýuta interwensiýasy** – walýuta syýasatynyň bir görnüşi bolmaklyk bilen, Merkezi bankyň walýuta bazaryndaky amallara daşary ýurt walýutasyny alyp-satmaklyk ýoly bilen milli walýuta täsir etmeklik maksady bilen aralaşmagy.

**Walýuta sazlaşdyrmasy** – walýutanyň aýlanşygyny dolandyrmaklyk, walýuta amallaryna gözegçilik etmeklik, milli walýutanyň kursuna täsir etmeklik, daşary ýurt walýutasynyň ulanylmagyny azaltmak bilen bagly döwlet edaralarynyň alyp barýan işi.

**Walýuta töwekgelçiligi** – şertnama gol çekmegiň we şol boýunça töleg geçirilişiniň arasyndaky döwürde bahanyň walýutasynyň tölegiň walýutasyna bolan kursunyň üýtgemegi netijesinde walýuta ýitgileriniň howpy. Eksportýor ýa-da kreditor tölegiň walýutasyna bahanyň walýutasy peselende ýitgä sezewar bolýarlar, sebäbi olar şertnamada görkezilenden has pes hakyky gymmat gazanýarlar we tersine, importýor üçin (karz boýunça bergidar) walýuta töwekgelçiligi karzyň walýutasy tölegiň walýutasyna ýokarlananda peýda bolýar. Walýuta kurslarynyň üýtgäp durmagy bir kompaniýalaryň gurplanmagyna, beýleki kompaniýalaryň, olaryň ýaryşdaş hyzmatdaşlaryň maliýe ýagdaýynyň peselmegine getirýär.

**Walýutanyň kursuna täsir etmek** – wajyp şertleriň, mysal üçin, Merkezi bankyň syýasatynyň walýuta kurslarynyň üýtgeýşine täsiri.

Walýutanyň bellenen kursy – milli walýutanyň daşary ýurt walýutasyna çalşylanda ýa-da daşary ýurt walýutasynyň milli walýuta çalşylanda emele gelýän kesgitli bahasy.

**Weksel 1** – berlen möhleti tamamlanandan soň bellenen pul jemini talap etmäge ygtyýar berýän kesgitli usul boýunça düzülen we ýazylan bergidarlyk borçnamasy görnüşinde bolan gymmat bahaly kagyz.

**Weksel 2** – bu kanun esasynda berkidilen görnüşde hökmany ýazuw bergidarlyk borçnamasy bolup, onuň eýesine bergidardan wekselde görkezilen puluň jemini jedelsiz talap etmäge hukuk berýär. Kanun wekselleriň ýönekeý we geçirilýän (tratta) weksel diýilýän iki esasy görnüşini kesgitleýär.

**Wekseli hasaba almak** – wekseliň amal möhleti gutarmazdan öň, ony bellenen (nominal) bahasyndan hem pes bolan bahadan satyn almaklyk.

**Ygtyýarly bank däl karz edaralary** – Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasy esasynda pul gymmatlyklary bilen bank amallarynyň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmaga hukugy bolan bank däl karz edaralary.

**Ygtyýarly karz edaralary:**

a) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasy esasynda pul gymmatlyklary bilen bank amallarynyň islendik ýa-da aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmaga hukugy bolan banklar we dahyllylar bank däl karz edaralary;

b) daşary ýurt döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda döredilen, pul gymmatlyklary bilen bank amallarynyň islendik ýa-da aýry-aýry

görnüşlerini amala aşyrmaga hukugy bolan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasyna laýyklykda Türkmenistanyň çäginde bellige alnan we hereket edýän banklaryň we başga maliýe institutlarynyň – dahylsyzlaryň şahamçalary.

**Ygtyýarly banklar** – Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasy esasynda pul gymmatlyklary bilen bank amallaryny we geleşikleri amala aşyrmaga hukugy bolan banklar.

**Ygtyýarly dellal** – özüne berlen ygtyýarnama laýyklykda öz adyndan müşderiniň tabşyrygy boýunça we onuň hasabyna puly satyn almagyň-satmagyň söwda geleşiklerine gatnaşýan karz edarasy.

**Ygtyýarly diller** – özüne berlen ygtyýarnama laýyklykda öz adyndan we öz hasabyna puly satyn almagyň-satmagyň söwda geleşiklerine gatnaşýan karz edarasy.

**Ýewro** – Ýewropa Birleşigine girýän döwletleriň pul birligi.

## Şertli gysgaltmalaryň
## SANAWY

1.AAA – Bankyň ýokary karz reýtingi
2.AÖB – Afrika Ösüş banky
3.AzÖB – Aziýa Ösüş banky
4.AfÖG – Afrika Ösüş gaznasy
5.AÖB – Amerikanara Ösüş banky
6. AÖB – Aziýa Ösüş banky
7. AÝU – Aziýa Ýuwaş ummany
8. ARK – Aksept ramburs karzy
9.AzÖG – Aziýa Ösüş gaznasy
10.ABŞ – Amerikanyň Birleşen Ştatlary
11.AKB – Aziýa kliring birleşmesi
12.ASEAN – Günorta-Günbatar Aziýa döwletleriniň assosiasiýasy
13.ATES – Aziýa Ýuwaş umman ykdysady bileleşigi
14. ADDH – Amerikan depozit dil haty
15. BKW – Bölekleýin konwentirlenýän walýutalar
16. BB – Bütindünýä banky
17. BSG – Bütindünýä Söwda guramasy
18. BÜNG – Bergini üzmegiň kesgitlenen görkezijisi
19. BBMTU – Bütindünýä bankara maliýe telekommunikasion ulgamy (SWIFT)
20. BMG – Birleşen Milletler Guramasy
21. ÇKM – Çalşyk kurslarynyň mehanizmi
22.DWU – Dünýä walýuta ulgamy
23. DÝKÄA – Daşary ýurt karzlary ätiýaçlandyrmak boýunça assosisiýa
24.DK – Döwlet kärhanalary
25.DYI – Daşary ykdysady iş
26.DYB – Daşary Ykdysadyýet iş banky
27.DDBU – Dünýä döwletleriniň bank ulgamy

28.EKW – Erkin konwentirlenýän walýutalar
29.ESÝA – Erkin söwdanyň Ýewropa assosiaýasy
30. FATE – Jenaýat usuly bilen gazanylan girdejileriň «arassalanmagyna» maliýe garşylyk bilen hereket edýän topar.
31.FRS – Federal Ätiýaçlyk banklar
32.GDPYÖÝaM – Garyplyk derejeleri peseltmek we ykdysady ösüşe ýardam bermek mehanizmi
33.GGGMM – Gurluşy gaýtadan guramaklygy maliýeleşdirmek mehanizmi
34.GGGGMM – Gurluşy gaýtadan guramaklygy giňden maliýeleşdirmek mehanizmi
35.GKB – Gymmatly kagyzlar bazary
36.GAÖB – Gündogar Afrika Ösüş banky
37.GGA -Günorta-Gündogar Aziýa
38.GÄKM- Goşmaça ätiýaçlyklary karzlaşdyrmak mehanizmi
39.GMM- Gyssagly maliýeleşdirmek mehanizmi
40. GÝI – Günbatar Ýewropa integrasiýasy
41. GDDH – Global Depozit dil haty
42. GAR – Günorta Afrika Respublikasy
43. GÝÝ – Günbatar Ýewropa ýurtlary
44. GDA – Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy
45.GKM – Goşmaça karz mehanizmi
46. HMI – Halkara Maliýe institutlary
47. HPG – Halkara pul gaznasy
48. HWB – Halkara walýuta birligi
49. HYG – Halkara ykdysady gatnaşyklar
50. HWL – Halkara walýuta likwidligi
51. HHB – Halkara hasaplaşyklar banky
52.HWG – Halkara walýuta gatnaşyklar
53. HKG – Halkara karz gatnaşyklar
54. HBG – Halkara bankara guramasy
55. HSÖB – Halkara Sebitleýin ösüş banklary
56. HYI – Halkara Ykdysady integrasiýa
57. HSE – Halkara söwda edarasy
58. HKB – Halkara töleg birleşmesi
59. HSÖB – Halkara sebitleýin ösüş banklar
60. HMK – Halkara Maliýe korporasiýasy
61. HÖA – Halkara ösüş assosiasiýasy

62. HA we ÖB – Halkara Abatlaýyş we ösüş banky
63. HIPC – Bergileri ýokary derejeli bolan garyp ýurtlaryň inisatiwasy
64. ISD – Hususy pudagy ösdürmek boýunça yslam korporasiýasy (Islamic Corporation for the Development of the Private Sector)
65. ICEC – Maýa goýumlaryny we eksport karzlaryny ätiýaçlandyrmak boýunça yslam korporasiýasy (Islamic Corporation for the Insurace of Invesment & Export Credi)
66. IRTI – Yslam barlag we okuw instituty (Islamic Research and Traing Institute)
67. ITFC – Halkara yslam söwda-maliýe korporasiýasy (International Islamic Trade Finance Corporation).
68. JIÖ – Jemo içerki önüm
69. ZHP – Zähmetiň halkara paýlanylyşy
70. KBY – Karz baradaky ylalaşyklar
71. KTY – Karz baradaky täze ylalaşyklar
72. KKM – Öwezini dolma karzlaşdyrma mehanizmi
73. KÖB – Karib ösüş banky
74. LK – London kluby
75. MHWB – Moskwa Halkara walýuta biržasy
76. MWU – Milli walýuta ulgamy
77. MÝUU – Maglumatlary ýaýratmagyň umumy ulgamy
78. MÝÝS – Maglumatlary ýaýratmak boýunça ýörite standart
79. MGÝ – Merkezi Gündogar Ýewropa
80. MAOB – Merkezi Afrikanyň ösüş banky
81. MBÝeU – Merkezi bankyň Ýewropa ulgamy
82. MGKKA – Maýa goýum kepillikleri boýunça agentlik
83. MB – Merkezi bank
84. NAFTA – Demirgazyk Amerikanyň erkin söwda boýunça ylalaşygy
85. OPEK – Nebiti eksport edýän döwletler guramasy
86. OF – Nebit gaznasy
87. ÖRK – Ösüşe resmi kömek
88. ÖMTRK – Ösüşe maliýe taýdan resmi kömek
89. PK – Pariž kluby
90. SIGM – Söwda integrasiýasyny goldamak mehanizmi
91. SSSR – Sowet Soýuzynyň Respublikalar Soýuzy
92. SÖÝG – Sebitleýin Ösüş Ýewropa gaznasy
93.SDR – HPG-niň hasaplama pul birligi.

94.TMB – Türkmenistanyň Merkezi banky
95.TB – Töleg balansy
96.TIM – Söwda integrasiýasyny goldama mehanizmi
97. TMK – Transmilli kompaniýalar
98. UÖMM – Ulgamlaýyn özgertmeleriň maliýeleşdirmek mehanizmi
99.WU – Walýuta ulgamy
100.Ywe SÖAG – Ykdysady we sosial Ösüş arab gaznasy
101.YKG – Yslam Konferensiýasynyň Guramasy
102. YHÖG – Ykdysady Hyzmatdaşlyk Ösüş Guramasy
103.YHHB – Ykdysady Hyzmatdaşlyk Halkara banky
104. YÖB – Yslam Ösüş banky
105.ÝeIB – Ýewropa Inwestision banky
106.ÝeWI – Ýewropa Walýuta instituty
107. ÝTB – Ýewropa Töleg birleşigi
108. ÝWGB – Ýewropa walýuta gazna bazary
109. ÝA we ÖB – Ýewropa Abatlaýyş we ösüş banky
110.ÝWT – Ýewropa töleg birligi
111.ÝÖKG – Ykdysady Özara kömek geňeşi
112. ÝWHG – Ýewropa walýuta hyzmatdaşlyk gaznasy
113. ÝWI – Ýewropa walýuta instituty
114. ÝMB – Ýewropa Merkezi banky
115. ÝYWB – Ýewropa ykdysady we walýuta birleşigi
116. ÝB – Ýewropa Bileleşigi
117. ÝeWB – Ýewropa walýuta bileleşigi
118.ÝYB – Ýewropa ykdysady bileleşigi
119.ÝWU – Ýewropa walýuta ulgamy
120.ÝWHG – Ýewropa walýuta hyzmatdaşlyk gaznasy
121.ÝHB – Ýewropa hasaplaşyk banky
122. ÝBK – Ýewropa Bileleşiginiň komissiýasy

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Eserler ýygyndysy. TDNG. Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. TDNG. Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. TDNG. Aşgabat, 2007.
6. Gurbanguly Berdimuhamedowyň reformatorçylyk syýasatyna berlen ýokary baha. Türkmenistanyň Prezidentiniňkide kabul edişlik. «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň noýabr aýynyň 29-y.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
8. Halal zähmet, mähriban topraga söýgi ýurdumyzyň abadançylygynyň we rowaçlygynyň esasydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşoguz welaýatynda bolmagy. «Türkmenistan» gazeti, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 4-i.
9. Türkmen topragynyň ähli baýlyklary halkymyzyň bagtyýarlygyna we abadançylygyna hyzmat etmelidir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Lebap we Mary welaýatlarynda bolmagy. «Türkmenistan» gazeti, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 5-i.
10. Ähli işler we başlangyçlar ýurdumyzyň we halkymyzyň abadançylygyna gönükdirilendir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly

Berdimuhamedowyň Balkan welaýatynda bolmagy. «Türkmenistan» gazeti, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 8-i.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Kazan döwlet uniwersitetiniň hormatly doktorynyň diplomynyň gowşurylyş dabarasyndaky çykyşy. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, II, III, IV, V, VI, VII, VIII tomlar, Aşgabat, 2009–2015-nji ýyllar.
13. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly ylmy makalasy, Aşgabat, «Türkmenistan» gazeti 2010-njy ýylyň 10-njy maýy.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I, II tomlar, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2010.
15. Türkmenistanyň Konstitusiýasy Aşgabat, 2016.
16. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» milli Maksatnamasy Aşgabat, 2010.
17. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2000-nji ýyl, awgust aýy.
18. «Türkmenistanyň daşary ýurt inwestisiýalary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 19-njy maý, 1992 ý, № 697-XII. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat, «Türkmenistan» neşirýaty, 1993.
19. «Walýuta kadalaşdyrmasy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 8-nji oktýabr, 1993 ý, № 891-XII. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat, «Türkmenistan» nesirýaty, 1995.
20. «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabry. № 230-IV.
21. «Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 26-njy iýun, 1992 ý, №725-XII. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat, «Türkmenistan» neşirýaty, 1995.

22. «Býujet ulgamy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2015.
23. «Türkmenistanyň edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary barada» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. Beýik Türkmenbaşynyň Adalat köşgi, Aşgabat, 2006.
24. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. Aşgabat, 2008.
25. «Salgytlar hakynda» Turkmenistanyň Bitewi kanunynyň 1-nji bölegi bilen bellenilen beýannamalarynyň we resminamalarynyň görnüşlerini ulanmak boýunça usuly gözkezmeler. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2004-nji ýylyň dekabr aýynyň 9-na № 330 san bilen bellige alnan. Aşgabat, 2004.
26. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, «Türkmenistan gazeti», 4-nji aprel, 2011.
27. «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, «Türkmenistan» gazet. 4-nji aprel, 2011.
28. «Türkmenistanyň daşary ýurt inwestisiýalary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 19.05.1992 ý., N697–XII; Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat «Türkmenistan», 1993.
29. «Türkmenistanda inwestisiýa işleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 19.05.1992 ý.
30. «Pul birligi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 1993.
31. «Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 26.06.1992 ý., №725 – XII Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat «Türkmenistan» neşirýaty 1995.
32. «Türkmenistanda daşary ýurt pulunda geçirilýän amallary kämilleşdirmegiň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 9328 belgili 27.12.2007 ý. seneli Karary, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2007ý., №12;
33. «Daşary ýurt puluny kadalaşdyrmak we milli puluň ýeke-täk hümmetini saklamak boýunça esasy çäreler hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 9847 belgili 30.05.2008 ý. seneli Karary, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2008 ý., №5.
34. «Türkmenistanyň milli pul birliginiň denominasiýasyny geçirmek (gymmatyny üýtgetmek) hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 5161 belgili 27.08.2008 ý. seneli Permany. Türkmenistanyň

Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2008ý., №8.
35. *Taýharow B.T., Hajygurbanow H.G.* Pul, karz we banklar. Okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
36. *Muhanow A.T., Hajygurbanow H.G.* Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy. Okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
37. *Hajygurbanow H.G., Taýharow B.T.* Halkara walýuta-maliýe gatnaşyklary. Okuw kitaby. –A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat 2011.
38. *Hajygurbanow H.G., Taýharow B.T.* Halkara walýuta-karz gatnaşyklary. Okuw kitaby. –A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, – Aşgabat 2011.
39. *Hajygurbanow H.G., Taýharow B.T.* Türkmenistanyň pul-karz ulgamy. Okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
40. *Eýeberdiýew G.E, H. G. Hajygurbanow.* Bank işi. Okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.
41. *Işangulyýew Ö. I.* we beýl. Dünýä ykdysadyýeti. Okuw gollanmasy. Aşgabat, 2001.
42. *Işangulyýew Ö. I.* we beýl. Halkara ykdysady gatnaşyklar. Okuw gollanmasy. Aşgabat, 2001.
43. *Hajygurbanow H.* Batly gadamlar. «Türkmenistan» gazeti, 09.10.2007.
44. *Hajygurbanow H.* Manadymyz-milli buýsanjymyz. «Türkmenistan» gazeti, 01.11.2007.
45. *Hajygurbanow H. G.* Obany özgertmegiň düýpli maksatnamalary «Watan» gazeti, 22.11.2007.
46. *Hajygurbanow H.G.* Ykdysadyýetiň ösmegi-halkyň baýamagy, «Garagum» žurnaly, 2007-nji ýyl, №11
47. *Hajygurbanow H.G.* Täze Galkynyşyň ykdysady gadamlary, «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnal 2007-nji ýyl, №19.
48. *Hojanyýazow J.* Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak ulgamynyň kämilleşdirilişi, «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, Aşgabat 2013 ý., №1.
49. *Hojanyýazow J.* Daşary ykdysady gatnaşyklarda nagt däl hasaplaşyklar ulgamynyň ösüşi, «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, Aşgabat 2013 ý, №12

50. *Hojanyýazow J.* Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmagyň we pula gözegçiligiň ähmiýeti, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, «Durnukly ösüş Türkmenistanyň uzak möhletli maksatlaýyn ugrudyr» atly ylmy-amaly maslahatyň ýygyndylary, Aşgabat, TNDG 2013.
51. Daşary ýurt puluna gatnaşykda milli puluň hümmetini kesgitlemek we onuň makroykdysady täsirleri, «Türkmenistanda ylym we tehnika» ylmy nazary žurnaly, Aşgabat, 2014ý., №4.
52. *Hojanyýazow J.* Maýanyň hereketine pul gözegçiligini guramagyň ähmiýeti we halkara tejribesi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, «Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ykdysady özgertmeleri» atly ylmy-amaly maslahatyň ýygyndylary. Aşgabat, TNDG, 2014.
53. *Rahmanowa E., Hojanyýazow J.* Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmagyň we pula gözegçiligiň ähmiýeti we halkara tejribesi, Halkara Türkmen-türk uniwersiteti, «Berkarar döwletiň batly gadamlary» (Ylmy makalalar ýygyndysy). Aşgabat. 2013ý., №4.
54. *Hojanyýazow J.* Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklary we onuň ösüş mümkinçilikleri, Halkara Türkmen-türk uniwersiteti. «Berkarar döwletiň batly gadamlary (Ylmy makalalar ýygyndysy), Aşgabat. 2013ý., №1
55. *Taýharow B.T.* Özgerişlikleriň şamçyragy. «Türkmenistan» gazeti, 27. 06. 2007.
56. *Taýharow B.T.* Galkynyşymyzyň bazar ykdysadyýeti (Bazar we onuň wezipeleri, makroykdysadyýet, maýa goýum, daşary söwda, halkara bazary, internet barada). «Mugallymlar gazeti» gazeti. 10.10.2007.
57. *Taýharow B.T.* Maliýe ulgamyndaky özgertmeler. «Aşgabat» gazeti 15.11.2007.
58. *Taýharow B.T.* Türkmenistanyň manadynyň hümmetini ýokarlandyrmakda bank ulgamynyň orny. Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Döwlet Garaşsyzlygynyň XVI ýyllygyna, milli manadymyzyň dolanyşyga girizilmeginiň XIV ýyllygyna «Türkmenistanyň täze milli Galkynyş zamanasynyň bank ulgamy» atly konferensiýanyň çykyşlary, Aşgabat, 2007.
59. *Taýharow B.T.* Täze Galkynyşlar zamanasynyň pul-karz syýasaty. «Watan» gazeti, 20.12.2007.

60. *Taýharow B.T.* Täze Galkynyşyň güýji. «Gurbansoltan eje» žurnaly, №12 2007.
61. *Taýharow B.T.* Oba hojalygyny ösdürmekde karzyň orny. «Türkmenistan» gazeti, 29.12.2007.
62. *Taýharow B.T.* Dünýäniň tejribesini öwrenip. «Watan» gazeti. 27.03.2008.
63. *Sopyýew A.S.* we beýl.. Ykdysady nazaryýet. Okuw gollanmasy, Aşgabat, 2010.
64. *Sopyýew A.S.* we beýl. Ykdysady taglymatlaryň taryhy. Okuw gollanmasy, Aşgabat, 2010.
65. «Деньги, кредит банки». Под редакции О.И.Лаврушина. – Москва 2010 г.
66. «Деньги, кредит банки» (ЭКСПРЕСС-КУРС). Под редакции О.И.Лаврушина. – Москва 2010 г.
67. «Финансы и кредит». Под редакции Н.Г.Кузнесова, К.В.Кочмола, Е.Н.Алифановой. Ростов-на-Дону, Феникс. 2010 г.
68. «Международные валютно-кредитные и Финансовые отношение». Под редакции Л.Н.Красавиной, Москва «Финансы и Статистика» 2001, 2009 г.
69. «Финансово-кредитный энциклопедический словарь». Под редакции А. Г. Грязновой. Москва, «Финансы и Статистика» 2004 г

# MAZMUNY

Giriş ........................................................................................ 7

**I bap. Walýuta barada umumy düşünje**

1.1. Walýuta barada umumy düşünje .................................................. 12
1.2. Konwertirlenmegiň derejeleri boýunça
walýutalaryň görnüşleri ............................................................... 14
1.3. Konwertirlenmegi üpjün edýän esasy şertler.................................24
1.4. Halkara walýuta gatnaşyklary we walýuta ulgamy ......................26
1.5. Halkara walýuta gatnaşyklarynda altynyň orny,
onuň täze alamatlary ....................................................................46

**II bap. Walýuta gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilişi we walýuta syýasaty**

2.1. Walýuta gatnaşyklarynyň bazar we döwlet düzgünleşdirmesi .....52
2.2. Walýuta syýasatynyň esasy görnüşleri we aýratynlyklary. ...........57
2.3. Walýuta çäklendirmelerini ulanmak bilen
baglanyşykly aýratynlyklar. .........................................................71

**III bap. Türkmenistanda walýuta amallarynyň kadalaşdyrmasy we walýuta ulgamynyň ösüşi. Türkmenistanda walýuta düzgünleşdirmesi barada umumy düşünjeler**

3.1 Türkmenistanyň walýuta ulgamy, onuň umumy
häsiýetnamasy we düzümleri .......................................................91
3.2. Türkmenistanda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak
barada düşünje. ...........................................................................96
3.3. Türkmenistanda milli walýutanyň denominasiýasy. ....................113

**IV bap. Türkmenistanda eksport, import işleri we hyzmatlary üçin hasaplaşyklary geçirmekligiň tertibi**

4.1. Daşary-ykdysady geleşikleriň
walýuta-maliýe we töleg şertleri. ................................................121

4.2. Türkmenistanda eksport-import amallarynda walýuta gözegçiligini amala aşyrmagyň tertibi. ........................... 128
4.3. Halkara hasaplaşyklary barada düşünje. ...................................... 134
4.4. Türkmenistanda halkara hasaplaşyklarynyň görnüşleri we häsiýetnamasy. ..................................................... 137

## V bap. Türkmenistanyň çäklerinde banklar tarapyndan daşary ýurt walýutasynda käbir amallary geçirmekligiň tertibi

5.1. Iş sapary çykdajylaryny tölemek üçin daşary ýurt walýutasyny satyn almagyň we bermegiň tertibi. ................. 157
5.2. Daşary ýurt walýutasyny çalyşmak amallaryny amala aşyrmagyň tertibi ........................................................... 160
5.3. Şahsy adamalaryň daşary ýurt walýutasyndaky serişdeleri daşary ýurt walýutasyndaky hasaplary açmazdan, Türkmenistandan we Türkmenistana geçirmegi amala aşyrmagynyň tertibi......................................... 163
5. 4. Telekeçilik işi bilen meşgullanýan şahsy adamlaryň hasaplary boýunça daşary ýurt walýutasyndaky amallary geçirmegiň tertibi ........................................................ 166
5.5. Şahsy adamlaryň goýumlary boýunça daşary ýurt walýutasyndaky amallary geçirmegiň tertibi ........................ 171

## VI bap. Türkmenistanyň töleg balansynyň esasy häsiýeti we aýratynlyklary

6.1 Töleg balansynyň düýp manysy we mazmuny ............................ 175
6.2. Töleg balansynyň görkezijileri we onuň maddalaryny toparlara bölmegiň usullary. .................................. 183
6.3. Töleg balansynyň galyndysyny ölçemegiň usullary .................... 204
6.4. Töleg balansyna täsir edýän ýagdaýlar ...................................... 219
6.5. Töleg balansyny düzgünleşdirmegiň esasy usullary .................... 226
6.6. Türkmenistanyň töleg balansy we onuň düzüm bölekleri ........... 238
Goşundylar................................................................................... 269
Adalgalar ..................................................................................... 287
Sertli gysgaltmalaryň sanawy ........................................................ 315
Peýdalanylan edebiýatlar .............................................................. 319

**Hüseýin Hajygurbanow, Gurbanberdi Eýeberdiýew**

# TÜRKMENISTANYŇ WALÝUTA KANUNÇYLYGY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *E. Berdiýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Tehniki redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *M. Atanyýazow*a |
| Kompýuter işleri | *D.Piriýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *B. Taýharow* |

Çap etmäge rugsat edildi 23.02. 2017. Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 20,5.
Hasap-neşir listi 18,17. Şertli reňkli ottiski 40,65.
Çap listi 20,5. Sargyt № 2475. Sany 700.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.